**Ý. Çarygeldiýew**

# SALGYT MENEJMENTI

**I kitap**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 336. 2 : 378
Ç 21

**Çarygeldiýew Ý.**
Ç 21 **Salgyt menejmenti. I kitap.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

«Salgyt menejmenti» okuw kitabynda salgytlaryň dolandyrylyşy we salgyt menejmenti, Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy edaralarynyň dolandyrylyşynyň gurluşy barada düşünje berilýär. Salgyt salynýan ulgamy dolandyrmagyň hukuk taýdan üpjün edilmegine okuw kitabynda aýratyn üns berilýär. Salgyt salmak ulgamyny dolandyrýan salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar barada berilýän düşünjeleriň kesgitlemesi içgin öwrenilýär.

Okuw kitaby ykdysady hünäri boýunça okaýan talyplara niýetlenilip, ondan önümçilikde işleýän hünärmenler, kärhanalaryň ýolbaşçylary hem-de giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

TDKP № 260, 2012 KBK65.9 (2) 261.3 ýa 73

© Çarygeldiýew Ý., 2012.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Salgytlar döwletiň ykdysady syýasatynyň möhüm düzüm bölegidir. Hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasaty ilkinji nobatda durmuş gönükdirmesi bilen häsiýetlendirilýär, salgyt hukuk gatnaşyklary bolsa bu işiň baş ýardamjysydyr. «Salgytlaryň ykdysady ähmiýeti olaryň obýekti häsiýetli şertlere anykdan-anyk bagly bolup durýandygy bilen kesgitlenilýär, munuň özi bolsa döwlete ilkinji bolup girdeji alýan subýektlerden bellenilen möçberde pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyna mümkinçilik döredýär» diýip, milli Liderimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda adalatly belläp geçýär. Döwlet salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň, has takygy ýygnaýjy (fiskal) we höweslendiriş wezipeleriniň üsti bilen, olary önümçiligi we şahsy bähbitleri höweslendirýän gural hökmünde ulanýar. Galyberse-de, hereket edýän salgyt ulgamynyň ykdysady zerurlygy we ýygnalýan salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri babatda döwlet tarapyndan kesgitlenilýän kadalary barada jemgyýetiň düşünjesi bolmalydyr. Şol sebäp= li salgyt kanunçylygynyň hukuk ölçeglerini bilmeklik, jemgyýetiň salgytlar babatda ruhy ahlaklyklary kabul etmekliginiň esasy we möhüm şertidir.

«Salgyt menejmenti» okuw kitabynyň esasy maksady salgyt salmak çygrynda bar bolan bilimleri çuňlaşdyrmaga we olary ulgamlaşdyrmaga ýardam bermekligidir. Salgyt salynmagyň nazaryýet we tejribe meselelerine çuňňur çemeleşme, şu okuw kitabynyň düýpli tapawutlandyryjy aýratynlygydyr. Salgytlaryň nazaryýet çygry we tejribe işi barada dürs düşünje bermeklik kitabyň awtorynyň esasy wezipesidir.

«Salgyt menejmenti» okuw kitabynda salgytlaryň dolandyrylyşy we salgyt menejmenti, Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy eda-

ralarynyň dolandyrylyşynyň gurluşy barada düşünje berilýär. Salgyt salynýan ulgamy dolandyrmagyň hukuk taýdan üpjün edilmegine okuw kitabynda aýratyn üns berilýär. Salgyt salmak ulgamyny dolandyrýan salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar barada berilýän düşünjeleriň kesgitlemesi okuw kitabynda içgin öwrenilýär. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşy, salgytlary dolandyrmakda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň tutýan orny barada okuw kitabynda belli derejede netijeler çykarylýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgytlaryň dolandyrylyşy okuw kitabynda aýratyn orun tutýar. Hususan-da, salgyt gullugynyň işiniň gurluşy, salgyt töleýjileriň we döwlet salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary we borçlary, salgyt kanunçylygynyň bozulmalary üçin ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri hem-de salgyt monitoringi ulgamy çuňňur beýan edilýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň we ýygymlaryň aýry-aýry görnüşleri jikme-jik öwrenilip geçilýär. «Salgyt menejmenti» okuw kitabynda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna girizilen köpsanly üýtgetmeler we goşmaçalar hasaba alnan. Okuw kitabynyň mazmuny Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ölçeg namalaryna esaslanýar, kanuny we ölçeg resminamalary 2012-nji ýylyň 1-nji iýulyna bolan ýagdaýy boýunça berilýär.

«Salgyt menejmenti» okuw kitabynyň **birinji bölüminde** salgyt menejmentiniň gurluşy we salgyt salmagyň usulyýet esaslary hem-de salgyt menejmenti we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasy başlangyçlary beýan edilýär. Şu bölümde salgytlaryň dolandyrylyş işinde salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibine aýratyn üns berilýär. Salgyt salmak ulgamy dolandyrylanda salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi okuw kitabynyň bu bölüminde eriş-argaç bolup geçýär. Salgyt mehanizminiň we döwlet salgyt menejmentiniň ykdysady mazmunyna çuňňur seljerme berilýär. Gündelik we uzak möhlete niýetlenilen salgytlary meýilnamalaşdyrmak, salgytlary çaklamak giňişleýin öwrenilýär, Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň ösüşi we kämilleşdirilişi düşündirilýär. Salgyt gurallarynyň her birine seljerme

geçirilýär, olaryň salgyt ulgamyna ýetirýän täsiriniň arabaglanyşygy görkezilýär.

**Ikinji bölümde** Türkmenistanda gytaklaýyn salgyt ulgamynyň hereket edişiniň esaslary öwrenilýär. Okuw kitabynyň şu babynda goşulan baha üçin salgydyň ykdysady mazmuny, onuň ýüze çykmagynyň we hereket etmeginiň taryhy jähti, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda goşulan baha üçin salgydy töleýjileriň, salgyt salynýan we salgyt salynmaýan amallaryň, salgyt özeniniň kesgitlenilişi, salgyt boýunça berilýän ýeňillikler, salgydyň möçberleri, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasynyň tabşyrylyşynyň we salgydyň tölenilişiniň tertibi we bu salgydyň hasaplanylyşyna we tölenilişine degişli beýleki soraglar yzygiderlikde beýan edilýär. Şol bir wagtda okuw kitabynyň şu bölüminde goşmaça tölegiň mazmuny, onuň töleýjileri, salgyt salynýan özen, goşmaça tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegleriň pul möçberleri, goşmaça tölegler boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri öwrenilýär.

**Üçünji bölümde** Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän göni salgytlaryň töleýjileriniň, salgyt salynýan binýatlaryň, salgyt özeniniň kesgitlenilişi beýan edilýär. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň alamatlaryna, has takygy jemi girdejä, salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalara, girdejileri we çykdajylary hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibine awtor aýratyn üns berýär. Göni salgytlar boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri ulgamy barada hem okuw kitabynyň şu bölüminde gürrüň edilýär.

**Dördünji bölümde** döwlet salgyt menejmentinde deslapky (kameral) we resminamalaýyn salgyt monitoringiniň geçirilişiniň tertibi, hususan-da kameral salgyt barlagyny geçirmäge bildirilýän talaplar, kameral salgyt barlagy geçirilende hasabatlary kabul etmegiň kadalary we hasabatlaryň görkezijileriniň barlanylyşy öwrenilýär. Ondan başga-da, şu bölümde resminamalaýyn barlagyň umumy düzgünleri we ony geçirmegiň meýilnamasyny düzmek, resminamalaýyn barlagy geçirmegiň tertibi we möhletleri, usullary we beýleki soraglar beýan edilýär. «Salgyt menejmenti» okuw kitabynyň şu bölüminde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ulanylýan maliýe jerimeleri

we puşmana tölegleri ulgamy, salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmegiň tertibi häsiýetlendirilýär.

«Salgyt menejmenti» okuw kitadynda berilýän san maglumatlary, edara görnüşli hem-de şahsy taraplaryň atlary şertlidir. Okuw kitabynda beýan edilýän materiallary düýpli özleşdirmek maksady bilen her bir bap öz-özüňi barlamak üçin sorag-sowallar bilen tamamlanýar. Okuw kitabynda seredilýän soraglar boýunça teklip edilýän goşmaça edebiýatlaryň sanawy hem berilýär.

«Salgyt menejmenti» okuw kitaby ilki bilen talyplar, şeýle-de ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary üçin niýetlenendir. Şonuň bilen birlikde, okuw kitaby taýýarlananda awtor Türkmenistanyň maliýe we salgyt ulgamlarynyň, gözegçilik geçirýän beýleki gulluklaryň işgärlerine, şeýle-de işiň dürli çygyrlaryna bagly bolmazdan işi alyp barýan salgyt töleýjilere salgytlar babatynda tejribe kömegini bermek zerurlygyndan ugur aldy. Galyberse-de, şu okuw kitabynda salgyt salmak boýunça ähli ölçeg namalary çalşyp biläýjek köpugurly gözükdirme resminamasynyň işlenip düzülmegi maksat edinilmedi. «Salgyt menejmenti» okuw kitaby aýry-aýry salgytlaryň we ýygymlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibi, kanun taýdan bellenilen salgyt ýeňillikleri, olaryň ulanylyşy hem-de salgyt salmak bilen baglanyşykly beýleki möhüm meseleler barada doly we düýpli düşünje berýär.

# I bölüm
# SALGYT MENEJMENTI WE SALGYT SALMAGYŇ USULYÝET ESASLARY

## I bap
## Salgyt menejmenti we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasy başlangyçlary

### 1.1.1. Salgytlaryň dolandyrylyşy we salgyt menejmenti barada umumy düşünje

Salgytlary meýilnamalaşdyrmak, çaklamak, salgytlar baradaky maglumatlara seljerme we salgyt monitoringini geçirmek ýaly dolandyrylyşyň möhüm çygyrlary, ykdysadyýeti dolandyrmagyň merkezleşdirilen ulgamynda berk çäklendirilýärdi. Býujete tölenmeli tölegler boýunça ýokardan berilýän tabşyryklaryň ýerine ýetirilişi maglumat-analitiki işleri baradaky hasabatlaryň düzülmegine syrykýardy. Bazar ykdysadyýeti salgyt salmagyň dolandyrylyşyny çuňňur ykdysady mazmun bilen üpjün edýär, oňa düýbünden başga talaplary bildirýär. Salgyt menejmenti kem-kemden hereketsizlik ýagdaýyndan saplanýar we salgyt hukuk gatnaşyklarynda bolup geçýän dürli üýtgeşmelere baglylykda tizden-tiz täsirlenip başlanýar. Şol sebäpli, salgyt salmak ulgamynyň özi içgin (indikatiw) häsiýete eýe bolýar. Şu aşakdaky ýagdaýlar sebäpli ýygnalan salgytlaryň möçberi azalyp biler:

**birinjiden,** hereket edýän salgyt ölçegleri (normalary) üznüksiz önümçiligiň isleglerine laýyk gelmeýär we bu ýagdaýda olary derňäp başlamaly;

**ikinjiden,** salgyt gelip gowuşmalaryň çeşmelerini gözläp tapmakda salgyt gullugynyň ýolbaşçylarynyň ukyplarynyň pesligi we bu bolsa olaryň salgyt tölemekden boýun gaçyrylmagynyň öňüni alyp bilmeýändigini aňladýar;

**üçünjiden,** halkara integrasion prosesleriniň güýçlenmegi bilen daşary ýurt salgyt kanunçylygynyň aýratynlyklarynyň öwrenilmegini, şeýle-de iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak maksady bilen şertnamalary baglaşmagyň halkara ülňülerini milli salgyt gullugynyň ýolbaşçylary tarapyndan ele salmak zerurlygynyň ýüze çykmagyny şertlendirýär.

Ýokarda aýdylanlar salgyt önümçiligini dolandyrmakda ulanylýan usullara gaýtadan seredip geçmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Salgyt gulluklarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň dolandyryş hereketleriniň seljermesi, taktiki häsiýeti bolan kemçilikleri aýan edip bilýär. Şu kemçilikleri tiz, başgaça aýdanyňda, salgyt salmagyň ykdysady-hukuk esaslaryny üýtgetmän, aradan aýyrmak bolýar. Şol babatda salgytlary dolandyrmakda ulanylýan usullara gaýtadan seretmek barada hökümet kararlary kabul edilip bilner. Salgytlar babatyndaky ylym we tejribe işleri salgyt gullugynyň ýolbaşçylarynyň we gullukçylarynyň düzümini we ýerine ýetirýän wezipelerini, geçirilýän salgyt syýasatynyň ugurlaryny we salgyt önümçiliginiň usulyýet esaslaryny düýpgöter üýtgedilmeginiň zerurlygyny aradan aýyrmaýar. Aýdylanlar möhüm çäreleriň kabul edilmegini, hatda salgyt özgertmeleriniň nobatdaky tapgyrynyň geçirilmeginiň ýerliklidigini hem şertlendirp biler.

**Salgyt salmagy dolandyrmak, bu dolandyryş prosesiniň umumy nazaryýetiniň we tejribe işiniň bir bölegi bolup durýan salgytlar babatda ylmy-amaly gözlegleriň we usulyýet işleriniň möhüm çygrydyr.** Salgyt salmagy dolandyrmak häzirki zaman milli we dünýä tejribesini baglaşdyrýan syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki ylymlaryň düýpli öwrenilmegine esaslanýar. Salgyt salmagy dolandyrmak salgytlar baradaky maglumatlar bilen üpjün edilmeginiň usullary, tärleri we serişdeleridir, olaryň kömegi bilen döwlet häkimiýeti we öz-özüni dolandyryş edaralary (şol sanda dürli derejedäki salgyt gulluklarynyň üsti bilen) salgyt mehanizminiň hereket etmeginde kanunda bellenilen ugurlary üpjün edýärler we ykdysadyýetde hem-de syýasatda bolup geçýän düýpli özgerişliklerde salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýarlar. Diýmek, salgyt salmagy dolandyr-

mak diýlip atlandyrylýan düşünjäniň iki manysy bardyr. **Birinjiden,** ol salgytlary dolandyrýan guramalar ulgamydyr (kanun çykaryjy we edara ediş salgyt guramalary). Olaryň borçlary geljekki döwürlerde salgyt konsensiýasynyň amala aşyrylyşyny, ýagny kanuny tertipde oňa seredilmegini ara alyp maslahatlaşylmagyny we tassyklanylmagyny hukuk taýdan üpjün etmekden ybaratdyr. Ondan başga, olar salgytlar babatynda býujetiň girdejiler böleginiň ýerine ýetirilişi barada hasabat düzmelidirler, oňa ählitaraplaýyn seljerme geçirmelidirler. **Ikinjiden,** salgyt salmagy dolandyrmak salgyt hukuk gatnaşyklaryny we salgyt tehnikasyny kadalaşdyrýan, şeýle-de salgyt kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli jogapkärçiligiň çäklerini kesgitleýän ölçegleriň (normalaryň) we kadalaryň jemidir.

Türkmenistanyň salgyt ulgamy Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky 250 belgili Permanynyň esasynda döredildi. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy we onuň welaýatlardaky, şäherlerdäki we etraplardaky düzüm birlikleri Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary bolup durýarlar. Salgyt gullugy edaralary öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirýärler we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalaryna laýyklykda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýärler. Salgyt gullugy edaralary öz işlerini beýleki döwlet häkimiýeti we öz-özüni dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşykda alyp barýarlar. Salgyt gullugy edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda öz üstlerine ýüklenen beýleki wezipeleri hem ýerine ýetirip bilýärler.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny almagy we diýarymyzyň täze salgyt ulgamynyň döredilmegi bilen, onuň düzümine bazar ykdysadyýetine mahsus bolan salgytlar girizildi. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky 512 belgili Kararynyň, peýdadan alynýan salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky «Kärhanalaryň, guramalaryň we beýleki ýuridiki taraplaryň alýan peýdasyna salgyt salmak hakyndaky» Kararynyň esasynda 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan, Türkmenistanda banklaryň girdejilerine

salynýan salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky «Banklaryň girdejilerine salgyt salmak baradaky Düzgünnamany tassyklamak hakyndaky» 1090 belgili Kararynyň esasynda 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizildi. Sanalyp geçilen salgytlardan başga, Türkmenistanyň salgyt ulgamynda 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, ätiýaçlandyryş işinden alynýan girdeji salgydy, ýerasty baýlyklardan peýdalanylandygy üçin salgyt, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) eksportyna salynýan salgyt, gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallardan alynýan salgyt, ýer salgydy we awtoulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan salgyt hereket edýärdiler. 1994-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň düzümine 16 görnüşli ýerli salgytlar we ýygymlar goşuldy.

Ýokarda sanalyp geçilen salgytlar boýunça 1993-nji ýylda degişli kanunlar kabul edildi. Kabul edilen kanunlaryň esasynda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan gözükdirmeler we düzgünnamalar işlenip düzüldi. Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi bilen, salgyt kanunçylygynyň degişli namalaryna üýtgetmeler girizildi. Türkmenistanyň XV Halk Maslahaty tarapyndan tassyklanylan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny durnukly görnüş bilen üpjün etdi. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna täze goşmaçalar we üýtgetmeler girizildi. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy esasynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna salgyt töleýjilere salgyt ýeňillikleri we eglişikleri bermek babatynda bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman şertlerine laýyk gelýän düýpli üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

Salgyt salmagy dolandyrmak dolandyryş işleriniň durmuş taýdan has bir şertlendirilen çygrydyr. Salgytlary dolandyrmakda ýol berilýän nogsanlyklar (kemçilikler) býujete tölenýän salgytlaryň möçberiniň mese-mälim pese düşmegine, salgyt hukuk bozulmalarynyň artmagyna, merkez bilen sebitleriň arasyndaky býujetara gatnaşyklarynyň deňlemesiniň bozulmagyna getirýär. Salgyt kanunlary kabul edilen-

de goýberilýän konseptual ýalňyşlyklar, bu kemçilikleriň diňe üstüni ýetirýär. Salgyt önümçiliginiň, ony dolandyrýan ulgamyň we salgyt salmagyň usulyýetiniň arasynda netijeli arabaglanyşyk bar. Salgyt salynmagy dolandyrýan ulgam gurnalanda, salgyt salmagyň bu düýpli kadalary hasaba alynmalydyr.

Salgyt gullugy edaralarynyň dolandyrylyşy, olaryň wezipeleri, döwlet salgyt gullugy edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we gullukçylarynyň derejeleri, hukuklary, borçlary, jogapkärçilikleri, goraglylygy we işindäki çäklendirmeler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 71–79-njy maddalarynda kesgitlenilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny kabul edilmänkä, salgyt gullugy edaralarynyň administrasiýasy tarapyndan salgyt töleýjiler babatynda bikanun hereketleriniň öňüniň alynmagyna uly üns berilmeýärdi. Bu hukuk ölçegleriniň doly derejede işlenip düzülmändigi sebäpli, salgyt barlaglary geçirilende ýalňyş netijeleri çykarýan salgyt gullugynyň işgärlerine garşy hiç hili maliýe we edara ediş (administratiw) çäreleri ulanylmaýardy (salgyt töleýjilerden tapawutlylykda). «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi bilen, bu kemçilikler aradan aýryldy. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň VII bölümi (85–87-nji maddalary) salgyt gullugynyň çykaran çözgütlerine, olaryň ýolbaşçylarynyň we gullukçylarynyň hereketlerine garşy salgyt töleýjiler tarapyndan şikaýat edilmegini göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bikanun hereketleriniň, ýazmaça görkezmeleriniň, çözgütleriniň we düşündirişleriniň netijesinde ýol berlen salgyt bozulmalary salgyt töleýjilere garşy maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirmeýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi bilen geçirilýän salgyt barlaglarynyň sany çäklendirilmeýär, jerime salmak çäreleri bolsa salgyt barlaglarynyň geçirilýän ýerine (kärhanalara ýa-da beýleki binýatlara) barmak bilen salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan amala aşyrylýan resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijesinde ulanmaga rugsat berilýär. Eger salgyt töleýji salgyt resmina-

malaryna degişli düzedişleri öz wagtynda girizen ýagdaýynda we onuň bu hereketleri salgytlaryň dogry hasaplanylyşyny şertlendirilen bolsa, onda jerimeler görnüşinde salgyt talaplary oňa garşy bildirilmeýär. Salgytlary dolandyrmaga ýöriteleşdirilen guramalar gatnaşýarlar, olar 1-nji şekilde görkezilýär.

Salgyt töleýjileriň we döwletiň arasyndaky arabaglanyşyklara hukuk goraýjy guramalar, auditor we maslahat beriş – hukuk gulluklary gönüden-göni öz täsirlerini ýetirýärler. Olaryň ýerine ýetirýän işleri–salgyt salmagy dolandyrmak işiniň bir bölegidir. Türkmenistanda hojalygyň alnyp barlyşynyň bazar binýadynyň emele gelmegi we ösmegi, hojalygy ýöredýän birlikleriň ählisinde maliýe akymlaryny dolandyrmagyň menejer tejribesiniň ornaşdyrylmagyna talap bildirýär (şol sanda ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligindäki çygry, täjirçilik däl we býujet guramalaryny goşmak bilen). Bazar ykdysadyýeti şertlerinde salgytlaryň ýygnalyp alynmagy, kärhanalardan döwlet gaznasyna gönükdirilýän pul serişdeleriniň pul akymlar toplumynyň möhüm bölegidir. Şol sebäpli pul akymlar toplumynyň şu çygry ykdysady seljermäniň we gözegçiligiň wajyp binýadydyr. Içki salgyt seljermesi we salgyt monitoringi kärhananyň menejerleriniň erkygtyýarlygydyr.

Daşky ulanyjylara daşky maliýe hasabatyny bermeklik hem salgyt menejerleriniň borçlaryna degişlidir. Tölenýän salgytlaryň möçberleri, tölenmäge degişli, ýöne tölenmedik salgytlaryň möçberleri, puşmana tölegleri we maliýe jerimeleri hakyndaky maglumatlar salgyt gullugynyň degişli bölümlerinde toplanýar. Salgyt gullugy edaralary tarapyndan analitiki maglumatlar wezipeleriniň (maglumatlar akymlaryny kompýuterleşdirmek şertlerinde şonuň ýaly işleri indi geçirmek mümkin bolýar) ýerine ýetirilmegi, salgyt salmagyň kadalaşdyryş ukybyny has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Diýmek, salgyt salmagyň ähli elementlerini kadalaşdyrýan we kämilleşdirýän dolandyryş ulgamyna degişlilikde döwlet salgyt menejmenti diýlip atlandyrylýan düşünjäni ulanmak bolýar. Döwlet salgyt menejmenti döwletiň amal edýän işiniň özboluşly çygrydyr. Döwlet salgyt menejmenti şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

*1-nji şekil*

## Salgyt gatnaşyklaryny dolandyrýan guramalaryň ulgamy



1. Kärhanalaryň, pudaklaryň we döwlet ykdysadyýetiniň umumy girdejiliginiň artmagynyň çaklama hasaplamalarynyň esasynda gysga we aralyk döwürlere salgyt tölegleriň möçberini çaklamak. Häzirki wagtda şonuň ýaly hasaplamalary geçirmekde (usulyýet taýdan üpjün edilen) giňişleýin daşary ýurt we milli tejribesi bar.
2. Daşary ykdysady işinde proteksionistik syýasaty üpjün etmek üçin salgyt esaslandyrmalary taýýarlamak.
3. Döwlet durmuş meýilnamalaryna zeper ýetirmesiz telekeçiligiň ösmegine ýardam bolýan salgyt salmagyň täze konsepsiýasyny (Baş ugruny) işläp düzmek.

Ýokarda sanalyp geçilen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi, milli salgyt salmak ulgamynyň bazar ykdysadyýetiniň şertlerine uýgunlaşmagyny çaltlandyrýar. Özboluşly ylmy-amaly proses hökmünde, döwlet salgyt menejmenti özüniň mazmuny, gurluşynyň şertleri we maksatly gönükdirmesi boýunça biçäk göwrümli çygyrdyr. Döwlet salgyt menejmenti, bu taryhy tejribäniň, ykdysady ylmyň we häzirki zaman salgyt tejribesiniň esasynda salgyt salmagyň hukuk esaslarynyň işlenip düzülmegi, anyk salgyt mehanizminiň we onuň düzüm bölekleriniň (meýilnamalaşdyrmak, kadalaşdyrmak, gözegçilik) hereket etmegi üçin şertleriň üpjün edilmegi, hasap-analitiki, hasabat düzgünleriniň, resminamalaryň we başga köp ölçegleriň hem-de kadalaryň işlenip taýýarlanylmagydyr. Ykdysadyýeti dolandyrmak ulgamynda döwlet salgyt menejmenti möhüm orun eýeleýär. Döwlet salgyt menejmentiniň köpbasgançaklylygy (iýerarhiýasy) 1-nji şekilde beýan edilipdi.

Umuman, nazaryýet amaly nukdaýnazaryndan salgyt hukugynyň kadalaryna esaslanýan we onuň üstüni ýetirýän salgyt menejmentini salgyt mehanizminiň ähli elementleriniň sütüni diýip atlandyrmak bolýar. Salgyt menejmentini düzýän düzüm bölekleri, ýagny meýilnamalaşdyrmak, kadalaşdyrmak we gözegçilik, bu häkimiýet we dolandyryş guramalarynda işleýän ýokary hünärli hünärmenleriň dolandyryş hereketleridir. Salgyt hukugynyň ölçegleri (normalary) salgyt menejmentiniň oýlanyşykly ulgamyny gurnamaga, salgyt mehanizminiň (umumy nukdaýnazardan ony häsiýetlendirip bolýar) ähli elementlerine ony ýaýbaňlandyrmaga mümkinçilik berýär.

### 1.2.2. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy edaralarynyň dolandyrylyşynyň gurluşy

Maliýanyň dolandyrylyşynyň umumy ulgamynda salgytlaryň dolandyrylyşy möhüm orun tutýar. Salgytlaryň dolandyrylyşy toplumlaýyn düşünjedir. Salgytlary dolandyrmak, bir tarapdan, döwlet gullugy edaralarynyň işgärleriniň merkezleşdirilen pul gaznalarynyň emele gelmegini dolandyrmakda geçirýän maksatly işinden we şol gaznalaryň işine barlag geçirmekden, başga tarapdan bolsa, Baş döwlet salgyt gullugynyň ulgamyna goşulýan guramalary dolandyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik geçirýän edaralaryň bitewi ulgamydyr. Onuň edaralarynyň düzümine Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň döwlet salgyt gulluklary girýär. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň umumy serişdeleriniň hasabyna salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet haklarynyň diňe 50 göterimi maliýeleşdirilýär. Salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet hakynyň galan bölegi ulanylan we tölenen (töletdirilen) maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň möçberiniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tabyndyr we Düzgünnama laýyklykda hereket edýär. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň ýerine ýetirýän esasy wezipeleri 2-nji şekilde beýan edilýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy özüniň welaýatlardaky, şäherlerdäki, etraplardaky düzüm bölekleriniň işlerini gurnaýar we olara ýolbaşçylyk edýär. Döwlet salgyt gullugy edaralarynyň ýolbaşçylaryna we gullukçylaryna berilýän şahsy derejeler 3-nji şekilde görkezilendir. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň Baş geňeşçisi we Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I derejeli Baş geňeşçisi diýen atlar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan berilýär. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy edaralarynyň gullukçylarynyň we işgärleriniň şahsy atlary we at üçin wezipe aýlyk zähmet haklaryna goşmaça tölegler tölemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

*2-nji şekil*

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň ýerine ýetirýän esasy wezipeleri**




Salgyt gullugy edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we gullukçylarynyň hukuklary:

– salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan), bank edaralaryndan we beýleki taraplardan salgydy hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän, bellenen tertipde tassyklanylan görnüş boýunça resminamalary we beýleki maglumatlary, şeýle-de salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň hasaplanylyşynyň dogrulygy we öz wagtynda töle-

nendigi barada düşündirişleri, olary tassyklaýan resminamalary talap etmäge we almaga;
– Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen tertipde salgyt barlaglaryny geçirmäge;
– zerur bolan ýagdaýlarda salgyt töleýjiniň emlägini tükellemegi guramagy amala aşymaga;
– hünärmenleri we bilermenleri geçirilýän salgyt barlaglaryna çekmek we olardan salgyt gullugynyň ygtyýaryna girmeýän, emma salgyt salmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça netijenamany almaga;
– beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde barlaglara gatnaşmaga;

*3-nji şekil*

**Döwlet salgyt gullugy edaralarynyň ýolbaşçylaryna we gullukçylaryna berilýän derejeler**



– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna we hereket edýän beýleki kanunlara laýyklykda, resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende şahsy we edara görnüşli taraplaryň girdeji (peýda) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri geçirmek üçin peýdalanylýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny, şeýle-de şu işler bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmäge;
– elektron gözegçilik – kassa abzallaryny ulanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik geçirmäge;
– öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işler boýunça teswirnama düzmäge;
– salgyt töleýji tarapyndan resminamalar (maglumatlar) berilmedik ýagdaýynda, bar bolan maglumatlaryň esasynda tölenmäge degişli salgydyň möçberini anyklamaga we kesgitlemäge;
– salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle-de salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli resminamalary we (ýa-da) maglumatlary bolan beýleki adamlary salgyt gullugyna çagyrmaga;
– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň gaýry namalarynda bellenen beýleki hukuklar.

Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary degişli salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylan wezipe gollanmalarynda berkidilýär. Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary 4-nji şekilde görkezilendir.

Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň 4-nji şekilde beýan edilen borçlaryndan başga, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň gaýry namalarynda bellenen borçlary hem bar. Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary degişli salgyt gullugynyň ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylan wezipe gollanmalarynda berkidilýär. Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň 4-nji şekilde beýan edilen borçlaryndan başga-da «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we «Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny

*4-nji şekil*

**Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary**




we wezipeli adamlary seçip almak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda borçlary bar. Türkmenistanyň salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň işinde «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we «Türkmenistanyň döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda döwlet gullugyny geçmegi bilen baglanyşykly bellenen çäklendirmeler hem bar. Salgyt töleýji

(salgyt ýumuşçysy) babatynda salgyt gullugynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek şu aşakdaky ýagdaýlarda gadagan edilýär:

– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da baş hasapçysy salgyt gullugynyň wezipeli adamsynyň ýa-da gullukçysynyň ýakyn garyndaşy bolsa;
– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da baş hasapçysy ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlary salgyt gullugynyň wezipeli adamyndan we gullukçysyndan maliýe taýdan göni ýa-da gytaklaýyn garaşly bolsa.

Salgyt gullugynyň wezipeli adamlary we gullukçylary döwlet häkimiýetiniň wekilidir we döwletiň goragy astynda durýarlar. Olaryň kanuny talaplary salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) we olaryň kanuny wekilleri tarapyndan hökmany ýagdaýda ýerine ýetirilmelidir. Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeklerine päsgelçilik döretmek, gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly olaryň abraýyny we mertebesini peseltmek, haýbat atmak, garşylyk görkezmek, olaryň jany, saglygy babatynda zorluk ulanmak we emlägine hyýanat etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen jogapkärçiligi göz öňünde tutýar.

Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) barada alnan islendik maglumat salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) hakyndaky syrdyr. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýji barada alnan syr däl maglumatlar 5-nji şekilde görkezilendir. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar we olaryň wezipeli adamlary hem-de gullukçylary, şol sanda ozal bu işde işlän işgärler, daşyndan çekilen hünärmenler we bilermenler salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky maglumatlaryň gizlinligini saklamaga borçludyrlar (Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan maglumatlardan başgalaryny). Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky gizlin maglumatlar bolan resminamalaryň ýitirilmegi ýa-da şeýle maglumatlaryň aýan edilmegi, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi göz öňünde tutýar. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan salgyt gullugynyň edaralary, beýleki edaralar, şeýle-de olaryň wezipeli adamlary we gullukçylary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gat-

*5-nji şekil*

**Salgyt gullugy edarasy tarapyndan salgyt töleýji barada alnan syr bolup durmaýan maglumatlar**




naşýan salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary özleriniň bikanun hereketleri ýa-da hereketsizligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

### 1.3.3. Salgyt salynýan ulgamy dolandyrmagyň hukuk taýdan üpjün edilmegi

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň täze salgytlary belleýän, salgyt möçberlerini ýokarlandyrýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi güýçlendirýän namalarynyň

gaýdymlaýyn güýji ýok. Muny aşakdaky mysal arkaly düşündirmek bolar. Mysal üçin, hususy eýeçilikdäki «Düşünje» edara görnüşli tarap senenama ýylynyň 6 aýy üçin edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça düzülen we özüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasyna laýyklykda senenama ýylynyň 25-nji iýulyna çenli 240 manat möçberinde salgyt tölemeli. Ýöne, bu edara görnüşli tarapyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, tölenmeli tölegler senenama ýylynyň 18-nji awgustynda tölenipdir. Geçirilen resminamalaýyn barlagyň netijesinde, senenama ýylynyň 9 aýy üçin edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 151 manat möçberinde goşmaça salgyt hasaplanylypdyr. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň senenama ýylynyň 21-nji maýynda çykaran 56-Ö belgili buýrugynyň esasynda (Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan senenama ýylynyň iýun aýynyň 22-sinde 178 san bilen tassyklanylan) puşmana tölegleriniň we maliýe jerimeleriniň möçberi ýokarlandyrylypdyr, ýagny puşmana tölegleri 0,05 göterim we salgydyň azaldylyp hasaplanylan jeminden maliýe jerimeleri 45 göterim möçberinde bellenilipdir (güýje senenama ýylynyň 1-nji iýulyndan girýär). «Düşünje» hususy kärhanasy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda puşmana töleglerini 1,7 manat (240 manat x 24 gün x 0,03) we maliýe jerimelerini 6,0 manat (151 manat x 40 % : 100 %) möçberinde tölemeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 89-njy maddasynyň 1-nji bölegi), sebäbi täze salgytlary bellemek, şeýle hem hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 3-nji maddasynyň 1-nji bölegi). Hut şol sebäpli, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň täze salgytlary belleýän, salgyt möçberlerini ýokarlandyrýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi güýçlendirýän namalarynyň

gaýdymlaýyn güýji ýok. Biziň şertli mysalymyzda Baş döwlet salgyt gullugynyň senenama ýylynyň 21-nji maýynda çykaran 56-Ö belgili buýrugy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna çapraz gelýär we onda bellenilen puşmana tölegleriniň möçberini 0,05 göterime hem-de salgydyň azaldylyp hasaplanylan jeminden maliýe jerimeleriniň möçberini 45 göterime çenli ýokarlandyrmak hakyndaky düzgünnamasyny ulanyp bolmaýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyň salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberlerini azaldýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň gaýdymlaýyn güýji bar. Aýdylanlary şu şertli mysal arkaly beýan edeliň. «Angor Başgyrt» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgydyň salgyt beýannamasyny öz ýerleşýän ýeri boýunça döwlet salgyt gullugyna 20-nji maýda tabşyrypdyr. Salgyt beýannamasynda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 1 800 manat möçberinde hasaplanyp çykarylypdyr. Salgyt beýannamasy boýunça hasaplanyp çykarylan salgyt 25-nji maýdan gijä galman Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmeli. Ýöne, «Angor Başgyrt» daşary ýurt kompaniýasynyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, salgyt beýannamasynda hasaplanyp çykarylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi şol ýylyň 14-nji iýunynda tölenipdir. Salgyt töleýjileri höweslendirmek we olara goşmaça eglişik etmek maksady bilen, Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň senenama ýylynyň 29-njy martynda çykaran 33-Ö belgili buýrugyna laýyklykda (güýje senenama ýylynyň 1-nji aprelinden girýär) wagtynda tölenilmedik salgytlar boýunça puşmana tölegleri 0,02 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Diýmek, «Angor Başgyrt» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy wagtynda tölenmedik goşulan baha üçin salgyt boýunça puşmana tölegleri 7,2 manat (1 800 manat x 20 gün x 0,02 %) möçberinde tölemeli. Bu ýagdaýda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberlerini azaldýan ýa-da

başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň gaýdymlaýyn güýji bar we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň kadalary ulanylmaýar.

Salgyt salmak salgyt töleýjileriň salgyt borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ýüze çykan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň kanunçylygynyň namalarynyň esasynda geçirilýär. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere seretmek, Türkmenistanyň hukuk düzgüniniň bozulandygy ýüze çykarylan wagtynda hereket edýän kanunçylygynyň esasynda alnyp barylýar. Aýdylanlary anyk mysal arkaly beýan edeliň. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Türkmendöwlettaslama» institutynda 2004–2008-nji ýyllar üçin geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde goşulan baha üçin salgyt boýunça 111 942 manat möçberde goşmaça salgyt hasaplanylypdyr, şol sanda 2004-nji ýyl üçin 23 932 manat, 2005-nji ýyl üçin 11 308 manat, 2006-njy ýyl üçin 29 570 manat, 2007-nji ýyl üçin 28 044 manat we 2008-nji ýyl üçin 19 088 manat. Ähli barlanylan döwür üçin salgyt özenine salgydyň 15 göterim möçberi ulanylypdyr. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girdi we şol kanunyň 103-nji maddasyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň möçberi 15 göterim möçberinde bellenildi. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny kabul edilmänkä hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalaryna laýyklykda goşulan baha üçin salgydyň möçberi 20 göterim derejede kesgitlenilipdi. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 1-nji maddasynyň 5-nji böleginden ugur alyp, «Türkmendöwlettaslama» institutynda resminamalaýyn barlagyň netijeleri boýunça goşulan baha üçin salgydyň möçberini 2004-nji ýylyň 10 aýy üçin (ýanwar-oktýabr) 20 göterim, 2004-nji ýylyň 2 aýy (noýabr-dekabr) we 2005–2008-nji ýyllar üçin 15 göterim derejede ulanmaly.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bite-

wi kanunyndan hem-de Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmeýär. Mysal üçin, «Maliýe hasabatyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça Gollanmany tassyklamak barada» salgyt kanunçylygynyň hukuk resminamasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2006-njy ýylyň 24-nji martynda çykaran 16-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 22-nji iýunynda 387 belgili buýrugy bilen hasaba alyndy. «Maliýe hasabatyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça Gollanma döwlet salgyt gulluklarynyň edara görnüşli we şahsy tarap bolýan salgyt töleýjileriniň (salgyt ýumuşçylarynyň) Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenýän salgytlaryň, ýygymlaryň we beýleki hökmany tölegleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça tabşyrýan hasabatyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) geçirilýän kameral salgyt barlaglarynda ulanmak maksady bilen, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 80-nji we 81-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda işlenip taýýarlandy» diýlip bu Gollanmada nygtalýar. Çapraz gelmeler ýüze çykan ýagdaýynda, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünleri ulanylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolan taraplara salgyt salmak babatynda şu kanunda kesgitlenilen aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünleri ulanylýar. Mysal üçin, «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Kanuna laýyklykda, potratçylar we kömekçi potratçylar bolan taraplar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýarlar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny gümrük tölegleri almakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmeýär.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda başga bir ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda Türkmenistanyň beýleki kanunlarynda salgyt salmak barada bar bolan düzgünler ulanylmaýar. Mysal üçin, «Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky» Kanunda daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilhanalaryna we şahamçalaryna goşulan baha üçin salgyt boýunça öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirmek babatynda salgyt salynýan amallar boýunça salgyt eglişigi göz öňünde tutulan bolsa, ýöne bu eglişik «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenilmedik ýagdaýynda, onda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünleri ulanylýar. Türkmenistanyň raýat we salgyt kanunçylygynyň düzgünlerinde kesgitlenilýän salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky islendik düşünjeler, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda olara berilýän mana eýe bolýarlar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenenlerden başga, täze salgytlary girizmek, şeýle-de hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler girizýän, täze salgytlary belleýän ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgedýän Türkmenistanyň kanunlary resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir aýyň geçmegi bilen güýje girýär, ýöne degişli salgyt boýunça nobatdaky hasabat döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-nden ir bolmadyk möhletde. Şu aýdylanlary şertli mysal arkaly beýan edeliň. Mysal üçin, «Türkmenistan» gazetinde senenama ýylynyň 29-njy aprelinde çap edilen "«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda goşulan baha üçin salgyt, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, emläk üçin salgyt boýunça salgytlaryň möçberiniň ýokarlandyrylmagy we bu salgytlar boýunça berilýän käbir salgyt ýeňillikleriniň we eglişikleriň ýatyrylmagy göz öňünde tutulýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 104-nji maddasynyň 1-nji bölegi-

ne laýyklykda goşulan baha üçin salgyt boýunça hasabat döwri senenama aýyna, emläk üçin salgyt («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 142-nji maddasy) we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 173-nji maddasy) birinji çärýege, birinji ýarym ýyla, dokuz aýa we salgyt ýylyna deň diýlip kabul edilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyndan ugur alynsa, onda goşulan baha üçin salgyt boýunça üýtgetmeler we goşmaçalar senenama ýylynyň 1-nji iýunyndan, emläk üçin salgyt we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça şol ýylyň 1-nji iýulyndan güýje girýär.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle-de hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary çap edilen pursadyndan güýje girýär. Mysal üçin, «Türkmenistan» gazetinde senenama ýylynyň 29-njy aprelinde çap edilen «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunynda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 1-nji bölümçesine üýtgetmeleriň girizilmegi, ýagny salgyt aýyrmalary islendik şahsy taraplar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinden iki essesi möçberine çenli artdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Şu ýagdaýda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgyt boýunça salgyt eglişigi senenama aýynyň 29-njy aprelinden ulanyp başlanýar, has takygy eger şahsy adamlardan alynýan salgyt boýunça senenama ýylynyň 29-njy apreline çenli bu eglişik hasaba alynman hasaplanylan bolsa we salgydyň pul möçberiniň bir bölegi (eglişik bilen bagly bolan) Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen bolsa, onda salgyt eglişigi indiki aýda geçiriljek hasaplamalarda göz öňünde tutulýar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda ýa-da Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän başga bir kadalaşdyryjy hukuk namalarynda görkezilen möhletler barada

Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar. Salgyt ýyly 1-nji ýanwardan başlanýar we 31-nji dekabrda tamamlanýar hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýär. Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda beýan edilen düzgünlerden başga düzgünler kesgitlenilen bolsa, onda halkara ylalaşyklaryň düzgünleri ulanylýar.

### 1.4.4. Salgyt salmak ulgamyny dolandyrýan salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar barada berilýän düşünjeleriň kesgitlemesi

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyda şeýle kesgitleme berýär: «Salgyt – döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir». Salgytlar şu aşakdaky alamatlaryň bolmagy bilen kesgitlenilýär:

– salgyt töleýjileriň topary;
– salgyt salynýan binýat;
– salgyt özeni;
– salgyt möçberi (möçberleri);
– salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi.

Salgyt bellenende hasabat (salgyt) döwri hem kesgitlenilýär, şeýle-de salgyt ýeňillikleri, salgyt töleýjiniň olary ulanmagy üçin esaslar göz öňünde tutulýar. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenilýär we hususy ýeňillikleri bermek gadagan edilýär. Hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýjüniň bütin döwrüniň dowamynda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukugy bar. Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, salgyt ýeňilliklerini ulanmakdan ýüz öwrüp bilýär. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk ýokarda görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürle-

rinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmeýär, geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirilmeýär ýa-da býujetden öwezi dolunmaýar. Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza tabşyran ýagdaýynda, salgytlar boýunça ýeňilliklerden onuň täzeden peýdalanmaga haky bar, ýöne ýeňilliklerden täzeden peýdalanmak onuň bu ýeňilliklerden boýun gaçyran ýylyndan soň gelýän senenama ýylyndan ir bolmaly däl. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler salgyt töleýjileri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen borçlary ýerine ýetirmekden boşatmaýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen düzgünleri şertli mysal arkaly beýan edeliň.

**Mysal.** «Ýewroteks Plýus» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2010-njy ýylyň 5-nji fewralynda Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna ýazan hatynda, ony peýdadan alynýan salgyt boýunça bar bolan ýeňilliklerden 2010–2011-nji ýyllar üçin boşadylmagyny haýyş edipdir. Salgyt kanunçylygynyň esasynda berilýän ýeňillikleriň möçberi 2010-njy ýylda 49 600 manat, 2011-nji ýyla 96 940 manat. Salgytlar boýunça emele gelen bergileriň üstüni ýapmak maksady bilen, wekilhana 2011-nji ýylyň 7-nji noýabrynda 78-nji belgili hat bilen 2010-njy we 2011-nji ýyllarda ulanylmadyk ýeňillikleri hasaba alynmagyny we bergileriniň üstüniň ýapylmagyny haýyş edip Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna ýüz tutupdyr.

**Sorag.** Wekilhananyň peýdadan alynýan salgyt boýunça 2010–2011-nji ýyllar üçin boýun gaçyran ýeňillikleri geljekki salgyt döwürlerine geçirilýärmi?

**Jogap.** Ýok, wekilhananyň edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 2010–2011-nji ýyllar üçin boýun gaçyran ýeňillikleri geljekki salgyt döwrüne, ýagny 2012-nji ýyla geçirilmeýär.

**Sorag.** «Ýewropa Plýus» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň haýsy salgyt döwürden salgyt ýeňilliklerini almaga haky bar?

**Jogap.** 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap.

**Sorag.** Salgytlar boýunça indiki tölenjek tölegleriň pul möçberi öňki berlen ýeňillikleriň hasabyna ýapylyp ýa-da býujetden öwezi doldurylyp bilinýärmi?

**Jogap.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, «Ýewropa Plýus» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2012-nji ýylda salgytlar boýunça tölejek tölegleriniň pul möçberi 2010–2011-nji ýylda berlen ýeňillikleriň hasabyna ýapylyp ýa-da býujetden öwezi doldurylyp bilinmeýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen salgytlar Türkmenistanyň ähli çäginde hereket edýärler. Paçlar we ýygymlar salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri hökmünde ykrar edilýär we olarda salgydyň käbir alamatlary bolman hem bilýär. Döwlet paçlaryny, gümrük tölegleri we ýygymlaryny bellemek, girizmek, hasaplamak we tölemek boýunça şu kanunda bellenilmedik gatnaşyklar babatynda, şeýle-de olaryň tölenilişine gözegçilik amala aşyrylanda, olaryň tölenilişine gözegçilik amala aşyrýan edaralaryň namalaryna, olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerine (hereketsizligine) şikaýat edilende we günäkär adamlar jogapkärçilige çekilende ýüze çykýan gatnaşyklar babatynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kadalary ulanylmaýar.

Ylalaşyklar ýa-da raýat hukuk häsiýetli gatnaşyklara laýyklykda tölenýän tölegler, goýumlar we beýleki tölegler, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin salynýan jerimeler we sanksiýalar salgyt diýlip ykrar edilmeýär. Olara, mysal üçin, şu aşakdakylar degişlidirler:

– döwlet emlägini kärendesine (kireýine) bermekden girdejiler;
– döwlet emlägini satmakdan girdejiler;
– suwdan peýdalanmak üçin ýörite tölegler;
– oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň suw üçin tölegi;
– edara görnüşli tarapdan ýer üçin alynýan töleg;
– raýatlardan ýer üçin alynýan töleg;
– edara görnüşli taraplardan ýer üçin alynýan kärende tölegi;
– oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň ýer üçin tölegi;
– raýatlardan ýer üçin alynýan kärende tölegi;

– ekerançylyk bilen meşgullanýan kärendeçilerden ýer üçin tölegler;
– döwlet paçlary;
– gümrük amallarynyň geçirilmegi üçin töleg;
– gümrük gözegçiligini geçirmekden girdejiler;
– oýlap tapmalary we harytlyk nyşanlary seljermegi we hasaba almagy geçirmek üçin tölenilýän paçlar;
– «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy tarapyndan alynýan ýygymlar;
– ýol gözegçilik gullugy tarapyndan alynýan ýygymlar (jerimelerden başga);
– kazyýet çykdajylary üçin ýygymlar;
– kepillendiriş hyzmatlary üçin ýygym;
– Türkmenistanyň raýatlaryna pasportlary bermekden ýygymlar we öý kitaplaryny satmakdan gowuşmalar;
– telekeçilik we hünärleýin işi alyp barmak üçin ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin ýygymlar;
– harytlary ulanmak ýa-da işi amala aşyrmak üçin rugsatnamalaryň berilmegi üçin ýygymlar we tölegler;
– harytlaryň Türkmenistanda öndürilmegi üçin güwanamalaryň berilmegi üçin ýygymlar;
– daşary ýurt pulunda amallar boýunça salgytdan daşary (gaýry) gowuşmalar;
– nyrhlary ulanmagyň bellenilen tertibiniň bozulmalary üçin jerimeler;
– ýol hereketleriniň kadalarynyň bozulmagy üçin jerimeler;
– edara ediş jerimeleri we gaýry çäreler (salgyt kanunçylygynyň bozulmagy üçin tölenilen jerimelerden we çärelerden başga) üçin ýygymlar;
– Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçmegiň ýeňilleşdirilen tertibiniň bozulmagy üçin jerimeler;
– lombardlardan isleg bildirilmedik önümleri tabşyrmakdan girdejiler;
– elektron gözegçilik – pulhana abzallaryny we harytlyk peteklerini ulanmagyň kadalarynyň bozulmagy üçin jerimeler;

– medeni şowhunly dynç alyş we sport edaralaryndan gowuşmalar;
– şahsy adamlaryň ýaşaýyş jaýlarynda we döwlet binalarynda duýduryş ulgamynyň oturdylmagy üçin ýygymlar;
– Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tölegleriň, goýumlaryň, jerimeleriň we sanksiýalaryň beýleki görnüşleri.

Türkmenistanyň döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlar «Býujet ulgamy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda merkezi býujet bilen ýerli býujetleriň arasynda paýlanylýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen ýygymlar ýerli býujetlere doly möçberde geçirilýär, olar şu aşakdakylardyr:

– mahabatlandyrma üçin ýygym;
– şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym;
– awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym;
– awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym;
– itleriň eýelerinden alynýan ýygym.

Türkmenistanyň kanunçylygynda beýleki ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda salgytlar Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlar şu tertibi kesgitleýär: «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 177-nji maddasyna laýyklykda öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça tabşyrylýan beýannamada salgyt özenini daşary ýurt pulunda görkezýärler. Salgyt töleýjiler tarapyndan peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy tölemek daşary ýurt (erkin ýörgünli) pulunda amala aşyrylyp bilinýär, şol sanda salgyt ýumuşçylarynyň üsti bilen. Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, amallaryň geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän hümmeti boýunça, resmi hümmeti bellenilmedik bolsa, onda olar ABŞ-nyň dollary babatynda kross – hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen bu kadalary şertli mysal arkaly beýan

edeliň: «Orbit Holding LLS» daşary ýurt kompaniýasynyň golçur kärhanasy 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda hojalyk amallaryny geçiripdir. Hasaplaşyk 50 000 sum möçberinde Özbegistan Respublikasynyň milli pulunda geçirilipdir. Hojalyk amallarynyň geçirilen gününe Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilen hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1. Şol senä Özbegistan Respublikasynyň milli pulunyň (sumuň) ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 51,3 : 1. Onda, Türkmenistanyň milli pulunyň Özbegistan Respublikasynyň milli puluna bolan gatnaşygy 1 : 18 (51,3 : 2,85). Bu gatnaşyk krosshümmet diýlip atlandyrylýar. Diýmek, amala aşyrylan hojalyk amallarynyň pul möçberi Türkmenistanyň milli pulunda 2777,8 manat (50 000 sum : 18).

Salgyt hukuk gatnaşyklary, bu Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişiniň dowamynda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan hukuklaryň we borçlaryň jemidir. Salgyt töleýji, salgyt töleýjiniň hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagyna wekilçilik edýän beýleki taraplar, şeýle-de 6-njy şekilde görkezilen ygtyýarly edaralar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylardyr.

*6-njy şekil*

**Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar**



Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda, takyk salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we edara görnüşli tarap **salgyt töleýji** diýlip ykrar edilýär. Şerekete gatnaşýan salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlar, Türkmenistanyň çäklerinde öz işini amala aşyrýan şerekete gatnaşyjylaryň biriniň üstüne ýüklenýär. Şerekete gatnaşyjy salgyt töleýjiler salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmekde özleriniň paýlary boýunça jogapkärçilik çekýärler.

**Mysal.** «Kaşemir», «Şowlulyk», «Saglyk–Baýlyk» hususy edara görnüşli taraplar we şahsy tarap hususy telekeçi Didar Kakalyýew bilelikdäki işleri geçirmek üçin «Aý-Gün» atly şereketi 2009-njy ýylyň 13-nji noýabrynda (döwlet belligine alnan we döwlet sanawyna goşulan güni) döredipdirler. «Aý-Gün» şereketiniň esaslyk gaznasynda olaryň paýy: «Kaşemir» hususy kärhanasy 28 %, «Şowlulyk» hususy kärhanasy 29 %, «Saglyk–Baýlyk» hususy kärhanasy 36 % we şahsy tarap hususy telekeçi Didar Kakalyýew 7 %. «Kaşemir» we «Şowlulyk» hususy edara görnüşli taraplar öz işlerini Türkmenistanyň çäginden daşarda, «Saglyk–Baýlyk» hususy edara görnüşli tarap we hususy telekeçi Didar Kakalyýew Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýarlar. «Aý-Gün» şereketi öz ýerleşýän ýeri boýunça Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyran 2010-njy ýyl üçin edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamasynda salgydyň pul möçberini 98 430 manatda hasaplap çykarypdyr.

**Sorag.** Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy kim tölemeli?

**Jogap.** Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy «Saglyk–Baýlyk» hususy edara görnüşli tarap ýa-da şahsy tarap – hususy telekeçi Didar Kakalyýew tölemeli.

**Sorag.** «Aý-Gün» şereketine gatnaşýan edara görnüşli taraplar we şahsy tarap – hususy telekeçi Didar Kakalyýew edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy haýsy möçberde tölemeli?

**Jogap.** Hususy edara görnüşli taraplar we şahsy tarap hususy telekeçi Didar Kakalyýew edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy şu aşakdaky pul möçberinde tölemeli: «Kaşemir» edara görnüşli hususy kärhana 27560,4 manat (98 430 manat x 0,28), «Şowlulyk» edara görnüşli hususy kärhana 28544,7 manat (98 430 manat x 0,29), «Saglyk–Baýlyk» edara görnüşli hususy kärhana 35434,8 manat (98 430 manat x 0,36) we şahsy tarap hususy telekeçi Didar Kakalyýew 6890,1 manat (98 430 manat x 0,07)

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, bir tarap bir ýa-da birnäçe salgydyň töleýjisi bolup bilýär. Salgyt töleýji salgyt hukuk gatnaşyklaryna salgyt ýumuşçysynyň, kanuny ýa-da ygtyýar berlen wekiliň üsti bilen gatnaşyp bilýär. 6-njy şekilde görkezilen edaralar salgyt hukuk gatnaşyklarynda özleriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýärler.

### «Salgyt menejmenti we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasy başlangyçlary» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Ýygnalýan salgytlaryň möçberiniň pese düşmegi nämäni aňladýar?
2. Salgytlar hakyndaky ylym we tejribe işleri işiň haýsy çygyrlaryny aýan edip bilýär?
3. Salgyt salmagy dolandyrmak näme?
4. Salgyt salmagy dolandyrmak diýilýän düşünjäniň düýp mazmuny näme?
5. Türkmenistanyň salgyt ulgamy haçan döredildi?
6. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň döredilmegi bilen, onuň düzümine haýsy salgytlar girizildi?
7. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny haçan kabul edildi we haýsy seneden güýje girdi?
8. Salgyt gatnaşyklaryny dolandyrmaga haýsy guramalar gatnaşýar?
9. Salgyt töleýjileriň we döwletiň arasyndaky arabaglanyşyklara haýsy guramalar gönüden-göni öz täsirini ýetirýärler?
10. Döwlet salgyt menejmenti haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
11. Salgyt menejmenti diýilýän düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?

12. Salgyt menejmentiniň düzümini haýsy bölekler düzýärler?
13. Salgytlaryň dolandyrylyşy haýsy işleriň berjaý edilmegini öz içine alýar?
14. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet haklarynyň näçe göterimi maliýeleşdirilýär? Salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet hakynyň galan bölegi haýsy çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär?
15. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy kime tabyn?
16. Döwlet salgyt gullugynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna haýsy derejeler berilýär?
17. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň Baş geňeşçisi we Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I derejeli Baş geňeşçisi diýen atlar kim tarapyndan berilýär?
18. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň gullukçylarynyň şahsy atlaryny we at üçin wezipe aýlyk zähmet haklaryna goşmaça tölegleri tölemegiň tertibini kim tassyklaýar?
19. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
20. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary haýsylar?
21. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary haýsylar?
22. Salgyt gullugynyň wezipeli işgärlerine we gullukçylaryna salgyt töleýji babatynda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek haýsy ýagdaýlarda gadagan edilýär?
23. Salgyt syry näme?
24. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) alnan maglumatlar haýsy ýagdaýlarda salgyt syry bolup durmaýar?
25. Salgyt syryny saklamaga degişli taraplaryň düzümine kim girýär?
26. Salgyt syrynyň äşgär edilmegi jogapkärçiligi göz öňünde tutýarmy?
27. Salgyt kanunçylygynyň namalarynyň gaýdymlaýyn güýji ýok diýilýän düşünje näme?

28. Salgyt kanunçylygynyň namalarynyň gaýdymlaýyn güýji bar diýilýän düşünje näme?
29. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy haýsy kadalaşdyryjy hukuk namalardan ybarat?
30. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünlerine çapraz gelip bilýärmi?
31. Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» kanunyna laýyklykda, potratçy we potratçynyň kömekçileri bolan taraplara degişlilikde salgyt salmak babatynda şu Kanunda kesgitlenilen aýratynlyklar ulanylýarmy?
32. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny gümrük töleglerini almakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýärmi?
33. Täze salgytlary girizmek, şeýle-de hereket edýän salgytlary ýatyrmak haýsy kanunyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar, bu kanunyň güýje girýän möhletleri haçan?
34. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle-de hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary haýsy möhletden güýje girýär?
35. Salgyt ýyly haýsy döwri gurşap alýar?
36. Türkmenistanyň baglaşan halkara ylalaşyklarynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan düzgünler bilen çapraz gelýän kadalar kabul edilen bolsa, onda haýsy kadalar ulanylýar?
37. Salgyt bellenilende salgyt döwri we salgytlar boýunça ýeňillikler kesgitlenilip bilinýärmi?
38. Salgytlar we salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýygymlar Türkmenistanyň ähli çäginde hereket edip bilýärmi?
39. Salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri hökmünde paçlaryň we ýygymlaryň salgytdan tapawutlylykda aýry-aýry alamatlary bolup bilýärmi?

40. Paçlaryň möçberleri, olaryň hasaplanylyşynyň tertibi we möhletleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda kesgitlenilip bilinýärmi?
41. Ylalaşyklara ýa-da raýat – hukuk häsiýetli gatnaşyklara laýyklykda tölenýän tölegler, şeýle-de Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin tölenýän jerimeler we puşmana tölegleri salgyt diýlip ykrar edilýärmi?
42. Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlar haýsy býujetleriň arasynda we haýsy kanunyň esasynda paýlanylýar?
43. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy arkaly bellenilýän ýygymlar haýsy býujetiň girdejiler bölegine ýazylýar?
44. Kärhananyň haýsy geçen döwürden ýeňillikleri almaga hukugy bar?
45. Geçen salgyt döwründen täze salgyt döwrüne salgyt ýeňillikleriniň geçirilmegi mümkinmi?
46. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgytlar boýunça indiki tölenjek tölegleriň jemi öňki berlen ýeňillikleriň hasabyna ýazylyp ýa-da býujetden öwezi doldurylyp bilinýärmi?
47. ABŞ-nyň dollary babatynda kross – hümmetiniň hasaplanylyşynyň tertibi haýsy görnüşde amala aşyrylýar?
48. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda, salgyt töleýjiler salgyt beýannamalaryny ýörgünli pulda hasaplap bilýärlermi?
49. Salgyt hukuk gatnaşyklary näme?
50. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna kim gatnaşýar?
51. Salgyt töleýji kim?
52. Şerekete gatnaşýan salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt tölemek borçlary kimiň üstüne ýüklenýär?
53. Salgyt töleýji salgyt hukuk gatnaşyklaryna kimiň üsti bilen gatnaşyp bilýär?

# II bap
# Salgytlaryň dolandyrylyş prosesinde salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibi

## 2.1.5. Salgyt töleýji – şahsy tarap we salgyt töleýji – edara görnüşli tarap

Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar şahsy taraplar diýlip ykrar edilýärler. Salgyt töleýji diýlip ykrar edilýän şahsy taraplar Türkmenistanyň hem dahyllylary, hem-de dahylsyzlary bolup bilýärler. Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi 183 we ondan hem köp senenama güni bolan ýagdaýynda, ol Türkmenistanyň dahyllysy diýlip hasap edilýär. Şonuň bilen birlikde, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, Türkmenistanyň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň Türkmenistanda bolan güni diýlip hasap edilýär. Daşary ýurt döwletleriň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle-de olaryň maşgala agzalary Türkmenistanyň dahyllylary diýlip ykrar edilmeýärler.

**Mysal.** Daşary ýurt raýaty Mehmet Gahrymanly (Türkiýe Respublikasy) 2011-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň çäginde 292gün ýaşapdyr. Ýaşan 292 gününiň dowamynda ol Türkiýäniň diplomatik wekilhanasynda 183 gün işläpdir.

**Sorag.** Salgyt salmak maksady bilen, Türkiýä Respublikasynyň raýaty Mehmet Gahrymanlyny Türkmenistana dahylly şahsy tarap diýip hasap edip bolarmy?

**Jogap.** Türkiýe Respublikasynyň raýaty Mehmet Gahrymanlyny Türkmenistana dahylly şahsy tarap diýlip hasap edip bolmaýar, sebäbi şahsy tarap hökmünde ol Türkmenistanyň çäginde 109 gün (292gün– – 183 gün ) ýaşapdyr. Mehmet Gahrymanlynyň Türkmenistanyň çäginde bolan galan güni (183 gün) ony Türkmenistana dahylly et-

mek üçin hasaba alynmaýar (Türkiýe Respublikasynyň diplomatik wekilhanasynda işländigi üçin).

Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan şahsy taraplar Türkmenistanyň dahylsyzlary diýlip ykrar edilýärler. Türkmenistanyň dahyllysynyň ýa-da dahylsyzynyň derejesi her salgyt döwri babatynda kesgitlenilýär. Daşary ýurt döwletleriň dahyllysy hökmünde daşary ýurtly şahsy tarapyň derejesini kesgitlemek, şol sanda oňa degişlilikde iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak hakynda Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň (ylalaşyklarynyň) degişli düzgünlerini ulanmak üçin:

– salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýji hökmünde ol hasaba alnan mahaly we şu maksatlar üçin tabşyrylan resminamalar esasynda;
– salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt tölemekden boşamak ýa-da başga salgyt ýeňilliklerini almak üçin Türkmenistanyň dahylsyzy bolan salgyt töleýji arza, şeýle-de Türkmenistan bilen degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda şertnama (ylalaşyk) baglaşan ýurduň dahyllysydygy barada resmi tassyknamany beren ýagdaýlarynda we şol resminamalaryň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde şahsy tarap hususy telekeçi diýlip ykrar edilýär. Taraplaryň görkezilen toparlaryna daşary döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda, bellige alnan hususy telekeçiler hem degişlidirler. Şahsy tarapyň salgyt belligine alynmagynyň, ygtyýarnama ýa-da şuňa meňzeş resminama almagynyň tertibini bozup telekeçilik işiniň ýerine ýetirmegi, salgyt salmak maksady bilen bu şahsy tarapy hususy telekeçi hökmünde salgytlary tölemekden boşatmaýar. Salgyt salmak maksady bilen şahsy tarapyň ýaşaýan ýeri Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär.

Salgyt salmak maksady üçin edara görnüşli tarap şu ýagdaýlarda Türkmenistanyň dahyllysy diýlip hasaplanylýar:

– ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan) bolsa;
– onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçysy, direksiýasy, müdiriýeti we şulara meňzeş edaralary) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa.

**Mysal.** 100 göterim daşary ýurt inwestisiýasy bolan «Saada» hususy kärhanasy Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda döredilen we onuň baş ýolbaşçy edarasy Türkmenistanyň çäginde ýerleşýär.

**Sorag.** «Saada» hususy kärhanasyny Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap diýip hasap etmek bolýarmy?

**Jogap:** 100 göterim daşary ýurt maýa goýumy bolan «Saada» hususy kärhanasyny Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap diýip hasap etmek bolmaýar, sebäbi 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen «Eýeçilik hakyndaky» kanunda daşary ýurt maýa goýumlary esasynda esaslyk maýa goýumlaryny döreden edara görnüşli taraplar Türkmenistana dahylsyz diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň dahyllylary bolmadyk edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň dahylsyzlary diýlip ykrar edilýär. Daşary ýurt döwletleriniň dahyllysy hökmünde, şol sanda oňa iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň (ylalaşyklarynyň) degişli düzgünlerini ulanmak üçin daşary ýurt edara görnüşli tarapyň derejesini bellemek:

– salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýji hökmünde ol hasaba alnan mahaly we şu maksatlar üçin tabşyrylan resminamalar esasynda;
– salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydy tölemekden boşamak ýa-da salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak üçin salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt gullugy edarasyna arzany, şeýle-de özüniň degişli salgyt döwrüniň dowamynda (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän ikitaraplaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakyndaky Türkmenistanyň ylalaşyk baglaşan döwletiniň dahyllysydygyny resmi taýdan tassyknamany tabşyran ýagdaýlarynda we şol resminamalaryň esasynda geçirilýär.

**Mysal.** «Kat Asansor Sanaýi we Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda döredilen, ýöne onuň baş ýolbaşçy edarasy Izmir (Türkiýe Respublikasy) şäherinde ýerleşýär.

**Sorag.** «Kat Asansor Sanaýi we Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy salgyt salmak maksady bilen Türkmenistana dahyllymy ýa-da Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapmy?

**Jogap.** «Kat Asansor Sanaýi we Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy salgyt salmak maksady bilen Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap diýlip ykrar edilýär, sebäbi onuň baş ýolbaşçy edarasy Türkmenistanyň çäginiň daşynda ýerleşýär.

Daşary ýurt döwlet edaralarynyň edara görnüşli tarapyň salgyt dahyllylygy, onuň tölän salgytlary hakyndaky resminamalary konsulluk edarasynda aýan etmek (legalizasiýa etmek) talap edilmeýär.

Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy, bu ygtyýarly tarapyň, başgaça şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň üstünden amala aşyrylýan işi hem goşmak bilen, edara görnüşli tarapyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin alyp barýan hemişelik iş ýeri. Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň hemişelik iş ýeri 7-nji şekilde şekillendirilýär. 7-nji şekiliň 2-nji we 5-nji dörtburçluklarynda görkezilen ýagdaýlarda hemişelik wekilhana şu seneden has irkisinden başlap döredilen diýlip hasap edilýär:

– tebigy baýlyklary agtarmagy, işläp taýýarlamagy we ýazyp almagy amala aşyrmak üçin rugsatnamalar (ygtyýarnamalar) alnan senesinden ýa-da şeýle işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylyp başlanan senesinden;
– meýdançany potratça bermek hakyndaky nama (işleri ýerine ýetirmek üçin kömekçi potratçynyň işgärlerini işe goýbermek hakyndaky nama) gol çekilen seneden ýa-da hakykatda işleriň başlanan senesinden başlap.

Buýrujy tarapyndan desganyň ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan işleriň toplumynyň tabşyryş – kabul ediş ygtyýarnamasyna gol

*7-nji şekil*

**Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň hemişelik iş ýeri**

**Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň hemişelik iş ýeri**
**1**

Işleriň amala aşyrylmagynyň möhletlerine garamazdan, tebigy baýlyklary gözlemek, işläp taýýarlamak we gazyp almak bilen bagly islendik ýer. Görkezilenler, hususan-da, şahtany, magdan känini, nebit we gaz guýusyny, karýeri, ýerüsti ýa-da deňiz wyşkalaryny we guýularyny, şeýle-de görkezilen desgalarda enjamlary oturtmak, gurnamak, ýygnamak, sazlamak, işe girizmek, abatlamak we olara hyzmat etmek bilen baglanyşykly işler amala aşyrylýan islendik ýeri özünde jemleýär. Aýdylanlar özleriniň görnüşlerine bagly bolmazdan, deňiz buraw platformalaryna hem degişlidir.
2

Işleriň dolandyrylýan ýeri, şahamça, býuro, edara, gulluk, kärhana, ussahana, seh, dükan ýa-da şuňa meňzeş ýerler.
3

Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän we harytlary ýerlemek (üpjün etmek) üçin ulanylýan ammar.
4

Gurluşyk meýdançalary, gurnalýan we ýygnalýan binalar, şeýle-de işleriň amala aşyrylmaly möhletlerine garamazdan, şu binalar bilen bagly gözegçilik işlerini ýerine ýetirmek.
5

çekilen senesi, gurluşyk meýdançasynda işleriň tamamlanandygyny ykrar edýär. Gurluşyk meýdançasy şu senede hereket etmegini bes edýär:

– desganyň (işleriň toplumynyň) tabşyryş – kabul ediş ygtyýarnamasyna gol çekmezden öň, buýrujy tarapyndan şol desga ulanylyp başlanda we gozgalmaýan emläge bolan hukugyň bellige alynmagy amala aşyrylanda;

– işler hakykatdan hem desganyň (işleriň toplumynyň) tabşyryş – kabul ediş ykrarnamasyna gol çekilenden soň ýa-da şol desga buýrujy tarapyndan ulanylyp başlanandan soň başlananda.

Gurluşyk meýdançasynda işler wagtlaýyn togtadylylýan bolsa, ol hereket etmegini bes etmeýär. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça, şeýle-de ýeňip geçip bolmaýan güýjüň täsiri netijesinde gurluşyk desgasynyň konserwasiýasy ýokarda aýdylanlara degişli däl. Gurluşyk meýdançasynda arakesmeden soň işleriň dowam edilmegi ýa-da täzeden başlanylmagy, dowam edýän ýa-da täzeden başlanýan işleri alyp barmagyň möhletine, şeýle-de arakesmäniň wagtyna goşulýar. Şol bir gurluşyk meýdançasynda täze desgany gurmak ýa-da gurnamak, ýa-da öň tamamlanan desgany giňeltmek bilen baglanyşykly işleriň dowam etdirilmegi ýa-da täzeden başlanylmagy we işleriň aralygyndaky arakesmäniň möhletiniň gurluşyk meýdançasynyň hereket etmeginiň möhletine goşulýar.

Türkmenistanyň çäginde 8-nji şekilde beýan edilen maksatlar üçin ulanylýan ýerler Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy diýlip hasap edilmeýär. 8-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar tarapyndan ýerlemekden daşarky amallardan girdejileriň alynmagy we 7-nji şekilde görkezilen alamatlaryň bozulmagynda, Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çägindäki hemişelik wekilhanasynyň döredilmegine getirmeýär.

Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde araçynyň (tabşyryk şertnamanyň, toparyň ýa-da konsignasiýanyň we şoňa meňzeş ylalaşygyň esasynda hereket edýän dellalyň ýa-da beýleki garaşsyz ýumuşçynyň) üsti bilen alyp barýan işi eger şol taraplar özleriniň adaty işleriniň çäklerinde hereket edýän bolsalar, onda şu tarapyň wekilhanasyny döretmeýär. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilmeýän edara görnüşli tarapa işgärleriň berilmegi, eger bu işgärler iberilen edara görnüşli tarapyna tabyn bolsalar we onuň adyndan hereket edýän bolsalar, onda bu hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýär. Türkmenistana

*8-nji şekil*

**Türkmenistanyň çäginde Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň emele gelmegine getirmeýän ýerler**




dahylsyz edara görnüşli tarap Türkmenistanda harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan özüne degişli harytlary Türkmenistanyň gümrük çäklerinde ýa-da gümrük gözegçiligi astynda iberilmegini amala aşyrýan ýagdaýynda, bu tarapyň hemişelik wekilhanasy bar diýlip hasap edilýär. Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap bilen özara baglydygy, eger Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň ygtyýarly wekili bolmasa, onda bu Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň döredilmegine getirmeýär. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli ta-

rap Türkmenistanda bir ýa-da birnäçe hemişelik wekilhanasyny döredip bilýär. Hemişelik wekilhana onuň döredilen, degişli wekilçilik ygtyýarlyklary berlen ýa-da telekeçilik işini amala aşyryp başlan gününden hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilýär.

## 2.2.6. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar. Salgyt töleýjiniň hukuklary we borçlary

**Salgyt ýumuşçysy – salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlar üstüne ýüklenen tarap.** Salgyt ýumuşçylaryň

*9-njy şekil*

**Salgyt ýumuşçysynyň borçlary**

**Salgyt ýumuşçysynyň borçlary**
**1**

Degişli salgydy dogry hasaplamaga, ony salgyt töleýjiden tutup almaga we öz wagtynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge
2

Salgyt töleýjiden salgyt tutulyp alynmadyk ýagdaýlary we salgyt töleýjiniň bergisiniň möçberi barada salgyt edarasyna bir aýyň dowamynda ýazmaça habar bermäge
4

Salgyt töleýji tarapyndan tölenen pul serişdeleriniň we olar bilen geçirilen beýleki hasaplaşyklaryň, her bir salgyt boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine hasaplanan, tutulyp alnan we geçirilen salgytlaryň hasabyny ýöretmäge
3

Salgydyň hasaplanylyşynyň, tutulyp alnyşynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilişiniň dogrulygyna gözegçilik etmek üçin zerur bolan resminamalary salgyt gullugyna tabşyrmaga
5

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen borçlary ýerine ýetirmäge
6

borçlary 9-njy şekilde beýan edilýär. Salgyt ýumuşçylary hukuk we borçlar babatynda salgyt töleýjilere deňeşdirilýär.

**Salgyt töleýji – şahsy tarapyň kanuny wekili – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, onuň adyndan iş alyp barmaga ygtyýarlyk berlen tarap. Salgyt töleýji edara görnüşli tarapyň kanuny wekili edara görnüşli tarapyň esaslandyryjy resminamalarynyň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda onuň bähbidine wekilçilik edýän tarap.** Salgyt töleýjiniň edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky hereketleri ýa-da hereketsizligi bu edara görnüşli tarapyň hereketleri ýa-da hereketsizligi diýlip hasap edilýär.

Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili salgyt gullugy, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki gatnaşyjylar bilen gatnaşyklarda salgyt töleýjiniň bähbitlerini aramaga hukuk berlen tarap. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili öz ygtyýarlyk-laryny tabşyryk ylalaşygy ýa-da ynanç haty esasynda we özüne berlen hukuklarynyň çäklerinde ýerine ýetirýär.

Salgyt töleýjiniň hukuklary 10-njy şekilde beýan edilýär. Salgyt töleýjiniň 10-njy şekilde görkezilen hukuklaryndan başga, onuň aşakdaky hukuklary hem bar:

– salgyt we gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek talaplaryndan, şeýle-de beýleki salgyt we gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek talaplaryndan, beýleki çözgütlerinden, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden we hereketsizliklerinden bellenen tertipde şikaýat etmäge;
– salgyt syryny berjaý etmegi talap etmäge;
– salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň, bu edaralaryň wezipeli adamlarynyň bikanun çözgütleri, hereketleri we hereketsizlikleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy bellenen tertipde talap etmäge;
– salgyt salynýan binýatlary hasaba almakda, salgydy hasaplamakda we tölemekde goýberilen ýalňyşlyklary özbaşdak düzetmäge.

*10-njy şekil*

## Salgyt töleýjiniň hukuklary

**Salgyt töleýjiniň hukuklary**
**1**

Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralarda öz bähbitlerine özüniň kanuny ýa-da ygtyýarly wekilleriniň üsti bilen wekilçilik etmäge
2

Degişli esaslary bolanda, salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmaga ýa-da olary peýdalanmakdan ýüz öwürmäge
3

Salgyt gullugyndan we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralardan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny ulanmak meseleleri boýunça düşündiriş almaga
4

Salgyt boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada salgyt gullugyndan maglumat almaga
5

Salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça salgyt gullugyna we olaryň wezipeli adamlaryna düşündiriş bermäge
6

Özünde geçirilen salgyt barlaglarynyň we ýerinde seretmekligiň netijeleri boýunça ykrarhaty bilen tanyşmaga we olar boýunça düşündiriş bermäge
7

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlary we beýleki tölegleri tölemek boýunça möhleti yza süýşürmeklige ýa-da möhletlere bölmeklige ygtyýar almaga
8

Salgyt gullugyny ýazmaça habarly edip, beýleki taraplaryň salgyt boýunça bergileriniň hasabyna salgyt tölemäge
9

Artyk tölenen (tutulyp alnan) salgytlaryň möçberini öz wagtynda başga salgytlar boýunça tölegleriň hasabyna geçirmäge ýa-da yzyna almaga
10

Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli adamlaryndan, olaryň salgyt töleýji babatynda hereketlerinde (hereketsizliklerinde) Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilmegini talap etmäge
11

Türkmenistanyň gümrük serhetleriniň üstünden harytlaryň geçýändigi bilen baglanyşykly salgyt töleýän salgyt töleýjileriň hukuklary Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda hem kesgitlenilýär.

Salgyt töleýjileriň borçlary 11-nji şekilde beýan edilýär. Salgyt töleýjiler – edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler 11-nji şekilde beýan edilen borçlardan başga, salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna ýazmaça görnüşde şu aşakdakylary habar bermäge borçludyrlar:

- Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaşyk we beýleki hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy, şol sanda Türkmenistanyň dahylsyzlary üçin Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik we gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan hasaplar barada şeýle hasaplaryň açylan (ýapylan) gününden soň üç gün möhletde habar bermäge;
- beýleki edara görnüşli taraplaryň ýa-da şereketleriň işine paýçy hökmünde gatnaşygy barada paýçy bolup gatnaşyp başlan gününden on günden gijä galman habar bermäge. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar, eger bu Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolsa,onda şeýle gatnaşyklar barada habar bermäge;
- Türkmenistanyň çäklerinde döredilen, Türkmenistanyň dahyllylary üçin bolsa onuň çäklerinden daşarda döredilen aýrybaşgalanan düzüm bölekleriniň ählisi barada olar döredilen, üýtgedilip guralan we ýatyrylan gününden on günden gijä galman habar bermäge;
- öz işini bes edýändigi, ýatyrýandygy ýa-da üýtgedip gurýandygy, gurbunyň ýokdugy (batandygy) barada şeýle çözgüt kabul edilen gününden on günden gijä galman habar bermäge;
- hususy telekeçiniň ýerleşýän, iş dolandyrýan we ýaşaýan ýeriniň üýtgeýändigi barada şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden on günden gijä galman habar bermäge.

*11-nji şekil*

**Salgyt töleýjiniň borçlary**




Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlaryň geçirýändigi bilen baglanyşykly salgyt töleýän salgyt töleýjileriň borçlary Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda kesgitlenilýär.

## 2.3.7. Salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibi

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bellige alnan şahsy taraplar – hususy telekeçiler, edara görnüşli taraplar we Türkmenistanda öz şahamçalaryny we wekilhanalaryny bellige aldyran daşary ýurt edara görnüşli taraplar salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alynmaga degişlidirler.

Zähmet ylalaşygy ýa-da raýat – hukuk häsiýetli ylalaşyk boýunça işleýän şahsy taraplar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt ýumuşçysy bolan iş berijiniň üsti bilen salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulýar. Ýokarda bellenip geçilen salgyt hasabyna almagyň tertibine laýyk gelmeýän şahsy taraplar, salgyt tölemek üçin Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykan ýagdaýlarynda, salgyt töleýji hökmünde hasaba alynmaga degişlidirler. Ýokarda bellenip geçilen salgyt hasabyna almagyň düzgünlerine laýyk gelmeýän Türkmenistanyň çägindäki işi hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirýän daşary ýurtly edara görnüşli taraplar salgyt töleýji hökmünde hasaba alynýar. Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmaýan we Türkmenistanyň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bar bolan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap, degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna durmaga borçludyr we gozgalmaýan emläk üçin salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmelidir.

Türkmenistana dahylly şahsy taraplar – hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar, şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň üsti bilen iş alyp barýan taraplar, Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bar bolan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar edara görnüşli tarapyň (aýrybaşgalanan düzüm birliginiň) ýerleşýän ýeri ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde alyp barýan iş ýeri, olara degişli emläkleriň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gulluklarynda salgyt töleýji hökmünde hasaba alynmaga degişlidirler. Salgyt töleýji hökmünde hasaba alynmaga degişli tarapda hasaba alynýan ýeri kesgitlemek üçin kynçylyklar ýüze çykan ýagdaýynda, onuň beren

maglumatlarynyň esasynda salgyt gullugy karar kabul edýär. Şereket ýerleşýän ýeri, iş alyp barýan ýeri ýa-da şerekete gatnaşyjylaryň biriniň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýeri boýunça degişlilikde salgyt hasabyna alynýar. Şeýle gatnaşyjyny saýlap almak hukugy şerekete gatnaşyjylara degişlidir.

Şahsy tarapyň – hususy telekeçiniň ýa-da edara görnüşli tarapyň (aýrybaşgalanan düzüm birliginiň) döwlet belligine alnan gününden on günüň dowamynda salgyt gullugyna tabşyrlan arzanyň esasynda, beýleki taraplar üçin bolsa, salgyt tölemek borçlaryna getirýän ýagdaýlaryň ýüze çykan gününden başlap, olar salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alynýarlar. Şereket üçin on günlük möhlet, bilelikde iş alyp barmak barada ylalaşyk baglaşylan gününden başlap hasaplanýar. Zähmet ylalaşyklary (şertnamalary) ýa-da raýat hukuk häsiýetli ylalaşyklar esasynda işleýän taraplar, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýän tertipde salgyt töleýji hökmünde hasaba alynmaga degişlidirler.

Salgyt töleýji hökmünde hasaba durmak baradaky arza bilen bir wagtda, şahsy tarap öz şahsyýetine güwä geçýän we ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygyny tassyklaýan resminamalary, hususy telekeçi bolsa, hususy telekeçi hökmünde döwlet bellige alnandygy baradaky şahadatnamany salgyt gullugyna goşmaça tabşyrýar. Salgyt töleýji hökmünde hasaba durmak baradaky arza bilen bir wagtda, edara görnüşli tarap döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanyň we esaslandyryjy resminamalaryň nusgalaryny, Türkmenistanyň çäklerinde şahamçalar ýa-da wekilhanalar açylanda bolsa – olaryň döwlet belligine alnandygy baradaky bellenilen tertipde tassyklanylan şahadatnamalarynyň nusgalaryny, şeýle-de statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürilen nusgasyny tabşyrýar. Edara görnüşli tarap degişli ýagdaýlarda haýsy hem bolsa bir tarapa wekilçilik wezipesiniň berlendigine şaýatlyk edýän resminamanyň bellenen tertipde tassyklanan nusgasyny tabşyrýar. Şereket salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak hakyndaky arzany bilelikdäki iş baradaky ylalaşygyň göçürilen nusgasyny tabşyrýar.

Şahsy we edara görnüşli taraplar ähli zerur bolan resminamalary tabşyran gününden başlap, salgyt gullugy üç günüň dowamynda

salgyt töleýjini hasaba alýar we degişli şahadatnamany berýär. Salgyt hasabyna durmak baradaky arza bilen birlikde tabşyrlan bellige alyş maglumatlar, esaslandyryjy we beýleki resminamalar üýtgedilen ýagdaýynda, salgyt hasabynda duran tarap, olaryň üýtgedilen gününden başlap on günüň dowamynda bu barada salgyt gullugyna habar berýär. Edara görnüşli tarap hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmagy bes etmek barada çözgüt kabul edilen gününden başlap, on günden gijä galman bu barada salgyt hasabyna duran ýeri boýunça salgyt gullugyna habar bermelidir.

Salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) hususy salgyt belgisi berilýär. Salgyt gullugy salgyt töleýjä iberýän ähli habarnamalarynda onuň hususy salgyt belgisini görkezýär. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) beýannamada, arzada, hasaplaşyk – töleg we beýleki resminamalarda, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda özüniň hususy salgyt belgisini görkezýär. Salgyt töleýji hususy salgyt belgisini bermegiň, belgini ulanmagyň, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda hususy salgyt belgisini bermegiň, belgini ulanmagyň, şeýle-de üýtgetmegiň tertibi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär. Salgyt töleýji hökmünde hasaba alnanda ulanylýan resminamalaryň görnüşleri Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan aşakdakylardan ybarat Döwlet salgyt sanawy ýöredilýär:

– şahsy taraplaryň sanawy;

– edara görnüşli tarapyň sanawy.

Döwlet salgyt sanawyna wagtlaýyn salgyt belgisi bolan salgyt töleýjileriň maglumatlary hem girizilýär.

Edara görnüşli taraplary (olaryň aýrybaşgalanan düzüm böleklerini) döwlet belligine alýan edaralar bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da işi ýatyrylan (işi üýtgedilip gurlan) edara görnüşli taraplaryň (olaryň aýrybaşgalanan düzüm bölekleriniň) bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da işi ýatyrylan (işi üýtgedilip gurlan)

gününden başlap, on günden gijä galman ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugyna habar berýärler. Howandarlyk we hossarlyk, terbiýeçilik, bejeriş edaralary, ilaty durmuş taýdan goramak edaralary we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howandarlygy, hossarlygy bellenen ýa-da hossarlyk edilýäniň emlägini dolandyrýan şonuň ýaly beýleki edaralar şahsy taraplara hossarlyk etmek bellenendigi, şol sanda kazyýet tarapyndan işe ýarawsyz diýlip ykrar edilen şahsy taraplar, işe ýarawsyzlaryň, beýleki kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy taraplaryň kazyýet tarapyndan işe ukyplylygy çäklendirilen şahsy taraplaryň, öýde guramaçylykly lukmançylyk gözegçiligi görnüşinde hossarlyk ýola goýlan şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan dereksiz ýiten diýlip ykrar edilen şahsy taraplaryň emläklerini dolandyrmagyň ýola goýlandygy, şeýle-de görkezilen howandarlyk, hossarlyk etmek ýa-da emlägi dolandyrmak bilen baglanyşykly soňky üýtgetmeler barada özüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap bäş günden gijä galman habar berýärler.

Şahsy taraplary ýaşaýan ýeri boýunça ýazýan, şol sanda daşary döwletleriň raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary bellige alýan şahsy taraplaryň doglandygyny we dünýäden ötendigini bellige alýan edaralar ýaşaýan ýerleri boýunça şahsy taraplaryň doglandygynyň we ýogalandygyny bellige alnandygy barada bellige alnan aýyndan soňky gelýän aýyň 5-inden gijä galman öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugyna habar berýärler. Şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli beýleki resminama berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) salgyt töleýjiler barada olaryň berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) gününden başlap, on günüň dowamynda öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugyna maglumat berýärler. Kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar (guramalar) miras alma hukugynyň kepillendiriş taýdan tassyklanylandygy hakyndaky maglumatlary öz ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna kepillendiriş taýdan tassyklanylan gününden başlap bäş günden gijä galman habar berýärler.

Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bank edaralary şahsy tarap – hususy telekeçilere, edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan

düzüm birliklerine), şeýle-de şereketlere hasap açandyklary ýa-da ýapandyklary baradaky maglumatlary ertesi gününden gijä galman bank edaralarynyň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna habar berýärler. Salgyt gullugynyň talap etmegi bilen, üç gün möhletde beýleki şahsy taraplaryň hasaplary barada hem maglumat berilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hasaplaryň aýry-aýry görnüşleriniň açylmagy ýa-da ýapylmagy we aýry-aýry taraplar baradaky maglumatlary bermegiň aýratyn tertibini hem belläp bilýärler.

### «Salgytlaryň dolandyrylyş prosesinde salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibi» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak boýunça soraglar

1. Salgyt töleýji diýilýän şahsy taraplar Türkmenistana dahylly hem-de dahylsyz bolup bilýärmi?
2. Türkmenistana dahylly bolmak üçin şahsy tarap salgyt ýylynyň dowamynda näçe senenama güni Türkmenistanyň çäginde bolmaly?
3. Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçen güni şahsy tarapyň Türkmenistana dahylly bolmak üçin senenama gününe goşulýarmy?
4. Daşary döwletleriň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalaryň ýa-da konsullyk edaralaryň işgärleri hökmünde Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle-de olaryň maşgala agzalary Türkmenistana dahylly diýlip ykrar edilýärmi?
5. Daşary döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda, bellige alnan hususy telekeçiler Türkmenistanyň hususy telekeçisi – şahsy tarapy bolup bilýärmi?
6. Şahsy tarap bellige alynmagyň ygtyýarnama ýa-da şoňa meňzeş resminamalary almagyň tertibini bozan ýagdaýynda, bu şahsy tarapyň telekeçilik işiniň alyp barmagy salgyt salmak üçin esas bolup bilýärmi?
7. Salgyt salmak maksady bilen, Türkmenistana dahylly bolmak üçin edara görnüşli taraplar haýsy şertlere laýyk gelmeli?

8. Salgytlary hasaplamaga, olary salgyt töleýjiden tutup almaga we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge salgyt ýumuşçysynyň hukugy barmy?
9. Salgyt töleýjä tölenen pul serişdeleriniň we olar bilen geçirilen beýleki pul hasaplaşyklarynyň, her bir salgyt töleýji boýunça hasaplanylan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen salgytlaryň hasabyny salgyt ýumuşçysynyň alyp barmaga hukugy barmy?
10. Salgyt töleýjiden salgyt tutulyp alynmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň bergisiniň möçberi hakynda salgyt ýumuşçysy haýsy wagtyň dowamynda we nähili görnüşde salgyt gullugyna habar bermeli?
11. Salgydy hasaplamak, tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek barada düzülýän resminamalary salgyt ýumuşçysynyň salgyt gullugyna tabşyrmaga hukugy barmy?
12. Salgyt ýumuşçylary öz hukuklary we borçlary boýunça salgyt töleýjilere deňeşdirilýärmi?
13. Salgyt töleýji – şahsy tarapyň kanuny wekili kim bolup bilýär?
14. Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň kanuny wekili kim bolup bilýär? Salgyt hukuk gatnaşyklarynda salgyt töleýji edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň hereketi kimiň hereketlerine deň diýlip hasap edilýär?
15. Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili diýlip kim hasaplanýar? Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili öz ygtyýarlyklaryny haýsy resminamalaryň esasynda amala aşyrýar?
16. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli işgärleri, kazylar, sülçiler, anyklaýjylar we prokurorlar salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili bolup bilýärlermi?
17. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralarda öz bähbitlerine özüniň kanuny ýa-da ygtyýarly wekilleriniň üsti bilen wekilçilik etmäge salgyt töleýjiniň hukugy barmy?
18. Salgytlar boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada salgyt gullugyndan salgyt töleýjiniň maglumat almaga hukugy barmy?

19. Salgyt gullugyna ýazmaça habar edip, beýleki taraplaryň salgytlar boýunça bergileriniň hasabyna salgyt töleýjiniň salgyt tölemäge hukugy barmy?
20. Salgyt we gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek baradaky talaplaryndan, şeýle-de beýleki çözgütlerinden, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden we hereketsizliklerinden şikaýat etmäge salgyt töleýjiniň hukugy barmy?
21. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almakda, salgylary hasaplamakda we tölemekde goýberilen ýalňyşlyklary özbaşdak düzetmäge salgyt töleýjiniň hukugy barmy?
22. Türkmenistanyň gümrük serhetleriniň üstünden harytlaryň geçýänligi bilen baglanyşykly salgyt töleýän salgyt töleýjileriň hukuklary haýsy kanunyň esasynda kesgitlenilýär?
23. Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky banklarda hasaplaşyk we beýleki hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy, şol sanda Türkmenistana dahylsyz bolany üçin Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri amala aşyrmak üçin peýdalanýan hasaplar barada salgyt töleýji salgyt gullugyna habar bermäge borçlumy?
24. Beýleki edara görnüşli tarapyň işine paýçy hökmünde gatnaşýandygy hakynda salgyt töleýji salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda habar bermeli? Habar haýsy görnüşde berilýär?
25. Beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy hökmünde gatnaşýandygy hakynda Türkmenistana dahylsyz bolan taraplar salgyt gullugyna haýsy ýagdaýda habar bermäge borçludyrlar?
26. Türkmenistana dahylly we dahylsyz taraplar Türkmenistanyň çäginde döredilen aýrybaşgalanan düzüm bölekleri baradaky habary salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda ýetirmeli? Türkmenistana dahylly taraplar Türkmenistanyň çäginiň daşynda döredilen aýrybaşgalanan düzüm bölekler barada salgyt gullugyna habar bermäge borçlumy? Maglumatlar haýsy ýagdaýda, ýagny aýrybaşgalanan düzüm bölekleri döredilen, üýtgedilip gurnalan ýa-da ýatyrylan ýagdaýynda berilmeli?

27. Öz işini bes edýändigi, ýatyrýandygy ýa-da üýtgedip gurýandygy, gurbunyň ýokdugy (batandygy) hakynda salgyt töleýji salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda habar bermäge borçly?
28. Hususy telekeçi ýerleşýän ýeriniň, iş dolandyrýan ýeriniň we ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi hakyndaky habary salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda habar bermäge borçly?
29. Salgyt töleýji hökmünde hasaba alynmaga degişli tarapda hasaba alnan ýeri bilen kanunçylyklar ýüze çykan ýagdaýynda, salgyt hasabyna alynýan ýeri kesgitlemek boýunça karary kim kabul edýär?
30. Salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak üçin edara görnüşli tarap salgyt gullugyna haýsy resminamalary tabşyrmaly? Hususy telekeçi haýsy resminamany goşmaça tabşyrmaly?
31. Salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak üçin edara görnüşli tarap salgyt gullugyna haýsy resminamalary tabşyrmaly?
32. Şahsy tarap – hususy telekeçi we edara görnüşli tarap döwlet belligine alnan gününden başlap, näçe günüň dowamynda salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak üçin salgyt gullugyna resminamalary tabşyrmaly?
33. Salgyt hasabyna durmak hakyndaky arza bilen bilelikde, şereket salgyt gullugyna haýsy resminamanyň göçürme nusgasyny tabşyrmaly?
34. Salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak üçin, salgyt gullugyna ähli resminamalaryny tabşyran tarapa salgyt gullugy näçe günüň dowamynda şahadatnamany gowşurmaly?
35. Salgyt hasabyna goýulmagy baradaky arza bilen birlikde tabşyrylan bellige alyş maglumatlar, esaslandyryjy we beýleki resminamalar üýtgedilen ýagdaýynda, salgyt hasabynda duran tarap olaryň üýtgedilen gününden başlap näçe günüň dowamynda salgyt gullugyna habar bermeli?
36. Salgyt töleýji haýsy resminamalarda özüniň hususy salgyt belgisini goýmaly?
37. Döwlet salgyt sanawyna haýsy taraplar goşulýar? Wagtlaýyn salgyt belgisi bolan salgyt töleýjiler Döwlet salgyt sanawyna goşulýarmy?

38. Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bank edaralary şahsy tarap bolan hususy telekeçilere, edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan düzüm böleklerine), şeýle-de şereketlere hasap açandyklary ýa-da ýapandyklary barada döwlet salgyt gullugyna haýsy möhletde habar bermeli? Salgyt gullugy edaralarynyň talap etmegi bilen bank edaralary näçe günüň dowamynda beýleki şahsy taraplaryň hasaplary barada habar bermeli?
39. Edara görnüşli taraplary döwlet belligine alýan edaralary, bellige alnan ýa-da işi ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) edara görnüşli taraplaryň bellige alýan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da işi ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) gününden başlap, bu barada näçe günüň dowamynda salgyt gullugyna habar bermäge borçly?
40. Şahsy taraplary ýaşaýan ýeri boýunça ýazýan, daşary döwletleriň raýaty bolan we raýatlygy bolmadyk adamlary bellige alýan, şahsy taraplaryň doglandygyny we dünýäden ötendigini bellige alýan edaralar, şahsy taraplaryň doglandygynyň we ýogalandygynyň bellige alnandygy hakyndaky maglumatlary salgyt gullugyna haýsy möhletde habar bermäge borçludyrlar?
41. Şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýarnama beriji we bellige alyş häsiýetli resminamalary bermäge ygtyýarly edaralar, şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli beýleki resminamalar berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) salgyt töleýjiler barada näçe günüň dowamynda salgyt gullugyna maglumatlary bermäge borçludyrlar?
42. Kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar miras alma hukugynyň kepillendiriş taýdan tassyklanylandygy hakyndaky maglumatlary döwlet salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda habar bermäge borçludyrlar?
43. Howandarlyk we hossarlyk bejeriş edaralary, ilaty durmuş taýdan goramak edaralary we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howandarlygy, hossarlygy bellenen ýa-da hossarlyk edilýäniň emlägini dolandyrýan şonuň ýaly beýleki edaralar, kazyýet tarapyndan işe ýarawsyz diýlip ykrar edilen şahsy taraplara, beýleki kämillik ýaşyna şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan işe ukyp-

lylygy çäklendirilen şahsy taraplaryň, öýde guramaçylykly lukmançylyk gözegçiligi görnüşinde hossarlyk ýola goýlan şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan dereksiz ýiten diýlip ykrar edilen şahsy taraplaryň emläklerini dolandyrmagyň ýola goýlandygy, şeýle-de görkezilen howandarlyk, hossarlyk etmek ýa-da emlägini dolandyrmak bilen baglanyşykly soňky üýtgetmeler barada salgyt gullugyna şonuň ýaly çözgüt kabul edilen gününden başlap näçe günüň dowamynda habar bermäge borçludyrlar?

# III bap
# Salgyt salmak ulgamy dolandyrylanda salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi

## 3.1.8. Salgyt salmak maksady bilen hasap we hasabatlylyk

Salgyt salmak maksady bilen salgyt salynýan binýatlary hasaba almak salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan alnyp barylýar. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak we olara baha bermek, buhgalterlik hasabynyň maglumatlaryna we salgyt salmaga degişli we salgyt salmak bilen baglanyşykly binýatlar hakyndaky resminamalar arkaly tassyklanan maglumatlara esaslanýar. Salgyt salmagyň aýry-aýry binýatlaryny hasaba almagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak alnyp barylýar. Salgyt salynýan binýatlaryň hasabynyň alnyp barylmagy, salgyt töleýjiniň işi bilen baglanyşykly ähli amallary we onuň maliýe ýagdaýlary barada doly we dogry düşünjäniň bolmagyny üpjün etmelidir. Salgyt töleýjiniň işi bilen baglanyşykly ähli amallar olaryň başlanylyşyny, alnyp barlyşyny we tamamlanylyşyny öwrenip bolar ýaly görnüşde beýan edilmelidir. Salgyt salynýan

binýatlaryň hasaba alnyşyny özbaşdak ýöretmäge salgyt töleýjide mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, ol haryt – maddy ätiýaçlyklaryna degişli edilen birmeňzeş harytlary hasaba almak üçin şu aşakdaky usullaryň birini ulanyp bilýär:

1. Baha beriş usuly. Bu usul ulanylanda, ilkinji nobatda, birinji satyn alnan ýa-da öndürilen harydyň bahasy hasapdan öçürilýär;
2. Baha beriş usuly. Bu usul ulanylanda, ilkinji nobatda, soňky satyn alnan ýa-da öndürilen harydyň bahasy hasapdan öçürilýär;
3. Ortaça ölçenen baha boýunça baha bermek usuly.

Haryt maddy ätiýaçlyklary hasaba almak üçin saýlanyp alnan usul salgyt ýylynyň dowamynda üýtgedilip bilinmeýär.

**Salgyt beýannamasy** – salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylýan we salgydy hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan salgyt hasabatynyň bir görnüşidir. Salgyt beýannamasynyň görnüşini, ony tabşyrmagyň we doldurmagyň tertibini Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy işläp taýýarlaýar we tassyklaýar. Salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan tölenmäge degişli her bir salgyt boýunça salgyt gullugyna tabşyrylýar. Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna tabşyrylýar we oňa salgyt töleýji, degişli ýagdaýlarda bolsa, onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekili gol çekýärler.

Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hut özi tarapyndan, şeýle-de poçta ýollamalary görnüşinde tabşyrylýar. Salgyt gullugynyň salgyt beýannamasynyň kabul etmezlige haky ýok we salgyt töleýjiniň haýyşy boýunça salgyt gullugynyň işgäri salgyt beýannamasynyň göçürilen nusgasynda onuň kabul edilen we gowşurylan senesini bellik etmelidir. Salgyt beýannamasy poçta arkaly iberilende, iberilen ýerindäki poçtanyň basan möhürçesiniň senesi onuň gowşurylan senesi diýlip hasap edilýär. Salgyt gullugy bilen ylalaşyp, salgyt beýannamasy elektron resminama görnüşinde ýa-da başga bir göterijide hem tabşyrylyp bilinýär. Salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyny özbaşdak doldurmaga, salgydyň pul möçberini hasaplamaga ýa-da bu borjy üçünji bir adama tabşyrmaga ýagdaýynyň ýoklugy sebäpli, onuň ýazmaça görnüşini ondan alyp bolmajak ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň aýdanlarynyň esasynda salgyt beýannamasyny salgyt gullugynyň işgäri doldurýar.

Salgyt töleýjiniň tabşyran beýannamasynda maglumatlaryň görkezilmändigi ýa-da doly görkezilmändigi üçin, şeýle-de ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, salgyt töleýji salgyt beýannamasyna zerur goşmaçalary we üýtgetmeleri girizilmelidir we salgyt gullugyna tabşyrmalydyr. Goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgydyň tölenmeli möhleti tamamlanmazdan öň salgyt gullugyna tabşyrylan salgyt beýannamasy bellenen möhletde tabşyrylan diýlip hasap edilýär. Salgydy tölemeli möhlet geçenden soň, ýöne resminamalaýyn salgyt barlagynyň bellenilendigi hakynda habarly edilen pursadyna çenli salgyt töleýji salgyt gullugyna goşmaçalar we üýtgetmeler bilen bilelikde salgyt beýannamasyny ýa-da öň tabşyrylmadyk beýannamasyny tabşyranda, ol Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilikden boşadylýar. Bu aýdylanlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasy) laýyklykda, ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) we geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylan mahaly salgyt töleýji tarapyndan salgyt özenine düzedişler girizilen ýagdaýlara hem degişlidir. Şonuň bilen birlikde, puşmana tölegi umumy kesgitlenilen tertipde hasaplanylýar.

Goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasynyň pul möçberi resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde artdyrylan (azaldylan) salgyt boýunça tabşyrylsa we bu barada öň degişli çözgüt çykarylan bolsa, salgyt beýannamasy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 85–87-nji maddalary) kesgitlenilen tertipde şikaýat bilen bilelikde tabşyrylýar. Şeýle beýannama boýunça salgydyň pul möçberi diňe şikaýata garalandan we salgyt barlagy geçirilenden soň kesgitlenilýär. Bu aýdylanlar salgyt ýumuşçylaryna hem degişlidir. Salgyt töleýji salgyt beýannamasynyň gowşurmaly möhleti tamamlanýança ony gowşurmagyň möhletini uzaltmak barada ýüz tutan bolsa we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 39-njy maddasy) laýyklykda kesgitlenilýän salgydyň garaşylýan pul möçberini doly tölände, onda salgyt gullugy bilen ylalaşyp, salgyt beýannamasynyň tabşyrmaly möhleti otuz güne çenli uzaldylyp bilinýär.

## 3.2.9. Salgydyň hasaplanylmagy we salgyt habarnamasynyň gowşurylmagy

Salgyt töleýji salgydy özbaşdak hasaplaýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgydyň hasaplanylmagy salgyt ýumuşçysynyň, salgyt gullugynyň we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralaryň üstüne hem ýüklenip bilinýär. Salgydyň her bir görnüşi boýunça salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmak Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen tertipde amala aşyrylýar.

Salgydyň pul möçberi salgyt gullugy tarapyndan geçirilen kameral barlaglaryň netijeleri boýunça bellenýär. Salgyt ýumuşçylary, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan salgydyň pul möçberi hasaplananda, hasaplanylan salgydyň pul möçberi kesgitlenilen diýlip ykrar edilýär. 12-nji şekilde görkezilen maglumatlar salgydyň pul möçberini kesgitlemek üçin esas bolup bilýär.

*12-nji şekil*

**Salgydyň pul möçberini kesgitlemek üçin esaslar**




Türkmenistanyň kanunçylygy bozulyp salgydy hasaplamak üçin alnan maglumatlar, salgydy hasaplamak üçin esas bolup bilmeýär. Salgyt gullugy kameral barlagyň netijeleri boýunça salgyt habarnamasyny gowşurmak üçin bellenen möhletlerde salgydyň hasaplanylan pul möçberine üýtgetme girizmegiň zerurdygy hakynda salgyt

töleýjini habarly etmedik bolsa, onda salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasynda görkezen salgydynyň pul möçberi kesgitlenilen diýlip hasap edilýär. Salgyt salmak üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlardan we amala aşyrylýan amallaryň düýp manysyndan ugur alnyp ýüze çykarylan geleşigiň hukuk formasynyň (görnüşiniň we mazmunynyň) ýa-da geleşigiň yzygiderliliginiň salgydy tölemekden gaçyp gutulmagyna getirýänligi mälim bolsa, onda salgyt gullugy salgydyň hakyky pul möçberini anyklaýar we hasaplaýar. Salgyt töleýjiniň salgyt tölemekden boýun gaçyrmak pikiriniň barlygyna şaýatlyk edýän ýeterlik subutnamalar bar bolan ýagdaýynda, salgyt gullugy salgydy möhletinden öň hasaplamagy we kesgitlemegi, şeýle-de salgydyň haýal etmän tölenmegini talap edip bilýär.

**Salgyt özeni – her bir salgyt salynýan binýat boýunça hasabat (salgyt) döwri üçin anyklanýar we ol onuň bahasyny, fiziki ýa-da başga bir häsiýetlerini özünde jemleýär.** Salgyt salynýan binýady we salgyt özenini anyklamagyň tertibi salgydyň her bir görnüşi boýunça Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy arkaly kesgitlenilýär. Salgyt özeni 13-nji şekilde beýan edilen ýagdaýlarda düzedilmäge degişlidir. Geçen salgyt döwürlerinde ýol berlen ýalňyşlyklaryň (ýoýulmalaryň) tapylan we hasaba alynmadyk geleşikleriň ýüze çykarylan ýagdaýlaryndan başga, 13-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda şeýle ýagdaýlar ýüze çykarylan salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt özenine düzediş girizilýär. Ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) tapylan we geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylanda, ýüze çykarylan ýagdaýlar hasaba alynmazdan kesgitlenilen (hasaplanylan) salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt özenine düzediş girizilýär. Şonuň bilen birlikde, salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri üçin Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan olaryň hasaplanylyşynyň kesgitlenilen aýratynlyklary hasaba alynýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geleşikler hakyky däl diýlip hasap edilende, salgyt özeni geleşigiň beýleki tarapyna gaýtaryp berilýän serişdeleriň pul möçberinde azaldylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde bikanun alnan girdejiniň (jemi girdeji ýa-da peýda) pul möçberi ýüze çykarylan we

*13-nji şekil*

**Salgyt özenine düzetmeleriň girizilýän ýagdaýlary**




Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maliýe jerimeler görnüşinde alnanda, bu jerimeler bikanun alnan girdejiden hasaplanan we tölenen salgyt möçberine görä azaldylýar. Şonuň ýaly girdejä barlag geçirilmezinden öň salgyt salynmadyk bolsa, onda bu girdejiden salgytlar hasaplanmaýar. Diňe degişli resminamalar arkaly tassyklanan esaslar bolanda, salgyt özenine düzediş girizilýär. Salgyt özeni Türkmenistanyň hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine öň azaldylan ýa-da bu gönükdirilen serişdeleriň pul möçberi salgytdan boşadylan ýa-da goşulan baha üçin salgydyň nol möçberleri ulanylýan harytlara (işlere, hyzmatlara) degişli bolýan bolsa, onda manatda üstüniň dolunmagy alnan mahaly salgyt özenine düzediş girizilýär.

**Salgyt salmak maksatlary üçin harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahasyny kesgitlemek.** Salgyt salmak maksatlary üçin geleşige gatnaşýan taraplaryň harytlara, işlere, hyzmatlara ulanýan bahasy

kabul edilýär. Bu bahalaryň şeýle däldigi subut edilýänçä, olar bazar bahasy diýlip çak edilýär. Salgyt salmak maksady bilen, salgyt gullugy şu aşakdaky ýagdaýlarda geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanýan bahalaryna baha berip bilýär:

– biri-birine garaşly taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende;
– harytlary, işleri, hyzmatlary çalyşmak boýunça işler geçirilende;
– daşary söwda geleşiklerinde;
– salgytlaryň hasaplanylyşynyň dolulygyna gözegçilik amala aşyrylanda, geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanýan bahalary harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahalaryndan ep-esli tapawutlanýar diýlip pikir ýöretmäge ýeterlik esas bar bolanda.

Salgyt salmak maksady bilen, özara aragatnaşyklary olaryň iş şertlerine ýa-da ykdysady netijelerine täsir edip biljek şahsy we edara görnüşli taraplar biri-birine garaşly taraplar diýlip hasap edilýär. Deňeşdirme şertlerinde deňdeş harytlara, olar ýok ýagdaýynda bolsa birmeňzeş harytlara (işlere, hyzmatlara) hödür bilen islegiň özara arabaglanyşygynda emele gelýän baha, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy diýlip kabul edilýär. Geleşige gatnaşýan taraplaryň arasyndaky tapawut harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna düýpli täsir etmeýän bolsa ýa-da düzetmeleri girizmegiň kömegi bilen olary hasaba almak mümkin bolýan şertler,deňeşdirme şertler diýlip ykrar edilýär. Garaşsyz hyzmatdaşlaryň ýa-da bir-birine garaşly taraplaryň arasynda wagty boýunça golaý geleşikler hasaba alynmalydyr, eger olaryň özara garaşlylygy geleşigiň netijelerine, şeýle-de iberilýän harytlaryň sanawyna (möçberine), borçlaryň ýerine ýetirilýän möhletlerine, tölegiň şertlerine we geleşiklerde, adatça ulanylýan beýleki şertlere täsir etmeýän bolsa.

**Mysal.** «Altyn Hoşa» Türkmenistana dahylly hususy kärhanasy senenama ýylynda baglaşylan şertnamalaryň esasynda «Smit Ýewraziýa INK» daşary ýurt kompaniýasyndan ýarma önümlerini almak boýunça geleşikleri amala aşyrýar we bu önümleri Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirýär. «Altyn Hoşa» hususy kärhanasy «Altyn tagamlar» hojalyk jemgyýetini ýarma önümleri bilen üpjün etmek bilen,

ondan şöhlat önümlerini alýar we bazar bahalary boýunça bu önümleri ýurduň çäginde ýerleşdirýär. Ondan başga-da, senenama ýylynda «Altyn Hoşa» hususy kärhanasy «Ak Gala Türkmen» hususy kärhanasyna ýarma önümleriniň bir bölegini bazar bahasyndan 26 göterim pes bahadan ýerleşdiripdir we onuň bilen alyş-çalyş amallaryny geçiripdir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasynda salgyt gullugy salgyt salmak maksady bilen, haýsy ýagdaýlarda geleşige gatnaşýan taraplaryň kesgitleýän bazar bahasyna baha berip bilýär?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda, daşary söwda geleşikleri we bir-birine garaşly taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende, salgyt gullugy salgyt salmak maksady üçin geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanan bahalaryna baha berip bilýär. Şol sebäpli, «Altyn Hoşa» hususy kärhanasynyň ýarma önümlerini satyn almak boýunça «Smit Ýewraziýa INK» daşary ýurt kompaniýasy we «Altyn Tagamlar» hojalyk jemgyýeti bilen baglaşylan şertnamalarynda görkezilen bahalara salgyt gullugy baha berip bilýär. Senenama ýylynda «Altyn Hoşa» hususy kärhanasy «Ak Gala Türkmen» hususy kärhanasyna ýarma önümleriniň bir bölegini bazar bahasyndan 26 göterim pes bahadan ýerleşdiripdir we onuň bilen alyş-çalyş amallaryny geçiripdir. Diýmek, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň kadalaryndan ugur alynsa, onda harytlary, işleri, hyzmatlary çalyşmak boýunça işler geçirilende we salgydyň hasaplanylyşynyň dolulygyna gözegçilik amala aşyrylanda, geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanan bahalary harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahalaryndan ep-esli tapawutlanýar diýlip pikir ýöretmäge ýeterlik esas bolanda, salgyt gullugy salgyt salmak maksady üçin geleşige gatnaşýan taraplaryň, ýagny «Altyn Hoşa» hususy kärhanasynyň we «Ak Gala Türkmen» hususy kärhanasynyň ulanan bahalaryna baha bermäge haklydyr. Ondan başga-da, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 5-nji bölümine laýyklykda, geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanan bahalary bazaryň hakyky bahasyndan 20 göterimden köp pes bolan ýagdaýynda, salgyt gullugy degişli harytlara (işlere, hyzmatlara) bazaryň

hakyky nyrhlaryndan ugur alyp, salgydy hasaplamak we bellemek barada esaslandyrylan çözgüt kabul edip bilýär.

Bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy üç usulyň ulanylyşyny göz öňünde tutýar.

**Birinji usul: harytlaryň hakyky bazar lomaý bahasynyň kesgitleniş usuly.** Bu usul ulanylanda, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky lomaý bazar bahasy döwlet hasabaty edaralaryndan alnan hakyky bazar bölek satuw bahasy baradaky maglumatlaryň esasynda takyklanýar. Harytlaryň hakyky bazar lomaý bahasynyň kesgitleniş usulyny şu aşakdaky görnüşde beýan etmek bolýar:

**HHBLB = HBBSB x (100 % – 15 %) : 100 %,**

bu ýerde **HHBLB**-harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar lomaý bahasy; **HBBSB**-harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bölek satuw bahasy.

**Mysal.** «Gylyçmyrat» hususy kärhanasy bilen «En-Edem» hojalyk jemgyýetiniň arasynda tüwini almak-satmak hakynda 2012-nji ýylyň 2-nji fewralynda 4-nji belgili şertnama baglaşylýar. «Gylyçmyrat» hususy kärhanasy satyjy, «En-Edem» hojalyk jemgyýeti bolsa, alyjy bolup çykyş edýärler. Geleşik baglaşylanda taraplar ýüklenip iberiljek tüwiniň hakyky bazar lomaý bahasy hakynda belli bir netijä gelip bilmeýärler we şol sebäpli «Gylyçmyrat» hususy kärhanasy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tüwiniň bazar bölek satuw bahasy hakynda maglumat bermegini haýyş edip ýazmaça ýüz tutýar. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tüwiniň 1 tonnasynyň hakyky bazar bölek bahasynyň 2012-nji ýylyň 1-nji fewralynda 3600 manatdygyny habar berýär. Geleşigiň şertlerine laýyklykda ýüklenip iberiljek tüwiniň möçberi 27 tonna. Geleşigiň şertnamasynda ýüklenip iberilen tüwiniň birliginiň (1 tonna) we geleşigiň ähli göwrüminiň hakyky bazar lomaý bahasyny kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Tüwiniň ölçeg birliginiň (1 tonnasynyň) hakyky bazar lomaý bahasy:

**HHBLB = 3 600 manat x (100 % – 15 %) : 100 % =3 060 manat.**

Geleşige laýyklykda ýüklenip iberilen tüwiniň ähli göwrüminiň hakyky bazar lomaý bahasy:

**HHBLB = 27 tonna x 3 060 manat = 82 620 manat.**

**Ikinji usul: harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmegiň soňky bahasynyň kesgitleniş usuly.** Şu usul ulanylanda, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy alyjynyň olary soňra ýerleşdirýän bahasynyň esasynda kesgitlenilýär. Şonuň bilen birlikde, alyjynyň ýerleşdirýän harytlarynyň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerleşdiriş bahasy alyjynyň şeýle harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek üçin eden harajatlarynyň degişli bölegine, şeýle-de alyjynyň işiň şu çygrynda alýan adaty peýdasynyň möçberine azaldylýar. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmegiň soňky bahasynyň kesgitleniş usulyny şu formula arkaly beýan etmek bolýar:

**HHBB = HSÝeBB – H – P,**

bu ýerde **HHBB**-harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy; **HSÝeBB**-harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) soňky ýerleşdirilýän bazar bahasy; **H**-harytlar gaýtadan satylanda (alyjy tarapyndan harytlar, işler, hyzmatlar satyn alnanda olaryň bahasyny hasaba almazdan) we alyjydan satyn alnan harytlar, işler ýa-da hyzmatlar bazara geçirilende alyjylar tarapyndan şonuň ýaly ýagdaýlarda edilýän harajatlar; **P**-alyjynyň işiň adaty çygrynda alýan adaty peýdasynyň pul möçberi.

**Mysal.** «Aýdere» hususy kärhanasy «Wenanko AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy bilen 22 tonna aş önümlerini almak boýunça 2012-nji ýylyň 11-nji aprelinde 19-njy belgili şertnama baglaşypdyr. «Aýdere» hususy kärhanasy «Doganlar» hususy kärhanasy bilen 2012-nji ýylyň 23-nji aprelinde 27-nji belgili şertnama we «Bähbitli» hojalyk jemgyýeti bilen 2012-nji ýylyň 24-nji aprelinde 28-nji belgili şertnama baglaşyp, «Wenanko AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyndan satyn alan 22 tonna aş önümlerini ýerleşdiripdir. «Aýdere» hususy kärhanasy «Doganlar» hususy kärhanasyna 4 tonna we «Bähbitli» hojalyk jemgyýetine 18 tonna aş önümlerini ýükläp iberipdir. «Aýdere» hususy kärhanasy geleşigiň şertlerine laýyklykda,

«Doganlar» hususy kärhanasyna we «Bähbitli» hojalyk jemgyýetine 1 tonna aş önümleriniň bahasyny 2 600 manat kesgitläpdir. Aş önümlerini ýerleşdirmek üçin, «Aýdere» hususy kärhanasy 2 846 manat çykdajy edipdir. Kesgitlenilen peýdanyň ölçegi 14 % (harydyň soňky ýerleşdiriş bahasyndan). Harydyň (aş önümleriniň) hakyky bazar bahasyny kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 3-nji bölegine we harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmegiň soňky bahasynyň kesgitleniliş usulynyň formulasyna laýyklykda, harydyň (aş önümleriniň) hakyky bazar bahasy deňdir:

**HHBB (aş önümleriniň ähli göwrümi boýunça) =**
**= (2 600 manat x 22 tonna) – 2 846 manat –**
**– [(2 600 manat x 22 tonna) x 0,14] = 46 346 manat**

Aş önümleriniň ölçeg birliginiň (1 tonnanyň) hakyky bazar bahasy deňdir:

**HHBB (aş önümleriniň 1 tonnasy) =**
**= 46346 manat : 22 tonna = 2106,6 manat.**

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgyt salmak maksady üçin harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasynyň kesgitlenilişiniň üçünji usuly **harajatlar usuly** diýlip atlandyrylýar. Harajatlar usuly satyjynyň harytlara çykaran harajatlarynyň we işiň şu çygrynda adaty alynýan peýdanyň esasynda kesgitlenilýän usuldyr. Agzalyp geçilen usul, bazar bahalarynyň kesgitlenilişiniň beýleki usullary ulanylyp bilinmedik ýagdaýynda ulanylýar. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bazar bahasynyň kesgitlenilişiniň harajatlar usulynyň şu aşakdaky görnüşi bar:

**HHBB = H + P,**

bu ýerde **HHBB-**harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy; **H-**harytlar (işler, hyzmatlar) öndürilende amal edilýän harajatlar; **P-**işiň bu görnüşi boýunça alynýan adaty peýda.

**Mysal.** «Şyhatdar» hojalyk jemgyýeti un önümlerini (köke) öndürýär. «Şyhatdar» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň birinji ýa-

rymynda 48 tonna köke önümlerini öndüripdir. Köke önümleriniň bu mukdaryny öndürmek üçin ol 110 400 manat harajat edipdir. Kesgitlenilen peýdanyň ölçegi 15 göterim (önüm öndürmek üçin amal edilen harajatlaryň gymmadyndan). «Şyhatdar» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň birinji ýarymynda öndüren köke önümleriniň hakyky bazar bahasyny takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 3-nji bölegine we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasynyň kesgitlenilişiniň harajatlar usulynyň formulasyna laýyklykda, «Şyhatdar» hojalyk jemgyýetiniň öndüren köke önümleriniň 1 tonnasynyň hakyky bazar bahasy aşakdaka deňdir:

**HHBB = [110 400 manat + (110 400 x 0,15)] : 48 tonna =**
**= 2 645 manat.**

Salgyt salmak maksatlary bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny kesgitlemegiň ýokarda sanalyp geçilen üç usulyny ulanmak arkaly takyklanylan bazar bahasy degişli hasaplamalar bilen takyklanylmalydyr. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy baradaky maglumatlar döwlet hasabaty edaralaryndan we beýleki resmi maglumatlar çeşmelerinden alynýar. Salgyt gullugy harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary we tarifleri baradaky maglumatlary talap edip bilýär, maglumat soralýan taraplar bolsa bahalar we tarifler barada maglumatlary we netijenamalary bermelidirler. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýan bahalar (tarifler) boýunça harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, salgyt salmak maksady üçin kadalaşdyrylýan bahalar ulanylýar. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahalary kesgitlenilende, 14-nji şekilde beýan edilen ýagdaýlar bilen baglanyşykly indirimler göz öňünde tutulýar.

Geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanýan bahalary hakyky bazar bahasyndan 20 göterimden köp pes bolanda, salgyt gullugy degişli harytlara (işlere, hyzmatlara) hakyky bazar bahalaryndan ugur alyp, salgydy hasaplamak we kesgitlemek barada esaslandyrylan çözgüt kabul edip bilýär. Daşary ýurtlardan satyn alynýan harytlaryň (işleriň,

*14-nji şekil*

**Harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň hakyky bazar bahalary kesgitlenilende, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgyt salmak maksady üçin ulanylýan indirimler**




hyzmatlaryň) bahasynyň 20 göterimden köp ýokarlandyrylmagy, hakyky bazar bahalaryndan ep-esli tapawutlylyk berýän baha diýlip hasaplanýar. Özlerine mahsus birmeňzeş alamatlary, hususan-da fiziki häsiýetnamasy, hili, bazardaky abraýy, çykarylan ýurdy, öndüriji bir bolan harytlar deňdeş harytlar diýlip ykrar edilýär. Deňdeş bolmazdan kybapdaş häsiýetleri bolan we şol bir wezipäni ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän meňzeş böleklerden ybarat bolan we täjirçilik taýdan özara çalşylyp bolýan harytlar birmeňzeş harytlar diýlip ykrar edilýär. Harytlaryň birmeňzeşligi anyklanylanda, olaryň hili, harytlyk nyşany, bazardaky abraýy, öndürilen ýurdy hasaba alynýar.

**Mysal.** «Burkut-Ata» hususy kärhanasy «Türkmen Hereket» hususy kärhanasy bilen baglaşylan ylalaşygyna laýyklykda, öndüren önümleriniň bir bölegini alyja, ýagny «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna ýükläp ibermäge borçlanýar. Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, öndürilen önümiň birliginiň bahasy 5,48 manat. Ylalaşyk boýunça «Burkut–Ata» hususy kärhanasy senenama ýylynda «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna 1644 manatlyk önüm iberilmegi borçlanýar. Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasynyň maglumatlary boýunça, «Burkut–Ata» hususy kärhanasynyň öndüren we «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna ýükläp iberen önümleriniň bazar bahasy şol hasabat döwründe 7,44 manat. Harytlaryň hakyky bazar bahasy kesgitlenilende, bu önümler öndürilende we ýerleşdirilende Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgyt salmak üçin indirimler göz öňünde tutulmaýar. «Burkut-Ata» hususy kärhananyň «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, ýükläp iberen önüminiň mukdaryny we geçirilen hasaplamalaryň esasynda «Burkut-Ata» hususy kärhanasynyň «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna ýükläp iberen önüminiň birliginiň hakyky bazar bahasyny (salgyt salmak maksady üçin) hasaplap çykarmaly.

**Çözülişi.** Ilki bilen «Burkut-Ata» hususy kärhanasynyň ylalaşyga laýyklykda «Türkmen Hereket» hususy kärhanasyna senenama ýylynda ýükläp iberen önüminiň mukdaryny kesgitläliň. Onuň mukdary öndürilen önümiň 300 birligi (1 644 manat : 5,48 manat). Indi bolsa, ylalaşykda görkezilen önümiň birliginiň bahasynyň Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasyndan alnan ýazmaça hatynda görkezilen önümiň birliginiň bahasyna bolan göterim gatnaşygyny kesgitläliň, ol 73,6 göterim (5,48 manat : 7,44 manat x 100 %). «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, geleşige gatnaşýan taraplaryň göz öňünde tutulan ulanan bahalary bazaryň hakyky bahasyndan 20 göterimden köp pes bolan ýagdaýynda, salgyt gullugy degişli harytlara bazaryň hakyky nyrhlaryndan ugur alyp salgydy hasaplanda, «Burkut-Ata» hususy kärhanasynyň öndüren önüminiň birligini 5,95 manat (7,44 manat x 0,8), önümiň ähli göwrümini bolsa 1 785 manat (5,95 ma-

nat x 300) pul möçberinde kesgitläp bilýär. Şeýlelikde salgyt salmak maksady üçin, «Burkut-Ata» hususy kärhanasynyň öndüren önüminiň birliginiň hakyky bazar bahasy 5,95 manat ýa-da 7,44 manat kabul edilýär.

**Salgydyň möçberi we salgyt döwri. Salgydyň möçberi salgyt özeniniň birliginden göterim ýa-da kesgitlenilen ululyk görnüşinde şertlendirilen salgydy almagyň ölçegini aňladýar. Salgyt özeniniň we tölemäge degişli salgydyň pul möçberiniň hasaplanýan wagt aralygy salgyt döwri diýlip hasap edilýär.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt döwri salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri babatynda kesgitlenilýär. Salgyt döwri bir ýa-da birnäçe hasabat döwründen ybarat bolup bilýär. 1-nji ýanwardan 30-njy sentýabr aralygy döredilen edara görnüşli tarap üçin salgytlara degişli ilkinji salgyt döwri onuň döredilen gününden şol ýylyň ahyryna çenli wagtdan ybaratdyr. 1-nji oktýabrdan 31-nji dekabr aralygynda döredilen edara görnüşli tarap üçin bolsa, şeýle salgytlar üçin ilkinji salgyt ýyly onuň döredilen gününden, döredilen ýylyndan soňky senenama ýylynyň ahyryna çenli wagtdan ybarat. Senenama ýylynyň ahyryna çenli işi ýatyrylan edara görnüşli tarap üçin iň soňky salgyt döwri şol ýylyň başyndan onuň ýatyrylan gününe çenli wagt aralygy öz içine alýar. Edara görnüşli tarap ýatyrylan ýylyndan ýylynyň öň ýanyndaky ýylyň 1-nji oktýabryndan soň döredilen bolsa, şeýle salgytlar üçin salgyt döwri onuň döredilen gününden ýatyrylan gününe çenli wagtdan ybaratdyr.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabynda duran «ARS Gurluşyk» hususy kärhanasy 2011-nji ýylyň 11-nji maýynda, «Aby-Haýat» hususy kärhanasy şol ýylyň 21-nji oktýabrynda döredilipdir. «Altyn Kanun» hojalyk jemgyýeti 2006-njy ýylyň 14-nji maýynda döredilip, onuň işi 2011-nji ýylyň 12-nji maýynda ýatyrylypdyr. «Jahan elektronik» hususy kärhanasy 2010-njy ýylyň 5-nji dekabrynda döredilip, onuň işi 2011-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda ýatyrylypdyr. «ARS Gurluşyk» hususy kärhanasy, «Aby-Haýýat» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt

we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça ilkinji salgyt döwri diýlip haýsy döwür hasap edilýär? «Altyn Kanun» hojalyk jemgyýeti üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça soňky salgyt döwri diýlip haýsy döwür hasap edilýär? «Jahan elektronik» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt döwri diýlip haýsy döwür hasap edilýär?

**Çözülişi.** «ARS Gurluşyk» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça ilkinji salgyt döwri diýlip 2011-nji ýylyň 11-nji maýyndan şol ýylyň 31-nji dekabryna çenli döwür hasap edilýär. «Aby-Haýýat» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça ilkinji salgyt döwri diýlip 2011-nji ýylyň 21-nji oktýabryndan 2012-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli döwür hasap edilýär. «Altyn Kanun» hojalyk jemgyýeti üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan şol ýylyň 12-nji maý aralygy soňky salgyt döwri diýlip ykrar edilýär? «Jahan elektronik» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 2010-njy ýylyň 5-nji dekabryndan 2011-nji ýylyň 13-nji sentýabr aýynyň aralygy salgyt döwri diýlip kabul edilýär.

Salgyt salmagyň binýady bolup durýan emläk senenama ýylynyň dowamynda satyn alnan, satylan (aýrybaşgalanan ýa-da ýok edilen) bolsa, onda şu emläk babatynda salgyt boýunça salgyt döwri şol senenama ýylynda şol emlägiň salgyt töleýjiniň eýeçiliginde hakyky bolan döwrüniň wagty bilen takyklanýar. Edara görnüşli tarap döredilende ýa-da onuň işi ýatyrylanda, salgyt döwri senenama aýy ýa-da senenama çärýegi hökmünde bellenilýänler üçin, salgytlar babatynda birinji (soňky) salgyt döwri onuň salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugy bilen ylalaşyp takyklanýar. Salgyt döwrüniň kesgitlenilişiniň tertibi 15-nji şekilde beýan edilen edara görnüşli we şahsy taraplar babatynda ulanylýar.

*15-nji şekil*

**Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt döwrüniň kesgitlenilişiniň tertibini ulanmak babatynda edara görnüşli we şahsy taraplar**




Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen möhletde salgyt töleýji salgyt beýannamasyny tabşyrmadyk ýagdaýynda, salgydyň çak edilýän pul möçberi salgyt gullugy tarapyndan öňki salgyt döwri üçin salgydyň kesgitlenilen pul möçberinden ugur alnyp takyklanylýar. Geçirilýan salgyt barlaglaryň dowamynda salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alynmandygy ýa-da salgyt töleýji tarapyndan şeýle maglumatlaryň berilmändigi anyklansa, onda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, emlägiň kesilen bahasyny, zähmet hakynyň ortaça derejesini 25 göterim (söwda işleri üçin haryt dolanyşygynyň 8 göterimi) möçberinde düşewüntliligi ulanyp, salgyt gullugy özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda salgydyň çak edilýän pul möçberini hasaplap we belläp bilýär. Söwda işinden başga ýagdaýlarda, düşewüntlilik önümi ýerleşdirmekden alnan peýdanyň önümi öndürmek üçin edilen harajatlaryň göterimi hökmünde hasaplanýar. Salgydyň çak edilýän pul möçberi beýleki salgyt töleýjileriň alyp barýan şonuň ýaly işleriniň ykdysady görkezijilerini deňeşdirmek esasynda hem hasaplanyp we bellenip bilinýär. Baha bermegiň ýo-

*1-nji tablisa*

**2011-nji ýylda önüm öndürmek üçin «Çelikan-Gostar» hojalyk jemgyýetiniň amal eden harajatlary (manatda)**

| № | Harajatlaryň görnüşleri | Harajatlaryň pul möçberi |
|---|---|---|
| 1. | Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar | 69742 |
| 2. | Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | 31083 |
| 3. | Ulanyş tölegleri | 6217 |
| 4. | Beýleki çykdajylar we ýitgiler | 8949 |
| 5. | Maddy harajatlar | 44790 |
| | Harajatlaryň jemi | 160781 |

karda görkezilen usullary dürli netijeleri beren ýagdaýynda, salgydyň çak edilýän pul möçberiniň iň ýokary ululygy kabul edilýär. Salgyt beýannamasy, zerur bolan ýagdaýynda bolsa, salgyt salynýan binýatlaryň hasaba almagyň maglumatlary salgyt töleýji tarapyndan soňundan tabşyrylanda, salgyt gullugy salgydyň bellenen pul möçberine düzediş girizýär.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Çelikan Gostar» hojalyk jemgyýetinde 2011-nji ýylyň maliýe-hojalyk işiniň netijeleri boýunça resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt salynýan binýatlaryň hasabynyň alnyp barylmaýandygy anyklanypdyr. Şol bir pursatda, önümi öndürmek üçin edilýän harajatlaryň buhgalteriýa hasaby alnyp barlypdyr. Buhgalteriýa hasabynyň maglumatlaryna we geçirilen resminamalaýyn barlagynyň netijelerine laýyklykda, 2011-nji ýylyň hasabat döwründe «Çelikan Gostar» hojalyk jemgyýetiniň önüm öndürmek üçin sarp eden harajatlary 1-nji tablisada beýan edilýän maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär. 2011-nji ýylyň hasabat ýylynda goşulan baha üçin salgydyň tölenen pul möçberi 19 825 manat. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgydyň möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Geçirilýän salgyt barlagynyň barşynda salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alynmandygy ýüze çykarylsa, onda salgyt gullugy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 39-njy

maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda salgyt gullugynyň özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda 25 göterim möçberinde düşewüntliligi ulanyp, salgydyň çak edilýän möçberini hasaplap bilýär. Düşewüntlilik aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$\boldsymbol{D = P : (H + \text{GBUS}) \times 100\,\%,}$$

bu ýerde ***D***-düşewüntlilik; ***P***-peýda, ***H***-harajatlar, **GBUS**-goşulan baha üçin salgyt. Mysalda beýan edilen sanlardan we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň kadalaryndan ugur alynsa, onda bu formula şu görnüşi kabul edýär:

$$\mathbf{25\% = \mathit{P} : (160\,781\ manat + 19\,825\ manat) \times 100\,\%,}$$

bu ýerde peýda şeýle kesgitlenilýär:

$$\mathbf{\mathit{P} = (160\,781\ manat + 19\,825\ manat) \times 25\,\% : 100\,\% =}$$
$$\mathbf{= 45\,151{,}5\ manat.}$$

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Kerim» hususy kärhanasynda 2011-nji hasabat ýyly boýunça resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt salynýan binýatlaryň hasabynyň alnyp barylmaýandygy anyklanypdyr. Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda, diňe gözegçilik- pulhana abzalynyň görkezmesini anyklamak mümkin boldy. Gözegçilik-pulhana abzalynyň ýazgylary boýunça 2011-nji hasabat ýylynda «Kerim» hususy kärhanasynyň girdejisi 45664 manat. Haryt dolanyşygyndan ugur alyp, «Kerim» hususy kärhanasy üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň salgyt binýadyny kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Salgyt gullugy tarapyndan salgyt barlaglarynyň dowamynda salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alynmadygy anyklansa, onda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 39-njy maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda söwda işleri üçin haryt dolanyşygynyň 8 göterimini ulanyp, salgyt gullugy salgydyň çak edilýän möçberini hasaplaýar. Diýmek, mysalda beýan edilen sanlardan we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň kadalaryndan ugur alyp, «Kerim» hususy kärhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin eda-

*16-njy şekil*

**Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä salgyt habarnamasynyň iberilýän ýagdaýlary**

**Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä salgyt habarnamasynyň iberilýän ýagdaýlary**
**1**

Salgyt gullugy tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt hasaplananda
2

Kameral barlagyň netijeleri boýunça salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiniň özbaşdak hasaplanan salgydynyň pul möçberinden tapawutlanýan salgydyň pul möçberi anyklanylanda
3

Salgydy tölemegiň möhleti üýtgedilende
4

Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijesinde salgyt gullugy tarapyndan salgydyň kesgitlenilen pul möçberini üýtgetmek barada çözgüt kabul edilende
5

Salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça ýerine ýetirilmedik borçlary bolanda
6

Salgyt salmak bilen bagly beýleki ýagdaýlar
7

ra görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň salgyt salynýan binýady aşakdaka deňdir:

**EGTPASSSB = 45 664 manat x 8 % : 100 % =3 653 manat.**

Salgydyň bellenen degişli salgyt döwri tamamlanandan soň, salgyt gullugy bäş ýylyň dowamynda salgydyň kesgitlenilen pul möçberine düzediş girizip bilýär. Salgydyň kesgitlenilen ýa-da goşmaça hasaplanan pul möçberi, salgydy tölemek hakyndaky talabyň ýüze çykan pursadyndan başlap bäş ýylyň dowamynda tutulyp alynýar.

**Salgyt habarnamasy – salgyt gullugynyň salgyt töleýjä bildirýän ýazmaça talabydyr.** Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä 16-njy şekilde görkezilen ýagdaýlarda iberilýär. Salgyt habarnamasy degişli ýagdaýlar ýüze çykandan soň, bäş günden gijä galman salgyt töleýjä

iberilýär ýa-da gowşurylýar. Salgyt habarnamasy edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyna (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) ýa-da şahsy tarapa (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) gol çekdirilip, elin ýa-da onuň alnandygyny we senesini tassyklaýan başga bir görnüşde gowşurylýar. Edara görnüşli we şahsy taraplar salgyt habarnamasyny almakdan boýun gaçyranda, salgyt habarnamasy tabşyryk haty bilen poçta arkaly iberilýär. Salgyt habarnamasy tabşyryk haty bilen iberilenden alty gün geçenden soň, ol alyndy diýlip hasap edilýär.

Salgyt habarnamasy iberilende ýa-da salgyt töleýjä gowşurylandan soň, salgyt habarnamasynda görkezilen salgydyň pul möçberiniň üýtgedilmegine getirilýän ýagdaýlar ýa-da subutnamalar salgyt gullugyna aýan bolsa, onda salgyt habarnamasy üýtgedilmäge degişlidir.

Salgyt habarnamasynyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanylýar. Salgyt habarnamasyna salgyt gullugynyň ygtyýarly wezipeli adamy gol çekýär we salgyt gullugynyň möhrüni basýar.

### 3.3.10. Salgyt tölenende ýüze çykýan borçlar we olary ýerine ýetirmegiň tertibi

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda salgydyň tölenmegini göz öňünde tutýan ýagdaýlaryň ýüze çykýan pursadyndan başlap, salgyt töleýjide salgydy tölemek boýunça borçlar emele gelýär. Salgyt tölemek boýunça borçlar 17-nji şekilde beýan edilýän ýagdaýlar ýüze çykanda bes edilýär.

Salgyt töleýjiniň bank edarasyndaky hasabynda özüniň ähli borçnamalaryny ýerine ýetirmäge pul serişdeleriniň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, 18-nji şekilde beýan edilýän borçnamalaryndan başga, onuň salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemek boýunça borçlary ähli borçnamalardan öňürti ýerine ýetirilýär. Salgydy tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň möhletleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgydyň her bir görnüşi boýunça kesgitlenilýär. Öň bellenilen salgyt üýtgedilende, goşmaça

*17-nji şekil*

**Salgyt tölemek boýunça borçlaryň bes edilýän ýagdaýlary**




hasaplanan salgydyň pul möçberi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden soň bäş günüň dowamynda tölenýär. Salgyt salmak boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeli möhletleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 54–56-njy maddalary) bellenen ýagdaýlarda üýtgedilip bilinýär.

**Mysal.** «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasyna hyzmat edýän bank edarasynyň bank göçürmesine laýyklykda, bu şahamçanyň hasaplaşyk hasabynda 2011-nji ýylyň 25-nji awgustynda 16 492 manat pul serişdeleri bar. «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji ýylyň 25-nji awgusty möhleti boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça şol ýylyň iýul aýy üçin salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasy boýunça 22198 manat we 25-nji iýul möhleti boýunça edara görnüşli taraplaryň

*18-nji şekil*

**Salgyt töleýjiniň salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek borçnamalaryndan öňürti ýerine ýetirýän borçnamalary**




peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça tölenýän hakujy tölegleri boýunça 10082 manat bergisi bar. «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynynyň şahamçasy 2011-nji ýylyň 25-nji awgustynda 78-nji belgili töleg tabşyrygy bilen 10082 möçberde edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 25-nji iýul möhleti boýunça hakujy tölegleri we 25-nji awgustyndaky 79-njy belgili töleg tabşyrygy bilen goşulan baha üçin salgyt boýunça iýul aýy üçin tabşyran beýannamasy boýunça 6410 manat (hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň galan bölegi) Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçiripdir. 2011-nji ýylyň 26-njy awgustynda «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim

Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň hasaplaşyk hasabyna önümleri ýerleşdirmekden 28 976 manat düşüpdir. «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy hasaplaşyk hasabynda bar bolan pul serişdelerinden işgärlerine 13 212 manat iş hakyny töläpdir we satyn alnan çig mal üçin üpjün ediji bolup duran «Ak Penjire» hususy kärhanasyna 27-nji awgustynda 80-nji belgili töleg tabşyrygy bilen 11 870 manat geçiripdir. «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy we oňa hyzmat edýän bank edarasy tarapyndan ýol berlen salgyt bozulmalaryny häsiýetlendirmeli we olary Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda esaslandyrmaly.

**Çözülişi.** «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji ýylyň 25-nji iýul möhleti boýunça edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça tölenmeli hakujy tölegleri boýunça 31 gün gijä galmak bilen 25-nji awgustda doly hasaplaşypdyr. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasy), «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň tölenmeli puşmana tölegleriniň pul möçberi 94 manat (10 082 manat x 31 gün x 0,03 : 100 %). «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy iýul aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt gullugyna tabşyrylan salgyt beýannamasy boýunça 25-nji awgust möhleti boýunça 22 198 manat möçberinde emele gelen bergisiniň bir bölegini 6 410 manat möçberinde ýapypdyr, bu salgyt boýunça berginiň galan bölegi 15 788 manat (22 198 manat – 6 410 manat). 2011-nji ýylyň 26-njy awgustynda «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň hasaplaşyk hasabyna 28 976 manat möçberde pul serişdeleri düşüpdir. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 44-nji maddasyna laýyklykda, «Metal we Ýapi Sistemleri Tijaret Anonim Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň hasaplaşyk hasabyna dü-

şen pul serişdeleriniň hasabyna ilki bilen salgytlar boýunça emele gelen bergiler ýapylmaly (18-nji şekilde görkezilen ýagdaýlardan başga). Goşulan baha üçin salgyt boýunça tölenmän galan berginiň bölegi, ýagny 15 788 manat tölenýär, soňra hasaplaşyk hasabynda galan pul serişdeleriniň (13 188 manat) hasabyna iş haky tölenmeli we «Ak Penjire» hususy kärhanasy bilen çig mal üçin hasaplaşyklar geçirilmeli.

Salgyt tölemek boýunça borçlary Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda bu borçlar başga taraplaryň üstüne ýüklenmedik bolsa, gönüden-göni salgyt töleýjiniň özi ýerine ýetirýär. Tebigy we ugurdaş gazy, nebit we nebit önümlerini çykarmak (öndürmek) we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly amallary, şeýle-de demir ýol gatnawlaryny amala aşyrýan Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti salgytlary hasaplamagyň, tölemegiň we salgyt beýannamalaryny tabşyrmagyň aýratyn tertibini kesgitläp bilýär.

Salgyt nagt pul serişdeleri bilen, şol sanda pul ibermek tertibinde we tölemegiň nagt däl görnüşinde tölenip bilinýär. Nagt pul serişdeleri bilen tölenende, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip, şol pul serişdeleriniň banka geçirilen güni hasaplanýar. Nagt däl pul serişdeleri bilen tölenende, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip, şol pul serişdeleri salgyt töleýjiniň bankdaky hasabyndan öçürilen güni hasap edilýär. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt tutulyp alnanda, salgydyň kesgitlenilen pul möçberini salgyt töleýjiniň tölän güni diýlip, salgydyň tutulyp alnan güni hasap edilýär. Salgyt gullugynyň ýa-da kazyýetiň artyk tölenen ýa-da artyk tutulyp alnan salgydy hasaplaşmak barada çözgüt çykaran güni, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip kabul edilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine jerime salnanda ýa-da üçünji tarapa jerime salnanda, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip pul serişdeleriniň Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowşan güni hasap edilýär.

Salgyt töleýjilere tölän pul serişdelerinden tutulyp alynmadyk we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmedik salgytlary töle-

mek, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde salgyt töleýjilerden soňra tutup almak bilen, salgyt ýumuşçysynyň öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Salgyt töleýjilerden tutulyp alynmadyk salgyt şu aşakdaky ýagdaýlarda tutulyp alynýar ýa-da talap edilýär:

– salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan aýyndan öňki üç aýyň içinde şahsy taraplara tölenilen töleglerden;
– salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş ýylda edara görnüşli taraplaryň tölän töleglerinden.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmezligi ýa-da doly ýerine ýetirmezligi salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgyt we degişli maliýe jerimelerini tölemek barada talap bildirmäge, şeýle-de Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 58–70-nji maddalary) laýyklykda, salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmegi üpjün edýän çäreleri görmäge esas bolýar.

Şu aýdylanlar maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar.

**Salgyt gullugynyň çözgütlerinden şikaýat edilende salgydy tölemek.** Salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilen salgydyň pul möçberi barada şikaýat edilende, onuň jedelleşilýän pul möçberini tölemek boýunça borçlary salgyt töleýji ýerine ýetirmelidir. Salgyt gullugynda we kazyýetde arza seredilýän döwrüniň dowamynda salgydyň jedelleşilýän pul möçberi tölenmeýär, ýöne bu onuň bellenilen gününden başlap, alty aýdan köp bolmaly däl. Bellenilen salgydyň ählisiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenmezligi, salgyt töleýjini şol salgydy wagtynda tölenmändigi üçin puşmana tölegini tölemekden boşatmaýar.

Salgydy tölemek boýunça borçlar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, şeýle borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler salgyt gullugy tarapyndan salgydyň pul möçberiniň jedelleşilmeýän pul möçberi babatynda ulanylýar. Şonuň bilen birlikde, salgyt gullugy salgyt töleýjiden emlägi (pul serişdelerini) girewine goýmagy ýa-da salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda kepil geçmekligi talap

edip bilýär. Bildirilýän taraplaryň ýerine ýetirilmegi salgyt töleýji tarapyndan mümkin bolmadyk ýagdaýynda, salgyt tölemek boýunça onuň borjy jedelleşilýän pul möçberi babatynda ýerine ýetirilýär. Salgydyň jedelleşilýän pul möçberi doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak barada çözgüt kabul edilende, salgyt töleýjiniň ýatyrylan salgydy tölenmändigi üçin tölän puşmana tölegini yzyna alyp bilýär. Tölenen puşmana tölegini yzyna gaýtaryp almak, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň maliýe-hojalyk işine geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde 2011-nji ýyl üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 8 950 manat pul möçberinde goşmaça salgyt we goşulan baha üçin salgyt boýunça 2 309 manat goşmaça salgyt hasaplanylypdyr. «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy we baş hasapçysy goşulan baha üçin salgyt boýunça 2 309 manat goşmaça hasaplanylan salgydyň kanuna laýyk gelýändigine öz razyçylyklaryny bildirse-de, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça hasaplanylan salgydyň 8 950 manat umumy möçberiniň bir bölegi, ýagny 6 548 manat bikanun hasaplanyp çykarlandygy we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň hiç bir maddasyna laýyk gelmeýändigi barada resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda öz närazyçylygy bildirip ýazypdyrlar. Şol sebäpli, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy we baş hasapçysy ýazmaça arza ýazmak bilen, resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna, ýokarda duran salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna we kazyýete ýüz tutupdyrlar. Şonuň bilen birlikde, Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy jedelleşilýän edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça hasaplanylan salgydyň bir böleginiň pul möçberinde (6 548 manat) onuň emlägini girewe goýmagyny ýa-da salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda kepil geçmekligi «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysyndan talap

edipdir. Geçen hasabat döwri, ýagny 2011-nji ýyl üçin, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetinde geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagy 2012-nji ýylyň mart aýynyň 11–24-i aralygyny öz içine alýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty 2012-nji ýylyň 24-nji martynda ýazylypdyr. «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijelerine bildirýän närazyçylyk haty kazyýetde 2012-nji ýylyň 25-nji martynda hasaba alynýar. Kazyýetiň 2012-nji ýylyň 10-njy iýunynda çykaran çözgüdiniň esasynda «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň şikaýaty Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk diýlip netijä gelinýär. Indi bolsa, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň mysalynda sorag-jogap arkaly salgyt gullugynyň çözgüdinden şikaýat edilende salgydy tölemegiň tertibine teswirleme geçireliň.

**1-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň geçiren resminamalaýyn salgyt barlagy boýunça çykaran netijelerine «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti tarapyndan şikaýat edilende, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti salgytlary tölemek boýunça borçlaryny haýsy pul möçberinde ýerine ýetirmeli?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 47-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti bellenen salgydyň jedelleşilmeýän pul möçberini, ýagny goşulan baha üçin salgyt boýunça 2 309 manady we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 2 402 manady (8 950 manat – 6548 manat) tölemeli.

**2-nji sorag.** «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti tarapyndan salgydyň jedelleşilýän pul möçberi haýsy döwrüň dowamynda tölenilmeýär?

**Jogap.** Salgydyň jedelleşilýän pul möçberi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 47-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, arza salgyt gullugynda we kazyýetde seredilýän döwrüniň dowamynda tölenmeýär, emma bu onuň bellenen gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir. Diýmek, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň jedelleşilýän pul möçberini, has takygy 6 548

manady 2012-nji ýylyň 25-nji martyndan şol ýylyň 10-njy iýunyna çenli (kazyýetiň çykaran çözgüdiniň senesi) tölemän bilýär.

**3-nji sorag.** Salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen salgydyň ählisiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenmezligi, salgyt töleýjini bu salgydy tölemändigi üçin puşmana töleglerini tölemekden boşadýarmy?

**Jogap.** Ýok, boşatmaýar. «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti şikaýata seredilýän döwründe 151 manat (6 548 manat x 77 gün x x 0,03 % : 100 %) puşmana töleglerini tölemeli.

**4-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysyndan salgydyň jedelleşilýän jemi babatynda emlägiň girewe goýulmagyny ýa-da kepil geçilmegini talap edip bilýärmi?

**Jogap.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyň 47-nji maddasynyň 1-nji bölegi) laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysyndan salgydyň jedelleşilýän jemi babatynda emlägiň girewe goýulmagyny ýa-da kepil geçilmegini talap edip bilýär.

**5-nji sorag.** «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýeti tarapyndan Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda emlägi girewe goýmaga ýa-da kepil geçmäge talabyny berjaý etmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, ol salgydy tölemek boýunça borjy salgydyň haýsy pul möçberi babatynda ýerine ýetirmeli?

**Jogap.** «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň emlägi girewe goýmaga ýa-da salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda kepil geçmäge mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, ol salgydy tölemek boýunça borjy jedelleşilýän, ýagny 6 548 manat möçberde ýerine ýetirmeli.

**6-njy sorag.** Salgydyň jedelleşilýän pul möçberini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edilende, «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetiniň ýatyrylan salgydy tölemändigi üçin tölän puşmana tölegini yzyna almaga hukugy barmy?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 47-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, «Türkmenplastik»

hojalyk jemgyýetiniň jedelleşilýän pul möçberini doly ýatyrmak barada kazyýetiň 2012-nji ýylyň 10-njy iýunynda çykaran çözgüdiniň esasynda, ol ýatyrylan salgydy tölemändigi üçin tölän puşmana tölegini (151manat) yzyna alyp bilýär. Tölenen puşmana tölegleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 49-njy maddasyna laýyklykda «Türkmenplastik» hojalyk jemgyýetine gaýtarylyp berilmeli.

**Salgyt töleýjiniň tabşyryklaryny we salgyt gullugynyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça bank edaralarynyň borçlary.** Salgyt töleýjiniň bank edarasyndaky işlendik hasaplarynda bar bolan pul serişdelerine garamazdan, bank edarasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt geçirmek baradaky tabşyrygyny kabul etmelidir. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleriniň bardygyna, ýokdugyna garamazdan, bank edarasy salgyt gullugynyň pul möçberini geçirmek baradaky töleg talapnamasyny kabul etmelidir. Salgytlaryň pul möçberini geçirmek boýunça salgyt gullugynyň berýän talapnamasy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 44-nji we 46-njy maddalary) düzgünleri göz öňünde tutulyp, bank edarasy tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Salgytlary tölemek boýunça töleg tabşyrygyny (töleg talapnamasyny) doly möçberde ýerine ýetirmek üçin salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleri bar bolsa, töleg tabşyrygy (töleg talapnamasy) alnan gününden soňky gelýän günden gijä galman, bank edarasy töleg tabşyrygyny (töleg talapnamasyny) ýerine ýetirýär. Bank edarasy salgydy geçirmek üçin töleg talapnamasyny (tabşyrygyny) alan gününde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleri ýetmezçilik edende ýa-da ýok bolanda, töleg talapnamasyny (tabşyrygy) şol hasaplara pul serişdeleriniň gelip gowşuşyna baglylykda puluň gelip gowşan gününden soňky gelýän günden gijä galman ýerine ýetirýär. Şu düzgünler salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary bolup durýan üçünji tarapyň tölenmedik salgydynyň pul möçberi töletdirilende hem ulanylýar. Tükmenistanyň Döwlet býujetine tölenýän salgytlary geçir-

mek boýunça amallar bank edarasy tarapyndan hiç bir töleg almazdan geçirilýär. Bu aýdylanlar maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar.

**Mysal.** «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýeti degişli salgytlary Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek üçin ýazyp gelen töleg tabşyrygyny özüne hyzmat edýän bank edarasynyň amallary geçirýän bölümine tabşyrypdyr. Ýöne, bank edarasy salgyt töleýjiniň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň töleg tabşyrygyny kabul etmeýär we ony yzyna gaýtaryp berýär. Şol bir pursatda, «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň daşary ýurt pullary hasabynda we ýörite karz hasabynda salgytlary tölemek üçin ýerlikli pul serişdeleri bar. Bank edarasy «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň salgytlary geçirmek üçin töleg tabşyrygyny kabul etmänligi sebäpli, etrap döwlet salgyt gullugy salgydyň pul möçberini geçirmek baradaky töleg talapnamasyny şol banka tabşyrmaga mejbur bolýar. «Hilal Mermer» hususy kärhanasynyň hasaplaşyk hasabynda salgytlary tölemek üçin ýeterlikli pul serişdeleri bar. Şol sebäpli, «Hilal Mermer» hususy kärhanasynyň baş hasapçysy hususy kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen töleg tabşyrygyny özüne hyzmat edýän bank edarasyna 2011-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda tabşyrýar (salgytlaryň tölenmeli möhleti). Bank edarasy bu töleg tabşyrygy 2011-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda ýerine ýetirýär we bank hyzmatlary üçin býujete tölenýän salgytlaryň pul möçberinden komission töleglerini we goşulan baha üçin salgydy tutup alýar. «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň we «Hilal Mermer» hususy kärhanasynyň mysalynda sorag-jogap arkaly salgyt töleýjiniň tabşyryklaryny we salgyt gullugynyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça bank edaralarynyň borçlaryna teswirleme geçireliň.

**1-nji sorag.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň hasaplaşyk hasabynda we beýleki hasaplarynda pul serişdeleriniň barlygyna-ýoklugyna garamazdan, bank edarasy ondan býujete salgytlary tölemek üçin ýazyp getiren töleg tabşyrygyny kabul etmelimi ýa-da dälmi?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň barlygyna-ýoklugyna garamazdan, bank edarasy onuň ýazyp getiren töleg tabşyrygyny kabul etmeli.

**2-nji sorag.** «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýetiniň hasaplarynda pul serişdeleriniň barlygyna-ýoklugyna garamazdan, bank edarasy salgydyň pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgydyň pul möçberini geçirmek babatynda salgyt gullugynyň töleg talapnamasyny kabul etmelimi ýa-da dälmi?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegine we 44-nji we 46-njy maddalaryna laýyklykda, bank edarasy salgyt gullugynyň salgytlaryň pul möçberini geçirmek baradaky töleg talapnamasyny salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleriniň barlygyna-ýoklugyna garamazdan kabul etmelidir. Salgyt töleýjiniň karz pul we býujet hasaplaryndan başga, salgyt gullugy töleg talapnamasyny salgyt töleýjiniň milli we daşary ýurt pulundaky islendik hasabyna berip bilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

**3-nji sorag.** Salgytlaryň jemini geçirmäge töleg tabşyrygyny doly möçberde ýerine ýetirmek üçin, «Hilal Mermer» hususy kärhanasynyň hasaplarynda pul serişdeleri bar bolanda, bank edaralary töleg tabşyrygyny haçan ýerine ýetirmeli?

**Jogap.** Salgyt geçirmek üçin töleg tabşyrygyny doly möçberde ýerine ýetirmek üçin salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleri bar bolanda, bank edarasy tarapyndan töleg tabşyrygy alnan gününden soňky gelýän iş gününden gijä galman ýerine ýetirmeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegi). «Hilal Mermer» hususy kärhanasy babatynda bank edarasy onuň ýazyp tabşyran töleg tabşyrygyny 2011-nji ýylyň 26-njy sentýabryndan gijä galman ýerine ýetirmeli. «Hilal Mermer» hususy kärhanasyna hyzmat edýän bank edarasy töleg talapnamasyny ýerine ýetirmekde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen möhleti 7 gün bozupdyr.

**4-nji sorag.** Türkmenistanyň Döwlet býujetine bank tarapyndan salgytlary geçirmek babatynda amallar amala aşyrylanda tölegler alynýarmy?

**Jogap.** Türkmenistanyň Döwlet býujetine bank tarapyndan salgytlary geçirmek babatynda amallar amala aşyrylanda hiç bir tölegler alynmaýar. Biziň mysalymyzda «Hilal Mermer» hususy kärhanasyndan bank edarasy tarapyndan tutulyp alnan komission tölegleri we oňa hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi bikanun we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 48-nji maddasynyň 2-nji bölegine çapraz gelýär.

**Artyk tölenen salgydy hasaplamak we yzyna gaýtaryp bermek.** Tölenen salgydyň pul möçberi salgydyň kesgitlenilen möçberinden artyk gelýän bolsa, onda salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy, degişli ýagdaýlarda bolsa gümrük gullugy:

– salgyt töleýjini ýazmaça habarly etmek bilen, beýleki islendik salgyt, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça berginiň hasabyna artykmaç tölenen salgytdan hasaplaşyk geçirýär. Hasaplaşyk bergiler bar bolanda (ýa-da artykmaç tölenen salgyt bar bolanda ýüze çykan bergiler) artykmaç tölenen salgydyň dörän gününiň ertesi gününden gijä galman geçirilýär;
– beýleki salgytlar, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler bolmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň ýazmaça arza beren pursadyndan başlap on gün möhletde artyk tölenen salgydy salgyt töleýjä gaýtaryp bermek barada maliýe edarasyna netijenama berýär.

Artyk tölenen salgyt boýunça hasaplaşyk geçirilendigi barada salgyt gullugy salgyt töleýjä hasaplaşygyň geçirilen gününden soňky gelýän günden gijä galman habar berýär. Artyk tölenen salgydyň pul möçberi salgyt gullugynyň netijenamasynyň esasynda degişli maliýe edarasy tarapyndan şeýle netijenama alnan gününden başlap 20 günüň dowamynda yzyna gaýtaryp berilýär. Salgydyň artyk tölenen ýa-da tutulyp alnan pul möçberi öz wagtynda gaýtaryp berilmese, onda her

bir duşdan geçirilen gün üçin görkezilen pul möçberiniň 0,03 göterimi hasaplanyp çykarylýar. Salgyt töleýjiniň salgydyň tölenen (tutulyp alnan) gününden bäş ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň hasaplaşyga alynmagyny ýa-da yzyna gaýtarylmagyny talap etmäge hukugy bar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabynda duran «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 31 123 manat artyk tölenilen töleg döwlet salgyt gullugynda ýöredilýän şahsy hasap sahypasynda (kartoçkasynda) hasaba alnypdyr. 2011-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy 4800 manat edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça hakujy töleglerini tölemeli. «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna ýazan hatynda, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 2011-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda tölenmeli tölegi hasaba almak bilen, artyk tölenilen 26 323 manat salgydy (31 123 manat – 4 800 manat) özüniň hasaplaşyk hasabyna gaýtaryp bermegini haýyş edip ýüz tutupdyr. «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasy artyk tölenilen salgytlary gaýtaryp bermek hakyndaky hatyny Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna 2011-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda iberipdir. Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy haty almak bilen, artyk tölenen salgydyň pul möçberini yzyna gaýtaryp bermek barada netijanama ýazypdyr we ony Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligine 2011-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda iberipdir. Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň artyk tölenen salgydyň pul möçberini yzyna gaýtaryp bermek baradaky netijenamasynyň esasynda Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligi «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň şahsy hasap sahypasynda (kartoçkasynda) bar bolan 26 323 manat artyk tölenilen tölegleri 2011-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda gaýtaryp beripdir. «EAST Enerji FŽSO»

daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň 2011-nji ýylyň awgust aýy üçin Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyran goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyna laýyklykda, ol 2011-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda 3 482 manat töleg tölemeli. «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň mysalynda artyk tölenen salgydy hasaplamagyň we yzyna gaýtaryp bermegiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 31 123 manat artyk tölenilen salgydyň hasabyna şol aýyň 25-ne 3482 manat goşulan baha üçin salgyt boýunça emele gelen berginiň hasaplaşygyny geçirip bilýärmi? Bergiler bar bolan ýagdaýynda hasaplaşyk haýsy möhletde geçirilýär?

**Jogap.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy 25-nji sentýabrynda goşulan baha üçin salgyt boýunça 3482 manat möçberinde emele gelen berginiň hasaplaşygyny geçirip bilmeýär, sebäbi salgyt gullugy artyk tölenen salgydyň pul möçberini yzyna gaýtaryp bermek netijenamasyny 2011-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda ýazyp berýär, awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny salgyt kanunçylygyna laýyklykda 20-nji sentýabra çenli tabşyrmaly. Bergiler bar bolan ýagdaýynda, hasaplaşyk artykmaç tölenen salgydyň dörän gününiň ertesi gününden gijä galman geçirilýär. Biziň mysalymyzda «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň 2011-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda goşulan baha üçin salgyt boýunça emele gelen bergisi onuň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň hasabyna üzülmeli.

**2-nji sorag.** Beýleki salgytlar, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça salgyt töleýjiniň bergileri bolmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň artyk tölenilen salgytlary gaýtaryp bermek hakynda ýazmaça arza beren pursadyndan başlap, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň artyk tölän pul

möçberini gaýtaryp bermek baradaky netijenamany etrap maliýe müdirligine näçe günde ibermeli?

**Jogap.** Beýleki salgytlar, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň bergileri bolmadyk ýagdaýynda, döwlet salgyt gullugy artyk tölenilen salgytlaryň pul möçberini gaýtaryp bermek baradaky netijenamany etrap maliýe müdirligine on gün möhletde ýazyp bermeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 49-njy maddasynyň 1-nji bölegi). Biziň mysalymyzda Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy netijenamany öz wagtynda, ýagny 2011-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda ýazyp beripdir.

**3-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligi «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň artyk tölän salgydynyň pul möçberini näçe günde yzyna gaýtaryp bermeli?

**Jogap.** Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligi salgyt gullugyndan netijenamany alan gününden başlap, artyk tölenen salgydyň pul möçberini «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasyna 20 günüň dowamynda geçirmeli. Biziň mysalymyzda Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligi artyk tölenen salgydyň pul möçberini 2011-nji ýylyň 2-nji oktýabryndan gijä galman geçirmeli.

**4-nji sorag.** Salgyt töleýjiniň artyk tölän ýa-da ondan artyk tutulyp alnan salgydyň pul möçberi öz wagtynda gaýtaryp berilmedik ýagdaýynda, puşmana tölegleri degişli guramalardan (bu ýerde maliýe müdirligi) haýsy möçberde tutulyp alynýar?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 49-njy maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, salgydyň artyk tölenen ýa-da artyk tutulyp alnan pul möçberi öz wagtynda gaýtarylyp berilmedik ýagdaýynda her bir duşdan geçirilen gün üçin görkezilen pul möçberiniň 0,03 göterimi hasaplanyp ýazylýar. Şol sebäpli Köpetdag etraby boýunça maliýe müdirligi «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasyna 63 manat (26 323 manat x 8 gün x x 0,03 % : 100 %) pul möçberinde puşmana töleglerini tölemeli.

**5-nji sorag.** «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasynyň salgydyň tölenen (tutulyp alnan) gününden başlap,

näçe ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň hasaplaşyga alynmagyny we yzyna gaýtaryp berilmegini talap etmäge hukugy bar?

**Jogap.** Salgyt töleýji salgydyň tölenen (tutulyp alnan) gününden başlap bäş ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň hasaplaşyga alynmagyny we yzyna gaýtarylyp berilmegini talap edip bilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 49-njy maddasynyň 5-nji bölegi). Diýmek, «EAST Enerji FŽSO» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy artyk tölenen salgydyň 26 323 manadyny 2016-njy ýylyň 2-nji sentýabryna çenli yzyna gaýtaryp berilmegini talap edip bilýär.

**Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň işi ýatyrylanda salgytlaryň tölenilişiniň tertibi.** Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň işi ýatyrylanda, salgyt tölemek borçlary onuň pul serişdeleriniň, şol sanda oňa degişli emlägi satmakdan alnan serişdeleriň hasabyna salgyt töleýji edara görnüşli tarapyň işini ýatyryjy topar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň pul serişdeleri, şol sanda emlägi satylandan soň hem salgytlary tölemek üçin onuň pul serişdeleri ýeterlik bolmasa we kanuna ýa-da esaslandyryjy resminamalara laýyklykda edara görnüşli tarapyň borçnamalary boýunça esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) jogapkärçilik çekýän bolsalar, onda salgytlar boýunça galan bergileri ony esaslandyryjylar üzýärler.

Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň salgytlar boýunça borçnamalary esaslandyryjylar tarapyndan ýerine ýetirilenden soň galýan bergiler üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip hasap edilýär we ol Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasy) kesgitlenilen tertipde hasapdan öçürilýär. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň salgytlary tölemek boýunça borçlary, onuň işini ýatyrmak işi başlanandan soň iki aýdan gijä galman ýerine ýetirilýär. Salgyt gullugynda ýeterlik esas bolanda, bu möhleti bir aýdan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilinýär. Aýdylanlar maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar, şeýle-de salgyt ýumuşçylaryna hem degişlidir.

**Mysal.** «Çekiçli» hususy kärhanasynynyň işi ýatyryjy topar tarapyndan ýatyrylýar. «Çekiçli» hususy kärhanasynyň işini ýatyryjy

toparyň işi 2011-nji ýylyň 1-nji iýulynda başlanýar. «Çekiçli» hususy kärhanasynyň işini ýatyrýan ýatyryjy toparyň kabul eden çözgüdine laýyklykda, bu hususy kärhananyň salgytlar boýunça býujete tölemeli bergisi 114 459 manat. Ýöne, býujet bilen hasaplaşmak üçin kärhananyň hasaplaşyk we gaýry hasaplarynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, kärhananyň esaslandyryjysy Sapar Baýramdurdyýew kärhana degişli emlägi ýerleşdirmäge mejbur bolýar. Ýerleşdirilen emlägiň bahasy 54 988 manat bolup, bu doly möçberde bergileriň hasabyna geçirilýär. «Çekiçli» hususy kärhanasynyň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda, Sapar Baýramdurdyýew hususy kärhananyň borçnamalary boýunça jogapkärçiligi esaslandyryş maýa gaznasynyň pul möçberinde çekýär, onuň möçberi 1 300 manat. Salgytlar boýunça berginiň galan bölegi, ýagny 58 171 manat babatynda (114 459 manat – 54 988 manat – 1 300 manat) ýatyryjy topar tarapyndan üzüljegine umyt bolmadyk bergiler diýlip çözgüt çykarylýar. «Çekiçli» hususy kärhanasynyň mysalynda salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň işi ýatyrylanda salgytlary tölemegiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** «Çekiçli» hususy kärhanasynyň işi ýatyrylanda, salgyt tölemek borjy hususy kärhananyň işini ýatyrýan topar tarapyndan haýsy serişdeleriň hasabyna ýerine ýetirilýär?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 50-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň salgytlar boýunça borçnamalary onuň pul serişdeleriniň, şol sanda onuň emlägini satmakdan gelip gowuşýan serişdeleriniň hasabyna üzülýär. Emlägi satmakdan gelip gowşan pul serişdeleriniň hasabyna berginiň 54 988 manatlyk pul möçberi üzülýär.

**2-nji sorag.** Salgytlar boýunça býujetiň öňünde bergileri üzmäge «Çekiçli» hususy kärhanasynyň ýagdaýy bolmasa, onda berginiň galan bölegini kim üzýär?

**Jogap.** Salgytlar boýunça býujetiň öňünde bergileri üzmäge «Çekiçli» hususy kärhanasynyň ýagdaýy bolmadyk ýagdaýynda, eger kanuna ýa-da esaslandyryjy resminamalara laýyklykda, ol salgyt borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekýän bolsa, berginiň galan bölegini

onuň esaslandyryjysy, ýagny Sapar Baýramdurdyýew üzmeli, («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyň 50-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Biziň mysalymyzda Sapar Baýramdurdyýewiň salgytlary tölemek boýunça borçnamalary 1 300 manat pul möçberi bilen çäklendirilýär.

**3-nji sorag.** «Çekiçli» hususy kärhanasyndan salgytlar boýunça býujetiň öňünde üzüljegine umyt bolmadyk bergiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär?

**Jogap.** «Çekiçli» hususy kärhanasyndan salgytlar boýunça býujetiň öňünde üzüljegine umyt bolmadyk bergiler, has takygy 58 171 manat, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär.

**4-nji sorag.** Işi ýatyrylýan «Çekiçli» hususy kärhananyň bergileri tölemek boýunça borçlary kärhananyň işini ýatyrmak başlanandan soň, näçe wagtyň dowamynda ýerine ýetirilýär?

**Jogap.** Işi ýatyrylan «Çekiçli» hususy kärhanasynyň bergileri tölemek boýunça borçlary kärhananyň işini ýatyrmak başlanandan soň iki aýdan gijä galman, ýagny 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabryna çenli ýerine ýetirilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 50-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

**5-nji sorag.** Ýeterlik esas bolanda salgyt gullugy «Çekiçli» hususy kärhanasynyň bergileri tölemek boýunça borçlaryny haýsy döwre çenli uzaldyp bilýär?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 50-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, ýeterlik esas bolanda, salgyt gullugy «Çekiçli» hususy kärhanasynyň bergileri tölemek boýunça borçlaryny bir aýdan köp bolmadyk möhlete, ýagny 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryna çenli uzaldyp bilýär.

**Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň işi üýtgedilip guralanda salgytlary tölemegiň tertibi.** Üýtgedilip guralmaga degişli salgyt töleýji – edara görnüşli taraplardan alynmaly salgytlary tölemek, onuň hukuk mirasdüşeriniň üstüne ýüklenýär. Şonuň bilen birlikde, şonuň ýaly edara görnüşli tarap üçin salgyt tölemek borçlary üýtgedilip gu-

ralýan edara görnüşli taraplaryň salgyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmändigine ýa-da doly ýerine ýetirilmändigine, üýtgedilip gurmaklyk tamamlanýança mälim bolandygyna ýa-da bolmandygyna garamazdan, onuň hukuk mirasdüşerlerinde ýüze çykýar. Salgyt töleýji – edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda, onuň birnäçe hukuk mirasdüşerleri bolanda, salgyt tölemek boýunça borçlary şeýle edara görnüşli tarap üçin her bir mirasdüşeriň paýy bölüniş balansyna ýa-da bölüniş baradaky başga bir ykrarhatyna laýyklykda kesgitlenilýär. Edara görnüşli tarapyň üýtgedilip guralmagy, şu edara görnüşli tarapyň hukuk mirasdüşeriniň salgyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirmeli möhletini üýtgetmeýär.

Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk–hukuk görnüşi üýtgedilende (hususylaşdyrmakdan başga ýagdaýlarda), şeýle üýtgedip guramak geçirilende döreýän edara görnüşli tarap onuň salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip hasap edilýär. Birnäçe edara görnüşli taraplar goşulanda, olaryň salgytlary tölemek boýunça mirasdüşeri – goşulma geçirilende döreýän edara görnüşli tarapdyr. Edara görnüşli tarapyň biri beýleki edara görnüşli tarapa goşulanda, olaryň salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri olaryň birikdirilen edara görnüşli tarapydyr. Edara görnüşli tarap bölünende, salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşerleri şeýle bölünme geçirilende döreýän edara görnüşli tarapdyr. Edara görnüşli tarapyň birinden bir ýa-da birnäçe edara görnüşli taraplar bölünip aýrylanda, şeýle edara görnüşli taraplar üçin salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşerleri döremeýär. Edara görnüşli taraplaryň düzüminden bölünip aýrylan taraplara salgyt ýeňillikleri hem berilmeýär. Şeýle üýtgedip guramagyň salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga gönükdirilendigi barada ýeterlik esas bolanda, salgyt gullugy bölünip aýrylan edara görnüşli tarapdan üýtgedilip guralan edaranyň salgytlaryny tölemegini talap edip bilýär.

**Mysal.** Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumatlaryna görä, 2011-nji ýylda Aşgabat şäheri boýunça birnäçe edara görnüşli taraplaryň işi üýtgedilip gurlupdyr, guramaçylyk hukuk görnüşleri üýtgedilipdir, birnäçe edara görnüşli taraplar

goşulypdyr, bir edara görnüşli tarap beýleki bir edara görnüşli tarapa goşulypdyr, edara görnüşli taraplar bölünipdir, edara görnüşli taraplaryň birinden bir ýa-da birnäçe edara görnüşli taraplar bölünip aýrylypdyr. Mysal üçin, Köpetdag etrabynyň çäginde ýerleşýän we Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabynda duran «H. Rahman Eksport Import Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti üýtgedilip gurlupdyr, onuň täze ady «Demenlenaere Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti, «Aziýa Ulaglary» hojalyk jemgyýeti öz guramaçylyk hukuk görnüşini üýtgedipdir we ol indi «Ýüpek ýol san gaz» hususy kärhanasy diýlip atlandyrylýar. «Real» hususy kärhanasy «Aen» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket we «Menzil» hususy kärhanasy bilen goşulyp, «Ak Ussa» bileleşik kärhanasyny döredipdirler. «Ýunus-Plastik» hojalyk jemgyýeti bölünip, onuň her bir esaslandyryjysy «Şäher» we «Bis-Ko» hususy kärhanalary döredipdirler, «Ak Umman» hojalyk jemgyýetiniň düzüminden «Daň», «Arslan» we «Kemally» hususy kärhanalary bölünip aýrylypdyrlar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýji – edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda salgytlary tölemegiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** «H. Rahman Eksport Import Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti üýtgedilip guralanda, salgytlary tölemek borjy kimiň üstüne ýüklenýär?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, salgyt tölemek borjy «Demenlenaere» hojalyk jemgyýetiniň üstüne ýüklenýär.

**2-nji sorag.** «Aziýa Ulaglary» hojalyk jemgyýeti öz guramaçylyk hukuk görnüşini üýtgedip, «Ýüpek ýol san gaz» hususy kärhanasy döredilende, salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip kim hasaplanýar?

**Jogap.** «Aziýa Ulaglary» hojalyk jemgyýetiniň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilende, salgytlary tölemek boýunça borçnamalaryny onuň hukuk mirasdüşeri «Ýüpek ýol san gaz» hususy kärhanasy ýerine ýetirmeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

**3-nji sorag.** «Real» hususy kärhanasy «Aen» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket we «Menzil» hususy kärhanasy bilen goşulanda we «Ak Ussa» bileleşik kärhanasy döredilende, salgyt tölemek boýunça olaryň hukuk mirasdüşeri kim hasaplanýar?

**Jogap.** «Real» hususy kärhanasy «Aen» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket we «Menzil» hususy kärhanasy bilen goşulanda, olaryň salgyt tölemek boýunça borçlaryny «Ak Ussa» bileleşik kärhanasy ýerine ýetirmeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

**4-nji sorag.** «Ýunus-Plastik» hojalyk jemgyýeti bölünip, onuň her bir esaslandyryjysy «Şäher» we «Bis-Ko» hususy kärhanalary döredenlerinde, salgyt tölemek boýunça olaryň hukuk mirasdüşerleri kim bolup durýar?

**Jogap.** «Ýunus-Plastik» hojalyk jemgyýeti bölünende, «Şäher» we «Bis-Ko» hususy kärhanalary salgyt tölemek boýunça onuň hukuk mirasdüşerleridirler («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

**5-nji sorag.** «Ak Umman» hojalyk jemgyýetiniň düzüminden «Daň», «Arslan» we «Kemally» hususy kärhanalary bölünip aýrylanda, salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşerlik ýüze çykýarmy?

**Jogap.** «Ak Umman» hojalyk jemgyýetiniň düzüminden «Daň», «Arslan» we «Kemally» hususy kärhanalary bölünip aýrylanda, salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşerlik ýüze çykmaýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 6-njy bölegi).

**6-njy sorag.** «Ak Umman» hojalyk jemgyýetiniň düzüminden bölünip aýrylan «Daň», «Arslan» we «Kemally» hususy kärhanalara salgyt ýeňilliklerini almak degişlimi?

**Jogap.** «Ak Umman» hojalyk jemgyýetiniň düzüminden bölünip aýrylan «Daň», «Arslan» we «Kemally» hususy kärhanalary salgyt ýeňilliklerini alyp bilmeýärler («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 51-nji maddasynyň 6-njy bölegi).

**Şahsy tarap merhum bolanda salgytlar boýunça bergileri tölemegiň tertibi.** Şahsy tarap merhum bolanda, onuň salgyt boýunça

bergileri emlägiň mirasdary bolan hukuk mirasdüşeriniň üstüne ýüklenýär. Tölenmedik salgydyň pul möçberi hukuk mirasdüşerleriniň miras paýlaryna görä, Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunyna laýyklykda, miras kabul edilen gününden başlap alty aýdan gijä galman tölenmäge degişlidir. Şonuň bilen birlikde, merhum bolan şahsy tarapyň tölenmedik maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek boýunça borçlary onuň hukuk mirasdüşerlerinde döremeýär. Bu bergi ygtybarsyz diýlip ykrar edilýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasy) bellenen tertipde hasapdan öçürilmäge degişlidir.

Merhum bolan şahsy tarapyň ýaşaýan we onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugy onuň merhum bolandygy barada habar alandan soň, bäş günüň dowamynda merhum bolan şahsy tarapyň salgyt boýunça bergisiniň bardygy hakynda iş açan kepillendiriş edarasyna habar bermelidir. Miras barada iş açan kepillendiriş edarasy görkezilen maglumaty mirasdaryň dykgatyna ýetirýär we ol mirası kabul eden ýagdaýynda, merhum bolan şahsy tarapyň salgydyň tölenmän galan pul möçberini onuň ýerine tölemek borçlaryny oňa habar berýär. Şahsy tarap merhum bolanda we mirasdar bolmadyk ýa-da mirasdar mirasy kabul etmekden boýun gaçyran ýagdaýynda, salgydyň tölenmedik pul möçberi üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip hasap edilýär we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasy) kesgitlenilen tertipde hasapdan öçürilýär.

**Mysal.** Hususy telekeçi – şahsy tarap A.Baýjanow 2011-nji ýylyň 2-nji awgustynda ýogalypdyr. 2011-nji ýylyň 1-nji ýarym ýyly üçin Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna onuň tabşyran salgyt beýannamasy boýunça 1 080 manat pul möçberinde goşmaça patent tölegi hasaplanylypdyr. Hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanow tarapyndan goşmaça patent tölegi tölenmän galypdyr. Hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanowyň hukuk mirasdüşeri onuň ogly S. Baýjanow. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, şahsy tarap merhum bolanda salgyt boýunça bergileri tölemegiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Merhum hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanowyň goşmaça patent tölegi boýunça 1 080 manat bergisini kim tölemeli we haýsy döwrüň dowamynda?

**Jogap.** Merhum hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanowyň goşmaça patent tölegi boýunça 1 080 manat bergisini onuň emläginiň mirasdary bolan hukuk mirasdüşeri S. Baýjanow miras kabul eden gününden başlap alty aýdan gijä galman tölemeli. Kazyýet tarapyndan çykarylan çözgüdiniň esasynda S. Baýjanowyň emlägi mirasdarlyga kabul eden güni 2011-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda güýje girýän bolsa, onda goşmaça patent tölegi boýunça 1 080 manat berginiň tölenmeli ahyrky möhleti 2012-nji ýylyň 10-njy apreli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 52-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

**2-nji sorag.** Merhum hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanowyň hukuk mirasdüşeri S. Baýjanow wagtynda tölenmedik salgytlar boýunça maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemelimi?

**Jogap.** Merhum hususy telekeçi-şahsy tarap A. Baýjanowyň hukuk mirasdüşeri S. Baýjanowda wagtynda tölenmedik salgytlar boýunça maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek boýunça borçlary ýüze çykmaýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 52-nji maddasynyň 1-nji bölegi). Maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler ygtybarsyz diýlip ykrar edilýär we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde öçürilmäge degişlidir.

**3-nji sorag.** Salgyt gullugy hususy telekeçi-şahsy tarap A. Baýjanowyň ýogalandygy hakynda habar alandan soň, onuň ýaşaýan we emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça salgytlar boýunça bergisiniň bardygyny haýsy wagtyň dowamynda we kime habar bermeli?

**Jogap.** Merhum bolan hususy telekeçi – şahsy tarap A. Baýjanowyň ýaşaýan we onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy onuň merhum bolandygy barada habar alandan soň, bäş günüň dowamynda merhum bolan hususy telekeçi-şahsy tarap A. Baýjanowyň salgyt boýunça bergisiniň bardygy hakynda onuň mirasy barada iş açan kepillendiriş

edarasyna habar bermelidir. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy hususy telekeçi-şahsy tarap A. Baýjanowyň merhum bolandygy hakyndaky maglumaty 2011-nji ýylyň 20-nji awgustynda alan bolsa, onda ol şol ýylyň awgust aýynyň 25-nden gijä galman, onuň salgyt boýunça bergisiniň bardygyny kepillendiriş edarasyna ýetirmelidir («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 52-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

**4-nji sorag.** Miras barada iş açan edara görkezilen maglumatlary kimiň dykgatyna we haýsy görnüşde ýetirmeli?

**Jogap.** Miras barada iş açan kepillendiriş edarasy Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugyndan alan maglumatyny mirasdar S. Baýjanowyň dykgatyna ýetirýär we miras kabul edilen ýagdaýynda, merhum bolan hususy telekeçi – şahsy tarap A.Baýjanowyň salgydyň tölenmän galan pul möçberini A.Baýjanowyň ýerine tölemek borçlaryny S.Baýjanowa habar berýär.

**Dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukuby bolmadyk şahsy tarapyň ýerine salgydy tölemegiň tertibi.** Kazyýet tarapyndan dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň ýerine (onuň şeýledigi ykrar edilen gününden) salgytlary, şeýle-de maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek borçlaryny şol emlägiň hasabyna dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly edilen tarap ýerine ýetirýär. Salgydyň tölenmedik pul möçberi, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bellenen gününden başlap üç aýdan gijä galman tölenýär.

Şahsy tarapyň dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen gününden başlap, degişli salgyt gullugy bäş gün möhletde onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen tarapa şol tarapyň salgyt boýunça bergileriniň, tölenmedik maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň bardygy hakynda habar berýär. Şahsy tarap dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen pursadyndan onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bel-

lenen gününe çenli hasaplanan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasy) kesgitlenilen tertipde hasapdan öçürilýär.

Kesgitlenilen tertipde dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň salgyt boýunça bergilerini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini üzmäge şol şahsy tarapyň emläginiň ýeterlik (ýok) bolmadyk ýagdaýynda, onuň salgyt borçlarynyň, tölenmeli maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň emlägiň bahasyndan artyk bölegi üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip hasap edilýär we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasy) göz öňünde tutulan tertipde hasapdan öçürilýär. Şahsy tarap dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlen çözgüdi ýatyrmak barada çözgüt bellenilen tertipde kabul edilende (eger-de hak isleginiň wagt möhleti geçmedik bolsa), şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap, salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça öň hasapdan öçürilen bergiler gaýtadan dikeldilýär.

**Mysal.** Hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedow hakynda kazyýet tarapyndan ol dereksiz ýok bolan diýlip karar çykarylýar. Onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarap hökmünde A. Orazsähedow bellenilýär. Hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýyly üçin tabşyran salgyt beýannamasy boýunça onuň goşmaça patent tölegi boýunça 17 450 manat we puşmana tölegleri boýunça 628 manat (17 450 manat x 120 gün x 0,03 % : 100 %) bergisi bar. Hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň miras galdyran emläginiň pul möçberiniň gymmady 15400 manat. Dereksiz ýok bolan hususy telekeçi-şahsy tarap D.Nursähedowyň ýerine salgyt tölemegiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Dereksiz ýok bolan hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergilerini kim we haýsy çeşmeleriň hasabyna tölemeli?

**Jogap.** Dereksiz ýok bolan hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýun-

ça bergilerini onuň emläginiň hasabyna şol emläge eýeçilik etmäge ygtyýarly edilen A. Orazsähedow tölemeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 53-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

**2-nji sorag.** Hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň ýerine salgydyň tölenmedik pul möçberini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly edilen A. Orazsähedow haýsy döwürden başlap we näçe wagtyň dowamynda tölemeli?

**Jogap.** Hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň ýerine salgydyň tölenmedik pul möçberini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly edilen A. Orazsähedow bellenen gününden başlap üç aýdan gijä galman tölemeli. Mysal üçin, eger-de A. Orazsähedow dereksiz ýok bolan hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň emlägine eýeçilik etmäge kazyýetiň çykaran çözgüdiniň esasynda 2011-nji ýylyň 1-nji noýabryndan ygtyýarly edilen bolsa, onda ol salgydyň tölenmedik pul möçberini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini 2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna çenli tölemeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 53-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

**3-nji sorag.** Degişli salgyt gullugy hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň dereksiz ýok bolandygy hakyndaky kazyýetiň çözgüt çykaran gününden başlap, onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen A. Orazsähedowa hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň salgyt boýunça bergileriniň bardygyny näçe günde habar bermeli?

**Jogap.** Hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň dereksiz ýok bolandygy hakyndaky kazyýetiň çözgüt çykaran gününden başlap bäş gün möhletde degişli salgyt gullugy onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen A. Orazsähedowyň dykgatyna tölenmedik salgydyň pul möçberini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini onuň tölemelidigini habar bermelidir. Biziň mysalymyzda şu habar 2011-nji ýylyň 5-nji noýabryna çenli A. Orazsähedowyň dykgatyna ýetirilmeli («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 53-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

**4-nji sorag.** Bellenilen tertipde dereksiz ýok bolan diýlip kazyýet tarapyndan ykrar edilen hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nur-

sähedowyň salgytlar boýunça bergilerini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini üzmäge hususy telekeçi – şahsy tarap D. Nursähedowyň emläginiň bahasy ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, onuň salgyt borçlarynyň, tölenmeli maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň görkezilen emläginiň bahasyndan artyk bölegi haýsy bergilere degişli edilýär we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär?

**Jogap.** Hususy telekeçi-şahsy tarap D. Nursähedowyň 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýyly üçin salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasyna laýyklykda, onuň goşmaça patent tölegi boýunça 17 450 manat we puşmana tölegleri boýunça 628 manat bergisi bar. Hususy telekeçi şahsy tarap D. Nursähedowyň emläginiň bahasy 15 400 manat. Diýmek, 2 678 manat (17 450 manat + 628 manat – 15400 manat) üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip hasap edilýär we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär.

### 3.4.11. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň, hasapdan öçürmegiň möhletleriniň üýtgedilmegi

Salgydy, maliýe jerimelerini, puşmana töleglerini tölemegiň kesgitlenilen möhletiniň has giç möhlete geçirilmegi, olaryň tölenmeli möhletiniň üýtgedilmegi diýlip hasap edilýär. Salgydy, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek, salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmäge degişli pul möçberleriniň ählisini ýa-da olaryň bir bölegini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek, ýa-da tölegleri möhletlere bölüp üzmek, ýa-da olaryň bir bölegini berginiň pul möçberine degişlilikde bir wagtda, ýa-da tapgyrlara bölüp tölemek görnüşinde amala aşyrylýar. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek baradaky çözgütler 19-njy şekilde beýan edilen görnüşlerde kabul edilýär.

*19-njy şekil*

**Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek barada kabul edilýän çözgütleriň görnüşleri**




Salgyt töleýjä salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürip ýa-da möhletlere bölüp tölemäge aşakdaky ýagdaýlarda mümkinçilik berilmeýär:

– Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly jenaýat alamatlary boýunça onuň garşysyna jenaýat işi gozgalanda;
– ol pul serişdelerini ýa-da salgyt salynmaga degişli gaýry emlägini gizlemek üçin şol üýtgetmelerden peýdalanmakçy ýa-da hemişelik ýaşamak üçin ol Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gitmekçi bolýandygy barada pikir ýöretmäge ýeterlik esas bolanda.

Salgyt töleýji tarapyndan salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmegiň ýa-da möh-

letlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermegiň şertleriniň bozulýan ýagdaýlaryndan başga halatlarda, tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da onuň möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň pul möçberine möhletiň yza süýşürilmeginiň ýa-da böleklere bölüp tölemek mümkinçiliginiň güýjüniň hereket edýän döwründe puşmana tölegleri hasaplanyp ýazylmaýar. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek baradaky esaslar beýan edilen we zerur resminamalar goşulan salgyt töleýjiniň arzasy şeýle çözgüt kabul etmäge ygtyýarly edaralara tabşyrylýar.

Salgyt töleýjä salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmeli möhletni yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhlete bölüp tölemäge esaslar 20-nji şekilde beýan edilýär. 20-nji şekiliň 3–6-njy belgili dörtburçluklarynda görkezilen esaslar boýunça salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek, salgyt töleýjiniň emlägini girewine goýmak ýa-da tölegleri tölemäge ukyply tarapyň kepil geçmegi bilen berlip bilner.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da möhletleri bölüp tölemek ýa-da ondan boýun gaçyrmak baradaky çözgüt, salgyt töleýjiniň arzasy alnan gününden başlap, bäş günüň dowamynda ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilýär. 20-nji şekiliň 2-nji belgili dörtburçlugynda görkezilen esaslar boýunça salgyt töleýjä ýetirilen zyýanyň möçberinden artyk bolmadyk pul möçberde oňa salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermekden ygtyýarly edaranyň boýun gaçyrmaga haky ýok. Möhleti yza süýşürmek ýa-da möhletleri bölüp tölemek hakyndaky çözgütde, tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň görnüşleri we olaryň pul möçberleri, olary tölemegiň möhletleri we tertibi, şeýle-de degişli ýagdaýlarda girew goýlan emläk ýa-da kepil geçmek baradaky maglumatlar beýan edilýär.

*20-nji şekil*

**Salgyt töleýjä salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmeli möhletlerini yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge esaslar**




Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermezlik baradaky çözgütde onuň sebäpleri we esaslary beýan edilýär. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek ýa-da bermezlik hakyndaky çözgüt Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä we onuň salgyt hasabynda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna

*21-nji şekil*

**Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmäge degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagynyň esaslary**

**Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmäge degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagynyň esaslary**
**1**

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagy ýa-da şu şekiliň 3-nji we 5-nji dörtburçlyklarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, şeýle möhletiň tamamlanmagyna çenli möhletinden öň bes edilýär
2

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi salgyt töleýji tarapyndan ähli bergiler kesgitlenilen möhlet tamamlanýança üzülen ýagdaýynda möhletinden öň bes edilýär
3

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi bermek baradaky çözgüt salgyt töleýjä garşy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly jenaýat alamatlary boýunça iş gozgalanda ýa-da salgyt töleýji pul serişdelerini ýa-da salgyt salynmaga degişli gaýry emlägini gizlemek üçin peýdalananda ýa-da hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gitmekçi bolýandygy barada pikir ýöretmäge esaslar bolanda ýatyrmaga degişlidir
4

Salgyt töleýji tarapyndan salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermegiň şertleri bozulanda, degişli ygtyýarly edaranyň çözgüdi bilen onuň güýji möhletinden öň bes edilýär
5

şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap, üç günüň dowamynda iberilýär.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmäge degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagynyň esaslary 21-nji şekilde görkezilendir. 21-nji şekilde beýan edilen ýagdaýlarda, salgyt töleýji degişli çözgüdi alan gününden soň gelýän bäş günüň dowamynda, çözgüdiň kabul edilen gününe çenli salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmedik pul möçberini tölemelidir. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek hakyndaky çözgüt ygtyýarly edaralar tarapyndan salgyt töleýjä, onuň salgyt hasabynda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda ýazmaça görnüşde ýetirilýär.

Salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilende, onda ol Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilýär. Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler 22-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarynda üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilýär.

Berginiň üzüljegine umyt ýok diýlip ykrar edilmegi, barlagyň ykrarhaty (hak islegiň wagt möhletleri tamamlanan halatyndan başga ýagdaýlarda), degişli ýagdaýlarda bolsa, kazyýetiň çözgüdi bilen tassyklanylýar. Salgyt töleýjileri we salgyt ýumuşçylaryny salgyt gullugy barlaýar. Şahsy taraplary barlamak, güwäleriň ikisiniň gatnaşmagynda geçirilýär. Barlagy geçirmegiň tertibini Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tassyklaýar. Hususylaşdyrylýan kärhananyň salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hususylaşdyrmak baradaky degişli çözgüt alnandan soň, salgyt gullugy tarapyndan hasapdan öçürilýär. Aýry-aýry ýagdaýlarda salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler, Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi esasynda hasapdan öçürilýär.

*22-nji şekil*

**Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileriň üzüljegine umyt ýok ýagdaýlar**




## 3.5.12. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler

Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler 23-nji şekilde görkezilýär. 23-nji şekilde görkezilen çäreler (puşmana töleglerden başga) maliýe jerimelerini we hasaplanyp ýazylan puşmana töleglerini üpjün etmekde hem ulanyp biliner.

**Bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny tabşyrmak.** Salgydyň tölenmeli pul möçberi kesgitlenilen möhletde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan tölenmedik ýagdaýynda, salgyt gullugy bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny tabşyrmak arkaly salgydyň tutulyp alynmagyny amala aşyrýar. Töleg talapnamasy salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň kesgitlenilen möh-

*23-nji şekil*

**Salgyt töleýjilere salgytlary töletdirmek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin salgyt gullugy tarapyndan amal edilýän çäreler**




leti tamamlanandan soň, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplary açylan bank edarasyna tabşyrylýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) karz pul we býujet hasaplaryndan başga, töleg talapnamasy salgyt gullugy tarapyndan milli we daşary ýurt pulundaky islendik hasabyna berlip biliner.

**Mysal.** «Pälwan» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamany kesgitlenilen möhletde, ýagny şol ýylyň 20-nji iýunynda salgyt hasabynda duran Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyrypdyr. Salgyt beýannamasyna laýyklykda, «Pälwan» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça 2012-nji ýylyň 25-nji iýunyna çenli 3 002 manat töleg töle-

meli. 2012-nji ýylyň 25-nji iýuny ýekşenbe gününe düşýär. Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy salgyt töleýji tarapyndan salgydyň tölenilmegini doly we öz wagtynda üpjün etmek maksady bilen, 2012-nji ýylyň 26-njy iýunynda (duşenbe) banka akseptsiz töleg talapnamasyny tabşyrýar. Salgyt gullugy tarapyndan bank edarasyna töleg talapnamasynyň tabşyrylyşynyň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň «Pälwan» hojalyk jemgyýeti baradaky hereketleri dogrumy?

**Jogap.** Eger salgydyň tölenmeli möhleti iş däl gününe (şenbe, ýekşenbe) düşýän bolsa, onda salgydyň tölenmeli möhleti iş däl gününden soňky gelýän birinji iş gününe geçirilýär. Şol sebäpli, Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň «Pälwan» hojalyk jemgyýeti baradaky hereketleri nädogry diýlip hasap edilýär. Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy akseptsiz töleg talapnamasyny 2012-nji ýylyň 27-nji iýunynda bank edarasyna tabşyrmaly.

**2-nji sorag.** Akseptsiz töleg talapnamasy haýsy banka tabşyrylýar?

**Jogap.** Salgyt gullugy tarapyndan töleg talapnamasy salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň kesgitlenilen möhleti tamamlanandan soň, «Pälwan» hojalyk jemgyýetiniň hasaplary açylan bank edarasyna tabşyrylýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasynyň 1-nji bölegi).

**3-nji sorag.** Salgyt gullugy tarapyndan akseptsiz töleg talapnamasy salgyt töleýjiniň bankdaky haýsy hasaplaryna berlip biliner?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, salgyt gullugy tarapyndan akseptsiz töleg talapnamasy «Pälwan» hojalyk jemgyýetiniň karz hasabyndan başga, milli we daşary ýurt pulundaky islendik hasabyna berlip biliner.

**Emlägi girewe goýmak.** Salgyt borçlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäre hökmünde emlägi girewe goýmak, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ulanylýar.

Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden harytlaryň geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda olaryň tölenmegini üpjün edýän çäre hökmünde emlägi girew goýmak, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

Emlägi girew goýmak, girew goýujy bilen girew saklaýjy bolup çykyş edýän salgyt gullugynyň ýa-da gümrük gullugynyň arasynda baglaşylýan ylalaşyk esasynda resmileşdirilýär. Salgyt töleýjiniň özi we üçünji tarap girew goýjy bolup bilýär. Emlägi girew goýmagyň hasabyna salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegi, girew goýmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen tertipde amala aşyrylýar. Girew goýlan zat bilan baglanyşykly geleşigi geçirmek, şol sanda girew goýjy tarapyndan bergini ýapmak maksady bilen geleşikleri geçirmek, diňe girew saklaýjy bilen ylalaşyp amala aşyrylýar.

**Mysal.** «Patma» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýyly üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyran beýannamasynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmeli salgydyň pul möçberi 9 162 manat. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasy «Patma» hojalyk jemgyýetiniň salgyt hasabyna alnan ýeri boýunça Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna 2011-nji hasabat ýylyndan soňky gelýän 2012-nji ýylyň 1-nji fewralynda tabşyrylypdyr. Salgyt 2012-nji ýylyň 5-nji fewralyna çenli tölenmeli. Ýöne, «Patma» hojalyk jemgyýetiniň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, kärhana býujete tölenmeli edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy wagtynda töläp bilmändir. Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň salgydyň wagtynda tölenmegini talap etmegi bilen, girew goýujy («Patma» hojalyk jemgyýeti) bilen girew saklaýjy bolup çykyş edýän Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň arasynda girew şertnamasy baglaşylypdyr. Girew şertnamasyna

laýyklykda «Patma» hojalyk jemgyýeti bahasy 36 000 manat bolan «Awalon» awtoulagy girewe goýýar. «Patma» hojalyk jemgyýetiniň mysalynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgytlar boýunça borçnamalar ýerine ýetirilende emlägi girew goýmaklygyň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Girew goýjy bolup üçünji tarap çykyş edip bilýärmi?

**Jogap.** Girew goýjy bolup üçünji tarap çykyş edip bilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 60-njy maddasynyň 2-nji bölegi)

**2-nji sorag.** «Patma» hojalyk jemgyýeti tarapyndan girewe goýlan «Awalon» awtoulag bilen baglanyşykly haýsy hem bolsa bir geleşigi geçirmek, şol sanda girew goýjy «Patma» hojalyk jemgyýeti tarapyndan bergini ýapmak maksady bilen, geleşikleri geçirmek üçin kim bilen ylalaşyp «Patma» hojalyk jemgyýeti bu geleşigi geçirip bilýär?

**Jogap.** «Patma» hojalyk jemgyýeti tarapyndan girew goýlan «Awalon» awtoulag bilen baglanyşykly geleşigi geçirmek, şol sanda «Patma» hojalyk jemgyýeti tarapyndan salgytlar boýunça bergini ýapmak maksady bilen geleşikleri geçirmek, girew saklaýjy Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy bilen ylalaşylyp amala aşyrylýar. («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 60-njy maddasynyň 4-nji bölegi)

**Kepil geçmeklik.** Kepil geçmeklik Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden harytlaryň geçirilmegi bilen baglanyşykly salgydy tölemegi üpjün etmek babatynda bolsa, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen ulanylyp biliner. Kepil geçmeklik Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgyt gullugy ýa-da gümrük gullugy bilen kepil geçijiniň arasyndaky ylalaşyk esasynda resmileşdirilýär. Salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, onda kepil geçilendigi üçin salgydyň tölenmeli degişli pul möçberini kesgitlenilen wagtda tölemek borjy salgyt töleýjiniň ýerine kepil geçiji tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**Mysal.** Hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatowyň Türkmenistanyň gümrük serhedine getiren temmäki önümleri boýunça gümrük guramasy 9156 manat goşmaça tölegleri (aksizleri) hasaplap çykarypdyr. Ýöne, hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatowyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, ol kepil geçiji tarap hökmünde çykyş etjek we goşmaça tölegiň 9156 manat pul möçberini töläp biljek «Ýedi hazyna» hususy kärhanasyndan razyçylyk hatyny gümrük guramasyna getiripdir. Gümrük guramasy bilen «Ýedi hazyna» hususy kärhanasynyň arasynda baglaşylan kepil geçmek hakyndaky şertnamada hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatow 15 günüň dowamynda 9156 manat goşmaça tölegleri tölär diýlip kepil geçilýär we eger ol bu pul möçberi töläp bilmedik ýagdaýynda, onda onuň ýerine bu pul möçberini «Ýedi hazyna» kärhananyň özüniň töle-jekdigi kesgitlenilýär.Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, eger-de salgyt töleýji (bu ýerde hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatow) salgyt tölemek boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, onda kepil geçilendigi üçin salgydyň tölenmeli degişli pul möçberini kesgitlenilen wagtda kim tölemeli?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 61-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatowyň salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, onda kepil geçilendigi üçin, salgydyň tölenmeli degişli pul möçberini bellenen wagtda tölemek borjy hususy telekeçi-şahsy tarap S. Baýatowyň ýerine kepil geçiji «Ýedi hazyna» hususy kärhanasy ýerine ýetirmeli.

**Bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak. Bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplarynda bar bolan ýa-da şol hasaplara gelip gowuşýan pul serişdelerinden peýdalanmak hukugyny, şeýle-de şol ýa-da beýleki bank edarasynda täze hasaplary açmak hukugyny çäklendirýän çäredir.** Bank edarasyndaky hasaplar boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt şu aşakdaky ýagdaýlarda kabul edilýär:

– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe hasabatynyň we salgyt beýannamalarynyň berilmeli möhleti tamamlanandan soň on günüň dowamynda olar tabşyrylmasa, şeýle-de olary tabşyrmakdan boýun gaçyrlanda;
– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt gullugynyň işgärlerine garşylyk görkezilende, şeýle-de resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin zerur bolan resminamalar berilmese.

Bank edarasyndaky hasaplar boýunça geçirilýän amallary togtatmak baradaky çözgüt, kabul edilen çözgüt hakynda salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) habarly etmek bilen bir wagtda iberilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplary boýunça geçirilýän amallary togtatmak, bank edarasy tarapyndan salgyt gullugynyň çözgüdi alnan pursadyndan gürrüňsiz ýerine ýetirilýär we şol çözgüt ýatyrylýança ýa-da şol çözgütde görkezilen talaplar doly möçberde ýerine ýetirilýänçä, onuň güýji saklanyp galýar.

**Mysal.** «AKS» hususy kärhanasy 2011-nji ýyl üçin maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny 2011-nji hasabat ýylyndan soňky gelýän 2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna çenli tabşyrmaly. Ýöne, «AKS» hususy kärhanasy maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny şol ýylyň 13-nji fewralyna çenli tabşyrmaýar (11,12-si şenbe we ýekşenbe günleri). «AKS» hususy kärhanasynyň salgyt hasabyna duran ýeri boýunça Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «AKS» hususy kärhanasynyň bankdaky hasaplarynda bar bolan ýa-da şol hasaplara gelip gowuşýan pul serişdelerini ulanmak hukugyny, şeýle-de şol ýa-da beýleki banklarda täze hasap açmak hukugyny çäklendirýän çäreleri ulanmaga mejbur bolýar. «AKS» hususy kärhanasynyň mysalynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda, bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmagyň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** «AKS» hususy kärhanasynyň bankdaky hasaplary boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan haýsy ýagdaýlarda kabul edilýär?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysy «AKS» hususy kärhanasynyň bankdaky hasaplary boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüdi iki ýagdaýda kabul edýär:

**birinjiden,** «AKS» hususy kärhanasy tabşyrmaly maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny kesgitlenilen möhletden on gün gijä galyp tabşyran ýagdaýynda. Biziň mysalymyzda «AKS» hususy kärhanasy maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny 2012-nji ýylyň 10-njy fewralyna (anna güni) çenli tabşyrmaly, emma ol şol ýylyň 13-nji fewralynda tabşyrypdyr. Şol sebäpli, Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hereketleri kanuna laýyk diýlip hasap edilýär;

**ikinjiden,** «AKS» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary ýa-da beýleki işgärleri we gullukçylary resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmäge garşylyk görkezenlerinde, şeýle-de resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin zerur bolan resminamalary bermedik ýagdaýynda.

**2-nji sorag.** «AKS» hususy kärhanasynyň bankdaky hasaplary boýunça işleriň geçirilmegini togtatmak haýsy pursatdan başlap gürrüňsiz ýerine ýetirilmäge degişlidir we haýsy pursada çenli salgyt gullugynyň çözgüdiniň güýji bar?

**Jogap.** «AKS» hususy kärhanasynyň bankdaky hasaplary boýunça işleriň geçirilmegini togtatmak, Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi alnan pursadyndan başlap, bank edarasy tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir we şol çözgüt ýatyrylýança ýa-da çözgütde görkezilen talaplar doly möçberde ýerine ýetirilýänçä onuň güýji saklanýar.

**3-nji sorag.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynda görkezilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine bankdaky hasaplar boýunça amallary togtatmak degişli däl?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 44-nji maddasynda görkezilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine we Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenilmegine «Salgytlar hakynda»

Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasynda beýan edilen çäklendirmeler degişli däl.

**Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan tutup almak.** Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary, edara görnüşli taraplar ýa-da hususy telekeçiler bolup durýan üçünji taraplara salgyt gullugynyň salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmäge hukugy bar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarapa salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirende, salgyt gullugy oňa salgyt habarnamasyny iberýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarap görkezilen resminamalary alan gününiň ertesi, salgyt habarnamasynda görkezilen pul möçberiniň çäklerinde salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek barada bank edarasyna töleg tabşyrygyny tabşyrýar. Üçünji tarap salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisiniň ýoklugy barada bäş günüň dowamynda esaslandyrylýan ýazmaça tassyknamany salgyt gullugyna getiren ýagdaýynda, salgyt töleýji salgydy tölemekden boşadylýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarap ýokarda görkezilen talaplary ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, salgyt gullugy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasy) laýyklykda, üçünji tarapyň hasap açan bank edarasyna şu bergidaryň salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisinden geçmeýän pul möçberinde akseptsiz töleg talapnamasyny tabşyrýar.

**Mysal.** «Danat» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça 2011-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda tabşyran salgyt beýannamasy boýunça onuň býujete tölemeli salgydynyň pul möçberi 10 261 manat. Goşulan baha üçin salgydyň tölenmeli möhleti 2011-nji ýylyn 25-nji oktýabry. Bankdaky hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, «Danat» hojalyk jemgyýeti salgytlar boýunça bergileriň üstüni ýapmak maksady bilen, Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna özüne bergidar (debitor) taraplaryň sanawyny berýär.

Bergidarlaryň (debitorlaryň) «Danat» hojalyk jemgyýetine bar bolan bergileriniň pul möçberi 8 774 manat, şol sanda «Parahat-Nazar» hususy kärhanasynyň bergisi 7 000 manat we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakowyň bergisi 1 774 manat. «Danat» hojalyk jemgyýetiniň mysalynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda, salgyt töleýjä degişli pul möçberini salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan tutup almagyň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidarlary bolan üçünji taraplara, ýagny biziň mysalymyzda, «Parahat-Nazar» hususy kärhanasyna we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakowa salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirende, olara haýsy resminamany iberýär?

**Jogap.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidary bolan üçünji taraplara, ýagny «Parahat-Nazar» hususy kärhanasyna we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakowa salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirende, olara salgyt habarnamasyny iberýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 63-nji maddasynyň 2-nji bölegi)

**2-nji sorag.** «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidary bolan «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakow salgyt habarnamasyny alan pursadyndan başlap, haýsy möhletde banka bu resminamada görkezilen pul möçberiniň çäklerinde, «Danat» hojalyk jemgyýetine degişli pul möçberini býujete geçirmek hakynda töleg tabşyrygyny bermeli?

**Jogap.** «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidary bolan «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakow salgyt habarnamasyny alan gününiň etresi gününden gijä galman, bank edarasyna salgyt habarnamasynda görkezilen pul möçberiniň çäklerinde, ýagny «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy 7 000 manat we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakow 1 774 manat möçberinde «Danat» hojalyk jemgyýetine degişli puly býujete geçir-

mek barada töleg tabşyrygyny tabşyrmalydyrlar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 63-nji maddasynyň 2-nji bölegi)

**3-nji sorag.** Haýsy ýagdaýda «Parahat-Nazar» hususy kärhanasynyň we hususy telekeçi-şahsy tarap G. Borjakowyň tölegleri geçirmezlige haklary bar?

**Jogap.** «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy we hususy telekeçi – şahsy tarap G.Borjakow «Danat» hojalyk jemgyýetine bergileriniň ýokdugy barada bäş günüň dowamynda salgyt gullugyna esaslandyrylan ýazmaça tassyknama getiren ýagdaýlarynda, olaryň töleg geçirmezlige haky bar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 63-nji maddasynyň 2-nji bölegi)

**4-nji sorag.** «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidary bolan «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy we hususy telekeçi – şahsy tarap G. Borjakow Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy olara garşy haýsy hereketleri amal edýär?

**Jogap.** «Danat» hojalyk jemgyýetiniň bergidarlary bolan «Parahat-Nazar» hususy kärhanasy we hususy telekeçi – şahsy tarap G. Borjakow Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmedik ýagdaýlarynda, Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasyna laýyklykda, «Parahat-Nazar» hususy kärhanasynyň we hususy telekeçi – şahsy tarap G. Borjakowyň hasap açan bank edarasyna bergidarlaryň «Danat» hojalyk jemgyýetine bergisinden geçmeýän pul möçberinde akseptsiz töleg talapnamasyny tabşyrýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 63-nji maddasynyň 3-nji bölegi)

**Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek, onuň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek.** Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt tölemek boýunça borjy kesgitlenilen möhletde ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda, şol sanda salgyt gullugynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy, 62-nji we 63-nji

maddalary) göz öňünde tutulan çäreler ulanandan soň pul serişdeleri ýetmedik ýagdaýynda ulanylýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek üçin salgyt gullugy:

– şol döwürde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň kimde saklanýandygyna garamazdan, onuň emlägine ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karar kabul edýär;
– salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmek üçin niýetlenilen emlägiň sanaw ýazgysyny geçirýär;
– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şahsy tarapyň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek hakynda kazyýete talap arzasyny resmileşdirýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) edara görnüşli tarapyň emläginiň hasabyna salgydyň jedelleşilmeýän pul möçberini töletdirmek, salgyt gullugy tarapyndan kazyýete talap arzasyny resmileşdirmän, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda ony elden almak we ýerleşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Salgyt töleýjiniň elinden emläginiň alynmagy we ony ýerleşdirmek üçin geçirilmegi ykrarhaty esasynda resmileşdirilýär we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karar çykarylandan soň 15 günden gijä galman amala aşyrylýar. Býujet guramalarynyň emläginiň hasabyna, şeýle-de girewde duran emlägiň hasabyna salgyt töletdirilmeýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň (şol wagtda emlägiň kimde saklanýandygyna garamazdan) hasabyna salgydy töletdirmek üçin, salgyt gullugy salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edip bilýär. Salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek baradaky salgyt gullugynyň karary, salgyt tölemek üçin kesgitlenilen günden başlap bir aýyň dowamynda çykarylýar we bu karar 24-nji şekilde beýan edilen maglumatlary öz içine alýar.

Karara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) gol çekýär we möhür bilen tassyklaýar. Salgyt gullugynyň çykarýan kararynda emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmegiň yzygiderligi 25-nji şekilde şekillendirilýär.

Ylalaşygyň möhleti tamamlanýança, ylalaşyk boýunça lizinge berlen emläge ygtyýar etmek gadagan edilmeýär. Salgyt gullugy

*24-nji şekil*

**Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky kararynda görkezilýän maglumatlar**




kazyýete talap arzasyny berýänçä salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirende, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary kabul eden salgyt gullugynyň wezipeli adamlary bu karary ýatyrýarlar.

**Emlägiň sanaw ýazgysy, onuň geçirilendigi baradaky ykrarhatynyň mazmuny we sanaw ýazgysy geçirilen emlägi saklamak.** Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakynda karar çykarylandan soň, salgyt gullugy haýal etmän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) töletdirmeli

*25-nji şekil*

**Salgyt gullugynyň çykarýan kararynda emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmegiň yzygiderliligi**




emläginiň ýazgysyny geçirmäge girişýär. Salgydy tölemek, zerur ýagdaýlarda bolsa, emlägi saklamak we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylaryň üstüni ýapmak üçin gerek bolan mukdardaky emlägiň ýazgysy geçirilmäge degişlidir. Emlägiň sanaw ýazgysyny salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäri geçirýär. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmäge hukugyny gadagan edýän salgyt gullugynyň kararynyň bir nusgasyny we özüniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (talapnamany) salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da onuň wekiline gowşurýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň sanaw ýazgysy olaryň gatnaşmagynda, salgyt töleýji – edara görnüşli taraplara degişlilikde bolsa, salgyt beýannamasyny dogry düzmäge jogapkär, şeýle-de maddy jogapkär adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

Salgyt töleýjiniň salgyt töletdirilýän emläginiň sanawy ykrarhaty bilen resmileşdirilýär. Salgyt töleýjide salgyt töletdirilip bilinjek emläk bolmadyk ýagdaýynda hem ykrarhaty düzülýär.

Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, salgydyň hasabyna alynýan emläge deslapky baha kesilýär. Emlägiň bahalanmasy emlägiň könelmegini hasaba almak bilen, hakyky bazar bahasy boýunça kesgitlenilýär. Sanaw ýazgysy geçirilýän emläge baha kesmek üçin, salgyt gullugy bu işe bilermenleri çekip bilýär. Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugynyň işgärine ilkinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukugy bardyr. Eger salgyt töleýjiniň haýyşy salgydyň tölenmedik pul möçberini tölemäge päsgelçilik döretmeýän bolsa, onda salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň haýyşyny kanagatlandyrmaga borçludyr. Salgyt gullugynyň işgäri sanaw ýazgysy geçirilen emlägi möhürläp bilýär.

**Mysal.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň salgytlar boýunça döwlet býujetine 5 156 manat bergisi bar. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emlägine eýeçilik etmek hukugyny gadagan etmek hakynda karar çykarypdyr. Karar 2012-nji ýylyň 12-nji aprelinde çykarlypdyr. «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emlägine sanaw ýazgysy geçirilende, Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy 240 manat harajat edipdir (emlägi saklamak we ýerleşdirmek üçin). Sanaw geçirilen emlägiň mukdarynyň bahasy 5 396 manat. Emlägiň sanaw ýazgysyny Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew geçiripdir. Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, onuň ýolbaşçysyna özüniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminama görkezipdir. «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň geçirilen sanaw ýazgysy boýunça Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew ykrarhaty ýazypdyr. «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň mysalynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň kadalaryna

laýyklykda emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilmeginiň tertibini sorag-jogap arkaly beýan edeliň.

**1-nji sorag.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emlägine eýeçilik etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karary çykarandan soň, töletdirmeli emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmäge haçan girişmeli?

**Jogap.** Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emlägine eýeçilik etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karary 2012-nji ýylyň 12-nji aprelinde çykarypdyr we hut şol günden başlap salgyt gullugy «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysyna girişmeli. («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 1-nji bölegi).

**2-nji sorag.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysy haýsy mukdardaky emläge geçirilýär?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysy salgydy tölemek, emlägi saklamak we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylaryň üstüni ýapmak üçin gerek bolan mukdardaky emläge geçirýär. Biziň mysalymyzda sanaw geçirilen emlägiň bahasy 5 396 manat. Sanaw geçirilen emlägiň mukdary salgydy tölemek (5 156 manat), emlägi saklamak we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň çykdajylarynyň (240 manat) üstüni ýapmak üçin hem ýeterlikli.

**3-nji sorag.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysyny kim geçirmeli?

**Jogap.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysyny salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäri geçirmeli, biziň mysalymyzda Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

**4-nji sorag.** Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgäri H. Baýryýew «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň

emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, onuň ýolbaşçysyna ýa-da ygtyýarly wekiline haýsy resminamalary gowşurmaly?

**Jogap.** Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, salgyt gullugynyň emläge ygtyýar etmäge gadagan edýän kararynyň bir nusgasyny we özüniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (talapnamany) hususy kärhananyň ýolbaşçysyna ýa-da onuň wekiline gowşurmaly («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 3-nji bölegi).

**5-nji sorag.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysy kimiň gatnaşmagynda geçirilýär?

**Jogap.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň sanaw ýazgysy salgyt beýannamasyny dogry düzmäge jogapkär, şeýle-de maddy jogapkär adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 4-nji bölegi).

**6-njy sorag.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň salgyt töletdirilýän emläginiň sanaw ýazgysy haýsy resminama bilen resmileşdirilýär?

**Jogap.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň salgyt töletdirilýän emläginiň sanaw ýazgysy Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýewiň ýazan ykrarhaty bilen resmileşdirilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 4-nji bölegi).

**7-nji sorag.** Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, salgydyň hasabyna ýazylan emlägiň deslapky bahasy haýsy bahalardan ugur alnyp we nämäni hasaba almak bilen kesilýär?

**Jogap.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň emläginiň sanaw ýazgysy geçirilende, salgydyň hasabyna ýazylýan emlägiň deslapky bahasy emlägiň könelmegini hasaba almak bilen, hakyky bazar bahasyndan ugur alnyp kesilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 5-nji bölegi).

**8-nji sorag.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynda geçirilýän emläge baha kesmek üçin, Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy bu işe kimi çekip bilýär?

**Jogap.** «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynda sanaw ýazgysy geçirilýän emläge baha kesmek üçin, Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy bu işe bilermeni çekip bilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 5-nji bölegi).

**9-njy sorag.** Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň kanuny wekili Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärine ilkinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukugy barmy?

**Jogap.** Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, «Garagumuň gülleri» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň kanuny wekili Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärine ilkinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukugy bar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 6-njy bölegi).

**10-njy sorag.** Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew sanaw ýazgysy geçirilen emlägi möhürläp bilýärmi?

**Jogap.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynyň 7-nji bölegine laýyklykda, Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory H. Baýryýew sanaw ýagysy geçirilen emlägi möhürläp bilýär.

Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar 26-njy şekilde görkezilendir. Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhatyna salgyt gullugynyň işgäri, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) we emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende oňa gatnaşýan beýleki adamlar gol çekýärler. Ykrarhatynyň nusgalary gyzyklanýan taraplaryň ählisine iberilýär.

Salgyt gullugynyň wezipeli işgäri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt tölegi alynýan sanaw ýazgysy geçirilen emlägi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da beýleki bir tarapa gol çekdirilip, emlägi saklamaga tabşyrýar. Salgyt töleýjä salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky

*26-njy şekil*

**Salgydy töletdirmegiň hasabyna alnyýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky döwlet salgyt gullugynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar**



ykrarhatynyň nusgasy berilýär. Salgydyň hasabyna alynýan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli bolan nagt pul serişdeleri, şol sanda daşary ýurt pullary, gymmat bahaly kagyzlar, gymmat bahaly metallaryň guýmasy, çägeli çökündileri, tebigy tokgasy, olaryň ýarym taýýarlananlary hem-de önümçilik we tejribe maksatly önümleri, almazlar, şeýle-de altyndan, kümüşden we platinadan we platina toparyna degişli metallardan, gymmat bahaly daşlardan, dürden taýýarlanan zergärçilik we durmuşda ulanylýan beýleki önümler hem-de olaryň galyndylary bank edarasyna saklanmaga tabşyrylýar.

Salgyt gullugynyň rugsady bolmasa, ýazylan emlägi saklaýjy bolup çykyş edýän tarap şeýle emläk babatynda hiç bir iş geçirip bilmeýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özünden başga emlägi saklaýan tarapa emlägi saklamak üçin onuň amal eden hakyky çykdajylarynyň üstüni ýapmak we şeýle tarapyň girdeji almagyny üpjün etmek maksady bilen, oňa hak tölenýär. Şol pul möçberiniň öwezi salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) satylan emläginden alnan serişdeleriň hasabyna dolunýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, saklamaga berlen emlägiň ýitirilendigi, ýetmeýändigi ýa-da zyýan ýetirilendigi üçin emläk saklaýjy jogapkärçilik çekýär. Salgyt tölegi töledilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägi eýeçiliginde bar bolan tarap, salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäriniň talap etmegi bilen emlägi salgyt gullugyna tabşyrmalydyr. Bu talap ýerine ýetirilende, şeýle tarap saklamaga berlen emlägiň bahalarynyň möçberinde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) öňündäki ähli borçlardan boşadylýar.

**Emlägiň hasabyna salgyt töletdirmek barada kazyýete talap arzasyny bermek we emlägi ýerleşdirmegiň tertibi.** Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt tölegini almak hakyndaky talap arzasy salgyt gullugy tarapyndan kazyýete berilýär. Talap arzasyny bermegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek baradaky talap arzasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hugugyny gadagan edýän karar kabul edilenden soň alty aýyň dowamynda kazyýe-

te berlip bilinýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töleginiň alnandygy baradaky talap arzasynyň ýany bilen salgyt gullugynyň salgyt töledilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary, töletdirilýän emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhaty we talap arzasyna seretmek üçin talap edilýän beýleki resminamalar goşulýar. Emlägiň ýerleşdirilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň ýa-da döwlet bölek satuw kärhanalarynyň üsti bilen salgyt gullugy tarapyndan bu emlägi ýerleşdirmek üçin tabşyrmagyň şertleri, kabul edip almagyň we ýerleşdirmegiň hem-de bu emläk üçin Türkmenistanyň Döwlet býujeti bilen hasaplaşyklaryň geçirilişiniň tertibini beýan edýän ylalaşyklaryň esasynda amala aşyrylýar. Emlägiň aýry-aýry görnüşlerini ýerleşdirmek üçin beýleki döwlet edaralary hem çekilip bilinýär.

Emlägiň soňundan ýerleşdirilmegi salgyt gullugy tarapyndan, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen beýleki ýagdaýlarda bolsa, kazyýetiň wekiliniň hökmany suratda gatnaşmagynda kazyýetiň çözgüdiniň alnan pursadyndan soň bäş günüň dowamynda amala aşyrylýar. Emläk kabul edilen pursadyndan başlap, onuň bitewiligi we saklanylyşy üçin jogapkärçiligi emlägi kabul edip alan tarap çekýär. Emlägiň ýerleşdirilmegi birža ýygymlaryny almazdan geçirilýär. Eger oňa isleg bolsa, zerur bolan ýagdaýlarda, emläge gaýtadan baha kesmäge rugsat berilýär. Emläge gaýtadan baha kesmek boýunça toparyň düzümine bu emläge ilkibaşda baha kesmäge gatnaşan edaralaryň wekilleri goşulýar. Emläge gaýtadan baha kesmegiň geçirilendigi hakynda ykrarhaty düzülýär, onuň bir nusgasy salgyt gullugyna gowşurylýar.

### «Salgyt salmak ulgamy dolandyrylanda salgytlary salmagyň we tölemegiň tertibi» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Salgyt töleýji salgyt salynýan binýatlaryň hasabyny haýsy resminamalar arkaly ýöredýär?

2. Salgyt salmagyň aýry-aýry binýatlaryny hasaba almagyň tertibini kim kesgitleýär?
3. Salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alnyşyny özbaşdak ýöretmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, haryt-maddy ätiýaçlygyna degişli edilen birmeňzeş harytlary hasaba almak üçin, salgyt töleýji haýsy usullary ulanyp bilýär?
4. Salgyt beýannamasynyň görnüşini, ony tabşyrmagyň we doldurmagyň tertibini kim işläp düzýär?
5. Salgyt töleýji düzen salgyt beýannamasyny haýsy salgyt gullugyna tabşyrmaly?
6. Salgyt töleýji salgyt beýannamasyna gol çekmelimi?
7. Salgyt gullugyna tabşyrylýan salgyt beýannamasyna degişli ýagdaýlarda ýene-de kim gol çekip bilýär?
8. Salgyt töleýji düzen salgyt beýannamasyny salgyt gullugyna haýsy ýollar bilen tabşyryp bilýär?
9. Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň tabşyrýan salgyt beýannamasyny almakdan boýun gaçyryp bilýärmi?
10. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň haýyşy boýunça salgyt beýannamasynyň nusgasynda ony kabul edendigi we kabul eden senesi hakyndaky belligi goýmaga borçlumy?
11. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy poçta arkaly iberilende, onuň iberilen senesi diýlip haýsy sene hasap edilýär?
12. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy elektron resminama görnüşde iberilip bilinýärmi?
13. Haýsy ýagdaýlarda salgyt beýannamasy salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan düzülip bilinýär?
14. Salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan salgyt beýannamasynda maglumatlaryň görkezilmändigi ýa-da doly görkezilmändigi, şeýle-de salgydyň pul möçberiniň peselmegine (artmagyna) getirýän ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyna zerur goşmaçalary we üýtgeşmeleri girizip, salgyt gullugyna ony täzeden tabşyrmaga hukugy barmy?
15. Goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasy kesgitlenilen möhletde tabşyrylan diýlip hasap edilýärmi?

16. Goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasy salgydy tölemegiň möhleti geçen soň, ýöne salgyt töleýjiniň resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň bellenilendigi bilen pursadyndan öň tabşyrylan ýagdaýynda, salgyt töleýji jogapkärçilikden boşadylýarmy? Puşmana tölegleri tölenilýärmi?
17. Salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň möhleti haýsy ýagdaýlarda uzaldylyp bilinýär?
18. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgydy hasaplamak başga kimiň üstüne ýüklenýär?
19. Salgytlary hasaplamak üçin alnan maglumatlar haýsy ýagdaýlarda salgytlary kesgitlemek üçin esas bolup bilmeýär?
20. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasynda görkezilen salgydyň pul möçberi haýsy ýagdaýlarda kesgitlenilen diýlip hasap edilýär?
21. Haýsy ýagdaýlarda salgydyň pul möçberini döwlet salgyt gullugy hasaplaýar we kesgitleýär?
22. Haýsy ýagdaýlarda salgyt özenine düzedişler girizilýär?
23. Salgyt (hasabat) döwrüni kesgitlemek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, haýsy salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt binýadyna düzedişler girizilýär?
24. Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen tertipde geleşikler hakyky däl diýlip ykrar edilende, salgyt özenine düzedişler nähili görnüşde girizilýär?
25. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde bikanun alnan girdejiniň (jemi girdeji ýa-da peýda) pul möçberi ýüze çykarylan we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda maliýe jerimeleri görnüşde alnanda, salgyt özeni haýsy jerimeleriň möçberinde azaldylýar? Barlag geçirilmezden öň, şonuň ýaly girdejä salgyt salynmadyk bolsa, onda hasaplaşyk nähili görnüşde geçirilýär?
26. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasynda salgyt gullugy salgyt salmak maksady bilen, haýsy ýagdaýlarda geleşige gatnaşýan taraplaryň kesgitleýän bahalaryna baha berip bilýär?
27. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy taraplar biri-birine garaşly taraplar diýlip hasap edilýär?

28. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy baha hakyky bazar bahasy diýlip kabul edilýär?
29. Salgyt salmak maksady bilen, deňeşdirme şertleri diýlip haýsy şertler ykrar edilýär?
30. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin haýsy usullaryň ulanylyşyny göz öňünde tutýar?
31. Bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin ulanylýan harytlaryň hakyky bazar lomaý bahasynyň kesgitleniliş usuly haýsy maglumatlaryň esasynda tassyklanylýar?
32. Bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin ulanylýan harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmegiň soňky bahasynyň kesgitleniliş usuly haýsy bahanyň esasynda kesgitlenilýär?
33. Hakyky bazar bahasyny kesgitlemek üçin ulanylýan harajatlar usuly haýsy ykdysady görkezijileriň esasynda kesgitlenilýär?
34. Salgyt salmak maksady bilen, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda indirimleriň haýsy görnüşleri ulanylýar?
35. Geleşige gatnaşýan taraplaryň ulanýan bahalary hakyky bazar bahasyndan 20 göterimden köp pes bolanda, salgyt gullugy haýsy görnüşli çözgüt kabul edip bilýär?
36. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy harytlar deňdeş harytlar diýlip ykrar edilýär?
37. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy harytlar birmeňzeş harytlar diýlip ykrar edilýär? Harytlaryň birmeňzeşligi anyklanylanda, olaryň haýsy alamatlary hasaba alynýar?
38. Salgydyň möçberi nämäni aňladýar?
39. 1-nji ýanwardan 30-njy sentýabr aralygynda döredilen edara görnüşli tarap üçin salgytlara degişli ilkinji salgyt döwri haýsy wagt aralygyny öz içine alýar?
40. 1-nji oktýabrdan 31-nji dekabr aralygynda döredilen edara görnüşli tarap üçin ilkinji salgyt ýyly haýsy wagt aralygyny öz içine alýar?
41. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen möhletde salgyt töleýji salgyt beýannamasyny tabşyrmadyk ýagdaýynda, salgydyň çak edilýän pul möçberi salgyt gullugy tarapyndan haýsy pul möçberinden ugur alnyp takyklanýar?

42. Geçirilýän salgyt barlagynyň dowamynda salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alynmandygy ýa-da salgyt töleýji tarapyndan şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi anyklanylsa, onda salgyt gullugy salgydyň çak edilýän pul möçberini haýsy ykdysady görkezijileriň esasynda hasaplap we belläp bilýär?
43. Salgyt salmak maksady bilen, düşewüntlik nähili görnüşde hasaplanýar?
44. Salgyt gullugy salgydyň bellenen degişli döwri tamamlanandan soň, näçe ýylyň dowamynda salgydyň kesgitlenilen pul möçberine düzediş girizip bilýär?
45. Salgydy tölemek hakyndaky talabyň ýüze çykan pursatyndan başlap, salgydyň kesgitlenilen ýa-da onuň goşmaça hasaplanylan pul möçberini salgyt gullugy näçe ýylyň dowamynda alyp bilýär?
46. Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä haýsy ýagdaýlarda iberilýär?
47. Salgyt habarnamasy degişli ýagdaýlar ýüze çykandan soň, salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä näçe günüň dowamynda iberilýär ýa-da gowşurylýar?
48. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt habarnamasy salgyt töleýjä nähili tertipde gowşurylýar?
49. Edara görnüşli taraplaryň ýolbaşçylary ýa-da şahsy tarap salgyt habarnamasyny almakdan ýüz öwürse, onda salgyt habarnamasy olara haýsy görnüşde iberilýär we salgyt habarnamasy näçe günden alyndy diýlip hasap edilýär?
50. Haýsy ýagdaýlarda salgyt habarnamasy üýtgedilmäge degişli?
51. Salgyt habarnamasynyň görnüşini kim tassyklaýar?
52. Salgyt habarnamasyna kim gol çekýär we ol nähili görnüşde tassyklanylýar?
53. Salgyt tölemek boýunça borçlar haýsy ýagdaýlarda bes edilýär?
54. Salgyt töleýji salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemek borçnamalaryndan öňürti haýsy borçnamalary ýerine ýetirmeli?
55. Öň bellenilen salgyt üýtgedilende, goşmaça hasaplanylan salgydyň pul möçberi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden soň näçe günüň dowamynda tölenýär?

56. Salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeli möhleti «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalaryna laýyklykda üýtgedilip bilinýär?
57. Tebigy we ugurdaş gazy, nebit we nebit önümlerini çykarmak we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly amallary amala aşyrýan Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin salgytlary hasaplamagyň, tölemegiň we salgyt beýannamalaryny tabşyrmagyň adatdan daşary tertibini kim kesgitleýär?
58. Salgytlar hasaplaşyklaryň geçirilişiniň haýsy görnüşlerini ulanmak bilen tölenip bilinýär?
59. Salgytlar nagt pul serişdeleri bilen tölenende, salgytlaryň kesgitlenilen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip haýsy gün hasaplanýar?
60. Salgytlar nagt däl pul serişdeleri bilen tölenilende, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip haýsy gün hasaplanýar?
61. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt tutulyp alnanda, salgydyň kesgitlenilen pul möçberini salgyt töleýjiniň tölän güni diýlip haýsy gün hasaplanýar?
62. Salgyt töleýjiniň emlägine jerime salnanda ýa-da üçünji tarapa jerime salnanda, salgydyň kesgitlenilen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip haýsy gün hasaplanýar?
63. Salgyt töleýjilere tölenen pul serişdelerinden tutulyp alynmadyk we Türkmenistanyň döwlet býujetine geçirilmedik salgytlary kim töleýär?
64. Şahsy taraplardan tutulyp alynmadyk salgydyň pul möçberi salgydyň tutulyp alynmadyk öňki döwrüniň haýsy wagt araçägini gurşap alýar?
65. Edara görnüşli taraplardan tutulyp alynmadyk salgydyň pul möçberi salgydyň tutulyp alynmadyk öňki döwrüň haýsy wagt araçägini gurşap alýar?
66. Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň çykaran netijelerine şikaýat edilende, salgyt töleýji salgytlary tölemek boýunça borçlaryny haýsy pul möçberinde ýerine ýetirmeli?

67. Salgydyň jedelleşilýän pul möçberi haýsy döwrüň dowamynda tölenilmeýär?
68. Salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen salgydyň ählisiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenmezligi, salgyt töleýjini bu salgydy tölemändigi üçin puşmana töleglerini tölemekden boşadýarmy?
69. Salgyt gullugy salgyt töleýjiden salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda emlägiň girew goýulmagyny ýa-da kepil geçilmegini talap edip bilýärmi?
70. Salgyt töleýjiniň salgyt gullugynyň salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda emlägi girew goýmak ýa-da kepil geçmek talabyny berjaý etmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, salgyt tölemek borjy salgydyň haýsy pul möçberi babatynda ýerine ýetirilýär?
71. Salgydyň jedelleşilýän pul möçberini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak barada çözgüt kabul edilende, salgyt töleýjiniň ýatyrylan salgydy tölemändigi üçin tölän puşmana tölegini yzyna almaga hukugy barmy?
72. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýjiniň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugyna garamazdan, bank salgyt töleýjiden salgytlary býujete tölemek üçin ýazyp getiren töleg tabşyrygyny kabul etmelimi ýa-da dälmi?
73. Salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleriniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, bank salgydyň pul möçberi babatynda salgyt gullugynyň talapnamasyny kabul etmelimi ýa-da dälmi?
74. Salgytlaryň pul möçberini geçirmek babatynda salgyt gullugynyň töleg talapnamasy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda ýerine ýetirilýär?
75. Salgytlaryň pul möçberini geçirmäge töleg tabşyrygyny doly möçberde ýerine ýetirmek üçin salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleri bar bolan ýagdaýynda, bank tarapyndan töleg tabşyrygy haçan ýerine ýetirilmeli?
76. Salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleri ýetmezçilik edende ýa-da ýok bolanda, salgytlary geçirmek üçin töleg talapnamasy (tabşyrygy) bank tarapyndan haçan ýerine ýetirilmeli?

77. Salgyt töleýjä bergidar bolup duran üçünji tarapdan tölenmedik salgydyň pul möçberi alnanda, salgyt kanunçylygynyň haýsy kadalary ulanylýar?
78. Türkmenistanyň Döwlet býujetine bank tarapyndan salgytlary geçirmek boýunça amallar amala aşyrylanda tölegler alynýarmy?
79. Tölenen salgydyň pul möçberi kesgitlenilen salgydyň pul möçberinden artyk gelýän bolsa, salgyt gullugy beýleki islendik salgyt, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça berginiň hasabyna artykmaç tölenen salgytdan hasaplaşyk geçirip bilýärmi?
80. Bergiler bar bolan (ýa-da artykmaç tölenen salgyt bar bolanda ýüze çykan bergiler) ýagdaýynda hasaplaşyk haýsy möhletde geçirilýär?
81. Beýleki salgytlar, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça salgyt töleýjiniň bergileri bolmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň artyk tölenen salgytlary gaýtaryp bermek hakynda ýazmaça arza beren pursadyndan başlap, salgyt gullugy salgyt töleýjiniň artyk tölän puluny gaýtaryp bermek baradaky netijenamany etrap maliýe müdirligine näçe gün möhletde ibermeli?
82. Etrap maliýe müdirligi salgyt töleýjiniň artyk tölän salgydynyň pul möçberini (salgyt gullugynyň netijenamasy bolanda) näçe günde yzyna gaýtaryp bermeli?
83. Salgyt töleýjiniň artyk tölän ýa-da ondan artyk tutulyp alnan salgydyň pul möçberi öz wagtynda gaýtaryp berilmedik ýagdaýynda, puşmana tölegleri degişli guramalardan (bu ýerde maliýe müdirligi) haýsy möçberde tutulyp alynýar?
84. Salgyt töleýjiniň salgydyň tölenen (tutulyp alnan) gününden başlap, näçe ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň hasaplaşyga alynmagyny we yzyna gaýtaryp berilmegini talap etmäge hukugy bar? Salgyt gullugynyň kabul eden çözgüdinden şikaýat edilen ýagdaýynda, görkezilen möhlet haýsy döwre çenli yza çekilýär?
85. Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň işi ýatyrylanda, salgyt tölemek borjy kärhananyň işini ýatyrýan topar tarapyndan haýsy serişdeleriň hasabyna ýerine ýetirilýär?

86. Salgytlar boýunça býujetiň öňünde bergileri üzmäge işi ýatyrylan edara görnüşli tarapyň ýagdaýy bolmasa, onda berginiň galan bölegini kim tölemeli?
87. «Salgytlar boýunça» býujetiň öňünde üzüljegine umyt bolmadyk bergiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär?
88. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň bergileri tölemek borjy kärhananyň işini ýatyrmak başlanan soň, näçe wagtyň dowamynda ýerine ýetirilýär? Ýeterlik esas bolanda, salgyt gullugy bu möhleti näçe wagta çenli uzaldyp bilýär?
89. Üýtgedilip guralmaga degişli salgyt töleýji- edara görnüşleri tarapyndan alynmaly salgytlar kimiň üstüne ýüklenýär?
90. Salgyt töleýji – edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda, onuň birnäçe hukuk mirasdüşerleri bolanda, salgyt tölemek boýunça borçlar nähili görnüşde kesgitlenilýär?
91. Edara görnüşli tarapyň üýtgedilip guralmagy, şu edara görnüşli tarapyň hukuk mirasdüşeriniň salgyt tölemek borçlarynyň ýerine ýetirilmeli möhletini üýtgedýärmi?
92. Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilende (hususylaşdyrmakdan başga ýagdaýlarda), salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri kim diýlip hasap edilýär?
93. Birnäçe edara görnüşli taraplar goşulanda, olaryň salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri kim?
94. Edara görnüşli tarap bölünende, salgytlary tölemek boýunça onuň hukuk mirasdüşeri kim?
95. Edara görnüşli tarapyň birinden bir ýa-da birnäçe edara görnüşli tarap bölünip aýrylanda, şeýle edara görnüşli taraplar üçin salgytlary tölemek boýunça mirasdüşeri döreýärmi?
96. Şahsy tarap merhum bolanda, onuň salgyt boýunça bergilerini kim tölemeli?
97. Şahsy tarap merhum bolanda, onuň tölenmedik salgydynyň pul möçberini hukuk mirasdüşerleri näçe wagtyň dowamynda tölemeli?
98. Merhum bolan şahsy tarapyň tölenmedik maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek borçlary onuň hukuk mirasdüşerlerinde döreýärmi?

99. Salgyt gullugy şahsy tarapyň merhum bolandygy barada habar alandan soň, onuň ýaşaýan we emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça salgytlar boýunça onuň bergisiniň bardygyny haýsy wagtyň dowamynda we kime habar bermeli?
100. Mirasdarlar bolmadyk ýagdaýynda ýa-da mirasdar mirasy kabul etmekden boýun gaçyran halatynda, merhumyň salgydyň tölenmedik pul möçberi haýsy bergilere degişli edilýär we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda bu bergiler hasapdan öçürilýär?
101. Dereksiz ýok bolan şahsy tarap üçin salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri onuň haýsy serişdeleriniň hasabyna we kim tölemeli? Salgydyň tölenmedik pul möçberi, şeýle-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri haýsy döwürden başlap we näçe wagtyň dowamynda tölenmeli?
102. Şahsy tarapyň dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip kazyýet tarapyndan karar çykarylan gününden başlap, degişli salgyt gullugy onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen tarapa şol tarapyň salgyt boýunça bergileriniň bardygyny näçe günde habar bermeli?
103. Bellenilen tertipde dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň salgytlar boýunça bergilerini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini üzmäge şol şahsy tarapyň emläginiň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, onuň salgyt borçlarynyň, tölemeli maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň görkezilen emläginiň bahasyndan artyk bölegi haýsy bergilere degişli edilýär we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda hasapdan öçürilýär?
104. Şahsy tarap dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlen çözgüdi ýatyrmak barada çözgüt bellenilen tertipde kabul edilende (eger hak isleginiň möhleti geçmedik bolsa), şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap, salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça öň hasapdan öçürilen bergiler gaýtadan dikeldilýärmi?

105. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmeli möhletini yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek baradaky çözgüdi haýsy döwre çenli kabul edip bilýär?
106. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy we onuň ýerlerdäki edaralary tarapyndan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda möhleti yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek hakyndaky çözgüt haýsy döwre çenli kabul edilýär?
107. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemek bilen baglanyşykly möhletleri yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek barada has uzak döwürleri göz öňünde tutýan çözgüdi kim kabul edýär?
108. Haýsy ýagdaýlarda salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda tölenmeli möhleti yza süýşürmäge ýa-da möhletlere bölüp tölemäge salgyt töleýjä mümkinçilik berilmeýär?
109. Tölemeli möhleti yza süýşirilen ýa-da möhletlere bölünip tölenmäge mümkinçilik berlen salgytlar boýunça puşmana tölegleri hasaplanýarmy?
110. Haýsy ýagdaýlarda salgyt töleýjä salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berilýär?
111. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek ýa-da ondan boýun gaçyrmak baradaky çözgüdi ygtyýarly edara näçe günüň dowamynda kabul edýär?
112. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek hakyndaky çözgütde haýsy maglumatlar görkezilýär?
113. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek ýa-da bermezlik hakyndaky çözgüdini Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy salgyt töleýjä we onuň salgyt hasabynda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda iberýär?

114. Haýsy ygtyýarly guramalaryň çözgüdi bilen salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler üzülmäge umyt ýok diýlip hasaplanýar we hasapdan öçürilýär?
115. Berginiň üzüljegine umyt ýok diýlip ykrar edilmegi, haýsy resminamalaryň esasynda kabul edilýär?
116. Salgyt töleýjileri we salgyt ýumuşçylary haýsy ygtyýarly edaralar barlaýarlar? Şahsy taraplary barlamak kimiň gatnaşmagynda geçirilýär? Barlagy geçirmegiň tertibini kim kesgitleýär?
117. Hususylaşdyrylan kärhananyň salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergilerini salgyt gullugy haýsy ýagdaýda hasapdan öçürýär?
118. Aýry-aýry ýagdaýlarda salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda bergileri hasapdan öçürmek barada çözgüdi kim kabul edýär?
119. Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileriň üzüljegine umyt ýok diýlip haýsy ýagdaýlar hasap edilýär?
120. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjilere salgytlary töletdirmek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler nämeden ybarat?
121. Akseptsiz töleg talapnamasy haýsy banka tabşyrylýar?
122. Salgyt gullugy tarapyndan akseptsiz töleg talapnamasy salgyt töleýjiniň bankdaky haýsy hasaplaryna berlip bilinýär?
123. Salgyt gullugy töleg talapnamasyny salgyt töleýjiniň karz pul we býujet hasaplaryna berip bilýärmi?
124. Emlägi girew goýmak kim bilen kimiň arasynda baglaşylýan ylalaşyk esasynda resmileşdirilýär?
125. Kepil geçmeklik kim bilen kimiň arasynda baglaşylýan ylalaşyk esasynda resmileşdirilýär?
126. Salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, kepil geçilendigi üçin salgydyň tölenmeli degişli möçberini kim tölemeli?
127. Bankdaky hasaplar boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan haýsy ýagdaýlarda kabul edilýär?

128. Salgyt töleýji maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny tabşyrmaly kesgitlenilen möhlet tamamlanandan soň olary tabşyrmadyk ýagdaýynda, şeýle-de olary tabşyrmakdan boýun gaçyrylan ýagdaýynda, salgyt gullugy näçe günden soň salgyt töleýjiniň bankdaky hasaplary boýunça amallary togtatmak barada çözgüt kabul edýär?
129. Salgyt töleýjiniň bankdaky hasaplary boýunça işleriň geçirilmegini togtatmak, haýsy pursatdan başlap bank tarapyndan gürrüňsiz ýerine ýetirilmäge degişlidir we haýsy pursada çenli salgyt gullugynyň çözgüdiniň güýji bar?
130. Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň bergidary bolan üçünji tarapa salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirende, olara haýsy resminamany iberýär?
131. Salgyt töleýjiniň bergidary bolan üçünji tarap salgyt gullugyndan salgyt habarnamasyny alan pursadyndan başlap, haýsy möhletde banka salgyt habarnamasynda görkezilen pul möçberiniň çäklerinde salgyt töleýjä degişli pul möçberini býujete geçirmek hakynda töleg tabşyrygy bermeli?
132. Haýsy ýagdaýlarda üçünji tarapyň tölegleri geçirmezlige haky bar?
133. Salgyt töleýjiniň bergidary bolan üçünji tarap Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, salgyt gullugy oňa garşy haýsy hereketleri amala aşyrýar?
134. Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky karary salgyt tölemek üçin kesgitlenilen gününden başlap näçe wagtyň dowamynda çykarylýar?
135. Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek karary nähili görnüşde resmileşdirilýär?
136. Ylalaşyk boýunça lizinge berlen emlägi ygtyýar etmek gadagan edilýärmi?
137. Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky kararynda haýsy maglumatlar görkezilýär?

138. Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň emläge eýeçilik etmek hukugyny gadagan etmek baradaky karar çykarandan soň, ol töletdirmeli emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmäge haçan girişmeli?
139. Emlägiň sanaw ýazgysy salgyt töleýjiniň haýsy mukdardaky emlägine geçirilýär?
140. Salgyt töleýjiniň emlägini saklamak we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly salgyt gullugynyň amal eden çykdajylarynyň üstüni kim ýapmaly?
141. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, onuň ýolbaşçysyna ýa-da ygtyýarly wekiline haýsy resminamalary gowşurmaly?
142. Salgyt töleýjiniň emläginiň sanaw ýazgysy kimiň gatnaşmagynda geçirilýär?
143. Salgyt töleýjiniň salgyt töletdirilýän emläginiň sanaw ýazgysy haýsy resminama bilen resmileşdirilýär?
144. Salgyt töleýjide salgyt töletdirilip bilinmejek emläk bolmadyk ýagdaýynda, haýsy resminama düzülýär?
145. Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, onuň bahasy haýsy bahalardan ugur alnyp we nämäni hasaba almak bilen kesilýär?
146. Sanaw ýazgysy geçirilýän emläge baha kesmek üçin, salgyt gullugy bu işe kimi çekip bilýär?
147. Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende, salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgärine ilkinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukugy barmy?
148. Salgyt gullugynyň işgäri sanaw ýazgysy geçirilen emlägi möhürläp bilýärmi?
149. Emlägi saklamaga çykaran çykdajylarynyň üstüni ýapmak, şeýle-de girdeji almak üçin emlägi saklamaga tabşyrylan tarapa hak tölenýärmi we tölenýän bolsa nähili möçberde? Şu harajatlaryň we girdejiniň möçberi haýsy girdejileriň hasabyna doldurylýar? Bu emläk ýitirilende, ýetmezçilik bolanda we zaýalananda kim jogapkärçilik çekýär?
150. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiniň emlägi dolandyrmak hukugyny gadagan edýän karar kabul edilenden soň, salgyt gul-

lugy salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek baradaky talap arzasyny kazyýete haýsy möhletiň dowamynda iberip bilýär?

151. Salgyt töleýjiniň hasabyna salgyt töleginiň alynmaly pul möçberi hakyndaky talap arzasynyň ýany bilen salgyt gullugy haýsy resminamalary goşmaly?

152. Emlägiň ýerleşdirilmegi haýsy döwlet guramalarynyň we kärhanalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar?

153. Döwlet salgyt gullugy bilen emlägi ýerleşdirmek hakynda döwlet guramalarynyň we kärhanalarynyň arasynda baglaşylýan ylalaşyklarynda haýsy şertler göz öňünde tutulýar?

154. Ýerleşdirilmeli emlägi ony ýerleşdirýän döwlet guramalaryna we kärhanalaryna tabşyrmak üçin, döwlet salgyt gullugynyň wekili bilen oňa hökmany ýagdaýda kim gatnaşmaly?

155. Kazyýet tarapyndan çözgüt kabul edilenden soň, näçe günüň dowamynda ýerleşdirilýän emlägi ony ýerleşdirýän döwlet guramalaryna geçirilmeli?

156. Emläk kabul edilip alnan pursatyndan başlap, onuň bitewiligi we saklanylyşy üçin kim jogap berýär? Emläk ýerleşdirilende birža ýygymlary alynýarmy?

157. Ýerleşdirilýän emläge täzeden baha kesilende, toparyň (komissiýanyň) düzümine kim goşulýar? Ýerleşdirilýän emläge täzeden baha kesilende ykrarhaty ýazylýarmy?

# IV bap
# Salgyt mehanizmi we döwlet salgyt menejmenti

## 4.1.13. Salgyt mehanizmi, onuň elementleriniň (düzüm bölekleriniň) arabaglanyşyklarynyň häsiýetnamasy

Salgytlar babatynda işleýän alymlaryň we hünärmenleriň ylmy işlerinde «salgyt mehanizmi» diýlip atlandyrylýan düşünjä gapma-garşylykly düşündiriş berilýär. Köp ýagdaýda salgyt mehanizmine anyk giňişlikde we belli bir döwürde salgyt önümçiliginiň amala aşyrylmagy diýilýän düşünje berilýär. Şonuň ýaly çemeleşme ýeterlikli derejede esassyz diýlip hasap edilýändigi sebäpli, ol salgytlar babatynda amala aşyrylýan hereketleriň howaýýydygyny nygtaýar.

Salgyt mehanizmi, ilkinji nobatda usulyýet, soňra bolsa – usuly düşünjedir. Salgyt mehanizminiň mazmunyna giňişleýin (umumy nazaryýet) we çäklendirilen (tejribe işleri) nukdaýnazardan seredip geçmek zerurdyr. **Birinjiden,** salgyt mehanizmi, guramaçylyk – ykdysady kategoriýa hökmünde bu düşünjäni düşündirýän salgytlar baradaky nazaryýetiň ugrudyr. Diýmek, salgyt mehanizmi önümçilikde öndürilen jemi içerki önüm umumylaşdyrylanda emele gelýän gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklary dolandyrýan prosesdir. Gaýtadan paýlaýyş prosesinde ýüze çykýan gatnaşyklaryň ähli çygryny üç kiçi ulgam, ýagny salgyt meýilnamalaşdyrmasy, salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi bilen çäklendirmek bolýar. Salgyt mehanizminiň içki gurluşy 27-nji şekilde görkezilýär.

Salgyt mehanizminiň bu kiçi ulgamlarynyň özboluşlyklarynyň nazaryýet taýdan kesgitlenilmegi, ykdysady nazaryýetiň düýpli düzgünine tabyndyrlar, sebäbi olaryň ählisi hakyky ykdysady binýadyň binasynda ösüp ýaýbaňlanýan üznüksiz önümçilik prosesiniň bitewi bir bölegi bolup durýarlar. Ýöne, **ikinjiden,** salgyt tejribesi salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň, salgyt kadalaşdyrmasynyň we sal-

gyt monitoringiniň konseptual taýdan tassyklanýan çygyrlaryna düzedişleri girizýär. Şol sebäpli, salgyt mehanizmine bu düşünjäniň çäkli manysynda anyk salgyt hereketleriniň jemi hökmünde garamak zerurdyr. Bu hakyky salgyt önümçiligidir. Şol nukdaýnazardan garanyňda, salgyt mehanizmi salgyt gatnaşyklar ulgamyny howaýy (subýektiw) taýdan tertipleşdirýän ykdysady gural hökmünde hereket edýär. Salgyt tejribäniň täsiri esasynda gözden geçirilýän salgyt mehanizmi anyk giňişlikde we anyk döwürlerde dürli-dürli görnüşlere eýe bolýar. Mysal üçin, häkimiýet we dolandyrylyşyň aýry-aýry derejelerinde salgytlar babatyndaky hereketler birmeňzeş däl, şeýle-de olar wagt aragatnaşyklary çäginde hem düýpli tapawutlanýarlar. Salgyt tejribesinde amala aşyrylýan salgyt hereketleriniň toplumy hökmünde, salgyt mehanizmi salgytlar babatyndaky kanunlaryň düzgünlerini ulanmagyň şertleriniň we kadalarynyň jemidir. Şol sebäpli, salgytlar baradaky nazaryýetiň bildirýän esasy talabyny bozmazlyk şerti bilen amala aşyrylýan her bir salgyt hereketlerinde, kanunlaryň berjaý edilmegini üpjün etmek möhümdir. Salgytlar baradaky nazaryýetiň bildirýän esasy talaby bolsa, salgyt salmagyň hakyky (obýektiw) we howaýy (subýektiw) başlangyçlarynyň bitewiligidir. Başga söz bilen aýdanyňda, hakyky binýady bolmadyk islendik salgyt hereketleri üznüksiz önümçilik prosesiniň gidişine subýektiw (howaýy) taýdan goşulmagy diýlip düşünilýär. Bu bolsa olaryň görnüşleriniň üýtgemegine getirýär.

Kanunlaryň we salgyt gullugynyň kanuny namalarynyň esasynda tertipleşdirilýän salgyt önümçiligi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, «Gümrük hakyndaky», «Eýeçilik hakyndaky» we beýleki kanunlarda beýan edilen kanuny talaplaryň uly toplumyna baglydyr. Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylan buhgalteriýa hasabyny guramagyň we alyp barmagyň usulyýet esaslary salgyt önümçiligine gönüden-göni täsir edýärler. Hojalygy ýöredýän birlikleriň derejesini takyklap, Raýat Bitewi kanuny olara degişli salgyt düzgünini (ýeňillikleri, salgytlaryň tölenýän möhletlerini we ş.m.) kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

*27-nji şekil*

## Salgyt mehanizminiň gurluşynyň esaslary



Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunynda we Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky 1659 belgili «Türkmenistanda buhgalteriýa hasaby we hasabatlylyk hakyndaky» Kararynda hojalygy ýöretmegiň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine düşündiriş berilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 18-nji iýunynda gol çeken «Kärhanalar baradaky» Kanunynda hususy kärhanalara, hojalyk jemgyýetlerine, paýdarlar jemgyýetlerine, döwlet eýeçiligindäki kärhanalara, kooperatiwlere giňişleýin kesgitleme berilýär. Olaryň her birine, degişlilikde «emläk», «hasabatlaryň tabşyrylýan möhletleri» we beýleki hojalyk-guramaçylyk ölçegleri düşündirýän düşünjeler kabul edildi. Netijede, hojalygy ýöredýän birlikleriň emläk hukuklary olaryň salgyt düzgünleriniň berjaý edilmegi bilen gönüden-göni baglaşdyryldy. Diýmek, salgyt kanunçylygynyň çäklerinde aýry-aýry salgyt düzgünleriniň ulanylmagy, hojalygy ýöredýän birlikleriň derejesinde alnyp barylýan işiň guramaçylyk-hukuk görnüşine, pudak aýratynlyklaryna, döwletiň alyp barýan durmuş syýasatyna, makroykdysadyýet derejesinde çözülýän meselelere we ş.m. köpsanly faktorlara (sebäplere) baglydyr. Şu faktorlar tölenmäge degişli salgytlaryň sanawyny hem-de olar boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri takyklaýar. Hojalygy ýöredýän birlikleriň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine degişlilikde, Raýat Bitewi kanunynda berkidilen umumy hukuk çemeleşmeleri hojalygy ýöredýän her bir guramaçylyk-hukuk görnüş üçin salgyt önümçiliginiň aýratynlyklaryny şertlendirýär.

Salgyt hukugyna we salgyt dolandyrylyşyna esaslanyp, salgyt mehanizmi salgyt hukuk gatnaşyklaryny tertipleşdirmäge mümkinçilik berýär. Aýry-aýry salgytlar girizilende we hereket edende, ulanylýan anyk salgyt düzgüni (tertibi) diňe salgytlar babatynda çykarylýan kanunlaryň kadalaryna baglanyşykly bolman, eýsem-de, bu kanunlara degişlilikde düzülýän gözükdirme görkezmelerine hem baglydyr. Salgyt mehanizmi salgyt töleýjiniň guramaçylyk-hukuk işine, onuň derejesine (statusyna) baglylykda olaryň edara görnüşli tarapmy ýa-da şahsy tarapdygyny tapawutlandyrýar. Salgyt önümçiligine gatnaşýan taraplara olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň dolulygy

bilen şertlendirilen aýratynlyklar mahsusdyr. Bu aýratynlyklar Raýat Bitewi kanunynda bellenilen kadalara we ölçeglere laýyklykda ýüze çykýar.

Salgyt tehnikasy salgyt mehanizminiň gurluşynyň mazmunyny takyklap, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli akymyna hem gönüden-göni öz täsirini ýetirýär. Jemgyýetiň salgyt mehanizminiň kabul edilmegi, ykdysady we fiskal babatynda ýaramly salgytlaryň saýlanyp ornaşdyrylmagyny, olaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň degişli ölçegleriniň we düzgünleriniň kesgitlenilmegini üpjün edýär. Bu ýerde salgyt ýeňillikleriniň we maliýe jerimeleriniň täsir ediji ulgamynyň ulanylmagynyň hem uly ähmiýetiniň bardygy şek-şübhesizdir. Salgyt ýeňillikleri we maliýe jerimeleri salgyt kadalaşdyrmasynyň we salgyt monitoringiniň deslapky özeni we düzüm bölegi bolup durýarlar.

«Salgyt» diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň içki kuwwatynyň amala aşyrylyşyny salgyt tejribesinde ykdysady-hukuk-usuly gural hökmünde ulanýan salgyt mehanizmi umumydöwlet, hojalygy ýöredýän birlikleriň we şahsy taraplaryň ykdysady bähbitleriniň arasynda mümkin boljak deňagramlylygyna ýardam bolýar. Salgyt mehanizminiň gurluşyna degişlilikde, onuň hereket ediş düzüm bölekleri iki kiçi ulgam, ýagny fiskal we kadalaşdyryş ulgamlary bilen çäklendirilýär. Salgyt mehanizminiň iki kiçi ulgamynyň arasyndaky deňligiň berjaý edilmegi, oňaýly salgyt mehanizminiň gurnalandygyna şaýatlyk edýär.

27-nji şekilde beýan edilen salgyt mehanizminiň kiçi ulgamlary (düzüm bölekleri) şertli görnüşde çäklendirilýär, sebäbi salgyt tejribesinde olar köp ýagdaýda kesişýärler, salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi bolsa bitewi ulgam görnüşinde hereket edýärler, çünki olar salgytlaryň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň ýüze çykmagyna ýardam berýärler. Gündelik salgyt kadalaşdyrmasy geçirilende salgyt ýeňilliklerini bermek hem-de maliýe jerimelerini hasaplap çykarmak, wagtynda tölenmedik salgytlaryň pul möçberini salgyt töleýjileriň emläginiň hasabyna üzdürmek ýa-da olaryň bergidarlaryndan (debitorlaryndan) tölenmedik salgydyň pul möçberinde pul serişdelerini almak, batmak tertibini (prosedurasyny) geçirmek usul-

lary ulanylýar. Bu geçirilýän işleriň ähli̇si salgyt kadalaşdyrmasynyň zerurlygyny häsiýetlendirýär. Şol bir wagtda, salgyt mehanizminiň düzüm bölekleri (elementleri) salgytlar babatynda geçirilýän işleriň özbaşdak toplumydyr we olaryň her biri özleriniň gurluşynyň we umumylaşdyrylmagynyň kada-kanunlaryna tabyndyrlar.

Salgyt mehanizminiň her bir düzüm bölekleriniň (elementleriniň) çäklerinde diňe olara mahsus bolan tilsimler we salgyt usullarynyň tehnikasy ulanylýar. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda, kadalaşdyrylanda we salgyt monitoringi geçirilende ulanylýan usullaryň arasynda bolan tapawutlylyk, olary özbaşdak çygyr hökmünde öwrenmäge, olara mahsus bolan aýratynlyklary kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şonuň esasynda salgyt mehanizminiň ulgam hökmünde kämilleşdirilmeginiň esasy ugurlary işlenip düzülýär. Onuň üstüsine-de, salgyt mehanizminiň elementleriniň üçüsi hem diňe salgytlar hakyndaky ylym we salgyt tejribesi bilen şertlendirilýän ýeke-täk ugur däl. Mysal üçin, salgyt meýilnamalaşdyrmasy meýilnamalaşdyrmagyň, marketingiň we beýleki ylymlaryň umumy nazaryýetiniň we tejribesiniň görkezmesinden ugur alnyp amala aşyrylýar. Salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi hem şol düzgünlere tabyndyrlar.

Salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň çözýän meseleleri dürli-dürlüdir. Salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň çözýän meseleleri şu meseläni kimiň öňe sürýändigine baglylykda tapawutlanýar. Diýmek, salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň çygry birmeňzeş däl, ol býujet-salgyt meýilnamalaşdyrmasyna we kärhanalaryň salgyt meýilnamalaşdyrmasyna bölünýär. Býujet-salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň esasy maksady býujetiň isleglerini kanagatlandyrmakdyr. Kärhanalaryň salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň esasy maksady–salgyt tölegleri̇ni amatlaşdyrmak, olaryň pul möçberini pese düşürmegiň kanuna laýyk usullaryny gözläp tapmakdyr. Salgyt kadalaşdyrmasynyň we salgyt monitoringiniň çygyrlary hem dürlüçedir, sebäbi şu ýerde umumydöwlet, kärhanalaryň we şahsy taraplaryň ykdysady bähbitleri kesişýärler. Býujet-salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi özboluşly we olar diňe özlerine mahsus bolan usullar bilen amala

aşyrylýar, olaryň kärhanalaryň salgyt menejmentinden tapawutlanýan öz maksatlary we çözýän meseleleri bar.

Salgyt mehanizminiň içki mazmunyny býujetiň girdejileri emele gelende çäkleriň (welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň) arasynda salgytlaryň pul möçberi gaýtadan paýlananda ýüze çykýan guramaçylyk-ykdysady we hukuk gatnaşyklary düzýärler. Hukugyň beýleki pudaklary bilen bilelikde, bu gatnaşyklaryň özenini salgyt hukuk gatnaşyklary hem düzýär. 2012-nji ýylyň başyna çenli Türkmenistanda gurulan guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklar ulgamy salgyt mehanizminiň gurluşynyň özboluşlylygyny takyklaýar. Türkmenistanyň salgyt mehanizmini şu aşakdaky alamatlar häsiýetlendirýär:

**birinjiden,** Türkmenistanyň salgyt salmak ulgamynyň esasy salgyt görnüşleriniň sanawy dünýä ülňülerine laýyk gelýär;

**ikinjiden,** edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, goşulan baha üçin salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy Türkmenistanyň salgyt salmak ulgamynda möhüm orun tutýar;

**üçünjiden,** salgytlar babatynda döwlet derejesinde çözülýän meseleler boýunça kararlaryň kabul ediş mehanizmi garjaşyklardan erkindir, oňa halkara salgyt hukugynyň ölçegleri mahsusdyr;

**dördünjiden,** býujetiň meýilnamalaşdyrylýan girdejiler bölegi salgyt usul bilen ýerine ýetirilende, salgyt-hukuk gatnaşyklarynyň bitewiligi, durnuklylygy, ulgamlaýynlygy ýeterlik derejede üpjün edilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny salgyt ulgamynyň bitewiligini we salgyt salmagyň gurluşynda ulgamlaýyn çemeleşmäniň ulanylmagyny takyklaýjy diýlip ykrar edýär. Salgyt mehanizmi hereket edýän guramaçylyk-ykdysady we hukuk gatnaşyklarynyň bitewi ulgamydyr. Salgyt kanunçylygyna girizilýän üýtgetmeler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda ykrar edilen kadalara laýyklykda kabul edilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi, ykdysady taýdan maksada laýyk gelýän

çözgütlerinden we salgyt tejribesiniň netijelerinden ugur alnyp amala aşyrylýar;

**bäşinjiden,** aýry-aýry salgytlaryň hasaplanylyşynyň tehnikasy bir ulgama düzülen. Ýöne, salgyt töleýjileriň töleýän salgytlarynyň pul möçberiniň kesgitlenilişiniň usulyýeti hem salgyt gullugynyň hünärmenleri üçin hem-de salgyt töleýjiler üçin ýeterlikli derejede düşnükli däl. Salgyt salmagyň usulyýetiniň esaslarynyň ýönekeýleşdirilmegi, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň biridir.

Diýmek, ýokarda aýdylanlardan şu aşakdaky netijeleri çykarmak bolýar.

**Birinji netije.** Salgyt mehanizminiň hereket edişine döwletiň diňe salgytlary ýygnamak prosesine çalt goşulmak, şeýle-de salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine ýardam bolýan çäreleri kabul etmek nukdaýnazaryndan garamak maksadalaýyk däldir. Şonuň ýaly çemeleşmede salgyt mehanizmi özüniň hakyky häsiýetine eýe bolup bilmeýär we ol pul serişdeleriniň howaýy gaýtadan paýlaýyş guralyna öwrülýär. Salgyt mehanizminde bar bolan iki başlangyç, ýagny howaýy we hakyky başlangyçlar bir bitewi ulgamy düzýärler, olaryň deňagramlylygynyň bozulmagy oňaýsyz netijelere getirmegi mümkindir.

**Ikinji netije.** Salgyt mehanizminiň gurluşynyň mazmunynyň nukdaýnazaryndan ugur alyp, salgyt mehanizmine şu aşakdaky kesgitlemäni bermek bolýar: salgyt mehanizmi, bu salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň salgytlar boýunça meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişini we olaryň çaklanylyşyna baha berlişini (salgyt meýilnamalaşdyrmasy) takyklaýan, höweslendiriş häsiýetli (salgyt kadalaşdyrmasy) we salgyt kanunçylygynyň ölçegleri bozulanda, täsir ediji jerimeleri ulanmak çäreleri görnüşinde (salgyt monitoringi) býujetiň ýerine ýetirilişi babatynda ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütleriň kabul edilmegini üpjün edýän döwletiň kanuny namalarynyň hukuk ölçegleriniň esasynda tertipleşdirilýän işiň üç sany biri-biri bilen baglanyşykly maliýe-býujet çygyrlarynyň toplumydyr.

### 4.2.14. Döwlet salgyt menejmentinde salgytlary meýilnamalaşdyrmak we çaklamak, olaryň usullary, maksatlary we işlenip düzülmegi

Salgytlary meýilnamalaşdyrmak we çaklamak salgytlar babatynda çözgütleriň işlenip düzülýän we kabul edilýän ulgamynyň özboluşly düzüm bölegidir. Býujet tabşyryklaryny hil we mukdar taýdan kanun esasynda işlenip düzülen salgyt konsepsiýasyndan ugur alyp, döwletiň ösüşiniň durmuş-ykdysady meýilnamalaryny geljege ykdysady taýdan esasladyrylmagy salgytlary meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň çözýän naýbaşy meseleleriniň biridir. Salgytlaryň meýilnamalaşdyrmagy aýry-aýry maliýe ýylyna (gündelik salgyt meýilnamalaşdyrmasy) we uzak geljege (salgyt çaklamasy) niýetlenýär. Şol sebäpli, salgytlary meýilnamalaşdyrmagyň taktikasy we strategiýasy tapawutlandyrylýar.

Salgytlar boýunça uly bolmadyk gündelik tabşyryklary işlenip düzülende, çärýekler boýunça gelip gowuşjak salgyt tölegleriniň pul möçberleri takyklanylanda, taktika häsiýetli meseleler çözülýär. Gündelik taktiki meseleleriň çözülmegi, salgyt salmakda strategiki meseleleri göz öňünde tutmak üçin hukuk meýdançasyny döredýär. Şu ýagdaýda salgyt çaklamasy gündelik salgyt borçnamalary ýerine ýetirilende alynýan hasabat we analitiki maglumatlaryň ylmy taýdan esaslandyrylan netijelerine esaslanýar. Alnan maglumatlaryň toplanylmagy we işlenip taýýarlanylmagy, hasabat ýylynda salgyt salmak babatynda bolup geçen oňaýly we oňaýsyz hadysalara baha bermäge, maýa goýumlarynyň (inwestisiýalaryň) depginlerine, ykdysadyýetiň pudaklarynyň gurluşynyň ilerlemesine, çäkleriň, hojalygy ýöredýän birlikleriň we raýatlaryň girdejilerine salgytlaryň täsir edişini takyklamaga mümkinçilik berýär.

**Salgyt taktikasy býujet toparlanmasynyň çäklerinde býujetiň girdejiler maddalarynyň umumy gurluşy işlenip düzülende, salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi geçirilende häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýan tej-**

**ribe işleriniň toplumydyr. Salgytlar babatynda geçirilýän gündelik (taktiki) işleriň hiliniň ýokary derejesi, ähli derejedäki býujetleriň doly we öz wagtynda ýerine ýetirilişini şertlendirýär.**

Býujet – salgyt gatnaşyklaryna salgyt monitoringiniň geçirilişiniň usullaryny ulanyp, salgyt gullugy salgyt bozulmalaryň öňüni alýar we geçirilen salgyt barlaglarynyň netijesinde ýüze çykarylan tölenmedik salgytlaryň pul möçberiniň hasabyna býujetiň girdejiler böleginiň üstüni ýetirýär. Ahyrky netijede aýry-aýry salgyt toparlarynyň, salgytlaryň we umuman salgyt ulgamynyň kämilligi takyklanýar. Bularyň ählisi kabul edilen salgyt konsepsiýasynyň kämilligi ýa-da ykdysadyýetiň ösüş depginlerine laýyklykda salgyt salynmagy tertipleşdirýän «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna goşmaçalaryň we üýtgetmeleriň işlenip girizilmeginiň zerurlygy hakynda habar berýär. Hasabat – maliýe ýylynda salgyt borçnamalary ýerine ýetirilende salgyt gatnaşyklarynyň mazmunyna geçirilýän analitiki-gözleg işleri, uzak möhlete salgytlary meýilnamalaşdyrmak (çaklamak) üçin möhüm şertleriň biri bolup durýar. Uzak möhlete (strategiki) salgytlary meýilnamalaşdyrmak, salgyt menejmentiniň nazaryýetinde we tejribesinde möhüm orun tutýar. Uzak möhlete salgytlary meýilnamalaşdyrmak (çaklamak) dünýäniň öňdebaryjy döwletler tarapyndan ykdysadyýeti öňünden çaklamagyň usuly hökmünde ulanylýar. Aralyk gelejege niýetlenilen salgyt çaklamasy öz içine şu aşakdakylary alýar:

**birinjiden,** çäk eýeçiliginiň girdejililigine (sebitleriň maliýe taýdan üpjün edilişiniň býujet netijeliliginiň koeffisiýentleri ulanylýar), sebitiň pudak ýöriteleşdirmesini tehniki babatynda täzelemegiň isleglerine, sebitiň resurs binýadyna, zähmete hak tölenilmegine, çägiň eksport-import amallarynyň gatnaşygyna, önümçilik we durmuş infrastrukturasynyň hiline, ulag magistrallary bilen üpjün edilişine baha berilmegini;

**ikinjiden,** sebitiň ykdysady taýdan ösüşiniň depginlerini hasaba almak bilen, salgyt gelip gowuşmalarynyň göwrüminiň artmagyny öz içine alýar. Ähli derejedäki býujetler geljekki döwre düzülende, bu maglumatlaryň möhüm ähmiýeti bar, sebäbi subsidiýalar, subwensiýa-

lar, dotasiýalar we transfert maliýeleşdirmesi görnüşinde merkeziň maliýe serişdelerine sebitleriň bolan islegleri doly möçberde we hakykada laýyk takyklanýar. Salgyt kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça çözgütler kabul edilende, bu maglumatlaryň uly ähmiýeti bar;

**üçünjiden,** býujet ýetmezçiliginiň (defisitiň), býujet artykmaçlygynyň (profisitiň) jemini, bahalaryň ösüş derejesiniň, indeksiniň, bazar indikatorlarynyň (bazar ykdysadyýetine täsir edýän ykdysady gurallar) hasaplap çykarylmagyny.

Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda we çaklananda diňe fiskal ähmiýetli meseleler çözülmän, salgytlary kadalaşdyrmagyň we salgyt monitoringiniň taktikasynyň we strategiýasynyň esaslaryny kämilleşdirmegiň ugurlary hem düzülýär. Salgyt meýilnamalaşdyrmasyna we çaklamasyna salgyt menejmentiniň binýat düzüm bölekleriniň biri hökmünde seredip geçmek maksada laýykdyr. Umumydöwlet salgyt menejmentiniň düzüminde býujet-salgyt menejmenti esasy sütünleriň biridir. Dolandyryş işleriniň bu ulgamy Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik gullugy we beýleki dolandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Ýerlerde şu wezipeleri salgyt-býujet prosesleri dolandyrýan welaýat, şäher we etrap dolandyryş guramalary ýerine ýetirýärler. Umumydöwlet salgyt meýilnamalaşdyrmasy umumydöwlet pul gaznasy bolup durýan býujetde maliýe serişdelerini merkezleşdirmek üçin salgyt töleýjileriň çäklerinde olaryň göwrüminiň takyklanylmagyny maksat edinýär. Maliýe serişdeleri meýilnamalaşdyrylanda, häkimiýet guramalary salgyt tölegleriniň iň ýokary derejesiniň alynmagyny göz öňünde tutýarlar. Bu proses jemgyýetiň ösmegi bilen umumydöwlet isleglериniň artmagynyň hasaba alynýandygyna esaslanýar. Jemgyýetiň ösmegi bilen döwlet çykdajylary ilatyň sanynyň köpelmegi, önümçilik däl çygrynda hyzmatlaryň sanynyň artmagy we hiliniň gowulanmagy, ilatyň bilim derejesiniň ýokarlanmagy ýaly köpsanly sebäpler boýunça artýar.

Salgytlar boýunça degişli döwre meýilnamalaşdyrylan anyk salgyt tabşyryklarynyň işlenip düzülmegi, biri-biri bilen bagly birnäçe işleri öz içine alýar:

– geçen döwürde ykdysadyýetiň ösüş depginlerini hasaba almak bilen, salgyt tertibiniň (režiminiň) täze görnüşlerini işläp düzmek;
– salgyt salmagyň aýry-aýry görnüşlerine baha bermek, maliýe-hojalyk işiniň alnyp barlyşynyň görnüşlerine laýyklykda we aýry-aýry çäreleriň ykdysady ähmiýetine görä salgytlary toparlamak;
– geljekki döwre bellenjek salgyt tertibiniň (režiminiň) görnüşleriniň zerurlygyny esaslandyrmak;
– geçen ýylyň býujetiniň ýerine ýetirilişine geçirilen seljermäniň esasynda gelnen netijäni hasaba almak bilen, salgyt girdejileriniň täze taslamasyny hasaplap çykarmak.

Salgyt töleýjilerden we dolandyryş guramalaryndan, ýagny Türkmenistanyň Maliýe ministrliginden, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyndan we beýleki dolandyryş guramalaryndan gelip gowuşýan dolandyryş kararlary işläp taýýarlamak üçin, maglumatlary ýygnap toplamagyň we olary gaýtadan işläp taýýarlamagyň analitiki tapgyrynyň möhüm ähmiýeti bar. Toplanan we gaýtadan işlenip taýýarlanylan materiallaryň dolulygy we hakykylygy, býujet-salgyt ölçeglerini we düzgünleri kämilleşdirmek üçin deslapky binýady düzýär. Dürli derejedäki býujetlere tölenýän salgytlaryň anyk pul möçberi hasaplananda, 28-nji şekilde beýan edilýän 3 gollanmanyň wajyp ähmiýeti bar.

Halkara salgyt tejribesinde salgytlar meýilnamalaşdyrylanda, umumy mälim bolan we giňden ornaşdyrylan deňleme (balans), ekspert bahalanma, korrelýasiýa (özara baglanyşyk), ranžirlemek (ähmiýetine görä), hronologiýa (döwürler boýunça yzygiderlilik), hatarlary düzmek ýaly usullar ulanylýar. Şonuň bilen birlikde, salgytlar meýilnamalaşdyrylanda salgytlaryň kanuna laýyklygyny kasgitlemek üçin, jemgyýetiň ösüşini hasaba alýan gelejege niýetlenilen salgyt konsepsiýasynyň taslamasyny işläp düzmekde hem ýörite usullar ulanylýar. Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan usullaryň birnäçesini belläp geçmek zerurdyr.

**1. Köpölçegli usullar.** Köpölçegli usullar ulanylanda, ilkinji nobatda, sebäp (faktor) we klaster seljermäniň geçirilmegi göz

*28-nji şekil*

**Dürli derejedäki býujetlere tölenýän salgytlaryň anyk pul möçberleri hasaplananda ulanylýan gollanmalar**




öňünde tutulýar. Köpölçegli usullar kabul edilýän çözgütleri esaslandyrmak üçin ulanylýar. Köpölçegli usullaryň özenini bir-biri bilen arabaglanyşykly köpsanly, mysal üçin, önümçiligiň tehniki derejesine baglylykda jemi önümiň göwrüminiň kesgitlenilmegi ýaly üýtgäp durýan ululyklar düzýärler..

**2. Regressiw (yza gaýdyş) we korrelýasion usullar** salgyt gullugynyň işini beýan edýän üýtgäp durýan ululyklar toparlarynyň arabaglanyşygyny kesgitlemek üçin ulanylýar.

**3. Imitasion (meňzetmek) usuly** geçirilýän marketing işleriniň ýagdaýyna täsir edýän ululyklar adaty analitiki kararlaryň logikasyna gabat gelmedik ýagdaýynda ulanylýar.

**4. Salgyt nazaryýetini öwrenmegiň esasynda kararlaryň kabul ediş usullary.** Bu usullara oýunlary geçirmegiň nazaryýeti,

stohastiki programirlemek (salgyt syýasatynyň üýtgemeginiň netijesinde salgyt töleýjä ýetirilýän täsiri ýazyp beýan etmek üçin ulanylýar) degişlidirler. Bahalaryň düzümi we harytlaryň teklibi, şeýle-de salgyt düzgünleriniň berjaý edilişiniň ýagdaýy baradaky ylmy çaklamalary statistiki babatda öwrenmek üçin, bu usullaryň ulanylyşynyň iki esasy ugruny, mysal üçin, salgyt töleýjilere, degişlilikde salgyt kanunlarynyň ýumşaklyk derejesini, önümçiligiň ösüşini we pese düşüşini çaklamak we şonuň netijesinde salgyt gelip gowuşmalaryň göwrüminiň üýtgemeginiň öwrenilmegini öwrenmek belläp geçmek zerurdyr.. Oýunlary geçirmegiň nazaryýeti matematikanyň düzüm bölekleriniň biridir, onuň düzgünleri **«näme bolar, eger-de...»** meseleleri çözmek üçin anyk salgyt binýatlar boýunça dolandyryş çözgütleri kabul edilmänkä, bu çözgütleriň amala aşyrylmagynyň netijesinde ýüze çykýan wakalar gözden geçirilende ulanylyp bilinýär. Kanagatlanarsyz netijeler alnanda, şu çözgütleri aradan aýyrmak bolýar. **Gapma-garşylyk oýunlar** usullary salgyt töleýjiler bilen salgyt gullugynyň arasyndaky aragatnaşyklarda durnuksyzlygy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Umumydöwlet salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň umumy görnüşi 29-njy şekilde beýan edilýär. Merkezi býujetiň we ýerli býujetleriň salgyt girdejileriniň taslamasy işlenip düzülende, 29-njy şekilde beýan edilen tapgyrlar salgytlar babatynda geçirilýän işleriň ähli çygrynyň häzirki döwre we geljege niýetlenilen bahalanmasynyň bitewiligini, olaryň makro we mikroykdysady görkezijilerine täsir edişini üpjün edýär. Salgyt taktikasy we salgyt strategiýasy bir bitewligi aňladýar. Salgyt salmagyň geljegini düýpli öwrenmän gündelik maliýe meýilnamalarynyň işlenip düzülmegi, irde-giçde salgyt tabşyryklarynyň we maliýe-hojalyk işiniň görkezijileriniň arasyndaky arabaglanyşyklaryň bozulmagyna getirýär. Salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň geçirilmeginiň tapgyrlarynyň yzygiderliligi, senenama ýylyna we gelejege kabul edilýän dolandyryş kararlarynyň bitewi bir ugruny düzýär. Halkara salgyt tejribesinde býujet tabşyryklary işlenip düzülende, salgytlary meýilnamalaşdyrmagyň ýörite tilsimleri ulanylýar, olar 30-njy şekilde beýan edilýär.

*29-njy şekil*

**Umumydöwlet salgyt meýilnamalaşdyrmasy**




Salgytlar boýunça býujetiň girdejiler bölegi ýerine ýetirilende, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň mazmunynyň üstüni ýetirýän salgyt konsepsiýasynyň ähli düzgünleriniň berjaý edilmeginiň möhüm ähmiýeti bar. Şu şertiň berjaý edilmegi, býujete gelip gowuşýan gündelik salgyt tölegleriniň dolulygyny we deňölçegliligini şertlendirýär.

Salgyt prosesleriniň gözegçilik işleri bilen öz wagtynda we ählumumy görnüşde gurşalyp alynmagy, şeýle-de salgyt gulluklary tara-

*30-njy şekil*

**Býujet tabşyryklary işlenip düzülende, salgytlary meýilnamalaşdyrmakda ulanylýan ýörite tilsimatlar**



pyndan salgyt töleýjileriň arasynda giňişleýin usulyýet işleriniň alnyp barylmagy hem, salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň golaý we uzak gelejege öňe sürýän meseleleriniň çözülmegine ýardam bolýar. Aýry-aýry faktorlary öňünden çak edilip bolmaýanlygy sebäpli, salgyt gelip gowuşmalaryň hakyky gelip gowşan göwrüminiň meýilnamalardaky görkezijilerden iki-üç göterim möçberinde üýtgemegi, salgytlar boýunça düzülýän meýilnamalarda öňünden göz öňünde tutulýar. Bu bolsa salgyt meýilnamalarynyň anyk salgyt tabşyryklarynyň iň pes derejesi boýunça tassyklanylýan býujet çykdajylary boýunça meýilnama tabşyryklarynyň has doly ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Salgyt tabşyryklarynyň iň pes derejesi maliýe kanuny hökmünde kabul edilýär.

Salgyt borçnamalarynyň meýilnamalary ýerine ýetirilende, kabul edilen salgyt konsepsiýasynyň uly ähmiýeti bar. Salgyt konsepsiýasy işlenip düzülende, salgyt salmagyň diňe milli aýratynlyklary hasaba alynman, eýsem, halkara salgyt tejribesine hem esaslanmalydyr. Ýöne, salgyt meýilnamalary işlenip düzülende, milli ykdysadyýete mahsus bolmadyk daşary ýurt salgyt salmak konsepsiýasyna esaslanmak hem hatardyr. Salgyt konsepsiýasynyň ykdysadyýetiň binýat hakykatyna laýyk gelýändigini ahyrky görnüşde gözden geçirilmegi, salgyt kanuny kabul edilmänkä amala aşyrylmalydyr (onuň ygtybarlylygyny we ýerine ýetirip boljakdygyny üpjün etmek maksady bilen). Kanun hökmünde tassyklamak üçin taýýarlanylan salgyt meýilnamalary, Türkmenistanyň Mejlisinde birnäçe deslapky ylalaşyk derejelerini geçmelidir.

Bazar ykdysady şertlerinde salgyt salmagyň täze konsepsiýasynyň ornaşdyrylmagy we Türkmenistanyň täze Konstitusiýasynyň kabul edilmegi bilen döwletiň gurluşynda demokratiýanyň esaslarynyň çuňlaşmagy, ähli derejedäki býujetleriň emele geliş ýörelgeleri baradaky meseläni täzeden ara alyp maslahatlaşmaga esas döredýär. Diýmek, umumydöwlet salgyt meýilnamalaşdyryş prosesiniň özüne-de, kärhananyň salgyt menejmenti bilen onuň düýpli arabaglanyşygyna bolan çemeleşmesine hem täze garaýyş bolmalydyr. Döwlet salgyt menejmenti bilen kärhanalaryň salgyt menejmentiniň arasynda bar

bolan ykdysady bähbitleriň gapma-garşylygyna garamazdan, umumy salgyt strategiýasy bitewidir, ol hem döwletiň çäginde durnukly ykdysady binýadyň döredilmegidir.

Aýry-aýry sebitleriň we çäkleriň ösüşini çaklamak we oňa baha bermek, býujet salgyt syýasatynyň naýbaşy wezipeleriniň biridir. Bu ýerde döwletiň we kärhanalaryň ykdysady bähbitleri kesişýär. Umumydöwlet nukdaýnazaryndan garanyňda, çäkleriň maliýe binýadynyň berkligi gaýtadan paýlaýyş prosesini amatlaşdyrmak, pul serişdeleriniň transfert akymlarynyň pul möçberlerini azaltmak, durmuş-ykdysady gapma-garşylyklary gowşatmak üçin mümkinçilikleri döredýär.

### 4.3.15. Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan salgyt kadalaşdyrmasy

Salgyt ulgamynyň döwletiň ykdysadyýetine ýetirýän kadalaşdyryş täsiri köptaraplaýyn häsiýete eýedir. Hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýe-hojalyk işiniň aýry-aýry çygyrlaryna geçirilýän salgyt kadalaşdyrmasy býujetiň girdejilerini kadalaşdyrmakdan tapawutlanýar. Salgyt kadalaşdyrmasynyň usullarynyň saýlanyp alynmagynyň başlangyç şerti ýeke-täk wezipäniň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutmalydyr, ol bolsa üznüksiz önümçilik prosesiniň gidişine döwletiň goşulmagy maksada laýyk we ählitaraplaýyn ölçegleşdirilen bolmalydyr.

Salgyt kadalaşdyrmasy salgyt mehanizminiň we döwlet salgyt menejmentiniň iň çeýe düzüm bölekleriniň biridir. Salgyt kadalaşdyrmasynyň özenini salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt borçnamalary ýerine ýetirilende döwlet dolandyrylyşynda ulanylýan ykdysady çäreler ulgamy düzýärler. Salgyt kadalaşdyrmasynyň usullary ylmy taýdan esaslandyrylan salgyt konsepsiýasynyň aýrylmaz düzüm bölegidir. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga gönükdirilen düýpli çemeleşmeler, döwletleriň köpüsinde esasy salgyt kanuny bolup durýan «Salgytlar hakyndaky» kanun bilen şertlendirilýär. Salgyt kadalaşdyrmasy salgyt hukuk gatnaşyklarynyň iň bir çylşyrymly konstruksiýasydyr, sebäbi salgyt kadalaşdyrmasy salgyt

hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň ykdysady bähbitleriniň çaknyşýan çäklerinde amala aşyrylýar. Býujet ulgamynyň düzüm bölekleri boýunça gelip gowuşýan salgyt girdejileri paýlamagyň (berkidilmegiň) kesgitlenilmegi, şeýle-de merkeziň we ýerlerdäki häkimiýetiň býujet-salgyt ygtyýarlyklarynyň takyklanylmagy, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda şu gapma-garşylyklaryň esasy çygry bolup durýar.

Salgyt kadalaşdyrmasynyň mazmuny we maksatlary salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesi bilen şertlendirilýär. Diýmek, bu proses hakykatdan hem zerurdyr we onuň netijeleri ykdysadyýetiň hakyky ýagdaýyna laýyklykda ulanylýan usullara baglydyr. Salgyt kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullar salgyt salmagyň fiskal adatlaryndan gelip çykýan birnäçe gapma-garşylyklar bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli, salgytlaryň kadalaşdyryş mümkinçiliklerini ykdysady-hukuk we tehniki taýdan amala aşyrmak örän çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar. Salgyt kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullaryň tapawutlylygy, salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň tapawutlandyryjy ykdysady mazmunynyň bolmagy bilen şertlendirilýär. Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan býujet-salgyt kadalaşdyryş mehanizmi 31-nji şekilde görkezilendir.

Salgyt kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullaryň maksatlaryna we wezipelerine baglylykda, olary biri-biri bilen baglanyşykly salgyt ýeňillikleri (preferensiýalary) bermek ulgamyna, jeza çärelerini görmek we býujet-salgyt deňlemesini geçirmek usullaryna bölmek bolýar. Jeza çärelerini görmek we býujet-salgyt deňlemesi usullary salgyt kadalaşdyrma ulgamynda aýratyn orun tutýarlar, sebäbi olar sebitlere salgytlar boýunça aýry-aýry ýeňillikleriň (preferensiýalaryň) berilmeginiň ýa-da býužet-salgyt režimini (tertibini) güýçlendirýän çäreleriň (mysal üçin, býujet karzlarynyň berilmegini togtatmak, sebit eýeçiligine berilýän täjirçilik karz serişdelerini çäklendirmek we ş.m.) ulanylmagynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Salgyt kadalaşdyrma ulgamynda býujet-salgyt kadalaşdyrma usullaryna aýratyn orun berilmegi, olaryň usulyýet häsiýetleriniň bolmagy bilen düşündirilýär. Transfertleriň, subsidiýalaryň, subwen-

*31-nji şekil*

**Salgyt kadalaşdyrma ulgamy-salgyt menejmentiniň gurluşynyň düýpli düzüm bölegidir**



siýalaryň, dotasiýalaryň, hökümet karzlarynyň we beýleki býujet-salgyt usullarynyň üsti bilen sebit býujetleriniň girdejiler we çykdajylar bölekleriniň arasyndaky deňleme üpjün edilýär. Bu usullar býujet maliýeleşdirmesi çygryna, başgaça döwlet çykdajylaryna degişlidirler.

Häzirki wagtda salgytlaryň we ýygymlaryň käbir görnüşleri býujet ulgamynyň aýry-aýry düzüm böleklerine berkidilýär (berkidilen girdejiler), käbirleri bolsa aýry-aýry býujetlere bölekleýin gelip gowuşýarlar. Şol maksat bilen, her ýyl kabul edilýän Türkmenistanyň býujeti hakyndaky kanunynda kadalaşdyrylýan salgytlaryň pul möçberinde salgytlary geçirmegiň ölçegleri (kwotalary) kesgitlenilýär. Mysal üçin, «Türkmenistanyň 2012-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky» Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasynda umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2012-nji ýyl üçin kadalyk ölçegleri şu möçberde kesgitlenilýär:

– **goşulan baha üçin salgyt boýunça:** Aşgabat şäheri – 34,0 %, Ahal welaýaty – 64,0 %, Balkan welaýaty – 29,0 %, Daşoguz welaýaty – 95,0 %, Lebap welaýaty – 72,0 % we Mary welaýaty – 83,0 %;
– **peýdadan alynýan salgyt boýunça:** Aşgabat şäheri – 34,3 %, Ahal welaýaty – 65,7 %, Balkan welaýaty – 30,3 %, Daşoguz welaýaty – 95,0 %, Lebap welaýaty – 70,4 % we Mary welaýaty – 81,9 %;
– **ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt:** Aşgabat şäheri – 34,0 %, Ahal welaýaty – 64,0 %, Balkan welaýaty – 29,0 %, Lebap welaýaty – 72,0 % we Mary welaýaty – 83,0 %;

Dürli derejedäki býujetlere salgyt geçirmeleriň paýy býujetleriň emele geliş aýratynlyklaryna we ýokarda duran býujetiň geçirýän býujet-salgyt syýasatyna baglylykda kesgitlenilýär. Býujetara gatnaşyklar tejribesinde transfert (pul serişdelerini geçirmek manysyny berýär) kadalaşdyrmagyny girizmek bilen, ýokarda duran býujetleriň girdejilerinden (salgytlardan) göterimler görnüşinde pul serişdelerini geçirmek usulyna degişli üýtgetmeler girizildi. **Transfert ýerli dolandyryş guramalarynyň girdejiler binýadyny merkeziň ma-**

**liýe serişdeleriniň hasabyna dolandyrmakda zerurlyk çekýän sebitlere berilýän maliýe kömegidir.** Tejribe nukdaýnazardan transfert tölegleri kadalaşdyrylýan girdejilerden (salgytlardan) göterim görnüşinde geçirilýän maliýe serişdeleridir. Kanunda kesgitlenilen salgytlardan geçirmeleriň amala aşyrylmagy we sebitleri maliýe taýdan goldamak üçin ýöriteleşdirilen gaznalarda olaryň jemlenmegi, transfert tölegleriniň takyklaýjy alamatydyr.

Ykdysadyýeti (öndüriji güýçleri, inwestision prosesleriniň ösüş depginlerini we derejesini we ş.m.) salgytlar babatda kadalaşdyrmak çygrynda salgytlaryň pul möçberleriniň amatlaşdyrylmagynyň uly ähmiýeti bar. Salgytlaryň pul möçberlerini amatlaşdyrmak prosesiniň nazaryýet manysy salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň, ýagny fiskal we kadalaşdyryş wezipeleriniň arasynda mümkin bolaýjak deňagramlygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Hut salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryş düzgünleriniň deňagramlygy salgyt tejribesi üçin möhüm şertdir. Salgyt töleýjiniň alýan girdejisiniň we tölenýän salgytlaryň pul möçberiniň pese düşmegine getirýän howply çäkden (jemi girdejiden 35 göterim) geçýän salgyt tölegleriniň pul möçberi, ykdysatçylaçylaryň köpüsine «Lafferiň täsiri» diýlip atlandyrylýan düşünje hökmünde mälimdir.

Salgyt ulgamynyň amatly gurluşy onuň ykdysady taýdan esaslandyrylan içki gurluşyna we ylaýta-da salgyt möçberleriniň ulylygyna baglydyr. Salgyt möçberleriniň dürli-dürli ululyklaryny salgyt tejribesine ornaşdyrmak, salgyt kadalaşdyrma ulgamynyň möhüm bölegidir. Salgyt möçberleriniň amatly derejesini hasaplap çykarmak juda çylşyrymly we köp zähmet talap edýän işdir. Şu işler döwlet çykdajylaryny amatlaşdyrmak, olary ykdysadyýetiň hakyky ýagdaýynyň mümkinçilikleri bilen gabat getirmek, jemi içerki önüm (JIÖ) hasaplananda inflýasiýanyň täsir edýän güýjüni aradan aýyrmak, býujetiň girdejilerini köpeltmekde emission usullaryny ulanmazlyk maksady bilen geçirilýär, bu ýerde, ilkinji nobatda, ykdysady esaslandyrmalar hökmanydyr.

31-nji şekilde beýan edilen salgyt kadalaşdyrma usullarynyň düzümine dünýäniň köp ýurtlarynda giňden ulanylýan usullar goşuldy.

Şu usullar inwestision taslamalary işlenip düzülende, kabul edilende we ýerine ýetirilende, proteksionistik syýasaty geçirilende, döwlet durmuş meýilnamalary amala aşyrylanda, hödür bilen isleg kadalaşdyrylanda ulanylýar. Salgyt tejribesinde amal edilişine baglylykda, salgyt kadalaşdyrmasy biri-biri bilen bagly çygyrlara, ýagny salgyt ýeňilliklerini bermek we maliýe jerimelerini ulanmak çygyrlaryna bölünýär. Salgyt kadalaşdyrmasynyň bu iki ulgamynyň oňaýly utgaşdyrmasy, salgyt salmagyň çeýeligini we ahyrky netijede geçirilýän salgyt syýasatynyň netijelegini üpjün edýär. Inwestision prosesini we daşary ykdysady işlerini salgytlar babatynda höweslendirilmegi, her bir döwletiň hojalyk toplumynyň ähli düzüm böleklerine oňaýly täsirini ýetirmäge ukyplydyr.

Salgyt ýeňillikler we maliýe jerimeler ulgamynyň üsti bilen gündelik salgyt düzetmeleriň girizilmeginiň zerurlygy önümçilik prosesiniň häsiýeti bilen şertlendirilýär. Täze salgyt tehnikasy kanun esasynda kabul edilen pursatyndaky ykdysady hakykat maliýe ýylynyň ahyryna çenli ýüze çykýan ykdysady hakykatdan düýpli tapawutlanyp biler. Şol sebäpli, salgyt kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullaryň toplumy ykdysady-durmuş we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bu hereketlendiriş ukybyny hasaba almak üçin niýetlenýär. Halkara salgyt tejribesi salgytlaryň üsti bilen höweslendiriş ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleriniň bitewi toplumyny işläp düzdi. Salgytlaryň üsti bilen höweslendiriş ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleri 32-nji şekilde görkezilendir.

Salgyt kadalaşdyrmasynyň usullary işlenip düzülende, salgytlaryň ilatyň durmuş ýagdaýyna täsir edişini hasaba almagyň uly ähmiýeti bar. Salgyt salmagyň tejribesinde geçirilýän sosiologiki amaly-gözleg işleri, salgytlar babatynda ylmy-tejribe işleriniň möhüm ugurlarynyň biridir. Salgytlar babatynda düýpli geçirilýän sosiýalogiki amaly-gözleg işleri, salgyt salmagyň ykdysady taýdan esaslandyrylan ösüş konsepsiýasyny bir ýa-da iki ýyl üçin däl-de, eýsem-de, döwlet tarapyndan onuň uzak gelejege işlenip düzülmegi we kabul edilmegi üçin binýat bolup hyzmat edýär. Şonuň ýaly görkezijileriň dinamiki hatarlaryna geçirilýän seljerme işleri salgyt salmagyň tendensiýalary

*32-nji şekil*

**Salgytlaryň üsti bilen höweslendiriş ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleri**




we döwlet çykdajylarynyň amatlylygy barada düşünje almaga mümkinçilik berýär.

Salgytlaryň üsti bilen inwestisiýalary höweslendirmek ulgamy we üznüksiz önümçilik prosesi bilen onuň arabaglanyşygy, häzirki wagtda ylmy-amaly çekeleşikleriň möhüm ugry bolup durýar. Inwestision salgyt karzy salgyt kadalaşdyrmasy usullaryň arasynda gelejegi bar bolan usullaryň biri diýlip hasap edilýär. Inwestision salgyt karzy salgyt salmak ulgamynyň düýpli esaslaryny üýtgetmeýär we, şol bir wagtda, inwestision proseslerine derhal üýtgetmeleri girizmäge mümkinçilik berýär. Amatly inwestision şertleriň döredilmegi üçin salgyt karzlarynyň netijeli ulanylmagy, döwletiň deňeşdirilen býujetiniň bolmagy, şonuň ýaly karzlaryň tejribesini tertipleşdirilýän

kanuny namalaryň usuly esaslarynyň kämilligi bilen şertlendirilýär. Inwestision salgyt karzlary hakyndaky tertipnama Türkmenistanda häzirki wagta çenli işlenip düzülmedi. Halkara salgyt tejribesi salgyt karzlary we beýleki salgyt preferensiýalary (salgyt ýeňillikleri), ilkinji nobatda, öndürýän önümlerini daşary ýurtlarda ýerleşdirmek üçin niýetlenilen milli öndürijilere berilmegini we döwletiň durmuş ugrukdyrmasy bolan inwestision meýilnamalryna gönükdirilmegini göz öňünde tutýar. Salgytlaryň üsti bilen höweslendirmek usullarynyň şonuň ýaly gönükdirmesi, olary tejribede amala aşyrmak üçin döwlet tarapyndan hojalyk tejribesine ornaşdyrylan ýörite hukuk kepilleriniň has ýokary derejede bolmagyny talap edýär. Üstesine-de bu kepilleriň uzak möhletli we durnukly häsiýeti bolmalydyr.

Halkara salgyt tejribesinde inwestision salgyt karzlary baradaky düzgünler, salgyt gullugy bilen baglaşylýan şertnamalarda beýan edilýän inwestision serişdelerini indeksirlemegiň ýörite tertibini öz içine alýar. Salgyt tölegleri boýunça bergileriň öwezini dolmaga berlen salgyt karzynyň kesgitlenilen möhletinden soň gaýtaryp berilmegi, bazar bäsleşiginiň, milli walýutanyň daşary ýurt pullaryna bolan gatnaşygynyň, içki we daşarky bahalaryň, karzlaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) düýpli üýtgeýän şertlerinde bolup geçýär. Şol sebäpli, käbir ýagdaýlarda salgyt karzlary döwletiň deňeşdirilmedik (balanslaşdyrylmadyk) býujeti üçin artyk ýük bolup durýar.

Salgyt karzlarynyň oňaýly netije bermegini gazanmak üçin kämil düzülen inwestision meýilnamalar bolmalydyr, olaryň ýerine ýetirilmegi bolsa, döwletiň merkezi býujetinde bar bolan maliýe serişdeleriniň çäginde amala aşyrylmalydyr. Salgyt karzlarynyň berilýän inwestision ugurlary, mysal üçin, daşary ýurtlardan getirilýän harytlary çalyşýan milli önümi öndürýän önümçilik, ylmy-gözleg, tejribe-konstruktorçylyk we tejribe-synag işleri geçirmek üçin enjamlar, ekologiýa hajatlary üçin enjamlar, senagat işleri we tehniki maglumatlar ulgamlary, kiçi we aralyk telekeçilik işlerini alyp barýan kärhanalaryň mümkinçilikleri bilen salgyly bolmalydyr. Şonuň bilen birlikde, çalşylýan enjamyň bahasy bilen çäklendirilýän salgyt karzynyň möçberi, berilýän salgyt ýeňillikleriniň umumy çägi bi-

len üsti ýetirilmeli däldir. Salgyt gullugy tarapyndan göterimleriň kesgitlenilýän islendik möçberi inwestision karzy boýunça düýpli çäklendirmeleriň biri bolup bilýär. Göni inwestisiýalar we kärhanalaryň öz önümçiligine gönükdirýän inwestisiýalar boýunça göz öňünde tutulan salgyt ýeňillikleri, maliýe serişdeleriniň bir pudakdan başga bir pudaga geçirilýän akymynyň durnuklylygyna we bäsleşigiň ýaýbaňlanmagyna päsgel berýär.

Döwletiň geçirýän ykdysady, şol sanda salgyt syýasaty maliýe serişdeleriniň geçirilmeginiň hasabyna sebitleriň ykdysady ösüş şertleriniň deňlenilmegini üpjün etmekden däl-de, olarda bar bolan ykdysady kuwwatlyklary özbaşdak gurnamaga bar bolan mümkinçilikleri ulanmak ýoly bilen amala aşyrylmalydyr. Şonuň ýaly şertler ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, bu mesele töleglilik we gaýtaryp bermeklik şerti bilen merkezi býujetden berilýän maksatly býujet karzlarynyň kömegi bilen çözülmelidir. Şonuň ýaly tertipde berilýän býujet karzlarynyň üzülýän möhletleri sebitleriň ykdysady ýagdaýlaryna laýyklykda kesgitlenilmelidir. Sebitleriň ykdysadyýetiniň netijeleligini ýokarlandyrmak üçin olara berilýän ykdysady erkinlik, ilkinji nobatda olaryň çäklerinde telekeçilik işiniň alnyp barlyşynyň ykdysady taýdan erkinligidir. Salgyt kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullaryň ähli ulgamy şol maksatlara hyzmat etmelidir.

Salgyt kadalaşdyrmasy örän çylşyrymly işdir, sebäbi salgyt salmagyň içki mazmuny döwletiň, edara görnüşli we şahsy taraplaryň bähbitleriniň şol bir wagtda birleşmesi hem-de gapma-garşylygydyr. Döwlet kadalaşdyrmasynyň bir bölegi hökmünde, salgyt kadalaşdyrmasy işiň býujet-salgyt çygrynda ilkinji nobatda döwletiň bähbitlerini üpjün edýän ykdysady gural hökmünde göz öňüne getirmek bolýar. Bu bähbitler jemgyýetçilik islegleriniň iň ýokary derejesini maliýe serişdeleri bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Ýöne, daşary ýurt döwletleriň salgyt ulgamy döwlet girdejileriniň emele gelmeginiň esasy çeşmesi bolýan bolsalar-da, olar üznüksiz önümçiliginiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna düýpli täsir edýärler we düýpli ykdysady bähbit bilen üpjün edýärler. Şu wezipeleriň çözülmegi, salgyt kadalaşdyrmasynyň dürli usullarynyň utgaşdyrylmagy hem-de döwlet

tarapyndan ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň mälim bolan usullarynyň (nyrhlarynyň emele gelmegi we tarifleri kadalaşdyrmak, döwlet karzlaryny dolanyşyga çykarmak we ş.m.) ulanylmagy bilen amala aşyrylýar. Salgyt kadalaşdyrmasynyň ahyrky maksady jemgyýetçilik, korporatiw (kärhanalaryň) we şahsy bähbitleri deňleşdirmekdir.

### 4.4.16. Salgyt monitoringi döwlet salgyt menejmentiniň düzüm bölegidir

Salgyt monitoringi maliýe monitoringiniň we salgyt mehanizminiň düzüm bölegidir. Salgyt monitoringi salgyt salmagyň ähli ulgamyny gurşap alýar, şeýle-de aýry-aýry salgytlaryň, salgyt toparlarynyň, salgyt töleýjileriň toparlarynyň we çäkleriň çäklerinde amala aşyrylýar. Salgyt monitoringi buhgalter hasabynyň we hasabatynyň düzgünlerini hem-de salgyt salmagyň kanuny esaslaryny üpjün edip, ykdysadyýeti dikligine we keseligine gurşap alýar.

Salgyt monitoringine bildirilýän esasy talaplaryň biri bolup salgyt salmagyň gadymdan mälim bolan ýörelgesinden, ýagny salgyt gözegçiligini geçirmekden alynýan serişdeler, ony amala aşyrmaga harçlanýan harajatlardan ep-esli köp bolmagyndan gelip çykýar. Salgyt salmagyň hil we mukdar ölçegleri hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýe-hojalyk işiniň netijelerine, emlägiň gymmadynyň bahalanmasyna, maliýe serişdeleriniň ýerleşdirilmegine gös-göni bagly bolup durýar. Diýmek, salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi, esasy we dolanyşyk serişdeleriniň, tebigy serişdeleriniň (ýer, ýerasty baýlyklary, suw resurslary we ş.m.) pul bahalanmasynyň ululygy bilen şertlendirilýär. Şolara baglylykda ulanyş tölegleriň, dolanyş aktiwleriň, zähmet hakynyň, peýdanyň pul möçberi hasaplanylýar. Bu bolsa salgyt, auditor we beýleki gyzyklandyrma bildirýän gulluklaryň gözegçilik işlerini amala aşyrmak üçin uly mümkinçilik döredýär. Salgyt monitoringiniň nazaryýeti we tejribe işleri salgyt monitoringiniň 6 çygryny gurşap alýar, olaryň çäginde salgyt monitoringiniň alnyp barlyşynyň adatdan daşary ölçegleri we düzgünleri ulanylýar. Salgyt monitoringiniň esasy çygyrlary 33-nji şekilde görkezilendir.

*33-nji şekil*

**Salgyt monitoringiniň esasy çygyrlary**




33-nji şekilde beýan edilen salgyt monitoringiniň esasy çygyrlarynyň çäginde gözegçilik işlerini amala aşyrmak boýunça dürli usuly we ölçeg namalary ulanylýar. Bu çygyrlara dürli edaralaryň (içki firma gözegçilik gulluklary, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy we beýlekiler) köpsanly işgärleri gözegçilik geçirýärler. Salgyt monitoringi salgyt gullugynyň wezipeli işgärleri tarapyndan salgyt töleýjileri we salgyt salynmaga degişli binýatlary hasaba almak, salgyt barlaglary geçirmek, salgyt töleýjilere we başga taraplara sorag geçirmek, hasabyň we hasabatyň maglumatlaryna seljerme geçirmek, salgyt salynmaga degişli ýa-da girdeji almaga nuýetlenilen binýatlaryň bolup biläýjek desgalaryny we çäklerini gözden geçirmek, şeýle-de «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň we Türkmenistanyň beýleki kanuny namalarynyň kadalaryny berjaý etmek arkaly amala aşyrylýar.

Salgyt barlaglarynyň maksatlary dürli-dürlüdir. Salgyt barlaglarynyň geçirilmegine degişlilikde, salgyt gulluklary salgyt kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda salgyt monitoringi alyp barmak boýunça düzülen ölçeg resminamalary ulanýarlar. Şonuň ýaly ölçeg resminamalaryna, mysal üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyny (80–84-nji maddalary), Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2006-njy ýylyň 24-nji martynda 16-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 22-nji iýunynda 387-nji san bilen bellige alnan «Maliýe hasabatyna we salgyt beýannamalaryna kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça gollanma», Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan 2006-njy ýylyň 29-njy martynda 18-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 30-njy iýunynda 390-njy san bilen bellige alnan «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanma» we beýleki resminamalar degişlidirler. Sanalyp geçilen resminamalar salgyt bozulmalarynyň mazmunyny we şol bozulmalar boýunça görülýän çäreleri kesgitleýärler. Olara goşmaça salgyt gullugy her bir aýry-aýry salgydyň çäginde salgyt monitoringini amala aşyrmak boýunça usuly görkezmeleri işläp düzýär.

Halkara salgyt tejribesinde geçirilýän hasap we hasabat syýasatynda kärhanalaryň maliýe hasabatynyň esasy resminalarynyň biri bolup durýan pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky hasabat (PSHHH) ulanylýar. Maliýe hasabatynyň şu görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan 2002-nji ýyldan başlap girizildi (maliýe hasabatyna 4-nji belgili goşundy). Kärhanalaryň maliýe hasabatyna girizilen hasabatyň şu görnüşi dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň kadalaryna we ölçeglerine türkmen bazarynyň uýgunlaşmagynyň zerurlygy, gözegçilik geçirýän edaralaryň has doly we dogry ykdysady maglumatlarda mätäçlik çekýändikleri bilen düşündirilýär. Kärhanalar tarapyndan daşarky ulanyjylar (Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Merkezi banky we olaryň ýerlerdäki edaralary) üçin düzülýän

PSHHH kärhananyň salgyt binýadyna gözegçilik geçirmäge niýetlenendir. Hasabat maglumatlaryň jemleşdirilmegi, ähli derejeler boýunça salgyt býujetleri işläp düzmek üçin ygtybarly binýady üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Bu maglumatlar salgyt menejmentiniň ähli çygyrlarynda ulanylýar.

Salgyt borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi pul serişdeleriniň keseligine we dikligine hereket edişiniň möhüm akymydyr. Şol sebäpli, olaryň çaklanýan göwrüminiň dürslüginiň tassyklanylmagy, gelejege girdejiler boýunça býujet tabşyryklaryň hakykada laýyk getirilmegini üpjün edýär. PSHHH döwlet menejmenti ulgamynda hasabat-analitiki we gözegçilik wezipeleriniň uýgunlaşdyrylmagyna ýardam bolmalydyr. Halkara salgyt tejribesinde pul akymlaryny meýilnamalaşdyrmagyň usullary korporatiw (kärhanalaryň) menejmenti ulgamynda has düýpli işlenip düzülen we giňden ornaşdyrylan. Salgyt we beýleki tölegler görnüşinde pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat salgyt barlaglaryny geçirmek we býujet meýilnamalarynda göz öňünde tutulmadyk ugurlar boýunça býujet serişdelerini ulanmak hadysalary aradan aýyrmak üçin çäreleriň geçirilmegi üçin deslapky resminama hökmünde ulanylyp bilner. PSHHH temalaýyn barlaglaryň geçirilmeginiň üsti bilen hem salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine ýardam bolup biler.

Salgyt töleýjileriň salgytlary tölemekden boýun gaçyryp gutulmagynyň öňüni almak salgyt monitoringiniň esasy maksadynyň biridir. Salgyt tölegleriniň adatdan uly möçberine gaýtawul bermek gural hökmünde bu hadysa gadymdan mälimdir. Durnukly görnüşi kabul edip, salgytlardan gaçyp gutulmak, salgyt salmak bilen bile kämilleşýärdi, ondan ugur alyp, maliýeçiler «salgyda garşylyk görkezilmeginiň ösüş kanunyny» kesgitlediler. Halkara salgyt tejribesinden ugur alynsa, onda maliýe bazarynda amallar amala aşyrylanda salgyt tölemekden boýun gaçyrmaklyk iň bir giňden ýaýran hadysalaryň biridir. Şonuň bilen birlikde, gozgalýan emlägi ýerleşdirmekden alynýan girdejiler, paýnamalary, obligasiýalary we beýleki gymmat bahaly kagyzlary saklaýan saklaýjylaryň arasynda kompaniýalar tarapyndan paýlanylýan diwidentler we gaýry girdejiler salgyt beýannama-

larynda görkezilýän gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmekden alnan girdejileriň pul möçberlerine laýyk gelmeýärler. Salgyt töleýjileriň käbirleri salgyt gaçybatalgalarda bar bolan amatly salgytlara pul serişdelerini geçirip, salgyt hilegärligine ýüz öwürýärler. Bu pul möçberleriň arasyndaky tapawut şeýle bir uly, hat-da salgyt salynýan binýatlary ýüze çykarmak üçin adatdan daşary salgyt usullaryny ulanmaly bolýar.

Halkara salgyt tejribesi salgyt hukuk bozmalary bilen göreşmegiň duýduryş (salgyt bozmalaryň öňüni alyş usullary) we jezalandyryş diýen iki usulyny tapawutlandyrýar. Salgyt monitoringiniň salgyt bozulmalarynyň öňüni alyş usullarynyň çygrynyň giňeldilmegi, salgyt hukuk bozulmalarynyň sanynyň kemelmegi üçin wajyp şertdir. Duýduryş çäreler toplumy salgyt töleýjilere maslahat–usuly kömegiň berilmegini, metbugatda salgyt kanunçylygyna girizilýän üýtgetmeleriň öz wagtynda salgyt töleýjilere ýetirilmegini, salgyt kanunçylygynyň adaty we gödek bozulmalaryny, araçyl kazyýetiniň tejribesiniň maglumatlary barada materiallaryň çap edilmegini göz öňünde tutýar. Salgyt monitoringine gatnaşýan taraplar, salgyt monitoringiniň binýatlary, salgyt monitoringiniň görnüşleri we salgyt hukuk bozmalaryň düzümi 34-nji şekilde şekillendirilýär.

Halkara salgyt tejribesinde salgyt hukuk bozmalaryna şu aşakdakylar degişlidirler:

– salgyt hasabyna durmak we banklarda hasaplary açmak üçin berilýän maglumatlaryň ýoýulmagy;
– salgyt beýannamalaryny tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy, beýannamalary düzmekden boýun gaçyrmak;
– hasabat maglumatlarynyň ýoýulmagy, hasaby alyp barmakdan boýun gaçyrmak;
– salgyt salmak boýunça resminamalary saklamagyň tertibiniň bozulmagy;
– salgyt hasabyna alynmagyň tertibiniň bozulmagy, ondan boýun gaçyrmak;
– salgytlaryň we ýygymlaryň pul möçberleriniň bilkastlaýyn azaldylmagy;

*34-nji şekil*

**Döwlet salgyt monitoringiniň mazmuny**



– salgytlar boýunça hasaplaşyklaryň nädogry geçirilmegi we olar salgyt töleýjä nädogry gaýtaryp berilende;
– salgyt gullugynyň işgärlerine garşylyk görkezilmegi, salgytlar boýunça resminamalary bermekden boýun gaçyrmak;
– salgyt salynmakdan boýun gaçyrmak;
– hasaplary açmagyň we salgytlary geçirmegiň şertleriniň bank edaralary tarapyndan bozulmagy;
– hasaplar boýunça geçirilýän amallary togtatmak boýunça we salgyt töleýjiniň hasaplarynda pul serişdeleri bolanda salgytlary tutup almak barada salgyt gullugynyň talaplarynyň bank edarasy tarapyndan ýerine ýetirmekden boýun gaçyrylmagy;
– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmegiň tertibiniň bozulmagy;
– salgyt töleýjiler barada maglumatlaryň berilmezligi;
– salgyt hukuk bozmalary barada işleriň alnyp barylmagy boýunça resminamalaryň berilmezligi,
– şaýatlaryň görkezme bermekden, ekspertiň salgyt bozmalary hakyndaky işlere gatnaşmakdan boýun gaçyrmaklary;
– salgyt gullugynyň işgärlerine bikanun garşylyk görkezilmegi.

Salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň deslapky (kameral) we resminamalaýyn görnüşleri şu okuw kitabynyň 12-nji babynda giňişleýin beýan edilýär.

### «Salgyt mehanizmi we döwlet salgyt menejmenti» atly bap boýunça öz-özüni barlamak üçin soraglar

1. Salgyt mehanizmine ikileýin häsiýet mahsusmy?
2. Milli girdejiniň bir bölegi umumylaşdyrylanda salgyt mehanizmi haýsy gatnaşyklary dolandyrýar?
3. Gaýtadan paýlaýyşda ýüze çykýan salgyt gatnaşyklarynyň ähli çygry näçe we haýsy kiçi ulgamlar bilen çäklendirilýär?
4. Salgyt mehanizminiň kiçi ulgamlarynyň özboluşlyklarynyň nazaryýet taýdan kesgitlenilmegi haýsy düzgünlere tabyndyrlar?
5. Salgyt önümçiligi haýsy kanuny topluma bagly?
6. Salgyt mehanizmi haýsy elementlerden ybarat?

7. Salgytlaryň meýilnamalaşdyrylmagy we çaklanylmagy salgytlar babatynda işiň haýsy çygyrlaryny gurşap alýar?
8. Salgyt kadalaşdyrmasy salgytlar babatynda işiň haýsy çygyrlaryny gurşap alýar?
9. Salgyt monitoringi salgytlar babatynda işiň haýsy çygyrlaryny gurşap alýar?
10. Salgytlaryň tutýan orny salgytlar babatynda geçirilýän haýsy işler bilen takyklanýar?
11. Salgyt kanunçylygynyň çäklerinde aýry-aýry salgyt düzgünleriniň ulanylmagy, haýsy faktorlara bagly?
12. Salgyt töleýjä degişlilikde salgyt mehanizmi haýsy alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar?
13. Salgyt ýeňillikleri we maliýe jerimeleri salgyt mehanizminiň haýsy elementleriniň deslapky özeni we düzüm bölegi bolup durýarlar?
14. Salgyt meýilnamalaşdyrmasy haýsy görkezmelerden ugur alnyp amala aşyrylýar?
15. Býujet-salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň esasy maksady näme?
16. Kärhanalaryň salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň esasy maksady näme?
17. Salgyt kadalaşdyrmasy we salgyt monitoringi geçirilende, kimiň bähbitleri çaknyşýar?
18. Türkmenistanyň salgyt salmak ulgamynyň esasy salgyt görnüşleriniň sanawy dünýä ülňülerine laýyk gelýärmi?
19. Türkmenistanda salgytlar babatynda döwlet derejesinde çözülýän meseleler boýunça kararlaryň kabul ediş mehanizmi garjaşyklardan erkinmi, oňa halkara salgyt hukugynyň ölçegleri mahsusmy?
20. Salgyt mehanizmine nähili kesgitleme berilýär?
21. Salgytlary meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň çözýän naýbaşy meselesi haýsy meseleleriň çözülmeginden ybarat?
22. Salgyt taktikasy näme?
23. Salgytlar babatynda taktiki häsiýetli meseleleriň çözülmegi, salgyt salmakda haýsy meseleleri göz öňünde tutmak üçin hukuk meýdançasy bolup durýar?

24. Salgyt çaklamasy haýsy maglumatlara esaslanýar?
25. Salgyt strategiýasy näme?
26. Aralyk gelejege düzülýän salgyt çaklamasy öz düzüminde haýsy işleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar?
27. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda we çaklananda haýsy meseleler çözülýär?
28. Umumydöwlet maliýe menejmentiniň düzüminde býujet-salgyt menejmentini kim dolandyrýar?
29. Degişli döwre meýilnamalaşdyrylan anyk salgyt tabşyryklaryň işlenip düzülmegi, biri-biri bilen baglanyşykly haýsy işleri öz içine alýar?
30. Dürli derejedäki býujetlere tölenýän salgytlaryň anyk pul möçberi hasaplananda, haýsy gollanmalar ulanylýar?
31. Halkara salgyt tejribesinde salgytlar meýilnamalaşdyrylanda haýsy usullar ulanylýar?
32. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan korrelýasiýa usulynyň mazmuny nämeden ybarat?
33. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan ranjirlemek usulynyň mazmuny nämeden ybarat?
34. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan hronologiýa usulynyň mazmuny nämeden ybarat?
35. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan hatarlary düzmek usulynyň mazmuny nämeden ybarat?
36. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan köpölçegli usulyň mazmuny nämeden ybarat?
37. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan imitasion usulyň mazmuny nämeden ybarat?
38. Salgytlar meýilnamalaşdyrylanda salgytlaryň nazaryýetini öwrenmegiň esasynda kararlaryň kabul ediliş usullarynyň mazmuny nämeden ybarat?
39. Salgytlar boýunça meýilnama tabşyryklary işlenip düzülende işleriň haýsy tapgyrlary amala aşyrylýar?
40. Býujet tabşyryklary işlenip düzülende salgytlary meýilnamalaşdyrmakda haýsy tilsimler ulanylýar?

41. Salgyt meýilnamaşdyrylmasy geçirilende töwekgelçiligiň derejesi hasaba alynýarmy?
42. Salgyt tabşyryklarynyň iň pes derejesi haýsy kanun hökmünde kabul edilýär?
43. Salgyt kadalaşdyrmasynyň özenini näme düzýär?
44. Salgyt kadalaşdyrmasynda haýsy usullar ulanylýar?
45. Salgyt kadalaşdyrmasynda haýsy tilsimler ulanylýar?
46. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler ulgamyna ýeňillikleriň haýsy görnüşleri goşulýar?
47. Salgytlar barada ulanylýan jerimeler ulgamyna jerimeleriň haýsy görnüşleri goşulýar?
48. Ulanylýan usullaryň maksatlaryna we ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda, salgyt kadalaşdyrmasy näçe we haýsy çygyrlara bölünýär?
49. Býujetleriň girdejiler we çykdajylar bölekleriniň arasyndaky deňleme býujet-salgyt usullarynyň haýsy görnüşleriniň üsti bilen amala aşyrylýar?
50. Dürli derejedäki býujetlere salgyt geçirmeleriň paýy nämä esaslanyp kesgitlenilýär?
51. Transfert tölegleri näme? Transfert geçirmeleriň takyklaýjy alamaty näme?
52. «Lafferiň täsiri» diýlip atlandyrylýan düşünje nämäni aňladýar?
53. Salgyt ulgamynyň amatly gurluşy nämä bagly?
54. Salgyt möçberleriniň amatly derejesini hasaplap çykarmak üçin haýsy esaslandyrmalary işläp taýýarlamaly?
55. Salgytlaryň üsti bilen höweslendiriş ulgamynyň gurluşynyň haýsy ýörelgeleri halkara salgyt tejribesinde giňden ulanylýar?
56. Inwestision salgyt karzy näme?
57. Amatly inwestision şertleriň döredilmegi üçin salgyt karzlarynyň netijeli ulanylmagy üçin haýsy şertler döredilmeli?
58. Inwestision salgyt karzy berlende, halkara salgyt tejribesi ilki bilen haýsy ugurlary göz öňünde tutýar?
59. Salgyt monitoringine bildirilýän esasy talaplaryň biri nämeden ybarat?

60. Salgyt salmagyň hil we mukdar taýdan ölçegleri nämä bagly?
61. Salgyt monitoringiniň nazaryýeti we tejribe işleri salgyt monitoringiniň näçe we haýsy çygyrlaryny gurşap alýar?
62. Halkara salgyt tejribesinde geçirilýän hasap we hasabat syýasatynda kärhanalaryň maliýe hasabatynyň esasy resminamalarynyň biri bolup haýsy resminama hyzmat edýär?
63. Salgyt hukuk bozmalarynyň düzümi nämeden ybarat?
64. Salgyt hukuk bozmalary üçin jogapkärçiligiň görnüşleri nämeden ybarat?
65. Salgyt hukuk bozmalarynda salgyt töleýjilere garşy ulanylýan jeza bermek çäreleriniň görnüşleri haýsylar?

# II bölüm
# TÜRKMENISTANDA GYTAKLAÝYN SALGYT SALMAK ULGAMY

## V bap
## Goşulan baha üçin salgyt

### 5.1.17. Goşulan baha üçin salgydyň ykdysady mazmuny, onuň ýüze çykmagynyň we hereket etmeginiň taryhy

Goşulan baha üçin salgyt gytaklaýyn salgyt salmak ulgamynda möhüm orun eýeleýär. Goşulan baha üçin salgydyň ykdysady mazmunyna göz ýetirmek üçin gytaklaýyn salgytlara umumy kesgitleme bereliň. **Gytaklaýyn salgytlar (ikinji derejeli salgytlar) ýerleşdirilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň bahasyna goşmaça bölek görnüşinde kesgitlenilýän salgytlardyr.** Göni salgytlardan tapawutlylykda, gytaklaýyn salgytlar salgyt töleýjileriň alýan girdejileri we olaryň emläkleriniň bahasy bilen gös-göni bagly däldir. Salgyt salynmaga degişli harytlary öndürýän ýa-da hyzmatlary amal edýän edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýerleşdirilen harytlaryndan we amal eden hyzmatlaryndan alan girdejileriniň hasabyna döwletiň haýryna salgydyň pul möçberini geçirýärler, başgaça aýdylanda, olar salgyt ýumuşçylarynyň wezipelerini ýerine ýetirýärler. Gytaklaýyn salgytlary öz içine alýan harytlary satyn alýan sarp edijiler şu salgytlaryň ahyrky töleýjileri bolup durýarlar.

Gytaklaýyn salgytlaryň ýüze çykmagyna we hereket etmegine taryhy nukdaý nazardan seljerme geçirilende, olar ilkinji gezek gul eýeçiligi jemgyýetçilik-ykdysady gurluşynda ýüze çykypdyrlar. Gytaklaýyn salgytlaryň girizilmegi, aýry-aýry döwletleriň syýasy

kuwwatynyň güýçlenmegi we haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen şertlendirilýärdi. Şäherleriň çägine girilende harydyň eýesi tarapyndan tölenýän derweze pajy gytaklaýyn salgytlaryň ilkinji görnüşleriniň biri diýlip hasap edilýär. Feodalyň eýeçilik edýän çäginden geçirilýän ýa-da onuň çäklerine getirilýän harytlardan feodal tarapyndan ýygnalýan içki gümrük paçlary feodal bölünişigi döwründe has giň gerim aldy. Merkezleşdirilen salgytlaryň we aýry-aýry döwletleriň milli bazarlarynyň emele gelmegi bilen, içki gümrük paçlarynyň ornuny daşarky gümrük paçlary, goşmaça tölegler (aksizler) we döwlet fiskal monopoliýa salgydy tutdylar. Häzirki döwürde gytaklaýyn salgytlar aýry-aýry döwletleriň býujetleriniň girdejiler böleginiň düzüminde uly ähmiýete eýe boldular.

Gytaklaýyn salgytlar döwlet býujetiniň diňe girdejiler çeşmesi bolman, eýsem, bu salgytlar ykdysadyýeti kadalaşdyrmak, ýagny ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň ösüş depginlerini höweslendirmek ýa-da olaryň depginlerini pese düşürmek üçin hem zerurdyr. Önümçilik prosesine salgyt mehanizmini başarnykly we täsir ýetiriji görnüşde ornaşdyrmak maksady bilen, käbir döwletlerde (Angliýada, Germaniýada, ABŞ-da) gytaklaýyn salgytlaryň möçberini üýtgetmek hukugy hökümetiň üstüne ýüklendi. Öň bu hukuk döwlet parlamentiniň ygtyýarlygyna berlipdi.

Gytaklaýyn salgytlaryň möçberi (stawkalary) kesgitlenilen (haryt ölçeginiň birligine) we göterim (harydyň bahasynyň takyk bölegine) görnüşlerde kesgitlenilýär. Gytaklaýyn salgytlaryň göterim möçberleri döwlet üçin has amatly, sebäbi bahalaryň ýokarlanmagy bilen salgyt tölegleri artýar. Salgydyň möçberleriniň (stawkalarynyň) ýokarlanmagy, harydyň bahasynda salgydyň pul möçberiniň artmagyna getirýär. Döwletiň çäginde öndürilýän harytlaryň bahasyndan hasaplanýan we ýygnalýan dolanyşyga salynýan salgyt köpugurly (uniwersal) gytaklaýyn salgyt diýlip atlandyrylýar. Käbir döwletlerde dolanyşyga salynýan salgyt daşary ýurtlarda öndürilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň dolanyşygyndan hem ýygnalýar. Hususy goşmaça töleg bilen deňeşdireniňde, dolanyşyga salynýan salgyt birnäçe artykmaçlyklara eýe bolýar. Öndürilýän we ýerleşdirilýän

harytlaryň sanynyň we mukdarynyň artmagy bilen, bu salgyt döwlet býujetiniň girdejilerini awtomatik suratda köpeldýär (salgydyň möçberlerini ýokarlandyrmasyz). Galyberse-de, ýurduň çäklerinde öndürilýän we onuň çäkleriniň daşyndan getirilýän harytlaryň uly mukdary döwlet gözegçiligine alynýar. Dolanyşyga salynýan salgydyň möçberleri (stawkalary) haryt dolanyşygynyň bahasyna göterim görnüşinde kesgitlenilýär, şonuň üçin bu salgydy hasaplamak aňsat we býujete ýygnalanda ol döwlet gaznasyna arzan düşýär.

Uniwersal salgyt görnüşinde halkara salgyt tejribesinde ilkinji gezek 1914-nji ýylda Fransiýada girizilen dolanyşyga salynýan salgyt ilkibaşda kärhanalardan köp basgançakly (kaskad) usul bilen ýygnalýardy, başgaça aýdanyňda bu salgyt önümçiligiň ýa-da haryt dolanyşygynyň her bir derejesinden alynýardy. Dolanyşyga salynýan salgydyň bu ulgamy XX asyryň 60-njy ýylyna çenli Belgiýada we Awstriýada hereket etdi. Salgyt salmagyň köp basgançaklylygy harytlaryň bahalaryny ýokarlandyrýardy we sarp edijilerde nägilelik döredýärdi. Galyberse-de, salgyt salmagyň bu ulgamy salgydyň gurluşyny çylşyrymlaşdyrýardy, köpsanly resminamalaryň düzülmegini talap edýärdi. Salgydyň ýygnalyşynyň has ýönekeý usuly – önümiň öndürilýän we ýerleşdirilýän derejesinde dolanyşyga salynýan salgydy bir gezek, ýöne has ýokary möçberi (stawka) ulanmakdan ybaratdy.

Özüniň ähmiýeti boýunça goşmaça tölegleriň arasynda dolanyşyga salynýan salgydyň täze görnüşi bolan goşulan baha üçin salgyt has tapawutlanýar. Goşulan baha üçin salgyt önümçiligiň ýa-da dolanyşygyň her bir derejesinde goşulan bahanyň böleginden ýygnalýar. Goşulan baha üçin salgyt 1954-nji ýylda Fransiýada işlenip düzüldi, ýöne salgyt tejribesinde ilkinji hezek 1960-njy ýylda Kot-de-Iwuar respublikasynda, 1967-nji ýylda Daniýada we bölekleýin Braziliýanyň käbir ştatlarynda, 1968-nji ýylda Fransiýada, 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, 1991-nji ýylda synan Sowet Soýuzynyň garaşsyz bolan öňki respublikalarynda we döwletlerinde şol sanda Türkmenistanda girizildi. Häzirki döwürde goşulan baha üçin salgyt 40 döwletiň salgyt ulgamlarynda hereket edýär. ABŞ-nyň we Kanadanyň salgyt ulgamlarynda goşulan baha üçin salgydyň

hasaplanylyşynyň we ýygnalyşynyň usulyna golaý bolup durýan satuwdan alynýan salgyt ulanylýar.

Goşulan baha üçin salgydyň möçberleri (stawkalary) ýokary we aýry-aýry döwletlerde olaryň sany dürli-dürlüdir (Daniýada, Norwegiýada-bir, Germaniýada-iki, Fransiýada-üç). Salgydyň birnäçe möçberlerini ulanýan döwletlerde bu salgydyň esasy möçberi boýunça salgyt öndürilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň köpüsine salynýar. Mysal üçin, Germaniýada goşulan baha üçin salgydyň esasy möçberi 14 göterim, Angliýada 15 göterim, Fransiýada 18,6 göterim.

Türkmenistanda goşulan baha üçin salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky 512 belgili Kararynyň esasynda Türkmenistanyň salgyt ulgamyna girizildi, soňra bolsa 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda «Goşulan gymmada salynýan salgyt baradaky» kanun hökmünde kabul edildi. Ilkibaşda goşulan baha üçin salgydyň möçberi 28 göterim, soňra bolsa, 1992-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap 20 we döwlet tarapyndan kesgitlenilýän bahalary ulanýan haryt öndürijiler üçin 10 göterim (öndürilýän harytlaryň sanaw ýazgysyna baglylykda) möçberinde bellenildi. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi we 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan onuň güýje girizilmegi bilen, goşulan baha üçin salgydyň möçberi 15 we 0 (nol) göterim möçberinde kesgitlenildi we häzirki döwre çenli üýtgewsiz galdy. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda, salgyt salynýan amallary amala aşyrýan edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar – hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgydyň töleýjileri bolup durýarlar. Salgyt salynýan amallar: harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek, öz harajatlary üçin gur=luşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek, harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň alynmagy, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar; sarp etmek üçin harytlary peýdalanmak, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt ýeňillikleriniň berilmegini hem göz öňünde tutýar.

## 5.2.18. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda goşulan baha üçin salgydy töleýjileriň, salgyt salynýan we salgyt salynmaýan amallaryň kesgitlenilişi

**Goşulan baha üçin salgydy töleýjiler.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynýan amallary amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar goşulan baha üçin salgydy töleýjilerdir. Goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraýlar 35-nji şekilde şekillendirilýär.

**Mysal.** 2-nji tablisada sanalyp geçilen goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durýan we töleýjiler bolup durmaýan edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar – hususy telekeçileriň arasyndan goşulan baha üçin salgydy töleýjileri takyklamaly.

*35-nji şekil*

**Goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraplar**



*2-nji tablisa*

**Goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durýan we töleýjiler bolup durmaýan edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar – hususy telekeçileriň sanawy.**

| № | Edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar – hususy telekeçileriň ady | Türkmenistanyň haýsy Kanunynyň esasynda işi alyp barýarlar |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | «Günaý Türkmen Konstrakşnl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy | «Kärhanalar barada» we «Daşary ýurt inwestisiýalary barada» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 2 | Hususy telekeçi Daýançmyrat Ataýew | «Telekeçilik işi barada» Türkmenistanyň Kanuny |
| 3 | «Mega Interneşnl Treýding FŽE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy (potratçy) | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 4 | «EURO NIT» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy(potratçynyň kömekçisi) | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 5 | «Engin Grupp» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy (nebit işlerine degişli bolmadyk hojalyk amallary amala aşyrýar) | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 6 | Şahsy tarap-hususy telekeçi Guwanç Baýryýew | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasyna laýyklykda salgyt salynmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýar |
| 7 | «Asudalyk» hyzmatdaşlyk kärhanasy | «Kärhanalar barada» Türkmenistanyň Kanuny |
| 8 | «Türkmenistan» döwlet-täjirçilik bankynyň Azatlyk etraby boýunça şahamçasy | «Täjirçilik banklary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 9 | «Türkmenbaşy» Türkmenistanyň döwlet-täjirçilik banky | «Täjirçilik banklary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 10 | «Altyn Gümmez» açyk paýdarlar jemgyýeti | «Kärhanalar hakynda», «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 11 | «Altyn Balyk» döwlet eýeçiligindäki kärhana | «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 12 | «Bile» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket | «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 13 | «Inteko» hojalyk jemgyýeti | «Eýeçilik hakynda», «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 14 | «Tapgyr» hususy kärhanasy | «Eýeçilik hakynda», «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 15 | «Türkmen Aşy» hojalyk jemgyýeti | «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 16 | «Ýoda» hususy kärhanasy | «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 17 | «Abraýly» hususy kärhanasy | «Eýeçilik hakynda», «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 18 | «Petrokraun LTF» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | «Kärhanalar hakynda», «Daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 19 | «Difa Impeks» daşary ýurt kompaniýasynyň golçur kärhanasy | «Kärhanalar hakynda», «Daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |
| 20 | Türkmenistanyň Merkezi Banky | «Türkmenistanyň Merkezi banky barada» Türkmenistanyň Kanuny |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 21 | «Dogangözel» bileleşik kärhanasy | «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny |
| 22 | «Allamaý Inwest» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | «Kärhanalar hakynda», «Daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary |

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy töleýjiler 1, 2, 5, 8, 9, 10, 11, 18, 19, 21, 22-nji belgili edara görnüşli we şahsy taraplardyr. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýanlar 3, 4, 6, 7, 12-17, 20-nji belgili edara görnüşli we şahsy taraplardyr.

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar.** Salgyt töleýjiler tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan salgyt salynýan amallar goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat diýlip hasap edilýär. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar 36-njy şekilde görkezilendir.

**Mysal.** «Waýt Gold LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylynyň aprel aýynda şu aşakdaky salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr:

– 111 488 manat pul möçberinde öz öndüren önümlerini ýerleşdiripdir;
– tabşyryjynyň buýurmasy boýunça 62 195 manat pul möçberinde gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir;
– 36 933 manat pul möçberinde awtoulag hyzmatlaryny amal edipdir;
– öz hajatlary üçin ýerine ýetiren gurluşyk-gurnama işleriniň pul möçberi 16 184 manat;
– ogurlanan harytlar üçin günäkär taraplardan alnan öwez töleginiň pul möçberi 3 468 manat.

*36-njy şekil*

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar**




«Waýt Gold LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi:** SSB = 111 488 manat + 62 195 manat + 36 933 manat + + 16 184 manat + 3 468 manat = 230 268 manat.

**Mysal.** «PWT Wasser und Abwassertehnik GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda 3-nji tablisada beýan edilýän salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr. «PWT Wasser und Abwassertehnik GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň ýanwar aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi:** SSB = 168 267 manat + 40 081 manat + (30 398 manat – – 24 489 manat) + 5 106 manat = 219 363 manat.

*3-nji tablisa*

**«PWT Wasser und Abwassertehnik GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary**

| № | Salgyt salynýan amallaryň görnüşleri | Salgyt salynýan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | Harytlary ýerleşdirmek | 168267 |
| 2 | Hyzmatlary amal etmek | 40081 |
| 3 | Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek, | 30398 |
| | şol sanda: | |
| | satyn alnan enjamlary gurnamak we oturtmak bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmegi | 24489 |
| 4 | Zaýalanan harytlar üçin günäkär taraplardan alnan ýetirilen zyýanyň öwezini doluş töleginiň pul möçberi | 5106 |

**Mysal.** «Ansen Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň iýun aýynda şu aşakdaky salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr:

– 144 643 manat pul möçberinde öz öndüren önümlerini ýerleşdiripdir;
– 63 288 manat pul möçberinde müşderilere hyzmatlary amal edipdir;
– 26 054 manat pul möçberinde özünde öndürilen enjamlary gurnamak we oturtmak bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetiripdir;
– ätiýaçlandyryş wakalarynyň ýüze çykmagy bilen, Aşgabat şäheri boýunça ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan 17 784 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar tölenipdir.

«Ansen Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 96-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, «Ansen Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat aşakdaka deňdir: 144 643 manat + 63 288 manat + 17 784 manat = = 225 715 manat.

**Mysal.** «Aktes Muhandeslik we Aş» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2012-nji ýylyň maý aýynda 4-nji tablisada görkezilen salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr.

«Aktes Muhandeslik we AS» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2012-nji ýylyň maý aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 96-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, «Aktes Muhandeslik we AS» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2012-nji ýylyň maý aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary boýunça salgyt salynýan binýat aşakdaka deňdir: 62 088 manat + 9 574 manat + 3 067 manat = 74 729 manat.

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan amallar.** Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan amallara şu aşakdakylar degişlidirler:

1. Kanuny töleg serişdeleri bolup durýan daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotalaryň dolanyşygy, eger-de şonuň ýaly amallaryň numizmatika maksatlary ýok bolsa, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tabşyrygy boýunça edara görnüşli tarapyň taýýarlan puluny ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly, daşary ýurt pullaryny saklamak we inkassasiýa geçirmek boýunça hyzmatlar amal edilýän bolmasa;
2. Dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlary goşmazlyk şerti bilen, gymmat bahaly kagyzlaryň dolanyşygy (kärhananyň işine paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamak bilen); karzlaryň berilmegi we olar boýunça göterimleriň alynmagy;

*4-nji tablisa*

**«Aktes Muhandeslik we Aş » daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2012-nji ýylyň maý aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary**

| № | Salgyt salynýan amallaryň görnüşleri | Salgyt salynýan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Harytlaryň ýerleşdirilmegi | 62088 |
| 2. | Marketing hyzmatlaryň amal edilmegi | 9574 |
| 3. | Özünde öndürilen enjamlary gurnamak we oturtmak bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmegi | 11158 |
| 4. | Özüniň sarp etmegi üçin ulanylan harytlar (harajatlar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýar) | 3067 |

3. Edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda onuň hukuk mirasdüşerine şol edara görnüşli tarapyň esasy şerişdelerini, maddy däl aktiwlerini we beýleki emläklerini muzdsuz bermek;
4. Döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalary (ýaşaýyş jaýlary, dynç alyş öýleri, zawodlary, fabrikleri we ş.m.) muzdsuz bermek;
5. Haýyr-yhsan guramalary tarapyndan harytlar muzdsuz berlende, işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende;
6. Ynsanperwerlik we haýyr-yhsan kömegi hökmünde harytlar muzdsuz berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);
7. Döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň bolmalysy ýaly peýdalanylmaýanlygy sebäpli, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça alynmaga degişli ýer böleginde ýerleşýän emläkler aýrybaşgalananda;

8. Miras alynýan emläge bolan eýeçilik hukugy döwletiň haýryna mejbury alnanda, döwletiň haýryna geçirilende ýa-da başga birine berlende, şeýle hem eýesiz galan emläk ýa-da hazynalar döwlet tarapyndan kabul edilende;
9. Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer maliýe, tehniki kömeginiň we karzlaryň (kreditleriň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek. Şu aýdylanlar 37-nji şekilde görkezilen taraplara degişlidir.

*37-nji şekil*

**Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer maliýe we tehniki kömeginiň we karzlaryň (kreditleriň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek üçin**




10. Peýda almak maksady bolmazdan, telekeçi däl edara görnüşli taraplar tarapyndan harytlaryň ýerleşdirilmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi, hyzmatlaryň amal edilmegi;
11. Işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlaryň amal edilmeginiň) hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ýagdaýlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýükleni-

len aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň işleri ýerine ýetirmegi (hyzmatlary amal etmegi). Aýdylanlar, hususan-da, ýangyna garşy göreş gullugynyň hyzmatlaryny, gümrük hyzmatlaryny, harytlary (işleri, hyzmatlary) güwälendirmek boýunça hyzmatlary, beýleki şular ýaly işleri we hyzmatlary göz öňünde tutýar;

12. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplara hukugy ilkibaşdan bermek ýa-da görkezilen talaplaryň kanun esasynda başga tarapa geçmegi.
13. Başga edara görnüşli taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýasyna gatanç görnüşinde emlägiň berilmegi.

Ýerleşdirilýän we ýerleşdirmäge niýetlenilen emläk haryt diýlip ykrar edilýär. Elektrik we ýylylyk energiýasyna, gaza we suwa haryt hökmünde seredilýär.

**Mysal.** «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabatdaky «Kesearkaç» şahamçasy 2011-nji ýylyň awgust aýynda 5-nji tablisada görkezilen amallary amala aşyrypdyr.

*5-nji tablisa*

**«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabatdaky «Kesearkaç» şahamçasynyň hasabat döwründe amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Bank tarapyndan çekilen pul serişdeleriniň hasabyna ýerleşdirmekden alnan göterimler | 64055 |
| 2. | Müşderilere, şol sanda korrespondent banklara hasaplary açmakdan we olary alyp barmakdan we olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan alnan girdejiler | 16125 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3. | Pul serişdelerini,wekselleri, töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmekden we müşderilere kassa hyzmatlaryny amal etmekden we müşderilere kassa hyzmatlaryny amal etmekden alnan girdejiler | 29785 |
| 4. | Kanuny töleg serişdesi bolup durýan daşary ýurt pullarynyň, banknotalarynyň dolanyşygyndan alnan girdejiler | 11493 |
| 5. | Gymmat bahaly kagyzlar boýunça dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlaryndan gaýry ýagdaýlarda gymmat bahaly kagyzlaryň dolanyşygyndan alnan girdejiler | 3642 |
| 6. | Pul görnüşinde ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan bank kepillendirmelerini, borçnamalaryny, amallaryny we üçünji tarap üçin kepil geçmek boýunça amallardan alnan girdejiler | 6955 |
| 7. | Müşderiler bilen ylalaşyk boýunça pul serişdeleri-ni we beýleki emläkleri ynamdar dolandyrmakdan alnan girdejiler, şol sanda hyzmatlar üçin | 9030 |

«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabatdaky «Kese-arkaç» şahamçasynyň 2011-nji ýylyň awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt salynýan binýadyny takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 64 055 manat + 16 125 manat + 29 785 manat + + 6 955 manat + 9 030 manat = =125 950 manat.

**Mysal.** «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabatdaky «Altyn asyr» şahamçasy 2012-nji ýylyň fewral aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

– 77 043 manat pul möçberinde pul serişdelerini, wekselleri, töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmekden we müşderilere kassa hyzmatlaryny amal etmekden alnan girdeji;
– pul görnüşinde ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan bank kepillendirmelerini, borçnamalaryny, amallaryny we üçünji ta-

rap üçin kepil geçmek boýunça amallardan 22 494 manat pul möçberinde alnan girdejiler;

– pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine talap hukugyny satyn almakdan alnan girdejiler 16 073 manat;
– müşderiler bilen ylalaşyk boýunça pul serişdelerini we beýleki emläkleri ynamdar dolandyrmakdan alnan girdejiler 14 589 manat;
– resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary we seýfleri kärendä bermekden alnan girdejiler 25 083 manat;
– aragatnaşyk hyzmatlarynyň öwezini dolmagyň hasabyna müşderilerden alnan serişde görnüşindäki girdejiler 8 735 manat;
– daşary ýurt pullaryny saklamakdan, inkassasiýa etmekden alnan girdejiler 15 298 manat;
– numizmatika maksatly işleri amala aşyrmak maksady bilen daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotalaryň dolanşygyndan alnan girdejiler 4 377 manat;
– dellalçylyk we araçylyk hyzmatlary geçirmek bilen gymmat bahaly kagyzlar boýunça amal edilýän dolanyşykdan alnan girdejiler 7 749 manat;
– karz bermekden alnan göterimler 92 757 manat;
– bank tarapyndan çekilen pul serişdeleriniň hasabyna öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmekden alnan göterimler 154 688 manat;
– müşderilere, şol sanda korrespondent banklara hasaplary açmakdan we olary alyp barmakdan we olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan alnan girdejiler 77 043 manat;

«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabatdaky «Altyn asyr» şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň fewral aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 77 043 manat + 22 494 manat + 16 073 manat + + 14 589 manat + 25 083 manat + 8 735 manat + 15 295 manat + 4 377 manat + 154 688 manat + 77 043 manat = 415 420 manat.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Kepil» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň mart aýynda 6-njy tablisada görkezilen amallary amala aşyrypdyr.

*6-njy tablisa*

**«Kepil» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň mart aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Hyzmatlaryň amal edilmegi | 14602 |
| 2. | Ätiýaçlandyryş guramalaryndan alnan ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar | 1122 |
| 3. | Telekeçi däl edara görnüşli taraplar üçin amal edilen hyzmatlar (öwezini dolmasyz) | 2003 |

Hasabat döwründe «Kepil» hojalyk jemgyýetiniň işi üýtgedilip gurlupdyr we ol özüniň hukuk mirasdüşeri «Hak» hojalyk jemgyýetine öwezini dolmasyz şerti bilen 43 083 manat pul möçberinde esasy serişdelerini, maddy däl aktiwlerini we beýleki emläklerini beripdir. «Kepil» hojalyk jemgyýeti boýunça mart aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 14 602 manat + 1 122 manat + 2 003 manat = = 17 727 manat.

**Mysal.** «Ugurdaş» hojalyk jemgyýeti (oňa «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölegininiň düzgüleri degişli däl) 2012-nji ýylyň iýul aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

– 89 162 manat pul möçberinde gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir;
– özüniň sarp etmegi üçin 13 267 manat pul möçberinde özüniň öndüren harytlaryny ulanypdyr;
– telekeçilik däl edara görnüşli taraplar üçin 8 308 manat pul möçberinde haryt öwezini dolmasyz berlipdir;

– ynsanperwerlik we haýyr-yhsan kömegi hökmünde Türkmenistanyň raýatlaryna harytlar 14 602 manat pul möçberinde muzdsuz berlipdir.

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň häkimliginiň 2012-nji ýylyň 2-nji iýulyndaky 2/398 belgili kararynyň esasynda hasabat döwründe «Ugurdaş» hojalyk jemgyýetiniň bahasy 142 905 manat bolan ýaşaýyş we durmuş medeni maksatly desgalarynyň we binalarynyň hukugy ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna geçirilipdir. Ondan başga-da, Köpetdag etrabynyň häkimliginiň 2012-nji ýylyň 19-njy iýulyndaky 2/401 belgili kararynyň esasynda döwlet harajatlary üçin alynmaga degişli ýer böleginde «Ugurdaş» hojalyk jemgyýetiniň bahasy 36 534 manat bolan ýerleşýän emlägi aýrabaşgalanypdyr. «Ugurdaş» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi.** SSB = 89 162 manat + 13 267 manat + 8 308 manat = = 110 737 manat

**Mysal.** «Köpetdagjaýhyzmat» hojalyk hasaplaşygy döwlet kärhanasy 2012-nji ýylyň maý aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

1. Harytlary ýerleşdirmekden 49 462 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;
2. Hyzmatlary amal etmekden 22 687 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;
3. Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistana maliýe we tehniki kömeklerini we karzlar bermek hakyndaky halkara taslamalarynyň çäklerinde 44 542 manat pul möçberinde işleri ýerine ýetiripdir.
4. Halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana ynsanperwer kömegini bermek hakyndaky maksatnamalarynyň çäklerinde 66 074 manat pul möçberinde harytlary ýerleşdiripdir.

«Köpetdagjaýhyzmat» hojalyk hasaplaşygy döwlet kärhanasy boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 49 462 manat + 22 687 manat = 72 149 manat.

## 5.3.19. Salgyt salmak maksady bilen harytlaryň ýerleşdirilýän, işleriň we hyzmatlaryň amal edilýän ýeriniň kesgitlenilişi

**Harytlaryň ýerleşdirilendigini, işleriň ýerine ýetrilendigini we hyzmatlaryň amal edilendigini kesgitlemegiň tertibi.** Satyn almagyň – satmagyň (ýükläp ibermegiň), çalyşmagyň, peşgeş bermegiň (muzdsuz bermegiň) we eýeçilik hukugyny bermegiň (geçirmegiň) başga bir görnüşiniň netijesinde eýeçilik hukugynyň bir tarapdan beýleki tarapa berilmegine (geçirilmegine) harytlary ýerleşdirmek diýlip düşünilýär. Şu aýdylanlar eýeçilik hukugy geçirilen oň alnan harydy gaýtaryp bermek baradaky amallara hem degişlidir. Maddy görnüşe eýe bolan we şahsy hem-de edara görnüşli taraplaryň islegleriniy kanagatlandyrmak üçin ýerleşdirilip bilinjek işler ýerine ýetirilen işler diýlip hasap edilýär. Amala aşyrylmagynyň barşynda ýerleşdirilýän we sarp edilýän işlere hyzmatlaryň amal edilmegi diýlip düşünilýär. Lizing, maddy däl aktiwleri ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar, emläk kärendesi ýa-da onuň ylylaşyk esasynda ulanylmagy (konsepsiýa) hem hyzmatlaryň amal edilmegi diýlip hasap edilýär. Öz işgärlerine harytlar goýberilende, olar üçin işleri ýerine ýetrilende we hyzmatlar amal edilende, bu amallar harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek diýlip ykrar edilýär. Emläk hukuklary berlende goşulan baha üçin salgydy hasaplmak maksady bilen, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek üçin kesgitlenilen düzgünler ulanylýar.

Salgyt salynýan ýa-da salgyt salynmaýan esasy amallar babatynda kömekçi häsiýetli harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetrimek, hyzmatlary amal etmek şonuň ýaly amallaryň bir bölegidir. Işleri ýerine ýetirmek ýa-da hyzmatlary amal etmek boýunça daşary söwda şertnamalarynda göz öňünde tutulan enjamlaryň, çyg malyň, serişdeleriň we şeýle işler (hyzmatlar) ýerine ýetirilen mahaly ulanylýan gaýry emlägiň getirilmegi kömekçi häsiýete eýedir. Harytlary getirmek, satyn almak–satmak boýunça daşary söwda şertnamalarynda

göz öňünde tutulan işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary amal etmek, eger Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda olar Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşdirilýän bolsalar, onda olar kömekçi häsiýete eýe däldir. Harytlaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanylmadyk bolsa,onda tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk gelýän haryt ýetmezçiligi harytlaryň ýerleşdirilemegi diýlip ykrar edilýär. Şu aýdylanlar, harytlaryň ýok edilendigini (utilizasiýa edilendigini) resmi taýdan tassyklaýan tassyknama bolmadyk ýagdaýynda, ulanyş möhleti geçen harytlara hem degişlidir we olara haryt ýetmezçiligindäki salgyt salmak düzgünleri ulanylýar.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Eşretli Owadan» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň fewral aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

1. Ylalaşyk esasynda «Päklik» hususy kärhanasyna 28 076 manat pul möçberinde önüm ýükläp iberipdir.
2. Ylalaşyk esasynda «Daş ýoly» hususy kärhanasy bilen 19 748 manat pul möçberinde öndürilen önümini onuň şol pul möçberinde amala aşyrylan hyzmatlaryna çalşypdyr.
3. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine 12 022 manat pul möçberinde pürli agaçlary peşgeş görnüşinde alyp beripdir.
4. «Neýtralnyý Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasyna 43 717 manat pul möçberinde lizing boýunça hyzmatlary amala aşyrypdyr.
5. «Şehri» hojalyk jemgyýetine 4 474 manat pul möçberinde maddy däl aktiwleri ýerleşdiripdir.

«Eşretli Owadan» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň fewral aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 28 076 manat + 19 748 manat + 12 022 manat + + 43 717 manat + 4 474 manat = 108 037 manat.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji böleginiň düzgünleri degişli bolmadyk «Al-

*7-nji tablisa*

**«Altyn Nur» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallar | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Baglaşylan ylalaşyklar esasynda alnan girdejiler | 88758 |
| 2. | Baglaşylan ylalaşyklar esasynda beýleki kärhanalar we guramalar bilen geçirilen alyş-çalyş amallary | 44528 |
| 3. | Öndürilen önümiň bir bölegi başga guramalara muzdsuz berlipdir | 3142 |
| 4. | Ätiýaçlandyryş guramasyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemler alnypdyr | 14003 |
| 5. | Satyn alnan enjamlary gurnamak we oturtmak bilen baglanyşykly işler ýerine ýetirilipdir | 26075 |
| 6. | Lizing boýunça hyzmatlaryň amala aşyrylmagyndan alnan girdejiler | 48364 |
| 7. | Öz işgärlerine harytlaryň bir bölegi muzdsuz berlipdir | 2508 |
| 8. | Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi (resmi taýdan tassyklanylan) | 5923 |

tyn Nur» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň awgust aýynda 7-nji tablisada görkezilen amallary amala aşyrypdyr.

«Altyn Nur» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi.** SSB = 88 758 manat + 44 528 manat + 3 142 manat + + 14 003 manat + 48 364 manat + 2 508 manat = 201 303 manat.

**Mysal.** Döwlet eýeçiligindäki «Serpaý» kärhanasy 2012-nji ýylyň aprel aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

– 166 954 manat pul möçberinde ylalaşyklar esasynda öz öndüren önümlerini ýerleşdiripdir;
– öz öndüren önümleriniň bir bölegini beýleki guramalara we edaralara 8 424 manat pul möçberinde muzdsuz beripdir;

– 19 992 manat pul möçberinde harytlaryň bir bölegi kärhananyň özüniň sarp etmegi üçin ulanylypdyr (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin salgyt aýyrmalara goşulmaýar);
– 10 465 manat pul möçberinde ynsanperwerlik kömegi hökmünde başga guramalara we edaralara harytlar muzdsuz berlipdir;
– kärendä berlen emläk boýunça kärende tölegleri 20 465 manat pul möçberinde alnypdyr.

Döwlet eýeçiligindäki «Serpaý» kärhanasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallary takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 166 954 manat + 8 424 manat + 19 992 manat + + 20 465 manat = 215 835 manat.

**Mysal.** «Kat Asansar Sanaýi we Tijaret LTD Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň mart aýynda 8-nji tablisada görkezilen amallary ýerine ýetiripdir.

*8-nji tablisa*

**«Kat Asansar Sanaýi we Tijaret LTD Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda ýerine ýetiren amallary**

| № | Ýerine ýetirilen amallaryň görnüşleri | Ýerine ýetirilen amallaryň pul möçberleri, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Ylalaşyklar esasynda harytlaryň ýerleşdirilmegi | 91175 |
| 2. | Beýleki edaralara emläk hukugynyň geçirilmegi | 12909 |
| 3. | Emlägi kärendesine bermekden alnan kärende tölegleri | 14086 |
| 4. | Emlägi ylalaşyk (konsepsiýa) esasynda ulanmagyň netijesinde alnan girdejiler | 7273 |
| 5. | Esasy amallara degişlilikde kömekçi häsiýete eýe bolýan işleriň ýerine ýetirilmegi | 14954 |
| 6. | Beýleki kärhanalar we guramalar bilen geçirilen alyş-çalyş amallary | 34086 |
| 7. | Öz öndüren önüminiň bir bölegi muzdsuz berlipdir | 5256 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 8. | Ätiýaçlandyryş guramasyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemleri alnypdyr | 18156 |
| 9. | Satyn alnan enjamalary gurnamak we oturtmak bilen bagly işleriň ýerine ýetirilmegi | 36599 |
| 10. | Lizing boýunça hyzmatlaryň amala aşyrylmagy | 24874 |
| 11. | Öz işgärleri üçin hyzmatlaryň amala aşyrylmagy | 5457 |

«Kat Asansar Sanaýi we Tijaret LTD Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** SSB = 91 175 manat + 12 909 manat + 14 086 manat + + 7 273 manat + 14 954 manat + 34 086 manat + 5 256 manat + 18 156 manat + 24 874 manat + 5 457 manat = 228 226 manat.

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat kesgitlenilende, harytlaryň ýerleşdirilýän, işleriň ýerine ýetirilýän we hyzmatlaryň amal edilýän ýerini anyklamak.** Harytlaryň ýerleşdirilýän, işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýerini anyklamak, goşulan baha üçin salgydyň salgyt salynýan binýadyny kesgitlemek üçin möhüm ähmiýeti bar. Harytlaryň ýeri diýlip ykrar edilýän ýeri 38-nji şekilde görkezilýär.

**Mysal.** «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýeti «El Kuwwat» hususy kärhanasy bilen baglaşylan geleşik ylalaşygyna laýyklykda, öndüren önümleriniň bir bölegini özünde ýerleşýän ammarlaryndan ýükläp iberipdir. «Perman» hususy kärhanasy bilen baglaşylan geleşik ylalaşygyna laýyklykda, «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýeti öndüren önüminiň bir bölegini Ahal welaýatynyň Duşak demir ýol stansiýasyndan ýükläp iberipdir. «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýeti öz öndüren enjamlaryny tehniki we tehnologiki sebäpler boýunça alyjy bolup duran Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda ýerleşýän «Ak Uçar» hususy kärhanasyna sökülen we ýygnalmadyk görnüşden başga görnüşde ýetirip bilmän soň, ol enjamlaryň gurnamagyny özi, oturdyl-

*38-nji şekil*

**Harytlaryň ýerleşdirilýän ýeri diýlip ykrar edilýän ýer**




magyny we ýygnalmagyny «Berk Gurluşyk» hususy kärhananyň üsti bilen amala aşyrypdyr. Ýokarda getirilen mysallaryň esasynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, her bir hojalyk amallary boýunça harytlaryň ýerleşdirilýän ýerini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Baglaşylan geleşik ylalaşygyna laýyklykda, «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýeti «El Kuwwat» hususy kärhanasyna öndüren önüminiň bir bölegini öz ammarlaryndan ýükläp iberipdir. Diýmek, «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýetiniň ammarlaryndan önümiň iberilen pursady harytlaryň ýerleşdirilýän ýeri diýlip hasaplanylýar. «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýetiniň «Perman» hususy kärhanasyna iberen önüminiň ýerleşýän ýeri, ýagny Ahal welaýatynyň Duşak demir ýol stansiýasy, harytlaryň ýerleşdirilen ýeri diýlip hasap edilýär. «Nury we Kemal» hojalyk jemgyýeti öz öndüren enjamlaryny tehniki we tehnologiki sebäpleri boýunça alyjy bolup duran

Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda ýerleşýän «Ak Uçar» hususy kärhanasyna sökülen we ýygnalmadyk görnüşden başga görnüşde ýetirip bilmändigi we enjamlaryň gurnalmagyny özi, oturdylmagyny we ýygnalmagyny bolsa «Berk Gurluşyk» kärhanasynyň amala aşyran ýeri, ýagny Mary welaýatynyň Ýolöten etraby harytlaryň ýerleşdirilen ýeri diýlip kabul edilýär.

**Işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýeri.** Edara görnüşli tarapyň döredilen, onuň şahamçasynyň we wekilhanasynyň ýerleşýän ýeri, hususy telekeçiler üçin bolsa – hemişelik ýaşaýan ýa-da işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän hemişelik iş ýeri salgyt kanunçylygynyň degişli maddalarynyň böleklerinde («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 99-njy maddasynyň 2-nji we 3-nji bölekleri) görkezilenlerden beýleki işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýeri diýlip kabul edilýär. Türkmenistanyň çäklerinde hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin alyp barýan hemişelik iş ýeri, onuň hemişelik iş ýeri diýlip düşünilýär we ol edara görüşli tarapyň hemişelik wekilhanasyny kesgitlemek boýunça düzgünnamalara degişlilikde takyklanýar. Salgyt salmak maksady bilen, işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýeri 39-njy şekilde görkezilendir.

**Mysal.** «Berlanga Holding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň hukuk salgysy: Aşgabat ş., 1953-nji köçe, 80-nji jaý. Onuň hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy, hyzmatlary amala aşyrýan ýeri: Aşgabat ş., 2011-nji köçe, 12-nji jaý. «Maksatdaş» hojalyk jemgyýetiniň hukuk we hakyky ýerleşýän ýeri: Aşgabat ş.,Garaşsyzlyk şaýoly, 19-njy jaý. Şahsy tarap – hususy telekeçi Şöhrat Baýramowyň hemişelik ýaşaýan ýeri we işleri ýerine ýetirýän ýeri: Aşgabat ş., «Parahat–I» kiçi etrapçasy, 5-nji jaý, 7-nji otag. Şahsy tarap – hususy telekeçi Rahym Esenowyň hemişelik ýaşaýan ýeri: Aşgabat ş., «Howdan A», 12- nji jaý, 9-njy otag. Onuň işleri ýerine ýetirýän ýeri: Aşgabat ş., 2127-nji köçe, 15-nji jaý. Ýokarda agzalyp geçilen edara görnüşli taraplaryň we hususy telekeçi – şahsy taraplaryň işleri ýerine ýetirýän we hyzmatlary amal edýän ýerlerini kesgitlemeli.

39-njy şekil

**Işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýeri**




**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 99-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, mysalda görkezilen edara görnüşli taraplaryň we şahsy tarap – hususy telekeçileriň işleri ýerine ýetirýän we hyzmatlary amal edýän ýeri şu aşakdakylardyr:

1. «Berlanga Holding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy üçin: Aşgabat ş., 2011-nji köçe, 12-nji jaý;
2. «Maksatdaş» hojalyk jemgyýeti üçin: Aşgabat ş., Garaşsyzlyk şaýoly, 19-njy jaý ( onuň döredilen ýeri göz öňünde tutulýar);
3. Şahsy tarap – hususy telekeçi Şöhrat Baýramow üçin: Aşgabat ş., «Parahat–I » kiçi etrapçasy, 5-nji jaý, 7-nji otag.
4. Şahsy tarap – hususy telekeçi Rahym Esenow üçin – hemişelik ýaşaýan ýeri (Aşgabat ş. «Howdan A», 12- nji jaý, 9-njy otag) hem-de işleri ýerine ýetirýän ýeri, ýagny Aşgabat ş., 2127 köçe, 15-nji jaý.

Hyzmat edýän edara görnüşli tarapyň döredilen ýeri, onuň şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýerleşýän ýeri ýa-da hususy telekeçiniň hemişelik ýaşaýan ýa-da hemişelik iş ýeriniň ýerleşýän ýeri 40-njy şekilde beýan edilen hyzmatlaryň amal edilýän ýeri diýlip kesgitlenilýär.

*40-njy şekil*

**Hyzmatlaryň amala aşyrylýan görnüşlerine baglylykda, salgyt salmak maksady bilen, hyzmatlaryň amal edilýän ýeriniň kesgitlenilişi**



**Mysal.** «Direg – Serwis» hojalyk jemgyýeti özünde bar bolan awtoulag we beýleki serişdeler bilen öz müşderilerine gozgalýan emläk bilen baglanyşykly hyzmatlary amala aşyrýar. «Birinji sport kluby» hususy kärhanasy öz müşderilerine bedenterbiýe we sport hyzmatlary, «Şapak» hususy kärhanasy gozgalmaýan emläk, ýagny desgalary kärendesine bermek bilen baglanyşykly hyzmatlary, «Şowhun» hojalyk jemgyýeti medeniýet we sungat, «Semender» hususy kärhanasy bilim babatynda hyzmatlary amala aşyrýarlar. «Direg – Serwis» we «Şowhun» hojalyk jemgyýetleriniň, «Birinji sport kluby», «Şapak», «Semender» hususy kärhanalaryň işleri we hyzmatlary amala aşyrýan ýerini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 99-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda mysalda görkezilen edara görnüşli taraplaryň işleri ýerine ýetirýän, hyzmatlary amala aşyrýan ýeri:

1. «Direg–Serwis» hojalyk jemgyýeti üçin – hakykatda şeýle işleriň geçirilýän, hyzmatlaryň amala aşyrylýan ýeri;
2. «Birinji sport kluby» hususy kärhanasy üçin – hyzmatlaryň hakyky amal edilýän ýeri;
3. «Şapak» hususy kärhanasy üçin – emläginiň ýerleşýän ýeri;
4. «Şowhun» hojalyk jemgyýeti we «Semender» hususy kärhanasy üçin – hyzmatlaryň hakyky amal edilýän ýeri.

### 5.4.20. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni we aýry-aýry amallar üçin salgyt özenini kesgitlemegiň tertibi

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni. Salgyt özeni** – salgyt salynýan amallar (kesgitlenilen döwlet bahasyny ulanmak bilen amala aşyrylýanlardan başga) geçirilende, harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (tarifinden) ugur alnyp kesgitlenilýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan we almaga hukugy bolan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan

baha. **Salgyt özeni** – salgyt salynýan amallar geçirilende, kesgitlenilen döwlet bahalaryny ulanmak bilen harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (tarifinden) ugur alnyp kesgitlenilýän, salgyt töleýjiniň beýleki tarapdan alýan we almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine alýan baha. Şonuň bilen birlikde, goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýar. Salgyt özenine haryt ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna günäkär tarapdan alnan pul möçberi, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň pul möçberleri goşulmaga degişlidirler. Bu aýdylanlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, diňe salgyt binýady diýlip ykrar edilen we salgytdan boşadylmaýan harytlar babatynda ulanylýar.

**Mysal.** «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhana önüm öndürmek maksady bilen, «Progres» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy bilen çig mal almak hakynda 2012-nji ýylyň maý aýynda geleşik şertnamasyny baglaşypdyr. Geleşik şertnamasynda «Progres» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhanasyna 25 tonna möçberinde çig mal ýükläp ibermäge borçlanýar. Geleşik şertnamasyna laýyklykda, çig malyň bahasy 69 624 manat pul möçberinde kesgitlenipdir (goşulan baha üçin salgydy hasaba almasyz). «Progres» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhanasyna 2012-nji ýylyň 13-nji maýynda 68 belgili beren salgyt hasap-fakturasynda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 10 444 manat we umumy baha 80068 manat pul möçberinde kesgitlenipdir. «Progres» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyndan alnan çig malyndan «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhana önüm öndüripdir (goşmaça töleg tölenmäge degişli önüm) we onuň 115 462 manatlygyny alyjylaryň arasynda ýerleşdiripdir. Hasaplanyp çykarylan goşmaça tölegiň pul möçberi 15 060 manat. Ondan başga-da, 2012-nji ýylyň maý aýynda «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhananyň önüm zaýalananda ýetirilen zyýanynyň öwezini dolmagyň hasabyna günäkär tarapdan alan puly 8 482 manat we ätiýaçlandyryş guramasyndan alan ätiýaçlandyryş

öwezini doluş puly 17 000 manat. «Mizan» döwlet eýeçiligindäki kärhanasy boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** (salgyt salynýan özen) = 115 462 manat + 15 060 manat + 8 482 manat + 17 000 manat = 156 004 manat.

Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň daşary ýurt pulundaky bahalary, şeýle-de salgyt özenine goşulýan daşary ýurt pulundaky serişdeler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesindäki resmi hümmeti boýunça, salgyt ýumuşçysy tarapyndan tutulyp alynýan tölegler babatynda bolsa, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tölegiň senesindäki resmi hümmeti boýunça hasaplanylýar. Degişli salgyt döwründäki salgyt özeni, şol döwürde geçirilen salgyt salynýan amallaryň ählisi boýunça we salgyt boýunça berilýän ýeňillikleri göz öňünde tutmak bilen hasaplanýar. Dürli salgyt möçberleriniň ulanylýan ýagdaýynda, salgyt özeni dürli möçberler boýunça salgyt salynýan amallaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda takyklanýar. Emläk hukuklary geçirilende, salgyt özeni ýokarda bellenip geçilen tertipde we salgyt kanunçylygynyň gaýry maddalarynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

**Mysal.** «Tus Anis» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda şu aşakdaky amallary amala aşyrypdyr:

1. Maglumatlary dolandyrmak, işlemek we maglumatlary bermek boýunça hyzmatlar – 6 200 manat (salgyt hasap – faktura № 105, 3-nji sentýabr);
2. Inženerçilik – maslahat beriş hyzmatlary – 5 314 manat (salgyt hasap – faktura № 106, 8-nji sentýabr);
3. Tehniki-ykdysady esaslandyrmalary taýýarlamak, taslama-konstruktorçylyk işleri amala aşyrmak boýunça hyzmatlar – 8 994 manat (salgyt hasap – faktura № 109, 10-njy sentýabr);
4. Mahabatlandyrma boýunça hyzmatlar – 2 445 manat (salgyt hasap–faktura № 111, 11-nji sentýabr);
5. Maslahat bermek boýunça hyzmatlar – 1 682 manat (salgyt hasap – № 112, 14-nji sentýabr);

6. Hukuk boýunça hyzmatlar – 368 manat (salgyt hasap – faktura № 119, 23-nji sentýabr);
7. Buhgalteriýa boýunça hyzmatlar – 3 532 manat (salgyt hasap – faktura № 122, 27-nji sentýabr);
8. Geologiýa-gözleg işlerini geçirmek boýunça hyzmatlar – ABŞ-nyň 12 300 dollary (salgyt hasap – faktura №124, 30-njy sentýabr). Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna 2011-nji ýylyň 30-njy sentýabryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1

«Tus Anis» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 6 200 manat + 5 314 manat + 8 994 manat + + 2 445 manat + 1 682 manat + 368 manat + 3 532 manat + (12 300 $ x x 2,85 manat) = 63 590 manat

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça aýry-aýry amallar üçin salgyt özenini kesgitlemegiň tertibi.** Salgyt özeni kesgitlenende, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli maddasynyň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasy) düzgünleri göz öňünde tutulyp, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kabul edilýär. Harytlar muzdsuz berlende (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende), salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär.Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler muzdsuz berlende, salgyt özeni galyndy bahasy boýunça hasaba alynýar.

Geleşige gatnaşýan taraplar tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenilmedik ýagdaýlarynda, salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar ulanylanda, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende we degişli harajatlar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan bolsa, onda salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende salgyt töleýji

tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgilenilýär. Deň bolmadyk çalşyk geçirilende, salgyt salynýan dolanyşyga çalşylýan harytlaryň (işleri, hyzmatlaryň) bahasyna goşulýan islendik pul möçberleri goşulýar.

Özüniň sarp etmegi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende, salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary ýerine ýetirmek üçin eden hakyky çykdajylaryndan ugur alnyp hasaplanan ýerine ýetirilen işleriň bahasy hökmünde takyklanýar. Araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşyklary we komissiýa boýunça hyzmatlar amala aşyrylanda, salgyt özeni şu hyzmatlar üçin hak, ýygymlar we beýleki tölegler görnüşinde alnan pul serişdeleriniň jemine deň möçberde hasaplanýar.

Döwletiň kesgitleýän bahalaryny (tariflerini) ulanmak bilen geçirilýän amallardan beýleki salgyt salynýan amallar (eksport amallardan başga) geçirilende, lomaý we bölek söwdany (şol sanda üpjünçilik – ýerleşdiriş we taýýarlaýyş işler we şonuň ýaly aýry-aýry işler, şeýle-de söwda amallary) amala aşyrýan döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleri kärhanalary üçin goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini öz içine almaýan söwda nyrh goşundysy salgyt özeni diýlip takyklanýar. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan jemgyýetçilik iýmiti önümleri ýerleşdirilende, olaryň öndürýän önümlerini ýerleşdirmegiň bahasynyň (goşulan baha üçin salgytsyz) we ony öndürmek üçin özüne goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini almaýan ulanylan harytlaryň (goşulan baha üçin salgytsyz) bahasynyň arasyndaky aratapawut salgyt özeni bolup durýar. Şeýle kärhanalar üçin gaýtadan işlemekligi geçmedik harytlar boýunça özüne goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini almaýan söwda nyrh goşundysy salgyt özeni diýlip hasaplanýar.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Bal Ülke» hojalyk jemgyýeti öz öndüren önümleriniň 1 tonnasyny alyjylara 7 200 manatdan ýerleşdirýär. «Bal Ülke» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň iýul aýynda «Ussat» okuw merkezine öz öndüren önümleriniň 2 tonnasyny we okuw prosesinde

ulanmak üçin öň ulanyşda bolan «Pentium – 3» kompýuterini muzdsuz beripdir. «Pentium – 3» kompýuteriniň galyndy bahasy 1 460 manat. Ondan başga-da, «Bal Ülke» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň iýul aýynda «Ýazyr» hususy kärhanasy bilen geleşik şertnamasyny baglaşyp, oňa 8 tonna öz öndüren önümlerini ýükläp iberipdir. Öz gezeginde, şol şertnamanyň şertlerine laýyklykda, «Ýazyr» hususy kärhanasy «Bal Ülke» hojalyk jemgyýeti üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýüklenip iberilen önümiň pul möçberine laýyklykda ýerine ýetiripdir. «Bal Ülke» hojalyk jemgyýetiniň öz müşderileriniň arasynda 2012-nji ýylyň iýul aýynda ýerleşdirilen önüminiň möçberi 68 tonna. «Bal Ülke» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = (7 200 manat x 2 tonna) + 1 460 manat + (7 200 manat x 8 tonna) + (7 200 manat x 68 tonna)= 563 060 manat.

**Mysal.** «Belent Maksat» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýynda öz müşderilerine 51 680 manat pul möçberde önüm ýerleşdiripdir. Önümiň birliginiň bahasy 304 manat. Öz önümçiliginde sarp etmek üçin, «Belent Maksat» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýynda önümiň 26 birligini ulanypdyr (edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara bu harajatlar goşulmaýar). Ondan başga-da, «Belent Maksat» hojalyk jemgyýeti şol döwürde özi üçin gurluşyk işlerini ýerine ýetiripdir. «Belent Maksat» hojalyk jemgyýetiniň gurluşyk işlerini ýerine ýetirmek üçin amal eden hakyky harajatlarynyň pul möçberi 36 688 manat. Goşulan baha üçin salgydy tölemek babatynda «Belent Maksat» hojalyk jemgyýeti «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine degişlidir. «Belent Maksat» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 51 680 manat + (304 manat x 26) + 36 688 manat = 96 272 manat.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Alkor» hojalyk jemgyýeti öz işini araçyllyk

hyzmatlary, tabşyryk ylalaşygy we komissiýa boýunça hyzmatlary ýerleşdirmek başlangyçlarynda amala aşyrýar. 2012-nji ýylyň sentýabr aýynda «Alkor» hojalyk jemgyýetiniň araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşyklary we komissiýa boýunça hyzmatlary ýerleşdirmekden hak, ýygymlar we beýleki tölegler görnüşinde alan pul serişdeleriniň pul möçberi 14 404 manat. «Alkor» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşygy we komissiýa boýunça hyzmatlar ýerleşdirilende, salgyt özeni şu hyzmatlar üçin hak, ýygymlar we (ýa-da) beýleki tölegler görnüşinde alnan pul serişdeleriniň jemine deň möçberde kesgitlenýär» diýlip «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň 6-njy böleginde bellenýär. Biziň mysalymyzda, «Alkor» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşygy we komissiýa boýunça hyzmatlar ýerleşdirilende şu hyzmatlar üçin hak, ýygymlar we beýleki tölegler görnüşinde alan pul serişdeleriniň möçberi 14 404 manat. Diýmek, «Alkor» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni 14 404 manada deňdir.

**Mysal.** «Aşgabat» döwlet söwda firmasy (döwlet eýçiligindäki söwda kärhanasy) harytlary döwletiň kesgitleýän bahasyny we döwletiň kesgitlemeýän bahasyny ulanmak bilen ýerleşdirýär. «Aşgabat» döwlet söwda firmasy 2011-nji ýylyň noýabr aýynda döwletiň kesgitleýän bahasyndan 489 674 manatlyk harytlary lomaý bahadan ýerleşdiripdir, şol sanda ortaça söwda nyrh goşundysy 18 göterim. Goşulan baga üçin salgydyň pul möçberi 13 221 manat. Ondan başga-da, «Aşgabat» döwlet söwda firmasy öz müşderilerine 2011-nji ýylyň noýabr aýynda 357 190 manat pul möçberinde döwlet tarapyndan kesgitlenilýän bölek söwda bahalaryndan harytlary ýerleşdiripdir, şol sanda ortaça söwda nyrh goşundysy 12 göterim. Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 7 323 manat. «Aşgabat» döwlet söwda firmasy boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Aşgabat» döwlet söwda firmasynyň 2011-nji ýylyň noýabr aýynda döwlet tarapyndan kesgitlenilmeýän bahalardan amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi (salgyt özeni) aşakdaka deňdir: SSÖ = 489 674 manat – (489 674 manat x 0,82 manat) = 88 141 manat. «Aşgabat» döwlet söwda firmasynyň 2011-nji ýylyň noýabr aýynda döwlet tarapyndan kesgitlenilýän bahalardan amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi (salgyt özeni): SSÖ = 357 190 manat – (357 190 manat x 0,88 manat) + 7 323 manat = = 50 186 manat.

Berilýän çig maldan (materiallardan) harytlary taýýarlamak boýunça hyzmatlar amala aşyrylanda, salgyt özeni olary işlemegiň (gaýtadan işlemegiň) bahasy hökmünde kesgitlenilýär. Buýrujy tarapyndan başga bir tarapa işläp bejermek, gaýtadan işlemek we şol bir çig maldan belli bir möçberde ýarym taýýar we taýýar önümleri almak üçin berilýän harytlar (buýrujy tarapyndan bahasy tölenýän) berilýän çig mal (materiallar) diýlip hasap edilýär. Çig maly we materiallary işlemek we gaýtadan işlemek boýunça ylalaşyklar (tolling amallary) boýunça edilen hyzmatlar üçin, buýrujy töleg hökmünde şonuň ýaly hyzmatlaryň ekwiwalenti bolup durýan şu çig maldan we materiallardan taýýarlanylan ýarym taýýar we taýýar önümleriň bir bölegini olary taýýarlan tarapa berip bilýär. Bu aýdylanlar buýrujy tarapyndan oňa degişli bolan we potratçydan alynmadyk materiallar berlende şol materiallardan potrat işleriniň ýerine ýetirilmegine hem degişlidir.

**Mysal.** «Ak toprak» hojalyk jemgyýeti «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň töleýjisidir. «Ak toprak» hojalyk jemgyýeti (goşulan baha üçin salgydyň töleýjisi ) «Arça» hojalyk jemgyýeti bilen goýun malynyň 200 sany derisini işläp bejermek we gaýtadan işlemek üçin 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda geleşik ylalaşygyny baglaşypdyr. Geleşik ylalaşygynyň şertlerine laýyklykda, «Arça» hojalyk jemgyýeti «Ak toprak» hojalyk jemgyýetiniň tabşyran goýun malynyň 200 sany derisinden 138 sany ýarym önüm we 41 sany taýýar önüm taýýarlamaga borçlanýar. Derini eýlemegiň

her biriniň bahasy 12 manat. Eýlemäge niýetlenilen deriniň 40-ysy şertnama laýyklykda, amal edilen hyzmatlar üçin töleg hökmünde buýrujy, ýagny «Ak toprak» hojalyk jemgyýeti tarapyndan şonuň ýaly hyzmatlaryň bahasynyň ekwiwalenti bolup durýan goýunyň derisinden alnan ýarym taýýar önümleri «Arça» hojalyk jemgyýetine galdyrýar (tolling amallary boýunça). Goýun derisiniň her biriniň bahasy 28 manat. «Arça» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň ýanwar aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemeli.

**Çözülişi. SSÖ** = (200 x 12 manat)= 2 400 manat.

Peýdalanylan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahalaryny goşmak bilen bahalary we kesgitli bahalary ( tarifleri) kesgitlenýän işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende, salgyt özeni goşulan baha üçin salgydy goşmazdan şol işleriň ýa-da hyzmatlaryň bahasy hökmünde kabul edilýär. Şonuň bilen birlikde, peýdalanylýan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahasy, olar satyn alnanda tölenen bahasyny (goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) we işleri ýerine ýetirýän, hyzmatlary amal edýän tarap tarapyndan bellenýän söwda nyrh goşundysyny (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) hasaba almak bilen goşulýar. Ýerine ýetirilýän işleriň we amal edilýän hyzmatlaryň satyn alyjysy tarapyndan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahalary aýratyn tölenen şertlerinde, peýdalanýan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahalaryny goşmazlyk bilen işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende salgyt özeni goşulan baha üçin salgydy goşmazlyk şerti bilen ýerine ýetirilen işleriň, amal edilen hyzmatlaryň alyjysyna ýerine ýetirilen işleriň, amal edilen hyzmatlaryň, ýerleşdirilen materiallarynyň we ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasynyň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

**Mysal.** Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody «Älem Gämisi» hojalyk jemgyýeti bilen 2012-nji ýylyň fewral aýynda baglaşylan ylalaşygynyň esasynda, onuň «Kamaz» kysymly ýük awtoulag serişdesinde abatlaýyş işini geçirýär. «Älem Gämisi» hojalyk jemgyýetiniň «Kamaz» kysymly ýük awtoulag serişdesinde abatlaýyş işini geçirende, Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody

öz hasabyna satyn alnan materiallary we ätiýaçlyk şaýlaryny ulanýar. Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawodynyň amal eden hyzmatynyň umumy bahasy 6 108 manat. Bu hyzmatlary amal etmek üçin, Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody 3 210 manatlyk materiallary we ätiýaçlyk şaýlary satyn alypdyr (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 482 manat). Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody satyn alnan materiallara we ätiýaçlyk şaýlara 10 göterim möçberinde (321 manat) söwda nyrh goşundysyny ulanypdyr, oňa hasaplanylan goşulan baha üçin salgyt 48 manat. Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawodynyň «Älem Gämisi» hojalyk jemgyýeti üçin ýerine ýetiren hyzmatlary üçin 2012-nji ýylyň fewral aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 6 108 manat + (3 210 manat – 482 manat) = = 8 836 manat.

**Mysal.** Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasy bilen 2012-nji ýylyň aprel aýynda baglaşylan ylalaşygyna laýyklykda, onuň «Jip Çerokki» awtoulag serişdesinde abatlaýyş işleri geçirmäge borçlanýar. Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawodynda abatlaýyş işlerini geçirmek üçin, «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasy «Hoş Zaman» hususy kärhanasyndan materiallary we ätiýaçlyk şaýlary satyn alypdyr. «Hoş Zaman» hususy kärhanasynyň «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasyna materiallar we ätiýaçlyk şaýlary üçin beren hasap-fakturasynda olaryň umumy bahasy 10 914 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgyt 1 424 manat. Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawody «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasynyň «Jip Çerokki» awtoulagynda abatlaýyş işleriniň geçirilendigi üçin oňa 16 222 manat pul möçberinde salgyt-hasap fakturany ýazyp beripdir, şol sanda goşulan baha üçin salgyt 2 116 manat. Aşgabadyň awtoulaglary abatlaýyş zawodynyň «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasy üçin ýerine ýetiren hyzmatlary boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = (10 914 manat – 1 424 manat) + (16 222 manat – – 2 116 manat) = 23 596 manat.

15. Sargyt № 2094

Haryt alyjy tarapyndan gaýtaryp berilmeli gaplaryň bahalary salgyt özenine goşulmaýar. Girew bilen baglanyşykly amallar geçirilende, salgyt özeni Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji maddasynyň 1-nji bölegi) göz öňünde tutulan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny kesgitlemegiň tertibinden ugur alynýar. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň) ýa-da işini bes eden hususy telekeçiniň harytlary we beýleki emläkleri satylanda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şu harytlar we emläkler ýerleşdirilende ulanylan hakyky bahalaryň esasynda, emma harytlaryň satyn alnan bahasyndan, esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça bolsa, olaryň galyndy bahasyndan pes bolmadyk derejede kesgitlenilýär.

**Mysal.** «Kümüş suw» döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhana öz müşderilerine agyz suwuny yzyna gaýtaryp berýän gaplar bilen ýerleşdirýär. 2011-nji ýylyň awgust aýynda «Kümüş suwy» döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhananyň öndürýän önümini sarp edýän edara görnüşindäki taraplaryň sanawy, ýükläp iberilen önüminiň bahasy we gaýtaryp berilýän gaplaryň bahasy 9-njy tablisada berlendir.

*9-njy tablisa*

**«Kümüş suw» döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhananyň öndürýän önümlerini sarp edýän edara görnüşli taraplaryň sanawy, ýükläp iberilen önüminiň we gaýtaryp berilýän gaplaryň bahasy**

| № | Sarp edijiler – edara görnüşli taraplar | Ýüklenip iberilen önümiň bahasy, manat | şol sanda: gaýtaryp berilýän gaplaryň bahasy, manat |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1. | «Grand Otel Türkmen» döwlet kärhanasy | 7708 | 642 |
| 2. | «Altyn Asyr» harytşynaslyk merkezi | 2545 | 153 |
| 3. | «Türkmentagamlary» söwda öýi | 2064 | 124 |
| 4. | «Gülistan» Döwlet söwda merkezi | 1694 | 102 |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 5. | «Güneşli» bazary | 5356 | 321 |
| 6. | «Şerap» söwda öýi | 4008 | 240 |
| 7. | «Paýtagt» şäher söwda merkezi | 4596 | 276 |
| 8. | «Altyn Asyr» döwlet söwda kärhanasy | 2847 | 276 |
| 9. | «Aýsöwdahyzmat» döwlet söwda kärhanasy | 9171 | 550 |
| 10. | «Türkmenistan» döwlet söwda merkezi | 7502 | 450 |

«Kümüş suw» döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanasy boýunça 2011-nji ýylyň awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = (7 708 manat – 642 manat) + (2 545 manat – 153 manat) + (2 064 manat – 124 manat) + (1 694 manat – 102 manat) + + (5 356 manat – 321 manat) + (4 008 manat – 240 manat) + (4 596 manat – 276 manat) + (2 847manat – 276 manat) + (9 171 manat – 550 manat) + (7 502 manat – 450 manat) = 44 357 manat.

**Mysal.** 2012-nji ýylyň 1-nji iýunyndan başlap, «Mehrawer Milad Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň işi ýatyrylýar. Öz algydarlary (kreditorlary) we salgytlar boýunça býujet bilen hasaplaşmak üçin, «Mehrawer Milad Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy özünde bar bolan harytlary we emlägini alyjylaryň arasynda ýerleşdiripdir. «Mehrawer Milad Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2012-nji ýylyň maý aýynda ýerleşdiren harytlarynyň we emläginiň bahasy 10-njy tablisada berlendir.

Işi ýatyrylan «Mehrawer Milad Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň ýerleşdiren harytlary we emlägi boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 5 082 manat + 11 745 manat + 4 334 manat = = 21 161 manat.

*10-njy tablisa*

**«Mehrawer Milad Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2012-nji ýylyň maý aýynda ýerleşdiren harytlarynyň we emläkleriniň bahasy, manat**

| № | Ýerleşdirilen harytlar we emläk | Ýerleşdirilen harytlaryň satyn alyş bahasy | Ýerleşdirilen harytlaryň ýerleşdiriş bahasy | Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň galyndy bahasy | Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň ýerleşdiriş bahasy |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Harytlar | 5082 | 3758 | | |
| 2. | Esasy serişdeler | | | 11745 | 8303 |
| 3. | Maddy däl aktiwler | | | 4334 | 2861 |

Ýeňillikli bahalar (tarifler, kesilen bahalar) bellenilen harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni şeýle ýeňillikler göz öňünde tutulyp hasaplanýar. Býujet guramalaryna ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, amal edilýän hyzmatlar boýunça salgyt özeni hakyky bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Altyn ýyldyz» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň mart aýynda sarp edijileriň arasynda 557 704 manatlyk harytlary ýerleşdiripdir, şol sanda 33 577 manatlyk harytlar ýeňillikli bahalar (hasaba alnan pul möçberi) boýunça ýerleşdirilipdir, bu harytlaryň adaty bahasy 64 088 manat. Ondan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, «Altyn ýyldyz» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň mart aýynda 557 704 manatlyk umumy möçberde ýerleşdirilen harytlarynyň çäginde 29 089 manat pul möçberinde ilata harytlary mugt göýberipdir. «Altyn ýyldyz» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 557 704 manat – 29 089 manat = 528 615 manat

Tebigy ölçeglerinden artyk ýetmezçiligi bolan, olaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanylmadyk ýagdaýlarynda, salgyt özeni harytlar adaty hak almak bilen ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp hasaplanýar. Hasabat döwründe salgyt özeni şol döwürde Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde azaldylmaga degişli. Salgyt salynmaga degişli harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplar berlende ýa-da talaplar kanun esasynda beýleki tarapa geçirilende, bu harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek amallary boýunça salgyt özeni Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji maddasy). Talaplar täze karzdarlara ýerleşdirilende, salgyt özeni talaplar soňundan ýerleşdirilende ýa-da degişli borçlar bes edilende onuň alan girdejisiniň möçberiniň görkezilen talaby satyn almak üçin çykdajylarynyň möçberinden artyk bolan möçberi hökmünde takyklanýar.

**Mysal.** «Harman» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýynda 195 679 manatlyk öndüren harytlaryny müşderileriniň arasynda ýerleşdiripdir. Ondan başga-da, «Harman» hojalyk jemgyýeti öndüren harytlarynyň 4 516 manatlygyny ýeňillikli bahalar boýunça býujet edarasyna satypdyr. Býujet edarasyna, ýagny Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky döwlet ýaşlar teatryna 4 516 manat pul möçberde ýeňillikli bahalar boýunça satan harytlarynyň hakyky ýerleşdiriş bahasy 7 467 manat. «Harman» hojalyk jemgyýetinde 2012-nji ýylyň maý aýynda tükelleme işi geçirilende, tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiliginiň bardygy anyklanypdyr. Ýetmezçilik 7 001 manat we bu ýetmezçilik harytlaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy hakyndaky resminamalar bilen tassyklanylmandyr. «Harman» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna 21 640 manat pul serişdelerini geçiripdir. «Harman» hojalyk jemgyýeti «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda goşulan baha üçin salgydy töleýji bolup durýar.

«Harman» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 195 679 manat + 4 516 manat + 7 001 manat – – 21 640 manat = 185 556 manat.

**Mysal.** «Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň iýun aýynda şu aşakdaky ylalaşyklary baglaşypdyr:

– 36 000 manat pul möçberinde «Altyn söwda» hususy kärhanasy bilen (9-njy iýunyndaky 83-nji ylalaşyk);
– 26 400 manat pul möçberinde «Altyn söwda» hususy kärhanasy bilen (9-njy iýunyndaky 84-nji ylalaşyk);
– 42 000 manat pul möçberinde «Uly Ak Dag» hususy kärhanasy bilen (15-nji iýunyndaky 85-nji ylalaşyk);
– 8800 manat pul möçberinde «Owşar» hojalyk jemgyýeti bilen (28-nji iýunyndaky 86-njy ylalaşyk);
– 257 642 manat pul möçberinde 2012-nji ýylyň iýun aýynda baglaşylan ähli galan ylalaşyklar.

2012-nji ýylyň iýun aýynda geleşigi amala aşyrmagyň şertleriniň üýtgemegi sebäpli, «Altyn Kerwen Ýoly» hojalyk jemgyýeti bilen 36 000 manat pul möçberinde baglaşylan şertnamanyň pul möçberi 46 000 manat bolupdyr. «Altyn söwda» hususy kärhanasy bilen 26 400 manat pul möçberinde kesgitlenilen ylalaşyk ýatyrylypdyr. Nyrhlaryň üýtgemeginiň netijesinde «Ulu Ak Dag» hususy kärhanasy bilen 2012-nji ýylyň 15-nji iýunynda baglaşylan 85-nji ylalaşygyň pul möçberi 61600 manat pul möçberinde kesgitlenilipdir. 2012-nji ýylyň 17-nji iýunynda «Owşar» hojalyk jemgyýeti bilen 2012-nji ýylyň 28-nji iýunynda baglaşylan 8800 manatlyk 86-njy belgili ylalaşyk hakyky däl diýlip ykrar edilipdir.

«Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça tabşyrjak salgyt beýannamasynyň «Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi» diýlip atlandyrylýan I babynda geçirilen salgyt amallary boýunça salgyt özenini takyklamaly we salgyt özenine bellenilen

*11-nji tablisa*

**«Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, manat**

| № | Görkezijiler | Setirleriň belgisi | Salgyt özeni | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (göterimde) | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| 15. | Salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeni | 15.1 | 370 842 | 15 | 55627 |
| | | 15.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 15.3 | - | 0 | - |
| 16 | Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alnan pul möçberler, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolma pul möçberleri | 16,1 | - | 15 | - |
| | | 16,2 | - | 15 x100/115 | - |
| | | 16,3 | - | 0 | x |
| 17 | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen ýagdaýlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberi | 17.1 | 29 600 | 15 | 4 440 |
| | | 17.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 17.3 | - | 0 | x |
| 18 | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen ýagdaýlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberi | 18.1 | 35 200 | 15 | 5 280 |
| | | 18.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 18.3 | - | 0 | x |
| 19 | Salgyt özeniniň jemi we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 19.1 | 365 242 | 15 | 54 787 |
| | | 19.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 19.3 | - | 0 | x |
| 20. | Jemi salgyt özeninden ugur alnyp hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (19.1setir + 19.2 setir) | | | | 54 787 |

ýagdaýlarda girizilen düzedişleriň jemini kesgitlemeli. Geçirilen hasaplamalary 11-nji tablisada beýan etmeli.

**Çözülişi.** Ilkibaşda, «Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň iýun aýynda baglaşylan ylalaşyklarynyň we olar boýunça sarp edijilere ýazylyp berlen salgyt-hasap fakturalary boýunça salgyt salynýan amallaryň umumy pul möçberini hasaplalyň: SSÖ = 36 000 manat + +26 400 manat + 42 000 manat + 8 800 manat + 257 642 manat = = 370 842 manat. Salgyt özeniniň pul möçberi 11-nji tablisanyň 15.1-nji setiriniň 4-nji bendine ýazylýar.

«Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenine düzedişler girizilende, şol özenleri köpeldýän pul möçberi: (46 000 manat – 36 000 manat) + + (61 600 manat – 42 000 manat) = 29 600 manat. Bu pul möçberi 11-nji tablisanyň 17.1 setiriniň 4-nji bendine ýazylýar. «Azad Hiwad Treýding KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenine düzedişler girizilende, şol özeni azaldýan pul möçberi: 26 400 manat + 8 800 manat = 35 200 manat. Bu pul möçberi 11-nji tablisanyň 18.1-nji setiriniň 4-nji bendine ýazylýar. Salgyt özeniniň jemi: 370 842 manat + 29 600 manat – 35 200 manat = = 365 242 manat. Bu pul möçberi 11-nji tablisanyň 19.1-nji setiriniň 4-nji bendine ýazylýar. Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 54 787 manada deňdir (365 242 x 0,15).

### 5.5.21. Goşulan baha üçin salgydyň möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri. Salgyt salynýan amallar boýunça berilýän ýeňillikler

**Goşulan baha üçin salgydyň möçberleri.** 0 (nol) göterim derejedäki salgyt möçberi 41-nji şekilde görkezilen salgyt salynýan amallar babatynda ulanylýar. Salgyt salmak maksady bilen, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendigini bellenen tertipdäki

*41-nji şekil*

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça O (nol) möçberi ulanylýan amallar**

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça O (nol) möçberi ulanylýan amallar**
**1**

Özüniň öndüren, şeýle-de satyn alnan harytlar daşary ýurtlara ýerleşdirilende (tebigy we ugurdaş gazy, nebiti we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan)
**2**

Halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak, şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar amal edilende
**3**

Daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinden daşary ýurt ýüklerini üstaşyr geçirmek boýunça hyzmatlar
**4**

Paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerleşdirmek
**5**

Özüniň öndüren oba hojalyk önümlerini ýerleşdirmek
**6**

Halkara ýüklerini daşamak we ýolagçylary gatnatmak üçin ulanylýan daşary ýurt deňiz we howa gämilerini ýangyçdan doldurmak bilen hem-de olara hyzmat etmek, şol sanda (aýeronowigasiýa we uçuş-gonuş hyzmatlaryny goşmak bilen) baglanyşykly hyzmatlar, şeýle-de şular ýaly ýükleri daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda ekipažyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlary ýerleşdirmek
**7**

Daşary ýurt diplomatik we olara deňeşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalaryň resmi taýdan ulanmaklary üçin ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän harytlar, amal edilýän hyzmatlar
**8**

Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek
**9**

«Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara olaryň nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek
**10**

tassyknamasy bolan ýagdaýynda, bu harytlar Türkmenistanyň çäginden daşyna çykarylan harytlar diýlip hasap edilýär (41-nji şekiliň 2-nji belgili dörtburçlugyna degişli). Ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak amala aşyrylanda ulag serişdeleri Türkmenistanyň çäklerinden çykmaly bolýan ýagdaýlarynda we ýolagçylaryň, ýükleriň ugradylýan we barmaly ýeri Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bolsa, onda ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak halkara gatnawlary diýlip hasap edilmeýär (41-nji şekiliň 3-nji belgili dörtburçlugyna degişli).

41-nji şekiliň 10-njy dörtburçlugyna degişlilikde harytlar (işler, hyzmatar) diňe nebit işlerini ýerine ýetirmekden başga iş üçin niýetlenilen we soňra şeýle harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) haýsy iş üçin peýdalanjakdygyny öňünden kesgitläp bolmasa, şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) nebit we beýleki işleri ýerine ýetirmek üçin hem niýetlenilende we peýdalananda we olary bölmek mümkin bolmasa, onda bu düzgün ulanylmaýar. Bu barada şeýle talaplar wagtynda, ýagny olara hasap-faktura ýazylyp berilýänçä öz üpjün edijisiniň ýa-da başga kontragentleriniň dykgatyna ýetirmelidir.

41-nji şekilde görkezilen amallardan başga, salgyt salynýan amallar babatynda 15 göterim derejesinde salgyt möçberi ulanylýar. Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça harytlar ýerleşdirilende, hyzmatlar amal edilende degişli möçberiň şu salgyt möçberine göterim gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýän 100-e artdyrylan möçber ulanylýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenilýän öz içine goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini alýan hakyky bazar bahasyndan ugur alnyp, salgyt gullugy tarapyndan salgyt hasaplanan halatlarynda hem hasaplama usuly bilen takyklanýan möçber ulanylýar.

**Mysal.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Gerçek Eset» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň iýul aýynda 147702 manatlyk pul möçberinde salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr. Ondan başga-da, 2012-nji ýylyň fewral aýynda hasaba alynmadyk 24157 manatlyk geleşik ýüze çykaryl-

dy we aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça tabşyrylan beýannamada 12376 manat pul möçberinde göýberilen ýalňyşlyklar anyklanyldy. «Gerçek Eset» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin goşulan baha üçin salgyt özenini we salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi. SSÖ** = 147 702 manat + 24 157 manat + 12 376 manat = = 184 235 manat.

**Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi:** 184 235 manat x x 0,15 = 27 635 manat.

**Mysal.** «Surnaý» hojalyk jemgyýeti öz öndürýän önümlerini Türkmenistanyň çäginde we Türkmenistanyň daşynda ýerleşdirýär. «Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran amallary 12-nji tablisadaky görkezilen.

*12-nji tablisa*

**«Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberleri, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirilen harytlar | 146 716 |
| 2. | Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirilen hyzmatlar | 66 962 |
| 3. | Türkmenistanyň daşynda öz öndüren we satyn alan harytlarynyň ýerleşdirilmegi (Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendigi baradaky resminamalar bilen tassyklanylan) | 431 226 |
| 4. | Daşary ýurtlara çykarylan öz öndüren önümleriniň we satyn alan harytlarynyň ýerleşdirilmegi (Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendigi baradaky resminamalar bilen tassyklanylmadyk) | 243 487 |
| 5 | Halkara derejesinde şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýükleri daşamak boýunça amal eden hyzmatlary (harytlaryň ýüklenip ugradylan ýeri Türkmenbaşy şäheri, ýükleriň barmaly ýeri Azerbaýjan döwletiniň Baku şäheri) | 309 443 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 6. | Şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar (harytlaryň ýüklenip ugradylýan ýeri Aşgabat şäheri, barmaly ýeri Özbegistan döwletiniň Buhara şäherinden üstaşyr Türkmenabat şäherine) | 217 266 |

«Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran we salgyt salynýan amallarynyň hem-de salgyt salynýan amallary boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: AAA = 146 716 manat + 66 962 manat + 431 226 manat + 309 443 manat + 243 487 manat + 217 266 manat = 1 415 100 manat. «Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylýan amallary: 431 226 manat + + 309 443 manat = 740 669 manat. «Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary: SSA (salgyt salynýan amallary) = 146 716 manat + 66 962 manat + + 243 487 manat + 217 266 manat = 674 431 manat. «Surnaý» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: **GBÜS** = 674 431 manat x 0,15 = = 101 164 manat.

**Mysal.** «Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda şu aşakdaky amallary ýerine ýetiripdir:

– 235 787 manat pul möçberinde Türkmenistanyň çäginde harytlary ýerleşdiripdir;
– 145 594 manat pul möçberinde Türkmenistanyň çäginde hyzmatlary amala aşyrypdyr;
– halkara derejede ýolagçylary gatnatmak boýunça 582 178 manat pul möçberinde hyzmatlary amala aşyrypdyr (ýolagçylaryň

ugradylýan ýeri Aşgabat şäheri, barmaly ýeri Eýran Yslam Respublikasynyň Maşat şäheri);

– daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçirilýän daşary ýurt ýükleri boýunça 809 705 manat pul möçberinde hyzmatlary amala aşyrypdyr;
– 671 144 manat pul möçberinde halkara ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak üçin ulanylýan daşary ýurt deňiz hem-de howa gämilerini ýangyçdan doldurmak we olara hyzmat etmek bilen baglanyşykly amal edilen hyzmatlar, şeýle-de şonuň ýaly ýükleri daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda ekipažyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlaryň ýerleşdirilmegi.

«Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda amala aşyran amallarynyň we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: AAA = = 235 787 manat + 145 594 manat + 582 178 manat + 809 705 manat + 671 144 manat = 2 444 408 manat. «Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylýan amala aşyrylan amallarynyň pul möçberi: 582 178 manat + 809 705 manat + 671 144 manat = = 2 063 027 manat. «Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi: **SSA** = 235 787 manat + 145 594 manat = 381 381 manat. «Gulzad Interneýşnl Forwader Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: **GBÜS** = 381 381 manat x x 0,15 = 57 207 manat.

**Mysal.** «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyran amallary 13-nji tablisada görkezilýär. «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyran amallarynyň, salgyt salynýan amallarynyň, tölemeli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

*13-nji tablisa*

**«ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Türkmenistanyň çäginde harytlaryň ýerleşdirilmegi | 306494 |
| 2. | Türkmenistanyň çäginde hyzmatlaryň amal edilmegi | 133532 |
| 3. | Paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilmeli harytlaryň ýerleşdirilmegi | 152482 |
| 4. | Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlaryň ýerleşdirilmegi | 423674 |

**Çözülişi.** «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: AAA = 306 494 manat + + 133 532 manat + 152 482 manat + 423 674 manat = 1 016 182 manat. «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi: SSA = 306 494 manat + + 133 532 manat = 440 026 manat. «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylýan amala aşyran amallarynyň pul möçberi: 152 482 manat + 423 674 manat = 576 156 manat. «ABB Betko Greý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýylyň oktýabr aýy

üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: GBÜS = = 440 026 manat x 0,15 = 66 004 manat.

**Mysal.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegi) laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket 2011-nji ýylyň noýabr aýynda öz müşderileriniň arasynda harytlary ýerleşdirmekden we hyzmatlary amal etmekden 183 030 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. Ondan başga-da, «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket daşary ýurt diplomatik we olara deňeşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalaryň resmi taýdan ulanmaklary üçin 56 034 manat, «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar üçin nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin 65 106 manat pul möçberinde harytlary ýerleşdiripdir. Galyberse-de, 2011-nji ýylyň noýabr aýynda «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket özüniň öndüren oba hojalyk önümlerini 30 002 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir. «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenini we salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmaly we 14-nji tablisada beýan etmeli.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda, «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça 0 (nol) möçber ulanylýan salgyt salynýan amallaryň pul möçberi: 56 034 manat + 65 106 manat + 30 002 manat = = 151 142 manat. Bu pul möçberi 14-nji tablisanyň 15.3-nji setiriniň 4-nji bendine ýazylýar. «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi 183 030 manat. Bu pul möçberi 14-nji tablisanyň 15.1-nji setiriniň 4-nji bendine ýazylýar. «Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereketiň 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: 183 030 manat x x 0,15 = 27 456 manat. Bu pul möçberi 14-nji tablisanyň 15.1-nji setiriniň 6-njy bendine ýazylýar.

*14-nji tablisa*

**«Ekoniýet» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin salgydyň özeni we ol boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi**

| № | Görkezijiler | Setirleriň belgisi | Salgyt özeni | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (göterimde) | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 15. | Salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeni | 15.1 | 183 030 | 15 | 27 456 |
| | | 15.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 15.3 | 151 142 | 0 | x |
| 16. | Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär tarapdan alnan pul möçberleri, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolma pul möçberi | 16,1 | - | 15 | - |
| | | 16,2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 16,3 | - | 0 | x |
| 17. | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen ýagdaýlarynda, salgyt özenini köpeldýän pul möçberi | 17.1 | - | 15 | - |
| | | 17.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 17.3 | - | 0 | x |
| 18. | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen ýagdaýlarynda, salgyt özenini azaldýan pul möçberleri | 18.1 | - | 15 | - |
| | | 18.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 18.3 | - | 0 | x |
| 19. | Salgyt özeniniň jemi we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 19.1 | 183 030 | 15 | 27 456 |
| | | 19.2 | - | 15 x 100/115 | - |
| | | 19.3 | 151 142 | 0 | x |
| 20. | Salgyt özeniniň jeminden ugur alnyp, hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | | | | 27 456 |

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri.** Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri edara görnüşli we şereketleriň düzümine girýän taraplar (eger-de oňa edara görnüşli taraplaryň iň bolmanda biri goşulýan bolsa) üçin senenama aýyna deň bellenýär. Hususy telekeçiler we şerekete girýän taraplar (eger-de onuň düzümine edara görnüşli taraplar goşulmaýan bolsalar) üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt döwri senenama ýylyna deň diýlip hasap edilýär. Hasabat döwri 1-nji ýanwardan 31-nji dekabra çenli kesgitlenilýär.

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça berilýän ýeňillikler.** 42-nji şekilde görkezilen salgyt salynýan amallar amala aşyrylanda, goşulan baha üçin salgyt tölenmeýär. Ondan başga-da, şu aşakdaky salgyt salynýan amallar amala aşyrylanda goşulan baha üçin salgyt alynmaýar:

– tohumlary: pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlaryny we olary ösdürip ýetişdirmekdäki hyzmatlar; mineral dökünleri; gerbesidleri; awuly himikatlary we ösümlikleri goraýyş maksatly beýleki serişdeleri; oba hojalyk önüm öndürijileriniň erkin meýdanlaryna hojalykiçi suwaryş akabaly arkaly şor suwlary akdyrmak boýunça amal edilýän hyzmatlar, şeýle-de oba hojalyk önümlerini öndürmek we ýygnamak üçin mehanizirleşdirilen hyzmatlary ýerleşdirmek;
– sirk hyzmatlary;
– oba hojalyk kärhanalary tarapyndan öndürilýän ýag önümlerinden başga, oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmegi bilen alnan önümleri ýerleşdirmek;
– şahsy adamlaryň buýurmasy boýunça ýaşaýyş jaýlaryny gurmak boýunça işleri ýerine ýetirmek we taýýar jaýlary we öýleri şahsy adamlara, şol sanda hususylaşdyrmak tertibinde ýerleşdirmek;
– oba hojalygynda ulanyljak maşynlar, traktorlar, mehanizmler we enjamlar boýunça Türkmenistanyň dahyllylary bolan edara görnüşli taraplaryň lizing amallary;
– ýerleri hususy eýeçilige bermek boýunça ýer gurluşyk işleri;

*42-nji şekil*

## Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt tölenmeýän amallar

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt tölenmeýän amallar**
**1**

Umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary (taksiden, şol sanda bir ugur boýunça gatnaýan taksilerden başgasy), şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol we awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar
**2**

Ätiýaçlyk şaýlarynyň we olara degişli bölekleriniň bahalaryny goşmak bilen, harytlaryň ulanylmaly möhleti kepillendirilen döwründe goşmaça hiç hili töleg alynmazdan ýerine ýetirilýän abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlar we işler
**3**

Derman serişdelerini, medikamentleri, zyýansyzlandyrjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümler, saglygy goraýyş enjamlaryny, protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini ýerleşdirmek
**4**

Weterinar we sanitariýa-epidemologiýa hyzmatlary
**5**

Saglygy goraýyş hyzmatlary, ýasama diş oturtmak. Bejeriş häsiýetli däl kosmetologiýa hyzmatlary oňa degişli däl
**6**

Näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek, maýyplary dikeltmek boýunça hyzmatlar
**7**

Bilim ulgamyndaky hyzmatlar
**8**

Jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly hyzmatlar, şeýle-de gubur üsti ýädygärlikleri taýýarlamak, jaýlanylan ýerleriň durkuny täzelemek boýunça işler
**9**

Däpleriň we dessurlaryň geçirilmegini goşmak bilen dini guramalaryň hyzmatlary, şeýle-de dini däplere degişli we dini maksatly zatlary ýerleşdirmek
**10**

Körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň öndüren harytlaryny ýerleşdirmek
**11**

Ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amal edilýän ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary
**12**

Azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlary (goşmaça töleg tölenmäge degişlilerinden başga) we iýmit önümleri öndürilende taýýarlanylanda we gaýtadan işlenilende ulanulýan harytlary, garyşyk iýmitleri ýerleşdirmek
**13**

Pagtany gaýtadan işlemekden alnan önümleriň ýerleşdirilmegi (pagta süýümi, pagta çigidi, gysga süýüm, pagta sütügi, pagta übtügi, galyndylar)
**14**

– saryja goýnuň ýazky gyrkymynyň ýüňüni we ondan egrilen ýüplügi ýerleşdirmek, şeýle-de bu ýüňi ýuwmak (arassalamagy we sortlamagy goşmak bilen) we bu ýüňden ýüplük öndürmek (reňklemegi goşmak bilen) boýunça hyzmatlar;
– el halylary we elde dokalan haly önümlerini ýerleşdirmek;
– däne ekinleri saklamak, däne üweýän senagat önümlerini, krahmally önümleri, çörek we täze süýji önümlerini, kakadylan çörek we köke, köp saklanýan süýji-köke önümlerini, unaş önümlerini, çaga iýmiti we berhizlik önümlerini öndürmek, melhemçilik önümçiligi, adamlaryň saglygyny goramak boýunça iş, weterinariýa iş üçin niýetlenilen desgalary galdyrmak boýunça gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek;
– ilata edilýän jaý-jemagat we ulanyş hyzmatlary (jaý tölegini goşup), şeýle-de köçeleriň, seýilgähleriň we ş.m. daşky yşyklandyrmasy boýunça hyzmatlar;
– Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri;
– bir birligini satyn almak üçin (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) mahabatlandyrma maksady bilen berilmegi;
– lotoreýalary, humarly oýunlary we pully oýunlary (humarly oýun işi) geçirmek;
– milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe milli syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işler we hyzmatlar, şeýle-de harytlaryň getirilmegi. Ýeňillik şu aşakdakylara berilýär:

a) görkezilen işleri hojalyk usuly bilen amala aşyrýanlara;
b) görkezilen işler potrat usuly bilen ýerine ýetiren mahalyndaky potratçylara;
ç) işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirýän we hyzmatlary amal edýän «a» we «b» bölekçelerde görkezilen taraplaryň

şeýle işleriň ýerine ýetirilmegi üçin peýdalanylýan harytlaryň (çig malyň, materiallaryň, şol obýektlerde oturdylan enjamlaryň) eltilmegini amala aşyrýanlara;

– milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegi, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) hem-de beýleki hyzmatlaryň guralmagyny goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlar, şeýle-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk infrastrukturasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlar. Şu ýeňillikler bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan hem-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda şeýle hyzmatlary amala aşyrýan taraplara hem berilýär.

Maýa goýun pensiýa gaznalary, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary, bilim edaralary harytlary (goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlardan başgasy), işleri we hyzmatlary ýerleşdirenlerinde (amala aşyrýan salgyt salynýan amallar boýunça), goşulan baha üçin salgydy tölemeýärler. Diplomatik we olara deňeşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň (olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalaryny goşmak bilen) şahsy peýdalanmaklary üçin niýetlenen harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde bu çykdajylary tassyklaýan haryt (kassa) çekleri bolan ýagdaýynda, salgydyň pul möçberi maliýe edaralary tarapyndan gaýtaryp berilýär.

**Mysal.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegi) laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň dekabr aýynda 15-nji tablisada görkezilen amallary amala aşyrypdyr.

«Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň dekabr aýynda amala aşyran amallarynyň, salgyt salynýan amallarynyň

*15-nji tablisa*

**«Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň dekabr aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Harytlary ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 68 676 |
| 2. | Özüniň sarp etmegi üçin harytlaryň ulanylmagy | 24 118 |
| 3. | Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleriniň ýerine ýetirilmegi | 11 562 |
| 4. | Derman serişdelerini, zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş enjamlaryny, saglygy goraýyş maksatly önümleri we maýyplar üçin ýörite ulag serişdeleriniň ýerleşdirilmegi | 36 000 |
| 5. | Weterinar we sanitariýa-epidimologiýa hyzmatlary | 6 356 |
| 6. | Näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek, maýyplary dikeltmek boýunça hyzmatlar | 5 508 |
| 7. | Saglygy goraýyş hyzmatlary, ýasama diş oturtmak hyzmatlary | 17 800 |

we amala aşyrylan salgyt salynýan amallar boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň dekabr aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: **AAA** = = 68 676 manat + 24 118 manat + 11 562 manat + 36 000 manat + + 6 356 manat + 5 508 manat + 17 800 manat = 170 020 manat. «Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň dekabr aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi: 68 676 manat + 24 118 manat + 11 562 manat = 104 356 manat. «Durmuş hyzmatlary» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň dekabr aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary boýunça 2011-nji ýylyň dekabr aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: **GBÜS** = = 104 356 manat x 0,15 = 15 653 manat.

**Mysal.** Aşgabadyň ýolagçylary gatnatmak önümçilik kärhanasynyň işi 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda 16-njy tablisadaky görkezilen. Aşgabadyň ýolagçylary gatnatmak önümçilik kärhanasynyň

2012-nji ýylyň ýanwar aýynda amala aşyran we salgyt salynýan amallarynyň, salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

*16-njy tablisa*

**Aşgabadyň ýolagçylary gatnatmak önümçilik kärhanasynyň 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda amala aşyran hyzmatlary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň (hyzmatlaryň) görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň (hyzmatlaryň) pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Şäher etegindäki gatnawlarda awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar | 207 115 |
| 2. | Ätiýaçlyk şaýlarynyň we bölekleriniň bahalaryny goşmak bilen, harytlary ulanmaly möhleti kepillendirilen goşmaça hiç hili töleg alynmazdan ýerine ýetirilýän abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlar we işler | 69 091 |
| 3. | Şahsy we edara görnüşli taraplara awtoulag serişdeleri kärendä bermek bilen kärende hyzmatlary | 55 449 |
| 4. | Umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary | 482 178 |
| 5 | Taksi we bir ugur boýunça gatnaýan taksi hyzmatlary | 173 585 |

**Çözülişi.** Aşgabadyň ýolagçylary gatnatmak önümçilik kärhanasynyň 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: **AAA** = 207 115 manat + 69 091 manat + 55 449 manat + + 482 178 manat + 173 585 manat = 987 418 manat. Bu kärhananyň 2012-nji ýylyň ýanwar aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi : **SSA** = 55 449 manat + 173 585 manat = = 229 034 manat. Aşgabadyň ýolagçylary gatnatmak önümçilik kärhanasynyň 2012-nji ýylyň ýanwar aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: 229 034 manat x 0,15 = 34 355 manat

**Mysal.** «Damjaly baglar» hojalyk jemgyýetiniň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli)

maliýe-hojalyk işi 2012-nji ýylyň fewral aýynda şu aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– 35 488 manat pul möçberinde işgärleri bermek boýunça hyzmatlary amala aşyrypdyr;
– maslahat bermek boýunça 4 422 manat pul möçberinde hyzmatlary amala aşyrypdyr;
– pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlaryny hem-de olary ösdürip ýetişdirmek boýunça hyzmatlary 17 142 manat pul möçberinde amala aşyrypdyr;
– 42 116 manat pul möçberinde azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlary (goşmaça töleg tölenmäge degişlilerden başga) we iýmit önümleri öndürilende, taýýarlanylanda we gaýtadan işlenilende ulanylýan harytlary, garyşyk iýmitleri ýerleşdiripdir.

**Çözülişi.** «Damjaly baglar» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberi: **AAA** = = 35 488 manat + 4 422 manat + 17 142 manat + 42 116 manat = = 99 160 manat. «Damjaly baglar» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi: 35 488 manat + 4 422 manat = 39 910 manat. «Damjaly baglar» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi: 39 910 manat x 0,15 = = 5 987 manat.

**Mysal.** «Agzybir keremli rysgally ojagyň saçagy» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyran amallary 17-nji tablisada görkezilen. «Agzybir keremli rysgally ojagyň saçagy» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyran we salgyt salynýan amallarynyň we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Agzybir keremli rysgally ojagyň saçagy» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyrylan amallarynyň pul möçberi: **AAA** = 34 556 manat + 16 282 manat + + 26 132 manat + 20 244 manat = 97 214 manat. Bu hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyrylan salgyt salynýan

*17-nji tablisa*

**«Agzybir keremli rysgally ojagyň saçagy» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Inženerçilik-maslahat beriş hyzmatlarynyň amal edilmegi | 34556 |
| 2. | Taslamadan öňki we taslama hyzmatlary boýunça esaslandyrmalary taýýarlamak | 16282 |
| 3. | Azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlaryň (goşmaça töleg tölenmäge degişlilerden başga) we iýmit önümleri öndürilende, taýýarlanylanda we gaýtadan işlenilende ulanylýan harytlaryň, garyşyk iýmitleriň ýerleşdirilmegi | 26132 |
| 4. | Taslama-konstruktorçylyk işleriniň ýerine ýetirilmegi | 20244 |

amallaryň pul möçberi: 34 556 manat + 16 282 manat + 20 244 manat = = 71 082 manat. «Agzybir keremli rysgally ojagyň saçagy» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň fewral aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi: 71 082 manat x 0,15 = 10 662 manat.

**Mysal.** 18-nji tablisada görkezilen edara görnüşli taraplaryň amala aşyrýan amallary boýunça haýsylarynyň goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýandygyny, haýsylarynyň bolsa salgydy tölemekden boşadylmaýandygyny takyklamaly.

*18-nji tablisa*

**Amala aşyrýan amallary boýunça edara görnüşli taraplaryň sanawy**

| № | Edara görnüşli taraplaryň ady | Edara görnüşli taraplaryň amala aşyrýan amallary |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1. | Aşgabatdaky körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanasy | Öndüren harytlarynyň ýerleşdirilmegi |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 2. | Türkmenistanyň müftiligi müdiriýeti | Däpleriň we dessurlaryň geçirilmegi boýunça hyzmatlar we dini däplere degişli we dini maksatly zatlaryň ýerleşdirilmegi |
| 3. | «Hukuk» ylmy-bilim merkezi | Hukuk soraglary babatynda hyzmatlar |
| 4. | «Muhamediýa» mesjidi | Jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly hyzmatlar, guburüsti ýadygärlikleri taýýarlamak, jaýlanylan ýerleriň durkuny täzelemek boýunça geçirýän işleri |
| 5. | «Nebere» ylmy-bilim merkezi | Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna ýerine ýetirilýän ylmy-barlag, tejribe-konstruktorçylyk işleri |
| 6. | «Magrup» hojalyk jemgyýeti | Lotoreýalary, humarly oýunlary we pully oýunlary geçirmek |
| 7. | «Aziýa Aragatnaşygy» bileleşik kärhanasy | Daşary ýurtlaryň we halkara guramalarynyň Türkmenistana berýän maliýe we tehniki, ynsanperwer taslamalarynyň we maksatnamalarynyň serişdeleriniň hasabyna tölegi tölenýän harytlary ýerleşdirmek |
| 8. | «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Aşgabatdaky dolandyryş müdirligi | Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary |
| 9. | Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň ýaşaýyş jaý-eksplutasion tresti | Ilata edilýän ýaşaýyş jaý-jemagat we ulanyş hyzmatlary |
| 10. | «Tapylgysyz mahabat» hojalyk jemgyýeti | Maglumatlary dolandyrmak we maglumatlary bermek |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 11. | «Ftorma» hyzmatdaşlyk kärhanasy | Maslahat bermek, buhgalterçilik, auditorçylyk hyzmatlary |
| 12. | «Rowa» hojalyk jemgyýeti | Geologiýa-gözleg işlerini geçirmek boýunça hyzmatlar |
| 13. | «Sowat» hojalyk-hasaplaşyk okuw-önümçilik merkezi | Bilim ulgamyndaky hyzmatlar |
| 14. | Aşgabatdaky regional uruşlaryň maýyplarynyň jemgyýeti | Harytlaryň ýerleşdirilmegi |

**Çözülişi.** Amala aşyrýan amallary boýunça goşulan baha üçin salgydy tölemäge 18-nji tablisada görkezilen 3-nji we 10-12-nji belgili edara görnüşli taraplar degişlidirler. Amala aşyrýan amallary boýunça goşulan baha üçin salgydy tölemäge 18-nji tablisada görkezilen 1-nji, 2-nji,4–9-njy we 13–14-nji belgili edara görnüşli taraplar degişli däl.

### 5.6.22. Satyn alyjylara (buýrujylara, sarp edijilere) tölemegi talap bildirilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi we onuň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberiniň hasaplanylyşynyň tertibi

**Satyn alyjylara (buýrujylara, sarp edijilere) tölemegi talap bildirilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi.** Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek boýunça salgyt salynýan amallar geçirilende, satyjy (potratçy) hökmünde çykyş edýän salgyt töleýji satyn alyja (buýruja) goşulan baha üçin salgydyň tölenmäge degişli pul möçberini tölemek talabyny bildirmäge, satyn alyjy (buýrujy, sarp ediji) ony harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) tölegi bilen bir wagtda tölemäge borçludyr. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 108-nji maddasynyň 2-nji bölegi) laýyklykda, satyn alyjy salgyt ýumuşçysy hökmünde salgydy tutup

alýan ýagdaýlarynda, satyn alyjy tarapyndan goşulan baha üçin salgyt tölenmeýär. Harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, satyn alyja tölemek üçin bildirilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek bilen hasaplanýar. Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilýär. Harytlar (işler, hyzmatlar) ilata bölek satuw bahalary we kesgitli bahalar (tarifler) boýunça ýerleşdirilende, satyjylar tarapyndan ýazylyp görkezilýän ýarlyklarynda we bahanamalarynda salgydyň pul möçberi aýratyn görkezilmeýär.

Salgyt salynýan amallary geçirýän salgyt töleýji harytlary, işleri we hyzmatlary alyja kesgitlenilen nusgalykdaky hasap-fakturany ýazyp berýär. Hasap-faktura iki nusgalykda ýazylýar, olaryň birinjisi satyn alyja (buýruja, sarp edijä) berilýär, ikinjisi ony ýazyp beren tarapda galýar. Hasap-faktura harydyň iberilen, işleriň ýerine ýetirilen we hyzmatlaryň amal edilen senesinden bäş günden gijä gälman berilýär. Elektrik energiýasyny, suwy, gazy, aragatnaşyk hyzmatlaryny, jemagat hyzmatlaryny ýerleşdirilmegi amala aşyrýan salgyt töleýjileri harydyň iberilen (işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň amal edilen) aýyndan soňky aýyň bäşinden gijä galman hasap-fakturany ýazyp bermelidirler. Hasap-fakturanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Bu aýdylanlar salgyt salynýan amallar bolup durmaýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerleşdirilmegine hem degişlidir.

Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan salgyt salynýan amallar geçirilende, hasap-faktura goşulan baha üçin salgyt görkezilmezden ýazylyp berilýär we onda degişli ýazgy edilýär ýa-da «Goşulan baha üçin salgytsyz» diýlen dörtburç möhürçe basylýar. Söwda we hyzmatlar ulgamyndaky işleri amala aşyrýan taraplar tarapyndan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alnandygy baradaky berilýän çekler (talonlar) hasap-faktura diýlip hasaplanýar we olarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) umumy bahasy we olara goşulýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi görkezilýär. Käbir maglumatlaryň bolmadyk ýagdaýlarynda, olar çeke (talona) goşulýan, kesgitlenilen tertipde doldurylan hasapda görkezilýär.

Bölek söwda döwlet kärhanalaryndan we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalaryndan harytlar satyn alnanda, satyn alyjynyň hasap-fakturanyň ýazylyp berilmegini talap edip bilýär. Lomaý we bölek söwda kärhanalary (şol sanda üpjünçilik-ýerleşdiriş we taýýarlaýyş kärhanalary) hasap-fakturada satyn alnan harytlaryň bahasyndan we söwda nyrh goşundysyndan hasaplanyp çykarylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini görkezýärler. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenen harytlarynda, hasap-fakturalara bildirilýän talaplara laýyk gelýän we kesgitlenilen görnüşi bar bolan beýleki resminamalar hem hasap-faktura hökmünde ulanylyp bilinýärler. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanylan salgyt hasap-fakturanyň görnüşi şertli mysal arkaly 19-njy tablisada beýan edilen.

*19-njy tablisa*

**«Teknip» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň «Peýman» hojalyk jemgyýetine ýükläp iberen harytlary üçin salgyt hasap-fakturasy**

**Salgyt hasap-fakturasy**

2011-nji ýylyň awgust aýynyň 2-si

2011-nji ýylyň 31-nji iýulyndaky 198 belgili hasap-fakturasynyň, 2011-nji ýylyň 31-nji iýulyndaky 199 belgili ýüklemek (nakladnoý, ýerine ýetirilen işleriň ykrarhaty we ş.m.) resminamalary esasynda resmileşdirildi.

2011-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky 34-nji şertnama.

Satyjy: «Teknip» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

Satyjynyň şahsy salgyt belgisi: 101341003537

Satyjynyň bankynyň ady: Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky, hasaplaşyk hasaby 23 203 934 273 168 303 274 000, Aşgabat ş., BAD: 390 101 731

Ýüklenen senesi: 2009-njy ýylyň 31-nji iýuly

| № | Harydyň (işiň, hyzmatyň) ady | Ölçeg birligi | Sany | Birinji bahasy, manat | Bahasy | | GBÜS-iň möçberi | GBÜS-iň pul möçberi, manat | Umumy bahasy, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | GBÜS-i hasaba almak bilen | GBÜS-i hasaba almazdan | | | |
| A | B | Ç | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1 | Çagyl | $m^3$ | 2470 | 10 | 11,5 | 10 | 15 | 3 705 | 28 405 |
| 2 | Reňk | kg | 5620 | 14 | 16,1 | 14 | 15 | 11 802 | 90 482 |
| 3 | Agaç | $m^3$ | 100 | 82 | 94,3 | 82 | 15 | 1 230 | 9 430 |
| 4 | Iri daş | $m^3$ | 12450 | 8 | 9,2 | 8 | 15 | 14 940 | 114 540 |
| Jemi tölenmeli | | – | – | – | – | – | – | 31 677 | 242 857 |

Satyn alyjy: «Peýman» hojalyk jemgyýeti. Satyn alyjynyň şahsy salgyt belgisi: 101 121 000 560

Bellenilen ýeri: «Peýman» hojalyk jemgyýetiniň ýerleşýän ýeri

**Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmeli goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberiniň hasaplanylyşynyň tertibi.** Daşary ýurtly edara görnüşli tarap ýa-da daşary ýurtly şahsy tarap–hususy telekeçi Türkmenistanyň çäklerinde salgyt salynýan amallary geçirýän ýagdaýynda we salgyt hasabynda durmaýan bolsa, onda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini satyn alynýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän salgyt ýumuşçysy hasaplaýar we töleýär. Bu tertip harytlar tabşyryk (komissiýa) ylalaşygy boýunça ýerleşdirilen ýagdaýynda hem ulanylýar. Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi ynanylan tarap (komissioner) ynanan tarapa (komitente), ýagny daşary ýurtly edara görnüşli tarapa ýa-da şahsy tarap-hususy telekeçä degişli pul möçberi tölenende tutulyp alynýar. Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplanylyşynyň bu tertibinde, şonuň ýaly daşary ýurtly edara görnüşli tarapa ýa-da şahsy tarap–hususy telekeçä tölenmäge degişli serişdelerinden tölegler her gezek tölenende salgydyň pul möçberi tutulyp alynýar. Talabyň islendik görnüşde bes edilmegi, tölegiň tölenendigini ykrar edýär. Daşary ýurtly edara görnüşli ýa-da şahsy tarap tarapyndan onuň Türkmenis-

tanda salgyt hasabyna goýulandygyna şaýatlyk edýän resminama berlende, onuň satyn alýan harytlarynyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän tarap tarapyndan salgyt tutulyp alynmaýar.

Türkmenistanda salgyt hasabynda duran, satyn alynýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän, Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli tarap, şahsy tarap – hususy telekeçi, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçanyň ýa-da wekilhanasynyň üstünden işini amala aşyrýan, satyn alýan harytlarynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bahasyny töleýän (şol sanda daşary ýurtda) daşary ýurtly edara görnüşli tarap salgyt ýumuşçysy diýlip ykrar edilýär. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, bu edara görnüşli tarap ýa-da daşary ýurtly şahsy tarap – hususy telekeçi degişli salgyt gullugynda hasaba durmalydyr we salgydy tölemek boýunça borçlary özbaşdak ýerine ýetirmelidir.

Hususy telekeçi ýa-da düzümine edara görnüşli taraplar girmeýän şereketiň geçiren salgyt salynýan amallary boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, olaryň tabşyrýan salgyt beýannamalarynda görkezilen maglumatlaryň esasynda salgyt gullugy tarapyndan hasaplanylýar. Salgyt salynýan amallar boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi salgyt döwründe geçirilen ähli salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň şol döwürde hasaplaşyga degişli möçberine azaldylan pul möçberi hökmünde kesgitlenilýär. Birmeňzeş salgyt möçberleri ulanylýan salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň pul möçberi, şonuň ýaly salgyt salynýan amallaryň salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek bilen hasaplanylýar.

Daşary ýurtly edara görnüşli taraplardan we hususy telekeçilerden tutulyp alynýan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 106-njy maddasy) göz öňünde tutulan salgyt ýeňilliklerini hasaba almak bilen, Türkmenistanyň çäklerinde geçirilen her bir sal-

gyt salynýan amallar boýunça kesgitlenilen salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek bilen hasaplanylýar. Goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşyga degişli pul möçberi haýsydyr bir salgyt döwründe şol döwür üçin hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberinden artyk gelen ýagdaýynda, şonuň ýaly artyk gelen pul möçberi yzyna gaýtaryp berilýär ýa-da töleýjiden alynmaga degişli beýleki tölegleriň hasabyna Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

### 5.7.23. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallaryň geçirildi diýlip hasap edilýän döwri we hasaplaşylýan salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmagyň tertibi

Harytlaryň ýüklenip iberilen (berlen), işleriň ýerine ýetirilen we buýruja tabşyrylan (şol sanda tapgyrlaýyn tabşyrylan), hyzmatlaryň tamamlanan hasabat döwri, salgyt salynýan amallar geçirildi diýlip hasap edilýär. Salgyt töleýji geleşikden we ylalaşykdan gelip çykýan ähli borçlary ýerine ýetirende we degişli pul möçberi oňa gürrüňsiz tölenmäge (öwezini dolunmaga) degişli bolsa, harytlar ýüklenilip iberildi, işler ýerine ýetirildi, hyzmatlar amal edildi diýlip hasap edilýär (bu hukugyň kanagatlandyrylmagy soňa süýşürilen ýa-da tölegler bölekleýin amala aşyrylan ýagdaýynda-da). Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek barada uzak möhletli salgyt salynýan amallar her bir hasabat döwrüniň soňky gününde hakyky ýerine ýetirilen möçberlere laýyklykda her bir hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip hasap edilýär. Üç aýyň dowamynda tamamlanmaýan islendik şertnamalar uzak möhletleýin şertnamalar diýlip düşünilýär. Harytlary ýerleşdirmek üçin şertnamalar boýunça bu aýdylanlar harytlaryň birligini taýýarlamagyň önümçilik tapgyrlary üç aýyň çäklerinde tamamlanmadyk harytlar babatynda ulanylýar.

Harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýän tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylan ýagdaýynda,

salgyt salynýan amal onuň ýüze çykarylan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip hasap edilýär. Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleriniň tamamlanylan ýa-da binalaryň ulanylmaga başlanan döwri, salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan hasabat (salgyt) döwri diýlip hasap edilýär. Harytlaryň ogurlanmagy ýa-da zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini günäkär taraplar tarapyndan dolunanda, ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar alnanda, şol öwezini dolmalaryň alnan hasabat (salgyt) döwri salgyt salynýan amallaryň geçirilen döwri diýlip kesgitlenilýär. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar (işler, hyzmatlar) peýdalananda, salgyt salynýan amallar harytlaryň peýdalanmaga (sarp etmäge) berlen, işleriň ýa-da hyzmatlaryň tamamlanan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip hasap edilýär.

**Mysal.** «Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlarynda öz müşderileriniň arasynda geleşikleriň we ylalaşyklaryň şertlerinden gelip çykýan, 20-nji tablisada görkeziljek harytlary ýükläp iberipdir, işleri ýerine ýetiripdir we hyzmatlary amal edipdir. «Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy öz müşderileriniň öňünde geleşiklerden we ylalaşyklardan gelip çykýan ähli borçnamalaryny ýerine ýetiripdir.

«Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça:

1. 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlary üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.
2. 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlary üçin goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** 1. «Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlary üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi:

– awgust aýy üçin salgyt özeni: 5 506 manat + 3 648 manat + + 6 141 manat = 15 295 manat;
– sentýabr aýy üçin salgyt özeni: 16 005 manat + 9 186 manat = = 25 191 manat.

*20-nji tablisa*

**«Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlarynda geleşikleriň we ylalaşyklaryň şertlerine laýyklykda harytlary ýükläp iberen, işleri ýerine ýetiren we hyzmatlary amal eden müşderileriniň sanawy**

| № | Ýüklenip iberilen harytlaryň, ýerine ýetirilen işleriň, amal edilen hyzmatlaryň sarp edjileri | Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) pul möçberi we olaryň ýüklenip iberilen,ýerine ýetirilen we amal edilen senesi | Salgyt hasap--fakturanyň belgisi we onuň ýazylyp gowşurylan senesi | Ýüklenip iberilen harytlar, ýerine ýetirilen işler we amal edilen hyzmatlar üçin tölegiň hakyky tölenen senesi |
|---|---|---|---|---|
| 1. | «Garagum» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket | 5506 manat, 2011-nji ýylyň 5-nji awgusty | № 102, 2011-nji ýylyň 5-nji awgusty | 5506 manat, 89 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 27-nji awgusty |
| 2. | «Maksat» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket | 3648 manat, 2011-nji ýylyň 9-njy awgusty | № 103, 2011-nji ýylyň 10-njy awgusty | 1. 3000 manat, 32 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 11-nji awgusty<br>2. 648 manat, 41 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 7-nji sentýabry |
| 3. | «Turan» hususy kärhanasy | 16005 manat, 2011-nji ýylyň 5-nji sentýabry | № 121, 2011-nji ýylyň 28-nji awgusty | 16005 manat, 78 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 29-njy awgusty |
| 4. | «Ojak» hususy kärhanasy | 9186 manat, 2011-nji ýylyň 7-nji sentýabry | № 122, 2011-nji ýylyň 29-njy awgusty | 9186 manat, 66 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 8-nji sentýabry |
| 5. | «Halal iş» hojalyk jemgyýeti | 6141 manat, 2011-nji ýylyň 30-njy awgusty | № 123, 2011-nji ýylyň 30-njy awgusty | 6141 manat, 79 belgili töleg tabşyrygy, 2011-nji ýylyň 21-nji awgusty |

17. Sargyt № 2094

2. «Suwari Tekstil Eksport Import» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2011-nji ýylyň awgust we sentýabr aýlary üçin goşulan baha üçin salgydyň şu pul möçberlerini tölemeli:

– awgust aýy üçin: 15 295 manat x 0,15 = 2 294 manat;

– sentýabr aýy üçin: 25 191 manat x 0,15 = 3 779 manat.

**Mysal.** «Ýaraw» hojalyk jemgyýeti «Samer» hususy kärhanasy bilen 269 655 manat pul möçberinde gurluşyk-gurnama işlerini geçirmek barada 2012-nji ýylyň 5-nji fewralynda 4 belgili ylalaşygy baglaşypdyr. Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, gurluşyk-gurnama işleri 2012-nji ýylyň 15-nji fewralynda başlap, şol ýylyň 15-nji iýulynda tamamlanmaly. Işiň birinji tapgyry 2012-nji ýylyň 12-nji aprelinde tamamlanypdyr, ýerine ýetirilen işleriň pul möçberi 95 022 manat (işleriň ýerine ýetirilendigi hakynda 14-nji maýdaky 3 belgili ykrarhaty bar). Gurluşyk-gurnama işleriniň ikinji tapgyry 2012-nji ýylyň 11-nji iýulynda tamamlanypdyr, ýerine ýetirilen işleriň pul möçberi 174 633 manat (işleriň ýerine ýetirilendigi hakynda 16-njy awgustdaky 7 belgili ykrarhaty bar). «Ýaraw» hojalyk jemgyýetiniň «Samer» hususy kärhanasy bilen baglaşylan uzak möhletli ylalaşygy esasynda ýerine ýetirilen gurluşyk-gurnama işleri boýunça 2012-nji ýylyň aýry-aýry aýlary üçin salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan döwrüni we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy tölemäge degişli «Ýaraw» hojalyk jemgyýetiniň salgyt salynýan amallarynyň amala aşyrylan döwürleri 2012-nji ýylyň maý we awgust aýlary. «Ýaraw» hojalyk jemgyýetiniň maý aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi 14 253 manat (95 022 manat x 0,15) we awgust aýy üçin 26 195 manat (174 633 manat x 0,15).

**Mysal.** «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylda öz müşderilerine harytlary şu aşakdaky döwürlerde ýükläp iberipdir:

– aprel aýynda «Altyn Guş» hususy kärhanasyna 46 054 manat pul möçberinde;

– maý aýynda «Seppelin Türkmenistan JV» hojalyk jemgyýetine 36 358 manat pul möçberinde;
– maý aýynda «Seýid» hususy kärhanasyna 35 707 manat pul möçberinde;
– iýun aýynda «Jümle» hususy kärhanasyna 87 138 manat pul möçberinde;
– «Ak Nyşan» hususy kärhanasyna iýun aýynda 43 795 manat pul möçberinde;

Ondan başga-da, 2012-nji ýylyň aprel aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi 22 050 manat pul möçberinde ýüze çykarylypdyr. 2012-nji ýylyň maý aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynda öz hajatlary üçin 17 508 manat pul möçberindäki ýerine ýetirilen gurluşyk-gurnama işleri tamamlanypdyr we şol aýda harytlaryň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen 3 620 manat pul möçberindäki zyýanyň öwezi günäkärler tarapyndan doldurylypdyr. 2012-nji ýylyň iýun aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy tarapyndan ätiýaçlandyryş guramalaryndan 24 080 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemler alnypdyr we özüniň sarp etmegi üçin 10 696 manat pul möçberinde harytlar ulanylypdyr. «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasaplamak üçin salgyt salynýan amallarynyň amala aşyrylan döwürlerini we bu döwürlerde amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberlerini her bir hasabat döwür üçin takyklamaly.

**Çözülişi.** «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň aprel aýynda «Altyn Guş» hususy kärhanasyna harytlary ýerleşdiripdir we onda tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylypdyr (amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň hasabat döwri). 2012-nji ýylyň aprel aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň

pul möçberi 68 104 manat (46 054 manat + 22 050 manat). «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin tölemeli goşulan baha üçin salgynyň pul möçberi 10 216 manat (68 104 manat x 0,15).

«Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň maý aýynda «Seppelin Türkmenistan JV» hojalyk jemgyýetine we «Seýid» hususy kärhanasyna harytlary ýükläp iberipdir, şeýle-de öz harajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir we bu işleri tamamlapdyr hem-de harytlaryň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini günäkär taraplardan alypdyr (amala aşyrylan salgyt salynýan amallarynyň hasabat döwri). 2012-nji ýylyň maý aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi 93 193 manat (36 358 manat + 35 707 manat + 17 508 manat + 3 620 manat). «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň maý aýy üçin býujete tölemeli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 13 979 manat (93 193 manat x 0,15).

«Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň iýun aýynda «Jümle» we «Ak Nyşan» hususy kärhanalaryna harytlary ýükläp iberipdir we ätiýaçlandyryş guramalaryndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemleri alypdyr we özüniň sarp etmegi üçin harytlary ulanypdyr (amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň döwri). 2012-nji ýylyň maý aýynda «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberi 165 709 manat (87 138 manat + 43 795 manat + 24 080 manat + 10 696 manat). «Arkom S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin býujete tölemeli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 24 856 manat (165 709 manat x 0,15).

**Hasaplaşylýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmagyň tertibi.** Degişli salgyt döwründe harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere salgyt töleýjiniň tölän salgydynyň pul möçberi hasaplanýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberidir.Şonuň bilen

birlikde, goşulan baha üçin salgydy hasaplamak, olar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan hem bolsalar salgyt salynýan amallaryň geçirilmegi üçin niýetlenilen satyn alnan harytlar (şol sanda esasy serişdeleri, tamamlanmadyk gurluşyklaryň binalaryny we maddy däl aktiwlerini goşmak bilen), işler we hyzmatlar boýunça geçirilýär. Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende we şonuň ýaly işleriň geçirilen binalary soňundan ýerleşdirilende, salgyt töleýjiniň hasaplap çykaran goşulan baha üçin salgydynyň pul möçberi hasap edilmäge degişlidir. Elektrik energiýasy ýerleşdirilende we transportirlenilende, degişli salgyt döwründe harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijileriň salgyt töleýjilere bildirýän salgydynyň pul möçberi, goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşyga kabul edilýän pul möçberi diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen tertipde ýazylyp berilýän hasap-faktura we iberijiler (potratçylar) bilen tölegiň (hasaplaşyklaryň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar, harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasaplaşyga kabul etmek üçin esas bolup bilýär. Goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylanda, şeýle-de beýleki zerur ýagdaýlarda, goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge hukugy tassyklamak üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan goşmaça talaplar kesgitlenilýär.

Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň satyn alnan (özüniň öndüren) pursadyndan başlap, 43-nji şekilde görkezilen tertipde hasap edilýär. Býujet serişdeleriniň hasabyna satyn alnan esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişli däldir.

Salgyt töleýji salgyt salynýan amallary, şol sanda goşulan baha üçin salgytdan boşadylan amallary hem geçiren ýagdaýlarynda, hasap edilýän salgydyň pul möçberi diňe salgytdan boşadylmadyk salgyt salynýan amallar boýunça kesgitlenilýär. Goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge we şeýle hasap etmäge rugsat berilmeýän salgydyň pul

*43-nji şekil*

**Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplanylyşy**




möçberleriniň hasaba alnyşyny aýry-aýrylykda alyp barmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, hasap edilýän salgydyň pul möçberi hasabat (salgyt) döwründe satyn alnan harytlar (işler, hyzmatlar) üçin iberijilere (üpjün edijilere) tölenen, goşulan baha üçin salgydyň bir bölegi hökmünde, salgyt özeniniň goşulan baha üçin salgyt salmagyň binýady hökmünde ykrar edilýän, şeýle-de ykrar edilmeýän ähli amallaryň umumy möçberine deňlikde kesgitlenilýär. Elektrik energiýasy ýerleşdirilende we transportirlenilende, salgydyň hasap edilýän pul möçberi harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler tarapyndan salgyt töleýjilere bildirilýän goşulan baha üçin salgytdan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Goşulan baha üçin salgydyň hasap edilýän pul möçberini has takyk kesgitlemek üçin, dekabr aýynda geçirilýän düzedişleri görkezmek bilen tutuş ýyl üçin şonuň ýaly hasaplamalaryň geçirilmegine rugsat berilýär. Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydy hasaplaşyga kabul etmek üçin, ýokarda görkezilen tertip ulanylýar.

Şu aşakdaky işleri amala aşyrmak üçin harytlar (işler, hyzmatlar) peýdalanylan ýagdaýynda, satyn alnan harytlar, işler we hyzmatlar boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişli däldir:

– goşulan baha üçin salgytdan boşadylýan salgyt salynýan amallar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 106-njy maddasy);
– salgyt salynýan binýady bolup durmaýan amallar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 96-njy maddasy);

Lomaý we bölek söwda amallary amala aşyrylanda (şol sanda üpjünçilik-ýerleşdiriş we taýýarlaýyş işi we şonuň ýaly-da aýry-aýry işler, şeýle-de söwda amallary), soňundan ýerleşdirmek üçin niýetlenilen harytlar boýunça üpjün edijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanalarda we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalarynda hasap edilmäge degişli däldir. Şeýle kärhanalar tarapyndan jemgyýetçilik iýmiti önümlerini öndürmek üçin niýetlenilen harytlar boýunça haryt iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hem hasaplaşyga kabul edilmeýär. Gaýtadan işlemekligi geçmedik harytlar ýerleşdirilende, olar satyn alnanda haryt iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň bu pul möçberi edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalaryna (şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy hasaplanylanda hususy telekeçileriň aýyrmalaryna) şeýle harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bahasy bilen bilelikde goşulýar ýa-da salgytlar tölenenden soň salgyt töleýjiniň ygtyýarynda galýan peýdanyň (girdejiniň) hasabyna ýa-da maliýeleşdirmegiň degişli çeşmeleriniň hasabyna üsti dolunýar.

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler ýerleşdirilende we olar satyn alnanda tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň ýerleşdirilen pursadyna çenli hasap edilmedik ýa-da ulanylyp könelmegiň (amortizasiýanyň) üsti bilen hasapdan öçürilmedik bolsa, onda hasap goşulan baha üçin salgydyň şol möçberleriniň çäklerinde kabul edilýär. Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak, tutup almak we tölemek salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenende, salgyt töleýjä goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek ýa-da

yzyna gaýtaryp bermek, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjä tölenýän töleglerden tutulyp alnan salgyt Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenenden soň amala aşyrylýar. Hasap etmek ýa-da yzyna gaýtaryp bermek, salgydy tutup alan salgyt ýumuşçysynyň hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugyna salgyt töleýjiniň berýän arzasynyň esasynda amala aşyrylýar. Arza bilen bilelikde hasap-faktura we beýleki degişli resminamalar hem tabşyrylýar.

Hasap etmek üçin kabul edilýän salgydyň pul möçberine düzediş girizmek, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýagdaýlarda we tertipde amala aşyrylýar. Aýdylanlar «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işleri amala aşyrýan taraplaryň nebit işlerini ýa-da başga işleri ýerine ýetirmek üçin hasabat döwründe ulanylan harytlary (işleri, hyzmatlary) satyn alnan mahaly goşulan baha üçin salgydyň tölenen ýagdaýlaryna hem degişlidir. Bu tertip üýtgedilip gurulýan edara görnüşli tarap bolup salgyt töleýjiniň tölän goşulan baha üçin salgydy barada hem ulanylýar we salgydyň degişli pul möçberini onuň hukuk mirasdüşeri hasaplaşyga alýar.

**Mysal.** «Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden 21-nji tablisada görkezilen harytlary (işleri, hyzmatlary) satyn alypdyr.

1. «Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlarynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bahasynyň pul möçberini kesgitlemeli.

2. «Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlary (işleri, hyzmatlary) boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberini hasaplap çykarmaly.

**Çözülişi.** 1. «Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlarynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bahasynyň pul möçberi deňdir: 4 669 manat + 1 610 manat + + 11 777 manat + 9 821 manat + 28 636 manat = 56 513 manat.

*21-nji tablisa*

**«Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlary (işleri, hyzmatlary)**

| № | Harytlary üpjün edijileriň, işleri ýerine ýetirijileriň we hyzmatlary amal edijileriň ady | Üpjün edijiler tarapyndan amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Harytlary (iş, hyzmat) üpjün edijileriň ýazyp beren salgyt hasap-fakturasynyň belgisi we senesi | Salgyt hasap-fakturasynda görkezilen harytlaryň bahasy, manat | Şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «Abyl» hojalyk jemgyýeti | Harytlar ýüklenip iberilipdir | №27, 2012-nji ýylyň 9-njy marty | 4669 | 609 |
| 2 | «Aýa» hojalyk jemgyýeti | Hyzmatlar amal edilipdir | №32, 2012-nji ýylyň 10-njy marty | 1610 | 210 |
| 3 | «Trans Kontinental OÝL Kompani» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Düýpli gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetiripdir | №10, 2012-nji ýylyň 11-njy marty | 11777 | 1536 |
| 4 | «Neýbros Driling Interneýşnl Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Esasy serişdeler ýerleşdirilipdir | №36, 2012-nji ýylyň 19-njy marty | 9821 | 128 |
| 5 | Aşgabat şäher häkimliginiň düýpli gurluşygynyň dolandyryş müdirligi | Tamamlanmadyk gurluşyk desgalary ýerleşdirilipdir | №88, 2012-nji ýylyň 25-nji marty | 28636 | 3735 |
| 6 | Türkmenistanyň Maliýe ministrligi | Maddy däl aktiwleriň ýerleşdirilmegi | №49, 2012-nji ýylyň 29-njy marty | 5175 | 675 |

2. «Midl Ist Petrol Farm FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlary (işleri, hyzmatlary) boýunça ha-

saplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi deňdir: 609 manat + 210 manat + (1 536 manat : 84 aý) + 128 manat + + (3 735 manat : 24 aý) + 675 manat = 1 796 manat.

**Mysal.** «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden 22-nji tablisada görkezilen harytlary (işleri. hyzmatlary) satyn alypdyr. Ondan başga-da, «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýeti öz harajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir we ony 2011-nji ýylyň 18-nji awgustynda tamamlapdyr we ulanmaga kabul edipdir. 2011-nji ýylyň 27-nji awgustynda şol işleriň geçirilen binalary ýerleşdirilipdir. Olaryň ýerleşdiriş bahasy 18 446 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 2 406 manat.

1. «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlarynyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasynyň pul möçberini kesgitlemeli.

2. «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlary (işleri, hyzmatlary) boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberini hasaplap çykarmaly.

**Çözülişi.** 1. «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlarynyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasynyň pul möçberi: 23 356 manat + 19 194 manat + + 6 532 manat + 8 119 manat + 5 116 manat + 18 446 manat = 80 763 manat.

2. «Maýyz KKM» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlary (işleri, hyzmatlary) boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi: 3 046 manat + (2 504 manat : 84 aý) + 852 manat + 1059 manat + 667 manat + (2 406 manat : 24 aý) = 5 754 manat.

**Mysal.** «Nallama» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň aprel aýynda aşakda görkeziljek amallary amala aşyrypdyr:

– 8 404 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 1 096 manat) maddy däl aktiwleri «Man Ferrostaal Iidustrian Lagen GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasyndan satyn alypdyr;

*22-nji tablisa*

**«Maýyz KKM» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň awgust aýynda üpjün edijilerden satyn alan harytlaryny (işleri, hyzmatlary)**

| № | Harytlary üpjün edijileriň, işleri ýerine ýetirijileriň we hyzmatlary amal edijileriň ady | Üpjün edijiler tarapyndan amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Salgyt hasap-fakturasynyň belgisi we senesi | Salgyt hasap-fakturasynda görkezilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy, manat | şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «Emerol LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Harytlar ýüklenip iberilipdir | №204, 2012-nji ýylyň 8-nji awgusty | 23356 | 3046 |
| 2 | «Dört ogul» hojalyk jemgyýeti | Düýpli gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetiripdir | №56, 2012-nji ýylyň 13-nji awgusty | 19194 | 2504 |
| 3 | «Paradaýyz» hojalyk jemgyýeti | Hyzmatlar amal edilipdir | №44, 2012-nji ýylyň 17-nji awgusty | 6532 | 852 |
| 4 | «Jennet-Syýahat» hojalyk jemgyýeti | Tamamlanmadyk gurluşyk desgalary ýerleşdirilipdir | №99, 2012-nji ýylyň 27-nji awgusty | 8119 | 1059 |
| 5 | «Ali Ustaý Inşaat Tijaret we Ýatyrym» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Esasy serişdeler ýerleşdirilipdir | №21, 2012-nji ýylyň 23-nji awgusty | 5116 | 667 |

– 46 138 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 6 018 manat) esasy serişdeleri «Bertling Logistiks Türkmen L.L.S» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasyndan satyn alypdyr;
– 192 395 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 25 095 manat) tamamlanmadyk gurluşyk desgany «Nada» hojalyk jemgyýetinden satyn alypyr;
– «Fast» hojalyk jemgyýetinden 276 000 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 36 000 manat) düýpli gurluşyk binasyny satyn alypdyr;

«Nallama» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň aprel aýynda satyn alan maddy däl aktiwleri, esasy serişdeleri, tamamlanylmadyk gurluşygyň binasy we düýpli gurluşyk binasy boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberini hasaplamaly.

**Çözülişi.** «Nallama» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji ýylyň aprel aýynda satyn alan maddy däl aktiwleri, esasy serişdeleri, tamamlanmadyk gurluşygyň binasy we düýpli gurluşygyň binasy boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi: 1 096 manat + (6 018 manat : 24 aý) + (25 095 manat : 24 aý) + + (36 000 manat : 84 aý) = 2 822 manat.

**Mysal.** «Som Petrol A..S.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň maý aýynda amala aşyran amallary boýunça goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşylmaga degişli we hasaplaşylmaga degişli bolmadyk pul möçberleriniň hasaba alnyşyny aýry-aýrylykda alyp baryp bolmaýandygy kesgitlenildi. 2012-nji ýylyň maý aýynda «Som Petrol A..S.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyna haryt üpjün edijileriň beren salgyt hasap-fakturalaryna laýyklykda salgyt özeni 240 140 manat düzýär. Şol döwürde hasaba alnan salgyt salynýan amallaryň pul möçberi 260 000 manat. Haryt üpjün edijilere olaryň üpjün eden harytlary boýunça hasabat döwründe 23 920 manat goşulan baha üçin salgyt tölenipdir. 2012-nji ýylyň maý aýy üçin «Som Petrol A..S.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Som Petrol A..S.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin hasaplaşylmaga degişli bolan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi: 23 920 manat x (240 140 manat : 260 000 manat) = 22 093 manat.

**Mysal.** «Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda haryt üpjün edijä, ýagny «Biost» hojalyk jemgyýetine iberilen harytlar üçin salgyt hasap-faktura boýunça 85 410 manat pul möçberinde pul serişdelerini geçiripdir, şol sanda goşulan baha üçin salgyt 11 140 manat. 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda «Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy öz harajatlary üçin 20 080 manatlyk gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir. Desgalar 21-nji sentýabrda ulanmaga tabşyrylypdyr we şol aýyň 29-ynda «Sabur» hususy kärhanasyna ýerleşdirilipdir. Desgalaryň bahasy 23 092 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 3 012 manat. 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda «Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy «Köňül» hojalyk jemgyýetinden 7 462 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 972 manat) maddy däl aktiwleri, «Oguz Jan» hojalyk jemgyýetinden 59 414 manat pul möçberinde esasy serişdeleri (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 7 750 manat) we «Başaran» hojalyk jemgyýetinden 119 600 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 15 600 manat) tamamlanmadyk gurluşyk desgany satyn alypdyr. Ondan başga-da, sentýabr aýy üçin salgyt beýannamasy düzülende, şol ýylyň iýun aýy üçin düzülen salgyt beýannamasynda hasaplaşylmaga alynmadyk goşulan baha üçin salgyt 2 488 manat pul möçberinde anyklanypdyr. 2011-nji ýylyň iýul aýy üçin salgyt beýannamasy düzülende, hasaplaşyga artyk kabul edilen goşulan baha üçin salgydyň 1 712 manat pul möçberi kesgitlenilipdir.

23-nji tablisada «Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy tarapyndan 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça düzen salgyt beýannamasynyň «Hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberiniň hasaplamasy» diýlip atlandyrylan ikinji babyny ýokarda getirilen degişli sanlary bilen doldurmaly.

*23-nji tablisa*

**«Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy tarapyndan 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin düzülen salgyt beýannamasynyň ikinji babynda beýan edilýän hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberiniň hasaplamasy**

| № | Görkezijiler | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 23. | Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi – jemi, şol sanda: | 13 211 |
| 24. | Salgyt töleýji tarapyndan salgyt salynýan amallary amala aşyrmak üçin niýetlenilen harytlar (işler, hyzmatlar) üçin iberijilere tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 11 140 |
| 25. | Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirende we soňra şeýle işler amala aşyrylan desgalar ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 126 |
| 26. | Salgyt töleýji tarapyndan satyn alnan esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça iberijilere (potratçylara) tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 1 945 |
| 27. | Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgyda girizilen oňun düzedişleriň pul möçberi, şol sanda geçen hasabat döwürlerinde hasaplaşyga alynmadyk salgyt boýunça harytlar (işler,hyzmatlar) ulanylanda | 2 488 |
| 28. | Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň oňaýsyz pul möçberi, şol sanda geçen hasabat döwründe harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça hasaplaşyga köp mukdarda alnan salgydyň mukdary | 1 712 |
| 29. | Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi | 13 987 |

**Çözülişi.** «Jahad Tossi Siloha KO» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi: 11 140 manat + (3 012 manat : 24 aý) + 972 manat + (7 750 manat : 24 aý) + (15 600 manat : 24 aý) + 2 488 manat – 1 712 manat = = 13 987 manat.

**Mysal.** «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda önüm öndürmek üçin 94 050 manat pul möçberinde haryt satyn alypdyr, şol sanda onuň bir bölegini, ýagny 19 798 manatlygyny çörek we çörek önümlerini öndürmek we 10 306 manatlygyny telekeçi däl edara görnüşli taraplara harytlary muzdsuz bermek üçin ulanypdyr. «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy satyn alnan harytlar üçin üpjün edijilere goşulan baha üçin salgydy 14 108 manat, şol sanda çörek we çörek önümlerini öndürmek üçin 2 970 manat we telekeçi däl edara görnüşli taraplara harytlary muzdsuz bermek üçin 1 546 manat pul möçberinde töläpdir. Ondan başga-da, «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy öň satyn alnan we ulanylan esasy serişdelerini «Emerlik» hojalyk jemgyýetine 14 490 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir. «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy bu esasy serişdeleri satyn alanda, üpjün edijä 3008 manat pul möçberinde goşulan baha üçin salgydy töläpdir we ulanylan döwri üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça öňki düzülen salgyt beýannamasyna hasaplaşmaga degişli salgydy 877 manat pul möçberinde goşupdyr. «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Al Bahari» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi: (14 108 manat – 2 970 manat – 1 546 manat) + (3 008 manat – 877 manat) = 11 723 manat.

**Mysal.** «Türkmenbirleşik» alyjylar birleşmesiniň önümçilik kärhanasy 2012-nji ýylyň mart aýynda haryt üpjün edijilerden 163 302 manat pul möçberinde (şol sanda tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 21 300 manat) haryt satyn alypdyr we onuň bir bölegini, ýagny 110 520 manatlygyny (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 14 416 manat) önümçilikde ulanypdyr. 52 782 manatlyk satyn alnan harytlar müşderileriň arasynda ýerleşdirilipdir. «Türkmenbirleşik» alyjylar birleşmesiniň önümçilik kärhanasy tarapyndan 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça düzen salgyt beýannamasynda hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, «Türkmenbirleşik» alyjylar birleşmesiniň önümçilik kärhanasy tarapyndan 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça düzen salgyt beýannamasynda hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 14 416 manat (110 520 manat x 15 : 115) ýa-da [21 300 – (52 782 manat x 15 : 115)].

### 5.8.24. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasynyň tabşyrylyşynyň we salgydyň tölenilişiniň tertibi

Salgyt töleýjiler her bir hasabat döwri üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmaga borçludyrlar. Hasabat döwri üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylýar. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgyt tutulyp alnanda we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenende, daşary ýurtly edara görnüşli taraplar we daşary ýurtly şahsy taraplar – hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmaýarlar. Türkmenistana dahylly däl taraplara tölegleri töleýän taraplar tölegleriň tölenilen aýyndan soňky gelýän

aýyň 20-sine çenli möhletde özüniň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna şeýle tölegler tölenilen taraplar, goşulan baha üçin salgydyň hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri, şeýle-de salgyt tutulyp alynmadyk taraplar hakyndaky hasabaty berýärler. Hasabatyň görnüşini Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugy kesgitleýär.

Salgyt töleýjiler (hususy telekeçilerden we oňa edara görnüşli tarap girmeýän şereketlere girýän taraplardan hem-de salgyt ýumuşçylaryndan beýlekiler) tabşyrylan salgyt beýannamalaryna laýyklykda hasaplanan goşulan baha üçin salgydy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman Türkmenistanyň Döwlet býujetine töleýärler. Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar goşulan baha üçin salgydyň tutulyp alnan pul möçberini Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 108-nji maddasynyň 2-nji bölegi) laýyklykda salgydy tutup almak üçin bellenen möhletde Türkmenistanyň Döwlet býujetine töleýär. Tölegler daşary ýurtda geçirilende, salgydyň tutulyp alnan pul möçberleri salgydy tutup almak üçin bellenen günden soňky gelýän on bäş günüň dowamynda tölenýär.

Töleg salgyt salynýan amal geçirilen salgyt döwrüniň ahyrky senesinden soň geçirilen ýagdaýynda, salgydy tölemek salgyt ýumuşçysynyň serişdeleriniň hasabyna, soňundan salgyt töleýjä tölenilmeli serişdelerden tutulyp alynýar. Şu ýagdaýda salgydy hasaplamak salgyt salynýan amallaryň geçirilen, uzak möhletli şertnamalar boýunça bolsa – salgyt salynýan amallaryň geçirilen salgyt döwrüniň ahyrky senesinden ugur alnyp hasaplanýar. Salgydy tölemek (şol sanda tölegler daşary ýurtlarda geçirilende hem) şeýle salgyt döwri tamamlanandan soň 15 günden gijä galman geçirilýär.

Hususy telekeçiler we şerekete gatnaşýan taraplar (eger-de onuň düzümine edara görnüşli taraplar girmeýän bolsalar) goşulan baha üçin salgydy 1-nji ýanwardan 30-njy iýuna çenli aralykdaky hasabat döwri üçin – şol ýylyň 1-nji sentýabryndan gijä galman we

1-nji iýuldan 31-nji dekabra çenli aralykdaky hasabat döwri üçin – indiki ýylyň 1-nji martyna çenli Türkmenistanyň Döwlet býujetine töleýärler. Goşulan baha üçin salgyt 1-nji ýanwardan 30-njy iýuna çenli aralykdaky hasabat döwri üçin – şol ýylyň 1-nji awgustyndan we 1-nji iýuldan 31-nji dekabryna çenli hasabat döwri üçin – indiki ýylyň 1-nji fewralyndan gijä galman salgyt gullugynyň iberýän salgyt habarnamasynyň esasynda tölenýär. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we goşulan baha üçin salgydy tölemegiň başga bir möhletlerini hem kesgitläp bilýär, ýöne kesgitlenilýän bu möhletler bellenen möhletlerden otuz günden geçmeli däl.

**Goşulan baha üçin salgyt hasaplananda we tölenende ulanylýan ýörite düzgünler.** Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan ýa-da ýeňillikler göz öňünde tutulýan ýa-da salgydyň 0 (nol) möçberiniň ulanylýan ýagdaýlarynda, salgyt töleýji salgydyň pul möçberini hasap-faktura ýa-da başga bir resminama ýalňyşyp goşan bolsa, onda bu pul möçberi Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişlidir we öz wagtynda tölenmedik bolsa, bu tölegler puşmana tölegini hasaplamak bilen tölenýär. Şonuň bilen birlikde, satyn alyja (buýruja) salgydy hasap etmäge rugsat berilýär. Bu ýagdaýda maliýe jerimeleri ulanylmaýar. Aýdylanlar şu aşakdaky ýagdaýlara hem degişlidir:

– harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirýän tarap salgyt töleýji hökmünde ykrar edilmeýän bolsa;
– şeýle amal salgyt salynýan amal bolmasa;
– salgyt özeni nädogry kesgitlenilen bolsa we ş.m.

Ýokarda görkezilen düzgünler satyn alyjy özüne berlen hasap-fakturanyň ýa-da salgydyň pul möçberi başga bir resminamalara goşulanda onuň üýtgedilmegini talap etmedik ýagdaýlarynda hem ulanylýar. Salgyt töleýji goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini harytlary (işleri, hyzmatlary) satyn alyja (buýruja) berilýän hasap-faktura ýalňyşlyk bilen goşmadyk we Türkmenistanyň Döwlet býu-

jetine tölemedik ýagdaýlarynda, salgydyň bu pul möçberini şol satyn alyjydan salgyt gullugynyň almaga haky bar.

**Mysal.** «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň aprel aýynda baglaşylan geleşik ylalaşyklaryna laýyklykda, aşakda görkeziljek salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr:

– 77 055 manat pul möçberinde «Otrada» hususy kärhanasy üçin öz öndüren önümlerini ýerleşdiripdir;
– 28 916 manat pul möçberinde «Ürgenç» hojalyk jemgyýetiniň gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiripdir;
– «Nurjemal» hususy kärhanasy üçin 14 978 manat pul möçberinde hyzmatlary amal edipdir;
– öz öndüren önümlerini daşary ýurt müşderilerine 88 000 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir;
– Türkmenistanyň çägindäki müşderilere 20 275 manat pul möçberinde mineral dökünleri ýerleşdiripdir.

2012-nji ýylyň fewral aýynda geleşikleriň şertleriniň üýtgemegi sebäpli, «Halal Ýoly» hojalyk jemgyýeti bilen baglaşylan ylalaşygynyň pul möçberi 19 084 manatdan 16 506 manada çenli pese düşürilipdir. Şol aýda nyrhlaryň üýtgemegi sebäpli, «BNB» hojalyk jemgyýeti bilen baglaşylan ylalaşygyň pul möçberi 22 422 manatdan 26 577 manada çenli artdyrylypdyr.

«B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2012-nji ýylyň aprel aýynda haryt iberijilere şu aşakdaky pul möçberleri töläpdir:

– «Zyýa» hojalyk jemgyýetine harytlar üçin 31 148 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgyt 4 063 manat;
– öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende we soňra şeýle işler amala aşyrylan desgalar üçin 34 500 manat pul möçberinde (şol sanda goşulan baha üçin salgyt 4 500 manat) «Köpürli» hususy kärhanasyna ýerleşdirilipdir;

– «Alty Ýap» hojalyk jemgyýetinden 5060 manat pul möçberinde maddy däl aktiwler (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 660 manat) satyn alnypdyr;
– 20700 manat pul möçberinde «Arkadag» hojalyk jemgyýetinden esasy serişdeler (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 2700 manat) satyn alnypdyr.

2012-nji ýylyň aprel aýynda goşulan baha üçin salgyt boýunça hasaplaşylmaga alynmadyk 18 400 manatlyk harytlar (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 2 400 manat) we geçen hasabat döwründe 17 296 manatlyk harytlar (şol sanda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 2 256 manat) hasaplaşmaga köp mukdarda alnan salgydyň pul möçberi anyklanypdyr.

«B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň salgyt hasabyna alnan ýeri: Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy. Hukuk we hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy: Aşgabat ş., poçta indeksi 744025, Ýunus Emre köçesi, 1-nji jaý, 4-nji öý, EGTYDB kody 25434545; ŞSB: 101341 004329, telefon 45-44-94. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap M. Garahanowa. «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň Baş maliýe menejeri Oktan Gökhan, baş hasapçysy M. Garahanowa. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysy D. Gurbannyýazow, salgyt inspektory A. Hojamgulyýew, hasap boýunça işgär B. Gurbanalyýewa. Salgyt beýannamasynyň iberilen senesi 2012-nji ýylyň 19-njy maýy, alnan senesi 2012-nji ýylyň 20-nji maý.

«B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny düzmeli we hasaplanyp çykarylan görkezijileri we beýleki maglumatlary 24-nji tablisada beýan etmeli.

**«B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama**<br>2012-nji ýylyň aprel aýy üçin | | | | |
| 2. | Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna | | | | |
| 3. | Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady: «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | | | | |
| 4. | Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi: 744025 Welaýat ________<br>Etrap ____________ Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) _________<br>Etrapça _________ Şaýoly, köçe, geçelge: Ýunus Emre<br>Jaý № 1. Korpus_________ Öý № 4 _________ | | | | |
| 5. | Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi: 744024 Welaýat________<br>Etrap ____________ Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) _________<br>Etrapça _________ Şaýoly, köçe, geçelge: Ýunus Emre<br>Jaý № 1. Korpus_________ Öý № 4 _________ | | | | |
| 6. | EGTYDB kody: 25434545 | 7 | ŞSB: 101341004329 | 8 | Telefon : 45-44-94 |
| 9. | Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A we wezipesi: M. Garahanowa, baş hasapçy | | | | |
| 10. | Iberilen senesi: 2012-nji ýylyň maý aýynyň 19-y | 11 | Alnan senesi: 2012-nji ýylyň maý aýynyň 20-si | | |
| 12. | **I bap. Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi** | | | | |
| 13. | Görkezijiler | Setirleriň belgisi | Salgyt özeni | GBÜS möçberi (göterim) | GBÜS pul möçberi |
| 14. | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 15. | Salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeni | 15.1 | 120949 | 15 | 18142 |
| | | 15.2 | - | 15 x100/115 | - |
| | | 15.3 | 88000 | 0 | x |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 16. | Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alnan pul möçberler, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolma pul möçberi | 16,1 | – | 15 | – |
| | | 16,2 | – | 15 x100/115 | – |
| | | 16,3 | – | 0 | x |
| 17. | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberler | 17.1 | 4155 | 15 | – |
| | | 17.2 | – | 15 x100/115 | x |
| | | 17.3 | – | 0 | |
| 18. | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberler | 18.1 | 2578 | 15 | 386 |
| | | 18.2 | – | 15x100/115 | x |
| | | 18.3 | – | 0 | x |
| 19. | Salgyt özeniniň jemi we 15-nji, 16-njy, 17-nji setirlerden 18-nji setiriň aýrylmagynda alnan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 19.1 | 122526 | 15 | 18379 |
| | | 19.2 | – | 15x100/115 | – |
| | | 19.3 | 88000 | 0 | x |
| 20. | Jemi salgyt özeninden ugur alnyp hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (19.1 setir + 19.2 setir) | | | | 18379 |
| 21. | **II bap. Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberiniň hasaplamasy** | | | | |

| 22 | Görkezijiler | Goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 23 | Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi–jemi, şol sanda: | 5024 |
| 24 | Salgyt töleýji tarapyndan salgyt salynýan amallary amala aşyrmak üçin niýetlenilen harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 4063 |

| | | |
|---|---|---|
| 25 | Hususy gerekliligi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende we soňra şeýle işler amala aşyrylan desgalar ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 188 |
| 26 | Salgyt töleýji tarapyndan satyn alnan esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça iberijilere (potratçylara) tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 773 |
| 27 | Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgyda girizilen oňun düzedişleriň pul möçberi, şol sanda geçen hasabat döwürlerinde hasaplaşyga alynmadyk salgyt boýunça harytlar (işler,hyzmatlar) ulanylanda | 2400 |
| 28 | Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň oňaýsyz pul möçberi, şol sanda geçen hasabat döwründe harytlar (işler,hyzmatlar) boýunça hasaplaşyga köp mukdarda alnan salgydyň mukdary | 2256 |
| 29 | 28-nji setiri aýryp, 23-nji we 27-nji setirler boýunça hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi | 5168 |
| 30. | **III bap. Býujete tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | |
| 31 | Hasabat döwründe hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň (şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.) pul möçberi | |
| 32 | Goşmaça hasaplanylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (20-nji setirden aýyrmak 29-njy setir, aýyrmak 31-nji setir),oňaýsyz netije 33-nji setire girizilýär | 13211 |
| 33 | Azaldylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (32-nji setiriň oňaýsyz netijesi ) | |
| 34 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Oktan Gökhan (familiýasy, ady, atasynyň ady) ______ (goly)<br>Baş buhgalter M Garahanowa (familiýasy, ady, atasynyň ady) ______ (goly) | |
| 35 | Kameral barlagyň netijesinde ______________________ | |
| | Kameral barlagyň tamamlanan senesi:<br>«27» maý 2012 ý | |
| 36 | Salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy: D. Gurbannyýazow (familiýasy, ady, atasynyň ady) ______ (goly)<br>Salgyt inspektory: A. Hojamgulyýew (familiýasy, ady, atasynyň ady) ______ (goly) | |

| | |
|---|---|
| 37 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/ azaldyldy (gerek dälini çyzmaly) 13211 manat |
| 38 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi: «28» maý 2012ý.<br>Hasap boýunça işgär B. Gurbanalyýewa ______<br>(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly) |

**Çözülişi.** «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi we Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin salgyt özeni we ol boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi: SÖ (salgyt özeni): [77 055 manat + 28 916 manat + 14 978 manat – (19 084 manat – 16 506 manat) + (26 577 manat – 22 422 manat)] = 122 526 manat (salgyt beýannamasynyň 19.1-nji setiriniň 3-nji bendi). GBÜS: 122 526 manat x 0,15 = 18 379 manat (salgyt beýannamasynyň 19.1-nji setiriniň 5-nji bendi we 20-nji setiriň 5-nji bendi). «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi we Tijaret we LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi: [4 063 manat + (4 500 manat : 24 aý) + 660 manat + (2 700 manat: 24 aý)] + 2 400 manat – 2 256 manat = 5 168 manat (salgyt beýannamasynyň 29-njy setiri). «B.W.T. Ýapy Sistemleri Inşaat Sanaýi we Tijaret LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşmaça hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi: 18 379 manat – 5 168 manat = 13 211 manat (salgyt beýannamasynyň 32-nji setiri).

### 5.9.25. Bilelikdäki işler amala aşyrylanda goşulan baha üçin salgydy hasaplaşmagyň we tölemegiň aýratynlyklary

Bilelikdäki işleri amala aşyrýan (şereket) salgyt töleýjileriň goşulan baha üçin salgydy tölemek borjy, öz işini Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan şereketе gatanaşyjylaryň biriniň üstüne

ýüklenýär. Şereketiň düzümine girýän salgyt töleýjiler şonuň ýaly çözgüdiň kabul edilendigi barada Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möhletde özleriniň salgyt hasabynda durýan salgyt gullugyna hat üsti bilen habar berýärler.

Şereketiň işi boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgyt hasaplanylanda, bilelikdäki işi amala aşyrmak maksady bilen ylalaşyga gatnaşyjylaryň haýsam bolsa biri çig mal, materiallar, işler, hyzmatlar boýunça tölenen goşulan baha üçin salgydy hasaba kabul edýär. Şerekete gatnaşyjylaryň ählisiniň amal eden çykdajylary baradaky maglumatlar (ilkinji buhgalter hasabynyň resminamalarynyň nusgasy ýa-da asyl nusgasy) şonuň ýaly hasap geçirmek üçin esas bolup durýar. Salgyt töleýjileriň şereketiň düzümindäki işe degişli bolmadyk işleri barada Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmeli goşulan baha üçin salgyt kesgitlenilende, hasap edilmäge kabul edilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi şeýle ýagdaýlarda hasap etmek üçin kabul edilmeýär.

Şerekete gatnaşyjylaryň haýsam bolsa biri salgydyň ähli möçberi ýa-da salgydyň umumy pul möçberinden degişli paýy boýunça olaryň her biri Türkmenistanyň Döwlet býujetine goşulan baha üçin salgydy töleýärler. Iki ýagdaýda hem, goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üstüne ýüklenen şerekete gatnaşyjy, şereketiň bilelikdäki tutuş işi boýunça goşulan baha üçin salgyt beýannamasyny özüniň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna kesgitlenilen möhletlerde tabşyrmalydyr. Goşulan baha üçin salgyt beýannamasyna şu aşakdaky maglumatlar goşulýar:

– şerekete gatnaşýan ähli gatnaşyjylar barada olaryň şahsy salgyt belgisi, ýerleşýän ýa-da ýaşaýan ýeri:
– salgydyň şerekete gatnaşyjylaryň biri tarapyndan tölenjekdigi ýa-da her biriniň öz paýyny tölejekdigi hakyndaky çözgüdiň nusgasy.

Salgyt töleýji goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrandan soň, salgyt gullugy bäş günüň dowamynda şerekete gatanaşýan beýleki gatnaşyjylaryň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gulluklaryna şerekete gatnaşyjylaryň biri tarapyndan

goşulan baha üçin salgydy töleýändigini habar bermek ýa-da şerekete gatnaşýan beýleki gatnaşyjylar tarapyndan goşulan baha üçin salgydyň özlerine degişli paýlarynyň doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik çärelerini bellemek üçin degişli görkezmeleri ibermelidir.

**«Goşulan baha üçin salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar**

1. Gytaklaýyn salgytlar bilen göni salgytlaryň arasyndaky tapawut nämeden ybarat?
2. Gytaklaýyn salgytlar tölenende salgyt ýumuşçysynyň wezipesini kim ýerine ýetirýär?
3. Gytaklaýyn salgytlaryň ahyrky töleýjileri kim?
4. Gytaklaýyn salgytlar ilkinji gezek haýsy jemgyýetçilik-durmuş gurluşynda ýüze çykdy?
5. Gytaklaýyn salgytlaryň haýsy görnüşi salgyt tejribesinde ilkinji gytaklaýyn salgyt diýlip hasap edilýär?
6. Gytaklaýyn salgytlaryň möçberi nähili görnüşde kesgitlenilýär?
7. Gytaklaýyn salgydyň haýsy görnüşi uniwersal gytaklaýyn salgyt diýlip hasap edilýär?
8. Hususy goşmaça töleg bilen deňeşdireniňde, dolanyşyga salynýan salgyt haýsy artykmaçlyklara eýe bolýar?
9. Dolanyşyga salynýan salgyt salgyt tejribesine ilkinji gezek haçan we nirede girizildi? Dolanyşyga salynýan salgyt salgyt tejribesine ilkibaşda girizilende, ol salgyt salmagyň haýsy usulyny ulanmak bilen ýygnalýardy?
10. Goşulan baha üçin salgyt ilkinji gezek haçan we haýsy döwletde işlenip düzüldi? Goşulan baha üçin salgyt ilkinji gezek haýsy döwletiň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy?
11. Häzirki döwürde goşulan baha üçin salgyt näçe döwletleriň salgyt ulgamynda hereket edýär? ABŞ-nyň we Kanadanyň salgyt ulgamlarynda goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylyşynyň we ýygnalyşynyň usulyna golaý bolup duran haýsy salgyt hereket edýär?

12. Goşulan baha üçin salgyt Türkmenistanyň salgyt ulgamyna haçan girizildi?
13. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy töleýjiler kim?
14. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraplar kim?
15. Haýsy amallar goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar diýlip hasap edilýär?
16. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar haýsylar?
17. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan amallar haýsylar?
18. Salgyt salmak maksady bilen, harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip nämä düşünilýär?
19. Salgyt salmak maksady bilen, işleriň ýerine ýetirilmegi diýlip nämä düşünilýär?
20. Salgyt salmak maksady bilen, hyzmatlaryň amal edilmegi diýlip nämä düşünilýär?
21. Salgyt salmak maksady bilen, harytlaryň ýerleşdirilýän ýeri diýlip haýsy ýer ykrar edilýär?
22. Salgyt salmak maksady bilen, işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň amal edilýän ýeri diýlip haýsy ýer ykrar edilýär?
23. Salgyt salmak maksady bilen, hyzmatlaryň amala aşyrylýan görnüşlerine baglylykda hyzmatlaryň amal edilýän ýeri haýsylar?
24. Döwlet tarapyndan kesgitlenilýän bahalary ulanmazdan amala aşyrylýan salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni näme?
25. Döwlet tarapyndan kesgitlenilýän bahalary ulanmak bilen amala aşyrylýan salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni näme?
26. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, oňa goşmaça tölegiň pul möçberi goşulýarmy?
27. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenine haýsy pul möçberleri goşulýar? Goşulan baha üçin salgytdan boşadylýan harytlar barada, bu pul möçberleri salgyt özenine goşulýarmy?

28. Goşulan baha üçin salgydyň salgyt özeni kesgitlenilende, harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň daşary ýurt pulundaky bahalary, şeýle-de salgyt özenine goşulýan daşary ýurt pulundaky serişdeler haýsy hümmet boýunça hasaplanylýar?
29. Degişli salgyt döwründäki goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi nähili tertipde hasaplanylýar?
30. Dürli salgyt möçberleriniň ulanylýan ýagdaýynda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni nähili tertipde takyklanýar?
31. Harytlar muzdsuz berlende (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amala edilende), goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
32. Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler muzdsuz berlende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
33. Geleşige gatnaşýan taraplar tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenilmedik ýagdaýlarynda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni nähili tertipde kesgitlenilýär?
34. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar ulanylanda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni nähili tertipde kesgitlenilýär?
35. Deň bolmadyk çalşyk geçirilende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
36. Özüniň sarp etmegi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
37. Araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşyklary we komissiýa boýunça hyzmatlar amala aşyrylanda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
38. Döwletiň kesgitleýän bahalaryny (tariflerini) ulanmak bilen geçirilýän amallardan gaýry salgyt salynýan amallar (eksport amallardan başga) geçirilende, lomaý we bölek söwdany amala aşyrýan döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy pul möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär?

39. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan jemgyýetçilik iýmiti önümleri ýerleşdirilende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy pul möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär? Şeýle kärhanalar üçin gaýtadan işlemekligi geçmedik harytlar boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy pul möçberinden hasaplanylyp çykarylýar?
40. Berilýän çig maldan (materiallardan) harytlary taýýarlamak boýunça hyzmatlar amala aşyrylanda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy pul möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär? Salgyt salmak maksady bilen berilýän çig mal (materiallar) näme? Tolling amallary näme?
41. Peýdalanylýan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlarynyň bahalaryny goşmak bilen bahalary we kesgitli bahalar (tarifler) kesgitlenýän işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy pul möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär?
42. Haryt alyjy tarapyndan gaýtaryp berilmeli gaplaryň bahalary goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenine goşulýarmy?
43. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň) ýa-da işini bes eden hususy telekeçiniň harytlary we beýleki emläkleri satylanda, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
44. Ýeňillikli bahalar (tarifler, kesilen bahalar) bellenilen harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
45. Býujet guramalaryna ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, amal edilýän hyzmatlar boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
46. Tebigy ölçeglerinden artyk ýetmezçiligi bolan ýagdaýynda (olaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanylmadyk bolsa), goşulan baha üçin salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?

47. Hasabat döwründe goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni şol döwürde Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine azaldylýarmy?
48. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgyt barada haýsy möçberler ulanylýar we haýsy ýagdaýda?
49. Edara görnüşli taraplar üçin salgyt we hasabat döwri diýlip, haýsy döwür kabul edilýär?
50. Şereketiň düzümine iň bolmanda bir edara görnüşli tarap girýän edara görnüşli taraplar üçin, hasabat döwri diýlip haýsy salgyt we hasabat döwri hasaplanylýar?
51. Hususy telekeçiler we şereketiň düzümine edara görnüşli taraplar girmeýän şereketler üçin, salgyt we hasabat döwürleri diýlip haýsy salgyt we hasabat döwürleri kabul edilýär?
52. Goşulan baha üçin salgyt boýunça berilýän ýeňillikleriň görnüşleri haýsylar?
53. Satyn alyjy salgyt ýumuşçysy hökmünde salgydy tutup alýan ýagdaýynda, satyn alyjy tarapyndan salgyt tölenýärmi?
54. Harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, satyn alyja tölemek üçin bildirilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi haýsy tertipde hasaplanylýar?
55. Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilýärmi?
56. Harytlar (işler, hyzmatlar) ilata bölek satuw we kesgitli bahalar (tarifler) boýunça ýerleşdirilende, satyjylar tarapyndan ýazylyp görkezilen ýarlyklarynda we beýannamlarynda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi aýratyn görkezilýärmi?
57. Salgyt salynýan amallary geçirýän salgyt töleýji haryt alyja haýsy resminamany we näçe nusgalykda ýazyp berýär?
58. Hasap-faktura harydyň iberilen, işleriň ýerine ýetirilen we hyzmatlaryň amal edilen senesinden näçe günden gijä galman ýazylyp berilýär?
59. Elektrik energiýasyny, suwy, gazy, aragatnaşyk hyzmatlaryny, jemagat hyzmatlaryny ýerleşdirmegi amala aşyrýan salgyt töleýjiler hasap-fakturany haýsy möhlete çenli ýazyp bermeli?

60. Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan salgyt salynýan amallar geçirilende, hasap-faktura haýsy görnüşde ýazylyp berilýär?
61. Söwda we hyzmatlar ulgamyndaky işleri amala aşyrýan taraplar hasap-fakturanyň ýerine haýsy resminamalary berip bilýärler?
62. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini kim hasaplap çykarmaly we haýsy ýagdaýlarda?
63. Daşary ýurtly edara görnüşli tarap ýa-da şahsy tarap-hususy telekeçi taraplar tarapyndan harytlar tabşyryk (komissiýa) ylalaşygy boýunça ýerleşdirilende, ynanan tarap (komitent) üçin goşulan baha üçin salgydy kim hasaplamaly we ony kim tutup almaly we haýsy pul möçberinden?
64. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, onda daşary ýurtly edara görnüşli tarap we daşary ýurtly şahsy tarap-hususy telekeçi haýsy hereketleri amal etmeli?
65. Hususy telekeçiler we düzümine edara görnüşli taraplar girmeýän şereketler tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine olaryň tölemäge degişli goşulan baha üçin salgydy kim hasaplaýar we haýsy resminamanyň esasynda?
66. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi haýsy tölegleriň pul möçberine azaldylýar?
67. Salgyt salynýan amallar geçirildi diýlip haýsy döwür hasap edilýär?
68. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy ýagdaýlarda harytlar ýüklenilip iberildi, işler ýerine ýetirildi we hyzmatlar amal edildi diýlip hasap edilýär?
69. Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amala etmek barada uzak möhletli salgyt salynýan amallar haçan geçirildi diýlip hasap edilýär?
70. Salgyt salmak maksady bilen, haýsy şertnamalar uzak möhletleýin şertnamalar diýlip hasap edilýär?
71. Harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýän tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylan ýagdaýyn-

da, salgyt salynýan amallar geçirildi diýlip haýsy döwür hasap edilýär?

72. Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende, salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan hasabat (salgyt) döwri diýlip haýsy döwür hasap edilýär?
73. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar peýdalanylanda, salgyt salynýan amallar haýsy döwürde geçirildi diýlip hasap edilýär?
74. Harytlaryň ogurlanmagy ýa-da zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezi günäkär taraplar tarapyndan dolunanda, ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar alnanda, salgyt salynýan amallaryň geçirilen döwri diýlip haýsy döwür hasap edilýär?
75. Hasaplanýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi diýlip haýsy pul möçberi hasap edilýär?
76. Goşulan baha üçin salgydy hasap etmek, haýsy salgyt salynýan amallar boýunça geçirilýär?
77. Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende we şonuň ýaly işleriň geçirilen binalary soňundan ýerleşdirilende, haýsy pul möçberi hasap edilmäge degişli?
78. Elektrik energiýasy ýerleşdirilende we transportirlenilende, haýsy pul möçberi goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşyga kabul edilýän pul möçberi diýlip hasap edilýär?
79. Haýsy resminamalar harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasaplaşyga kabul etmek üçin esas bolup durýar?
80. Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi haýsy tertipde hasaplaşyga alynmaga degişli?
81. Býujet serişdeleriniň hasabyna satyn alnan serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişlimi?
82. Haýsy işi amala aşyrmak üçin harytlar (işler, hyzmatlar) peýdalananda, satyn alnan harytlar, işler we hyzmatlar boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmeýär?

83. Lomaý we bölek söwda amallary amala aşyrylanda, döwlet eýeçiligi görnüşindäki kärhanalarda we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalarynda soňundan ýerleşdirmek üçin niýetlenilen harytlar boýunça üpjün edijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişlimi?
84. Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler ýerleşdirilende we olar satyn alnanda tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň ýerleşdiren pursadyna çenli hasap edilmedik ýa-da ulanylyp könelmäniň (amortizasiýanyň) üsti bilen hasapdan öçürilmedik bolsa, onda hasap haýsy tertipde geçirilýär?
85. Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak, tutup almak we tölemek salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenende, salgyt töleýjä goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek ýa-da yzyna gaýtaryp bermek haýsy tertipde geçirilýär? Hasap etmek ýa-da yzyna gaýtaryp bermek, haýsy resminamalaryň we onuň kime tabşyrylmagynyň esasynda amala aşyrylýar?
86. Hasabat döwri üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy haýsy möhletde tabşyrylýar?
87. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgyt tutulyp alnanda we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenende, daşary ýurtly edara görnüşli taraplar we daşary ýurtly şahsy taraplar-hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrýarlarmy?
88. Türkmenistana dahylly däl taraplara tölegleri töleýän taraplar salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna nähili maglumatlary we haýsy möhlete çenli tabşyrýarlar?
89. Salgyt töleýjiler tabşyrylan salgyt beýannamalaryna laýyklykda hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine haýsy möhlete çenli töleýärler?
90. Tölegler daşary ýurtda geçirilende, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi haýsy möhletde tutulyp alynýar?
91. Hususy telekeçiler we şerekete gatnaşýan taraplar (eger onuň düzümine edara görnüşli taraplar girmeýän bolsalar) goşulan baha üçin salgydy haýsy möhletlerde töleýärler?

92. Bilelikdäki işi amala aşyrýan (şereket) salgyt töleýjileriň goşulan baha üçin salgydy tölemek borjy kimiň üstüne ýüklenýär?
93. Şerekete gatnaşyjylaryň goşulan baha üçin salgydy tölemek borjy haýsy tertipde geçirilýär?
94. Şerekete gatnaşýan gatnaşyjylaryň goşulan baha üçin salgyt boýunça tabşyrýan salgyt beýannamasyna haýsy maglumatlar goşulýar?

# VI bap
# Goşmaça töleg

## 6.1.26. Goşmaça tölegiň mazmuny, onuň töleýjileri we salgyt salynýan binýat

Goşmaça töleg halkara tejribesine mälim bolan gytaklaýyn salgytlaryň üç görnüşiniň biridir. Halkara salgyt tejribesinde goşmaça töleg «aksiz» diýlip atlandyrylýar. «Aksiz» latyn sözi bolup, kesip aýyrmak diýmekdir. Goşmaça töleg aksiz diýlip atlandyrylanda, megerem harydyň bahasynyň bir böleginiň döwletiň haýryna bölüp aýrylmagyny göz öňünde tutulan bolmagy mümkin. Gytaklaýyn salgytlaryň aýry bir görnüşi hökmünde goşmaça töleg ilkinji gezek gadymy Rim imperiýasynyň fiskal ulgamyna ornaşdyryldy we ol bu ýurduň çägine getirilýän harytlardan ýygnalyp alynýardy. Soňra goşmaça tölegler beýleki orta asyr döwletleriniň çäklerinde hem öz ornuny tapdy.

Häzirki zaman şertlerinde goşmaça töleg döwlet we hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň öndürýän we ýerleşdirilýän harytlaryna we amal edýän hyzmatlaryna salynýan salgytdyr. Aýry-aýry döwletlerde milli kärhanalaryň öndürýän harytlary, dürli görnüşli jaý-jemagat, ulag, medeni we başga hyzmatlar, şeýle-de döwletiň çäginiň daşyndan getirilýän harytlar goşmaça tölegiň salgyt salynýan binýadydyr. Salgydy ýygnamak usuly boýunça goşmaça tölegler hususy we uniwersal görnüşlere bölünýärler. Hususy goşmaça tölegler aýry-aýry harytlaryň birligine kesgitlenilen möçberler (stawkalar) boýunça ýygnalýar. Harytlaryň tassyklanan sanawy goşmaça tölegiň binýady: Angliýada çakyr, temmäki, benzin, Germaniýada çilim, piwo, duz,

*44-nji şekil*

**Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan amallar**




çaý, sirke, oýnalýan kartdyr. Goşmaça tölegleriň möçberleri (stawkalary) dürli usullar, ýagny hili we bahasy boýunça – biri-birinden az tapawutlanýan harytlar boýunça; dürli alamatlar boýunça – differensirlenen harytlar boýunça; toparlandyrylýan harytlar boýunça – hili we güýçlüligi boýunça (çakyr, ösümlik ýagy, matalar); harytlaryň hiline laýyklykda bahalaryň dürli derejesindäki birmeňzeş harytlar boýunça (temmäki önümleri) kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgyt salynýan amallary amala aşyrýan, şeýle-de Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegi töleýjilerdir. Türkmenistanyň çäklerinde buýrujynyň iberýän çig malyndan (materiallardan) öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça haryt öndüriji goşmaça tölegiň töleýjisidir.

Býujet guramalary we «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, potrotçylar we kömekçi potrotçylar bolup durýan taraplar goşmaça tölegi töleýji bolup durmaýar-

lar. Nebit işlerine degişli däl salgyt salynýan amallar geçirilende we Türkmenistanyň gümrük çäklerine nebit işlerini geçirmek üçin niýetlenilmedik goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, olar goşmaça töleg tölemäge borçludyrlar.

Gelejekde olaryň haýsy maksat bilen ulanyljakdygyna garamazdan, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan goşmaça tölegiň möçberi kesgitlenilen harytlar we önümler, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar diýlip hasaplanýar.Salgyt salynýan amallar we Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýatdyr. Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan amallar 44-nji şekilde şakillendirilýär. Eger goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýa-da olary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlar Türkmenistanyň çäginde öndürilen ýa-da amal edilen bolsa, onda 44-nji şekilde sanalyp geçilen amallar goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat diýlip hasap edilýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde aýrybaşgalamak boýunça amallar, şeýle-de şonuň ýaly harytlaryň Türkmenistanyň çäklerine getirilmegi, goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat bolup durmaýar.

**Mysal.** «Wezerford Oýl Tul Midl Ist Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginde nebit işlerini alyp barýar. 2012-nji ýylyň fewral aýynda onuň amala aşyran nebit işleriniň pul möçberi 1 494 108 manat. 2012-nji ýylyň fewral aýynda «Wezerford Oýl Tul Midl Ist Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy Dubaý şäherinden (Birleşen Arap Emiratlary) edara ediş-hojalyk işleri üçin 25-nji tablisada görkezilen awtoulaglary getiripdir. Awtoulag serişdeleriniň her bir görnüşi boýunça we umumy jemde goşmaça tölegiň pul möçberini takyklamaly we geçirilen hasaplamalary 25-nji tablisada beýan etmeli. Salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan senesine Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1.

**Çözülişi.** «Wezerford Oýl Tul Midl Ist Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň fewral

*25-nji tablisa*

**«Wezerford Oýl Tul Midl Ist Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň fewral aýynda edara ediş-hojalyk işleri geçirmek üçin Türkmenistanyň gümrük çägine getiren awtoulaglarynyň sanawy**

| № | Awtoulaglaryň kysymy | Türkmenistanyň çägine getirilen awtoulaglaryň sanawy | Getirilen awtoulaglaryň birliginiň hereket-lendirijisiniň iş göwrümi, sm3 | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|
| 1 | «Kamri» | 3 | 2400 | 6156 |
| 2 | «Dogan» | 4 | 2100 | 7182 |
| 3 | «Mark-II» | 5 | 1800 | 7695 |
| 4 | «Şewrolet» | 2 | 2600 | 4446 |
| 5 | «Hundaý-Sanata» | 6 | 2200 | 11286 |
| 6 | «Jip Grand Çerok» | 2 | 3000 | 5130 |
| 7 | «Volvo» | 8 | 1900 | 12996 |
|  | Jemi |  |  | 54891 |

aýynda edara ediş-hojalyk işleri geçirmek üçin Türkmenistanyň gümrük çägine getiren awtoulaglary üçin tölän goşmaça tölegleriniň pul möçberi:

1. «Kamri» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   2 400 sm$^3$ x 3 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 6 156 manat.
2. «Dogan» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   2 100 sm$^3$ x 4 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 7 182 manat.
3. «Mark-II» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   1 800 sm$^3$ x 5 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 7 695 manat.
4. «Şewrolet» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   2 600 sm$^3$ x 2 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 4 446 manat.
5. «Hundaý-Sonata» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   2 200 sm$^3$ x 6 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 11 286 manat.
6. «Jip Grand Çerokki» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   3 000 sm$^3$ x 2 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 5 130 manat.
7. «Volvo» kysymly awtoulag serişdesi üçin:
   1 900 sm$^3$ x 8 sany x 0,3 $ x 2,85 manat = 12 996 manat.

«Wezerford Oýl Tul Midl Ist Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2012-nji ýylyň fewral aýynda edara ediş-hojalyk işleri geçirmek üçin Türkmenistanyň gümrük çägine getiren awtoulaglary üçin tölän goşmaça töleginiň umumy pul möçberi: 6 156 manat + 7 182 manat + 7 695 manat + 4 446 manat + + 11 286 manat + 5 130 manat + 12 996 manat = 54 891 manat.

## 6.2.27. Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni

**Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni – salgyt salynýan amallar geçirilende salgyt töleýjiniň islendik tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan harydynyň goşmaça tölegi öz içine alýan bahasyndan goşulan baha üçin salgydy goşmazdan ugur alnyp kesgitlenilýän baha.** Salgyt salynýan amallar geçirilende, goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öweziniň günäkär taraplardan alnan pul möçberi, şeýle-de şonuň ýaly harytlar üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar hem salgyt özenine goşulýar.

Buýrujy tarapyndan berilýän çig maldan (materiallardan) öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende, salgyt özeni haryt öndürijiniň goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar berlen pursadynda özüniň öndüren şonuň ýaly harytlaryna goşmaça tölegi hasaba alyp iň ýokary satuw bahalaryndan, olaryň ýok wagtynda bolsa, şonuň ýaly harytlaryň hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar muzdsuz berlende, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlaryň adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Geleşige gatnaşýan taraplar goşmaça töleg tölenmäge degişli çalşylýan harytlaryň bahasyny kesgitlemedik ýagdaýlarynda, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şonuň ýaly goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende ulanylýan adaty bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Çalşyk deň derejede bolmadyk ýagdaýynda, çalşylýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň bahasyna goşulýan ba-

hanyň islendik pul möçberi salgyt salynýan dolanyşyga goşulýar. Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar peýdalalanylanda, olar boýunça degişli harajatlar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulan bolsa-da, salgyt özeni şonuň ýaly harytlar salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak tölemek bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden harytlaryň artyk ýetmezçiligi ýüze çykarylan we bu harytlaryň ogurlanandygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalar bolmadyk ýagdaýynda, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlaryň adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan kesgitlenilýär. Ýeňillikli baha kesgitlenilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerleşdirmek boýunça salgyt binýady şonuň ýaly ýeňillikleri hasaba almak bilen bellenilýär. Bu ýagdaýlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we amal edilýän hyzmatlara hem degişlidir.

Alyjy tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli gaplaryň bahasy salgyt özenine goşulmaýar. Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende, tölenmäge degişli paçlary we ýygymlary hasaba almak bilen goşmaça tölegiň pul möçberini öz içine alýan harydyň bahasy salgyt özenidir. Salgyt salynýan amallaryň bahasy, salgyt özenini artdyrýan pul serişdeleriniň möçberi, daşary ýurt pulundaky harytlaryň gümrük bahasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça şu aşakdakylara degişlilikde manatda hasaplanylýar:

- salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesindäki hümmet boýunça;
- Türkmenistanyň gümrük çägine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende goşmaça tölegiň tölenen senesindäki hümmet boýunça.

Salgyt salynýan amallar geçirilende we Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende, salgyt özeni goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar üçin natural (haryt) görnüşinde-de kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanylýan

salgyt özeni, Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine azaldylýar.

**Mysal.** Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawody 2012-nji ýylyň mart aýynda düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 1 120 dekolitr (*dl*) we düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 950 dekolitr möçberinde öndüripdir we ýerleşdiripdir. Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň 1 dekolitrniň bahasy 88 manat we düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň 1 dekolitrniň bahasy 109 manat. Ondan başga-da, 2012-nji ýylyň mart aýynda Garabekewül etrabynyň çakyr zawody 36 tonna üzüm loderesini öndüripdir, onuň bir tonnasynyň bahasy 1 784 manat. Garabekewül etrabynyň çakyr zawody 2012-nji ýylyň mart aýynda düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň 90 dekolitrny özüniň sarp etmegi üçin ulanypdyr. Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda öndüren we ýerleşdiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlarynyň (önüminiň) salgyt özenini we onuň esasynda tölenmeli goşmaça tölegiň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda amala aşyran amallary boýunça goşmaça töleg boýunça salgyt özeni: SÖ (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 1 200 *dl* x 88 manat = 105 600 manat. SÖ (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (950 *dl* x 109 manat) + (90 *dl* x x 109 manat) = 113 360 manat.

Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň mart aýy üçin tölemeli goşmaça tölegiň pul möçberi: GT (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan bolan tebigy üzüm çakyry) = 105 600 manat x 0,15 = 15 975 manat; GT (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan bolan tebigy üzüm çakyry) = 113 360 manat x 0,3 = 34 008 manat. GT (umumy pul möçberi): 15 975 manat + 34 008 manat = 49 983 manat.

**Mysal.** Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň aprel aýynda amala aşyran salgyt salyn-

*26-njy tablisa*

**Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň aprel aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary**

| № | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) ady | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) göwrümi (*dl.*, *t*) | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) birliginiň bahasy, manat | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) umumy bahasy, manat | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 380 *dl* | 85 | 32300 | 4845 |
| 2. | Düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 620 *dl* | 110 | 68200 | 20460 |
| 3. | Düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 200 *dl* | 132 | 26400 | 10560 |
| 4. | Üzüm loderesi | 21 *t* | 1700 | 35700 | – |
| 5. | Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan çakyr önümleriniň ulanylmagy | 105 *dl* | 85 | 8925 | 1339 |
| 6. | Goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan çakyr önümleri ogurlananda, günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň alynmagy | 80 *dl* | 132 | 10560 | 4224 |
|  | Jemi | – | – | 182085 | 41428 |

ýan amallary 26-njy tablisada görkezilýär. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň aprel aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren önüminiň (harytlarynyň) salgyt özenini takyklamaly we tölemeli goşmaça tölegiň pul möçberini hasaplap çykarmaly.

**Çözülişi.** Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň aprel aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren önüminiň pul möçberi: SÖ (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (380 *dl* x x 85 manat) + (105 *dl* x 85 manat) = 41 225 manat; SÖ (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = = (620 *dl* x 110 manat) = 68 200 manat; SÖ (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan bolan tebigy üzüm çakyry) = (200 *dl* x 132 manat) + (80 *dl* x 132 manat) = 36 960 manat.

Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren önümleri (harytlary) boýunça tölemeli goşmaça töleginiň pul möçberi: GT (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 41 225 manat x 0,15 = 6184 manat; GT (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 68 200 manat x 0,3 = 20 460 manat; GT(düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 36 960 manat x 0,4 = 14 784 manat. Goşmaça tölegiň umumy pul möçberi: 6 184 manat + 20 460 manat + 14 784 manat = 41 428 manat.

**Mysal.** Türkmenabat şäheriniň piwo zawodynyň 2012-nji ýylyň mart aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary şu aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– 18 450 dekolitr möçberinde piwo öndüripdir we ýerleşdiripdir, önümiň birliginiň bahasy 138 manat;
– goşmaça töleg tölenmäge degişli piwo önümini özüniň sarp etmegi üçin 820 dekolitr möçberinde ulanypdyr, önümiň birliginiň bahasy 84 manat;
– ogurlanan we zaýalanan goşmaça töleg tölenmäge degişli piwo önümleriniň bahasynyň 28 072 manatlyk pul möçberi günäkär

taraplardan alnypdyr. Ogurlanan we zaýalanan önümiň mukdary 232 dekolitr;

– ätiýaçlandyryş guramalaryndan 25 117 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegler alnypdyr.

Türkmenabat şäheriniň piwo zawodynyň goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren önüminiň 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşmaça töleg boýunça salgyt özeniniň we goşmaça tölegiň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Türkmenabat şäheriniň piwo zawodynyň goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerlşediren önüminiň 2012-nji ýylyň mart aýy üçin goşmaça töleg boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = (18 450 *dl* x 138 manat) + (820 *dl* x 138 manat) + 28 072 manat + + 25 117 manat = 2 712 449 manat. Goşmaça tölegiň pul möçberi: GT = 2 712 449 manat x 0,1 = 271 245 manat.

**Mysal.** Türkmenabat şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýul aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallary 27-nji tablisada berlendir.

*27-nji tablisa*

**Türkmenabat şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýul aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallary**

| № | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) ady | Öndürilen we ýerleşdirilen önümiň (harydyň) göwrümi (*dl*, *t*) | Öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň (harytlaryň) birliginiň bahasy, manat | Öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň (harytlaryň) umumy bahasy, manat | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1 | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 1400 *dl* | 86 | 120400 | 18060 |
| 2 | Düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 910 *dl* | 108 | 98280 | 29484 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 3 | Düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 550 *dl* | 130 | 71500 | 28600 |
| 4 | Üzüm loderesi | 100 *t* | 1800 | 180000 | – |
| 5 | Arak önümleri | 3300 *dl* | 140 | 462000 | 184800 |
| 6 | Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan çakyr önümleri ulanylypdyr | 220 *dl* | 66 | 18920 | 2838 |
| 7. | Goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan çakyr önümleri ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez tölegi alnypdyr | 90 *dl* | 98 | 8820 | 2916 |
| 8 | Düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan çakyr önümleri üçin ätiýaçlandyryş guramalaryndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleri alnypdyr | – | – | 87460 | 26238 |
| 9 | Buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan güýçli spirtli içgileri öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlar amal edilipdir | – | – | 80000 | 32000 |

Türkmenabat şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýul aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren harytlary boýunça salgyt özeniniň we goşmaça tölegiň pul möçberlerini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Türkmenabat şäheriniň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren harytlary boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = = (1 400 *dl* x 86 manat) + (220 *dl* x 86 manat) = 139 320 manat; SÖ (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (910 *dl* x 108 manat) + (90 *dl* x 108 manat) + 87 460 manat = 194 560 manat; SÖ (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 550 *dl* x 130 manat = 71 500 manat; SÖ (güýçli spirtli içgileri) = (3 300 *dl* x 140 manat) + 80 000 manat + (80 000 manat x 0,4) = 594 000 manat. Türkmenabat şäheriniň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli öndüren we ýerleşdiren harytlary boýunça salgyt özeniniň umumy pul möçberi: SÖ (umumy pul möçberi) = = 139 320 manat + 194 560 manat + 71 500 manat + 594 000 manat = = 999 380 manat.

Türkmenabat şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýul aýy üçin tölemäge degişli goşmaça tölegiň pul möçberi: GT (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 139 320 manat x 0,15 = 20 898 manat; GT (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) =194 560 manat x 0,3 = = 58 368 manat; GT (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = 71 500 manat x 0,4 = 28 600 manat; GT (güýçli spirtli içgileri) = (3 300 *dl* x 140 manat) x 0,4 + (80 000 manat x x 0,4) = 216 800 manat. Goşmaça tölegiň umumy pul möçberi: 20 898 manat + 58 368 manat + 28 600 manat + 216 800 manat = = 324 666 manat.

## 6.3.28. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegleriň pul möçberleri. Goşmaça tölegler boýunça berilýän ýeňillikler

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegleriň pul möçberleri 28-nji tablisada beýan edilýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy daşary ykdysady işiň haryt sanawynyň kodlaryna laýyklykda toparlara bölünýär.

*28-nji tablisa*

**Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegleriň möçberleri**

| № | Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň atlary | Goşmaça tölegleriň möçberleri |
|---|---|---|
| | **Türkmenistanda öndürilýän harytlar boýunça** | |
| 1 | Piwo | bahasynyň 10 % |
| 2 | Tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýorlar we düzüminde alkogoly bolan gaýry alkogolly içgiler (üzüm löderesinden başga), şeýle hem düzüminde alkogol bolan çakyr serişdeleri:<br>20 göterime çenli<br>20-den 30 göterime çenli<br>30 göterimden ýokary | <br><br><br><br><br>bahasynyň 15%<br>bahasynyň 30%<br>bahasynyň 40% |
| 3 | Benzin | bahasynyň 40% |
| 4 | Dizel ýangyçlary | bahasynyň 40% |
| | **Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça** | |
| 1 | Piwo | Gümrük bahasynyň 50%, emma 1litri üçin azyndan 4 manat |
| 2 | Düzüminde aşakdaky möçberde alkogoly bolan üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler: | |
| 3 | 20 göterime çenli | Gümrük bahasynyň 100%, emma 1 litri üçin azyndan 20 manat |

| | | |
|---|---|---|
| 4 | 20 göterimden ýokary | Gümrük bahasynyň 100 %, emma 1 litri üçin azyndan 30 manat |
| 5 | Spirtli içgiler taýýarlananda ulanylýan spirt (saglygy goraýyş maksady bilen getirilýänlerden, şeýle hem döwlet kärhanalary, alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan getirilýänlerinden başgalary) | 1 litri üçin ABŞ-nyň 4 dollary |
| 6 | Temmäki önümleri | Gümrük bahasynyň 30 %, emma 1 gutusy üçin ABŞ-nyň 0,5 dollary |
| 7 | Beýleki senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary | 1 *kg* üçin ABŞ-nyň 10 dollary |
| 8 | Ýeňil awtoulaglar (tiz kömek awtoulaglaryndan we maýyplar üçin ýörite enjamlaşdyrylan ýörite ulaglardan başga) | Hereketlendirijiniň iş göwrüminiň 1 kub sm-i üçin ABŞ-nyň 0,3 dollary |

**Mysal.** «Leýli Saç» hojalyk jemgyýeti tarapyndan 2012-nji ýylyň aprel aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen we ýerleşdirilen harytlaryň (piwo) umumy bahasy 69 095 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgyt 9 012 manat. Ondan başga-da, 2012-nji ýylyň aprel aýynda ogurlanan we zaýalanan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça zyýanyň öwezi günäkär taraplar tarapyndan 15 508 manat pul möçberinde doldurylypdyr we şonuň ýaly harytlar üçin ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleri 22 108 manat pul möçberinde geçirilipdir. «Leýli Saç» hojalyk jemgyýeti 2012-nji ýylyň aprel aýynda buýrujy tarapyndan berlen çig maldan (metariallardan) töleg tölenmäge degişli harytlary 44 297 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir. Hasaplanyp çykarylan goşmaça tölegiň pul möçberi 4 430 manat. «Leýli Saç» ho-

jalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Leýli Saç» hojalyk jemgyýeti boýunça 2012-nji ýylyň aprel aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: (69 095 manat – 9 012 manat) + + 15 508 manat + 22 108 manat + (44 297 manat + 4 430 manat) = = 146 426 manat.

Türkmenistanda öndürilýän, şeýle-de Türkmenistanyň çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kesgitlän tertibinde goşmaça töleg nyşanlary bilen nyşanlanýar. Salgyt salynýan amallar geçirilende, goşmaça tölegler üçin salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenýär. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça tölegi tölemekden 45-nji şekilde beýan ediljek ýagdaýlarda boşadylýarlar.

*45-nji şekil*

**Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň goşmaça tölegi tölemekden boşadylýan ýagdaýlary**

1 Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň goşmaça tölegi tölemekden boşadylýan ýagdaýlary

2 Türkmenistana ynsanperwer kömek hökmünde, şeýle-de hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda daşary ýurt döwletleriniň muzdsuz berýän tehniki kömeginiň çäginde getirilýän harytlar

3 Şahsy tarapyň özüniň sarp etmegi üçin 5 litr alkogolly içgiler we piwo, 10 guty çilim

4 Daşary ýurt diplomatik we olara deňeşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň resmi taýdan peýdalanmaklary üçin ýa-da bile ýaşaýan maşgala agzalaryny goşmak bilen şu wekilhanalaryň we halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň şahsy peýdalanmaklary üçin niýetlenilen harytlar

Türkmenistanyň aýry-aýry salgyt kanunçylyk namalaryna laýyklykda, salgyt töleýjiniň salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmaga hukugy bar bolan ýagdaýynda ýa-da ol beýleki salgytlary tölemekden boşadylýan bolsa, onda şol kanunçylyk namalarynda görkezilenler goşmaça tölegiň alynmagyna degişli däl. Eýeçilik hukugy esasynda daşary ýurtly edara görnüşli taraplara degişli bolan berilýän çig maldan (çig nebitden) we dizel ýangyjyny öndürmek (taýýarlamak) boýunça amal edilýän hyzmatlar goşmaça töleg tölemekden boşadylýar(eger şu önümler soňunda Türkmenistanyň çäklerinden çykarylýan bolsalar). Hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, haýyr-yhsan kömegi hökmünde, şeýle-de döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň çözgütleriniň esasynda ynsanperwerlik we goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary bermek boýunça amallar goşmaça töleg tölemekden boşadylýarlar.

**Mysal.** Aşgabadyň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň maý aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň bahasy 1 742 070 manat (güýçli spirtli içgiler öndürilipdir we ýerleşdirilipdir). Aşgabadyň çakyr zawody 2012-nji ýylyň maý aýynda önümçiligiň galyndysy bolan üzüm löderesini 4 tonna möçberinde we düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümlerini «Hazar Balkan» hususy kärhanasyna 130 dekolitr möçberinde muzdsuz beripdir. Üzüm löderisiniň 1 tonnasynyň bahasy 1 620 manat, düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan çakyr önümleriniň birliginiň bahasy 78 manat. 2012-nji ýylyň maý aýynda Aşgabadyň çakyr zawody «Baky Gül» hususy kärhanasy bilen harytlaryň alyş-çalşygyny geçirmek boýunça geleşik ylalaşygyny baglaşypdyr. Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, Aşgabadyň çakyr zawody «Baky Gül» hususy kärhanasyna düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan çakyr önümleri bilen üpjün etjegini borçlanýar. «Baky Gül» hususy kärhanasy öz gezeginde Aşgabadyň çakyr zawodynyň çykarýan önümleriniň daşky bezegi (etiketkalar) bilen üpjün etjegini borçlanýar. Ýöne, geleşik ylalaşyklarynyň şertlerinde göz öňünde tutulan alyş-çalyş geçirilýän harytlaryň bahasy kesgitlenil-

mändir. Aşgabadyň çakyr zawody ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, 2012-nji ýylyň maý aýynda «Baky Gül» hususy kärhanasyna 310 dekolitr çakyr önümlerini ýükläp iberipdir, onuň birliginiň (1 dl) adaty bahasy 135 manat. Aşgabadyň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** Aşgabadyň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: 1 742 070 manat + (130 *dl* x 78 manat) + + (310 *dl* x 135 manat) = 1 794 060 manat, şol sanda güýçli spirtli içgileri boýunça 1 742 070 manat, düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry boýunça 10 140 manat we düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry boýunça 41 850 manat.

**Mysal.** Abadan şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýun aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallary şu aşakdakylar:

– düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümlerini 820 dekolitr möçberinde «Altyn Ülke» hususy kärhanasyna ýerleşdiripdir. Çakyr önüminiň birliginiň (1 *dl*) adaty bahasy 84 manat;
– buýrujy tarapyndan berlen çig maldan öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümlerini 280 dekolitr möçberinde ýerleşdiripdir. Çakyr önümleriniň birliginiň (1 *dl*) bahasy 108 manat, goşmaça tölegiň pul möçberi 32 manat;
– düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümlerini 82 dekolitr möçberinde «Hatdat» hususy kärhanasyna muzdsuz beripdir. Çakyr önüminiň birliginiň (1 *dl*) adaty bahasy 133 manat.
– düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleriniň 48 dekolitrini özüniň sarp etmegi üçin ulanypdyr. Çakyr önüminiň birliginiň adaty bahasy 84 manat.

Abadan şäheriniň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli çakyr önümleri boýunça salgyt özeniniň we goşmaça tölegiň pul möçberlerini takyklamaly.

**Çözülişi.** Abadan şäheriniň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli çakyr önümleri boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (820 *dl* x 84 manat) + + (48 *dl* x 84 manat) = 72 912 manat; SÖ (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (108 manat + 32 manat) x 280 *dl* = 39 200 manat; SÖ (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) = (82 *dl* x 133 manat) = 10 906 manat. Abadan şäheriniň çakyr zawodynyň 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli çakyr önümleri boýunça goşmaça töleg tölenmäge degişli çakyr önümleri boýunça tölemeli goşmaça töleginiň pul möçberi: GT (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry): 72 912 manat x 0,15 = 10 937 manat; GT (düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry): 39 200 manat x 0,3 = 11 760 manat; GT (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry): 10 906 manat x x 0,4 = 4 362 manat. Goşmaça töleg tölenmäge degişli çakyr önümleri boýunça Abadan şäheriniň 2012-nji ýylyň iýun aýy üçin tölemeli goşmaça töleginiň umumy pul möçberi: GT = 10 937 manat + 11 760 manat + 4 362 manat = 27 059 manat.

**Mysal.** Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran amallary 29-njy tablisada berilýän sanlar bilen häsiýetlendirilýär. Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda ýerleşdiren harytlarynyň umumy pul möçberini, goşmaça töleg tölenmäge degişli ýerleşdiren harytlary boýunça salgyt salynýan amallaryň bahasyny we goşmaça tölegleriň pul möçberini hasaplamaly.

*29-njy tablisa*

**Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň görnüşleri | Ýerleşdirilen harytlaryň möçberi, tonna | Ýerleşdirilen harytlaryň birliginiň bahasy, manat | Ýerleşdirilen harytlaryň umumy pul möçberi, manat | Goşmaça tölegleriň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Öndürilen benziniň ýerleşdirilmegi | 325415 | 440 | 143182600 | 57273040 |
| 2. | Dizel ýangyçlarynyň ýerleşdirilmegi | 306636 | 900 | 275972400 | 110388960 |
| 3. | Öndürilen benzin muzdsuz berlipdir | 14698 | 440 | 6467120 | 2586848 |
| 4. | Öndürilen benziniň bahasy şertnamada kesgitlenmän ýerleşdirilipdir | 52890 | 540 | 28560600 | 11424240 |
| 5. | Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen harytlar ulanylypdyr | 2578 | 260 | 670280 | x453728 |
| 6. | Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk harytlaryň ýetmezçiligi (bu harytlaryň ogurlanandygyny tassyklaýan resminamalar ýok) | 1026 | 340 | 348840 | 180576 |
| 7. | Ýeňillikli baha boýunça ýerleşdirilen harytlar | 10700 | 380 | 4066000 | 1626400 |
| | Jemi | | | 459267840 | 183933792 |

**Çözülişi.** Lebap welaýatynyň Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda ýer-

leşdiren harytlarynyň umumy pul möçberi: AAA = (325 415 *t* x x 440 manat) + (306 636 *t* x 900 manat) + (14 698 *t* x 440 manat) + + (52 890 *t* x 540 manat) + (2 578 *t* x 260 manat) + (1 026 *t* x 340 manat) + (10 700 *t* x 380 manat) = 459 267 840 manat. Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli ýerleşdirilen harytlary boýunça amala aşyrylan salgyt salynýan amllarynyň bahasy: SSA = (325 415 *t* x x 440 manat) + (306 636 *t* x 900 manat) + (14 698 *t* x 440 manat) + + (52 890 *t* x 540 manat) + (2 578 *t* x 440 manat) + (1 026 *t* x 440 manat) + (10 700 *t* x 380 manat) = 459 834 480 manat. Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň 2012-nji ýylyň awgust aýynda tölemeli goşmaça tölegiň pul möçberi: 459 834 480 manat x 0,4 = = 183 933 792 manat.

**Mysal.** Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallary 30-njy tablisada getirilýän maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.

*30-njy tablisa*

**Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallary**

| № | Amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň görnüşleri | Ýerleşdirilen harytlaryň möçberi, (*dl*, *t*) | Ýerleşdirilen harytlaryň birliginiň bahasy, manat | Ýerleşdirilen harytlaryň umumy pul möçberi, manat | Goşmaça tölegleriň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1. | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň ýerleşdirilmegi | 1200 *dl* | 86 | 103200 | 15480 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 2. | Düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň ýerleşdirilmegi | 1000 *dl* | 111 | 111000 | 33300 |
| 3. | Öndürilen üzüm löderesi muzdsuz berlipdir | 10 *t* | 1680 | 16800 | - |
| 4. | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleriniň bahasy kesgitlenmändir. | 180 *dl* | 86 | 15480 | 2322 |
| 5. | Düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleri özüniň sarp etmegi üçin ulanylypdyr | 120 *dl* | 100 | 12000 | 3996 |
| 6. | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleriniň tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk ýetmezçiligi (bu harytlaryň ogurlanandygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalar ýok) | 83 *dl* | 80 | 6640 | 1071 |
| 7. | Düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleri ýeňillikli bahalar boýunça ýerleşdirilipdir | 178 *dl* | 120 | 21360 | 8544 |

Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda öndüren we ýerleşdiren harytlarynyň umumy pul möçberini, goşmaça töleg tölemäge degişli ýerleşdiren harytlary boýunça salgyt salynýan amallarynyň we goşmaça tölegleriň pul möçberlerini takyklamaly.

**Çözülişi.** Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda ýerleşdiren harytlarynyň umumy pul möçberi: AAA = (1 200 *dl* x 86 manat) + (1000 *dl* x x 111 manat) + (10 *t* x 1 680 manat) + (180 *dl* x 86 manat) + (120 *dl* x x 100 manat) + (83 *dl* x 86 manat) + (178 *dl* x 120 manat) = 286 480 manat. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli ýerleşdirilen harytlary boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň bahasy: SSA = (1 200 *dl* x 86 manat) + (1 000 *dl* x x 111 manat)) + (180 *dl* x 86 manat) + (120 *dl* x 111 manat) + (83 *dl* x x 86 manat) + (178 *dl* x 120 manat) = 288 298 manat. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin tölemeli goşmaça tölegiň pul möçberi: (103 200 manat x 0,15) + (111 000 manat x 0,3) + (15 480 manat x 0,15) + + (13 320 manat x 0,3) + (7 138 manat x 0,15) + (21 360 manat x 0,4) = = 64 713 manat.

**Mysal.** Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirowyň 2012-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getiren «Winston» temmäki önümleriniň gümrük bahasy ABŞ-nyň 12 100 dollaryna, «Marlboro» temmäki önümleriniň gümrük bahasy ABŞ-nyň 6 140 dollaryna deň. Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirow tarapyndan «Winston» temmäki önümleri üçin ABŞ-nyň 7 781 dollary, «Marlboro» temmäki önümleri üçin ABŞ-nyň 5 520 dollary möçberinde gümrük paçlary we ýygymlary tölenipdir. Gümrük paçlary we ýygymlary hasaba almak bilen, «Winston» temmäki önümleriniň 1 gutusynyň bahasy şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirowe ABŞ-nyň 0,47 dollaryna we «Marlboro» temmäki önümleriniň bahasy ABŞ-nyň 0,53 dollaryna düşüpdir. Salgyt salynýan amallaryň geçirilen pursady

Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1. Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirowyň Türkmenistanyň gümrük çägine getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli «Winston» we «Marlboro» temmäki önümleriniň her biri boýunça aýratynlykda we umumy pul möçberde goşmaça tölegiň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirowyň 2012-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getiren «Winston» temmäki önümleri boýunça salgyt özeni: SÖ = (12 100 $ + + 7781 $) x 0,5 $ : 0,47 $ x 2,85 manat = 60 278 manat. «Marlboro» temmäki önümleri boýunça salgyt özeni: SÖ = (6140 $ + + 5520 $) xx 2,85 manat = 33 231 manat. Salgyt özeniniň umumy pul möçberi: SÖ = 60 278 manat + 33 231 manat = 93 510 manat. Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirowyň 2012-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getiren «Winston» temmäki önümleri üçin tölenmäge degişli goşmaça töleginiň pul möçberi: GT = 60 278 manat x 0,3 = 18 084 manat. «Marlboro» temmäki önümleri boýunça tölenmäge degişli goşmaça tölegiň pul möçberi: GT = 33 231 manat x 0,3 = 9 969 manat. Şahsy tarap-hususy telekeçi Allamyrat Keýmirow tarapyndan tölenmäge degişli goşmaça tölegiň umumy pul möçberi: GT (umumy pul möçberi) = 18 084 manat + + 9 969 manat = 28 053 manat ýa-da 93 510 manat x 0,3 = 28 053 manat.

**Mysal.** «Güneş–92» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine 31-nji tablisada görkezilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getiripdir. «Güneş–92» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getiren harytlarynyň her bir görnüşi boýunça gümrük paçlary hasaba almak bilen umumy gümrük bahasyny we tölenmeli goşmaça tölegleriň pul möçberini takyklamaly. Salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesinde Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1.

*31-nji tablisa*

**«Güneş–92» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary**

| № | Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň ady | Gümrük paçlary we ýygymlary hasaba almasyz Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň möçberi we bahasy | Gümrük paçlarynyň we ýygymlarynyň pul möçberi, manat | Gümrük paçlaryny we ýygymlaryny hasaba almak bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň bahasy, manat | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Piwo | 12000 litr, 108000 manat | 51920 | 159920 | 79960 |
| 2. | Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrlary | 9080 litr, 127120 manat | 199760 | 326880 | 163440 |
| 3. | Düzüminde 20 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrlary | 7600 litr, 114000 manat | 121600 | 235600 | 235600 |
| 4. | Spirtli içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt | 17000 litr, 272000 manat | 85000 | 357000 | 193800 |
| 5. | Senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyjylary | 1200 *kg*, 288000 manat | 72000 | 360000 | 34200 |

«Güneş–92» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlarynyň umumy gümrük bahasyny we goşmaça tölegiň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi. Piwo.** Gümrük paçlary we ýygymlary hasaba almak bilen, piwäniň 1 litriniň bahasy 13 manat (159 920 manat : 12 000 litr). Goşmaça tölegiň umumy pul möçberi 79 960 manat (159 920 manat x x 50 % : 100 %);

**1. Düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan üzüm çakyrynyň** 1 litriniň bahasy 36 manat (326 880 manat : 9 080 litr). Goşmaça tölegiň umumy pul möçberi 163 440 manat (326 880 manat x x 50 % : 100 %)

**2.** Düzüminde 20 göterimden ýokary alkogoly bolan üzüm çakyrynyň 1 litriniň bahasy 31 manat (235 600 manat : 7 600 litr). Goşmaça tölegiň umumy pul möçberi 235 600 manat. (235 600 manat x 100 % : : 100 % )

**3. Spirtli içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt boýunça** tölemeli goşmaça tölegiň umumy pul möçberi 193 800 manat (17 000 litr x 4 $ x 2,85 manat).

**4.** Senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyjylary boýunça tölemeli goşmaça tölegiň umumy pul möçberi 34 200 manat (1 200 *kg* x 10 $ x 2,85 manat).

Saýlanyp alnan gümrük düzgünine laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, goşmaça tölegi salmagyň tertibi 46-njy şekilde görkezilýär. Gümrük düzgüni üýtgände, goşmaça tölegi tölemek borjy täze gümrük düzgünine laýyklykda kesgitlenilýär. Salgyt töleýji Türkmenistanyň çäklerinde saýlap alan gümrük düzgünini berjaý etmedik ýagdaýynda, onda erkin dolanyşyk üçin goşmaça tölegi tölenmäge degişli harytlary çykarmak gümrük düzgünine laýyklykda ondan goşmaça töleg, şeýle-de harydyň getirilen wagtyndan goşmaça tölegiň tölenen gününe çenli aralykdaky döwür üçin hasaplanyp ýazylan puşmana tölegleri alynýar.

*46-njy şekil*

**Saýlanyp alnan düzgüne laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, goşmaça töleg salmagyň tertibi**

**Goşmaça töleg salmagyň tertibi**
1

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar erkin dolanyşyk üçin çykarylýan gümrük düzgüninde ýerleşdirilende goşmaça töleg doly möçberde tölenýär.
2

Öň wagtlaýyn getirilen gümrük düzgüninde ýerleşdirilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, olaryň Türkmenistanyň çäklerinden çykarylan pursadyndan bäri bir ýyldan köp wagt geçmedik bolsa, goşmaça töleg alynmaýar.
3

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda gaýtadan işlemek gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlaryň gaýtadan işlenen önümleri getirilende goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär.
4

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar reimport, tranzit, gümrük ammary, paçsyz söwda dükany, gümrük gözegçiligi astynda gaýtadan işlemek, erkin gümrük zolagy, erkin ammar, ýok etmek, döwletiň peýdasyna harytdan ýüz öwürmek gümrük düzgüninde ýerleşdirilende goşmaça töleg tölenmeýär.
**5**

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar reeksport gümrük düzgüninde ýerleşdirilende, goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär we şonuň ýaly harytlar Türkmenistanyň çäklerinden çykarlanda yzyna gaýtarylmaga degişlidir.
6

Harytlar wagtlaýyn getirmek gümrük düzgüninde ýerleşdirilende (daşary ýurtly şahsy taraplara degişli bolan ýaşaýan ýerinden hasapdan çykarylmadyk şahsy ulag serişdelerinden başga), goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli wagtlaýyn getirilen harytlar Türkmenistanyň çäklerinden çykarylanda we olaryň getirilen wagtyndan bäri Türkmenistanyň çäklerinde bolan wagty bir ýyldan geçmedik şertlerinde, öň tölenen goşmaça tölegiň pul möçberi yzyna gaýtarylmaga degişlidir
7

**Mysal.** 32-nji tablisada edara görnüşli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getiren harytlarynyň ýerleşdirilýän gümrük düzgüni beýan edilýär. 32-nji tablisadaky maglumatlardan ugur alyp, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça gümrük düzgüniniň haýsy görnüşlerinde goşmaça tölegleriň hasaplanyp alynýandygyny anyklamaly we gümrük düzgüniniň aýry-aýry görnüşleri boýunça goşmaça tölegleriň pul möçberini takyklamaly. Salgyt salynýan amallar geçirilen senesinde Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1.

*32-nji tablisa*

**Edara görnüşli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getiren harytlarynyň ýerleşdirilýän gümrük düzgüni**

| № | Edara görnüşli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň çägine getirýän harytlarynyň ady | Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň göwrümi (litr, tonna, guty) we gümrük paçlary hem-de ýygymlary goşmak bilen olaryň gümrük bahasy, manat | Gümrük düzgüni | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1. | «Çyn topar» hojalyk jemgyýeti (piwo) | 12300 litr, 159900 manat | Paçsyz söwda dükany gümrük düzgüni. Erkin ammar gümrük düzgüni. | tölenmeýär |
| 2. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Kerim Köşekow (düzüminde 20 göterimden ýokary alkogoly bolan üzüm çakyry) | 1490 litr, 41720 manat | Erkin ammar gümrük düzgüni | tölenmeýär |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Sapar Keremow (temmäki önümleri) | 31380 guty, 62760 manat | Reeksport gümrük düzgüni | 18828 |
| 4. | «Ýardam» hususy kärhanasy | 30000 guty, 66000 manat | Gümrük gözegçiligi astynda gaýtadan işlemek | tölenmeýär |
| 5. | «Baýram» hususy kärhanasy (senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary) | 2,6 tonna, 624000 manat | Harytlary wagtlaýyn getirmäge gümrük düzgüni | 74100 |
| 6. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Şamyrat Nurjanow (temmäki önümleri) | 23480 guty, 56352 manat (Türkmenistanyň çäginde 6 aý ýerleşdirilipdir) | Harytlary wagtlaýyn getirmek gümrük düzgüni | 16906 |
| 7. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Myratgeldi Hoşdurdyýew (temmäki önümleri) | 18630 guty, 33534 manat (getirilen harytlar Türkmenistanyň çäginiň daşynda wagtlaýyn 14 aý ýerleşdirilipdir) | Öň wagtlaýyn getirmek düzgüni | 10060 |
| 8. | «Kerkaw» hususy kärhanasy (spirtli içgileri taýýarlanylanda ulanylýan spirt ) | 10200 litr, 163200 manat | Harytlaryň erkin dolanyşygy | 116280 |
| 9. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Nurmyrat Sapardurdyýew (temmäki önümleri) | 30000 guty, 63000 manat | Harytlaryň erkin dolanyşygy | 18900 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 10. | «Täsirli» hojalyk jemgyýeti (senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň çalşyryjylary) | 1,5 tonna | Reeksport gümrük düzgüni | 42750 |
| 11. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Begmuhammet Annakow (piwo) | 27350 litr, 355550 manat | Reimport gümrük düzgüni | tölenmeýär |
| 12. | «Erkin» hususy kärhanasy (düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan üzüm çakyry) | 6780 litr, 115260 manat | Tranzit gümrük düzgüni | tölenmeýär |
| 13. | «Mekan – K» hususy kärhanasy (temmäki önümleri) | 84600 guty, 135360 manat | Gümrük ammary gümrük düzgüni | tölenmeýär |

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 123-nji maddasynyň 1-nji böleginiň «a» bölümçesiniň kadalarynyň esasynda 1, 2, 4, 11–13 belgili edara görnüşli we şahsy taraplar getiren harytlaryny ýerleşdiren gümrük düzgünine laýyklykda goşmaça tölegleri tölemeýärler. 32-nji tablisada görkezilen 3 we 5–10 belgili edara görnüşli we şahsy taraplar-hususy telekeçiler goşmaça tölegi şu aşakdaky pul möçberinde töleýärler:

1. Şahsy tarap-hususy telekeçi Sapar Keremow temmäki önümleri boýunça 18 828 manat (62 760 manat x 0,3);
2. «Baýram» hususy kärhanasy senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary boýunça 74 100 manat (2,6 *t* x x 10 $ x 2,85 manat);
3. Şahsy tarap-hususy telekeçi Şamyrat Nurjanow temmäki önümleri boýunça 16 906 manat (56 352 manat x 0,3);
4. Şahsy tarap-hususy telekeçi Myratgeldi Hoşdurdyýew temmäki önümleri boýunça 10 060 manat (33 534 manat x 0,3);

5. «Kerkaw» hususy kärhanasy spirtli içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt boýunça 116 280 manat (10 200 litr x 4 $ x 2,85 manat);
6. Şahsy tarap-hususy telekeçi Nurmyrat Sapardurdyýew temmäki önümleri boýunça 18 900 manat (63 000 manat x 0,3);
7. «Täsirli» hojalyk jemgyýeti senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň çalşyryjylary boýunça 42 750 manat (1,5 *t* x 10 $ x x 2,85 manat).

**Mysal.** 33-nji tablisada Türkmenistanyň gümrük çägine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalaryň we şahsy taraplaryň atlary we olaryň bu harytlary haýsy maksatlar üçin getirýändikleri sanalyp geçilýär. 33-nji tablisada sanalyp geçilen edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalarynyň we şahsy taraplaryň arasynda goşmaça töleg tölenmäge degişli getirilen harytlar boýunça haýsylarynyň goşmaça töleg tölenmäge degişlidigini we haýsylarynyň goşmaça tölegleri tölemäge degişli däldigini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 122-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, 33-nji tablisada görkezilen 1, 2, 3, 8 we 9-njy belgili halkara guramalary, daşary ýurt diplomatik wekilhanalary we şahsy taraplar goşmaça tölegleri tölemekden boşadylýarlar. 33-nji tablisada görkezilen 4, 5–7 we 10 belgili edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegi umumy kesgitlenilen tertipde töleýärler.

*33-nji tablisa*

**Türkmenistanyň gümrük çägine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalarynyň we şahsy taraplaryň atlary we olaryň bu harytlary Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmeginiň maksatlary**

| № | Edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalarynyň we şahsy taraplaryň ady | Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlaryň maksatlary |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Eýran Yslam Respublikasynyň Aşgabatda ýerleşýän diplomatik wekilhanasy | Resmi taýdan ulanmaklary üçin diplomatik wekilhananyň işgärleriniň, olaryň maşgala agzalarynyň hem-de edara ediş--tehniki işgärleriniň ulanmaklary üçin getirilen harytlar |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 2. | «Gyzyl haç we gyzyl ýarym aý» halkara guramasy | Resmi taýdan ulanmaklary üçin getirilen harytlar |
| 3. | Şahsy tarap Annageldi Amanow | Özüniň sarp etmegi üçin getiren 5 litr alkogol içgileri we piwo, 10 guty çilim |
| 4. | «Şohrus» hojalyk jemgyýeti | Getirilen senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary |
| 5. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Muhammetmyrat Hojageldiýew | Şahsy maksatlary üçin «Toýota Kamri» awtoulagy getiripdir |
| 6. | «Ýaşma» hususy kärhanasy | Spirtli içgileri taýýarlamak üçin spirt getiripdir |
| 7. | Şahsy tarap-hususy telekeçi Mämmedow Durdybaý | Telekeçilik maksatlary üçin temmäki önümlerini getiripdir |
| 8. | Norwegiýa döwletiniň ynsanperwer guramasy | Ynsanperwer kömegi hökmünde getirilen harytlar |
| 9. | Türkiýe döwleti bilen Türkmenistanyň arasynda baglaşylan hökümetara ylalaşygyna laýyklykda Türkiýe döwletiniň «Tur-Ir-Türkmenistan» kompaniýasy | Muzdsuz berilýän tehniki kömekleriň çäginde getirilen harytlar |
| 10. | «Gurbandurdy» hususy kärhanasy | Telekeçilik maksatlary üçin getirilen çakyr we düzüminde alkogoly bolan beýleki harytlar |

## 6.4.29. Goşmaça tölegleri hasaplamagyň tertibi we goşmaça tölegi hasaplaşmak

Goşmaça tölegiň pul möçberi aşakdaky ýaly hasaplanýar:

– salgyt salynýan amallar geçirilende – salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak;

– Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende – gümrük edaralary tarapyndan.

Salgyt salynýan amallar geçirilende Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça tölegiň pul möçberi, degişli salgyt döwründe ähli salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberini şol salgyt döwründe hasap etmäge kabul edilýän goşmaça tölegiň pul möçberine azaldylan jemi hökmünde hasaplanýar. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň her bir görnüşi boýunça amala aşyrylýan salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi, şonuň ýaly salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende, goşmaça tölegiň pul möçberi goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň her bir görnüşi boýunça hasaplanýan şeýle salgytlaryň salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek arkaly takyklanýar.

Haýsy hem bolsa bir salgyt döwründe hasap edilmäge degişli goşmaça tölegiň pul möçberi hasaplanan goşmaça tölegiň pul möçberinden artyk gelen ýagdaýynda, artyk gelýän pul möçberi yzyna gaýtaryp berilmäge degişlidir ýa-da salgyt töleýjiden alynmaga degişli beýleki tölegleriň hasabyna Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirildi diýlip hasap edilmelidir. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, potratçy ýa-da kömekçi potratçy bolup durýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň gümrük çägine getirýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary nebit işlerini amala aşyrmak üçin peýdalanmaýan bolsalar, onda olar goşmaça tölegi kesgitlenilen tertipde töleýärler. Salgyt salynýan amallaryň geçirilýän hasabat (salgyt) döwri, goşulan baha üçin salgyt üçin kesgitlenilýän hasabat (salgyt) döwri ýaly bellenilýär.

Goşmaça töleg tölenmäge degişli ýerleşdirilen harytlaryň goşmaça töleg nyşanynyň bahasynyň möçberinde, salgyt töleýjileriň goşmaça tölegi hasap etmäge hukugy bar. Çig mal (materiallar) görnüşinde satyn alynýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ulanylanda, şeýle-de şonuň ýaly harytlar beýleki goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek üçin buýrujy tarapyndan berlen ýagdaýynda, çig mal (materiallar) görnüşinde goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar satyn alnanda ýa-da getirilende, salgyt töleýjiniň tölän goşmaça

töleginiň pul möçberi hasap edilmäge degişlidir. Şonuň bilen birlikde, goşmaça tölegi bellenilen maksatlara şol hasabat (salgyt) döwründe ulanylan çig mal (materiallar) babatynda hasap etmäge rugsat berilýär.

Ýazylyp berilýän hasap-faktura we ýük iberijiler bilen tölegiň (hasaplaşygyň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar, goşmaça töleg tölenmäge degişli haryt iberijilere tölenen goşmaça tölegi hasap etmek üçin esas bolup durýar. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar gümrük taýdan resmileşdirilende, tölenen goşmaça tölegi hasap etmek üçin şu aşakdaky resminamalar esas bolýar:

– goşmaça tölegi tölemek boýunça serişdeleriň hakyky geçirilendigini tassyklaýan töleg resminamalary we bankyň göçürmesi;
– ýük gümrük beýannamasy ýa-da onuň erkin dolanyşyga çykarmak gümrük düzgüninden harytlaryň çykarylmagyny amala aşyrýan gümrük edarasynyň belligi bolan nusgasy.

Çig mal (materiallar) görnüşinde satyn alynýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça töleg tölenmäge degişli däl harytlary öndürmek ýa-da başga maksatlar üçin ulanylanda, olar boýunça tölegiň pul möçberi şonuň ýaly çig malyň (materiallaryň) bahasy bilen bilelikde peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýar ýa-da salgytlar tölenenden soň salgyt töleýjiniň ygtyýarynda galýan peýdasynyň hasabyna ýa-da maliýeleşdirmäniň gaýry çeşmeleriniň hasabyna degişli edilýär. Ýokarda aýdylanlar işi üýtgedilip gurulýan edara görnüşli tarap bolup durýan salgyt töleýji tarapyndan tölenen goşmaça tölegler babatynda hem ulanylýar we bu salgyt onuň hukuk mirasdüşeri tarapyndan hasap etmäge kabul edilýär.

### 6.5.30. Satyjy tarapyndan alyja bildirilýän goşmaça tölegiň pul möçberi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we goşmaça tölegi tölemegiň tertibi

Özüniň öndürýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleşdirýän ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materiallaryndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlary amal edýän, şeýle-de özüniň goşmaça

töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleşdirýän salgyt töleýji satyn alyja we çig maly (materiallary) beren hususyýetçä goşmaça tölegiň degişli pul möçberini tölemek talabyny bildirmäge borçludyr. Şonuň bilen birlikde, goşmaça tölegiň pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde ýazylýar. Ilata bölek satuw bahalary ýa-da kesgitli bahalar (tarifler) boýunça goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende, harytlaryň ýarlyklarynda we bahanamalarynda goşmaça tölegiň pul möçberi aýratyn görkezilmeýär. Özüniň öndürýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleşdirýän ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlary amal edýän, şeýle-de özüniň getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleşdirýän salgyt töleýji haryt alyjylara kesgitlenilen görnüşindäki hasap-fakturany ýazyp berýär. Hasap-faktura iki nusgalykda ýazylýar, olaryň birinjisi satyn alyja (buýruja) berilýär, ikinjisi ony ýazan tarapda galýar.

Hasap-faktura goşmaça töleg tölenmäge degişli harydyň iberilen ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materiallaryndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harydy öndürmek (ýasamak, guýmak) boýunça hyzmatlaryň amal edilen senesinden bäş günden gijä galman berilýär. Hasap-fakturanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär. Indi bolsa, şertli mysal arkaly diňe goşmaça töleg tölenýän harytlar soňra çig mal (material) görnüşinde goşmaça tölegiň pul möçberini hasaplaşyga almak maksady üçin berlende ýazylýan hasap-fakturanyň görnüşini beýan edeliň.

**Mysal.** «Akpar Holding» hususy kärhanasy «Myrat – Bon» hojalyk jemgyýeti bilen 2012-nji ýylyň 10-njy aprelinde baglaşylan 18-nji belgili ylalaşygyna laýyklykda, oňa spirtli içgileri ýasamak üçin Türkmenistanyň gümrük çägine 20 000 litr möçberindäki spirti yzyna gaýtaryp bermek şerti bilen beripdir. «Akpar Holding» hususy kärhanasy spirtiň 1 litrini «Myrat – Bon» hojalyk jemgyýetine 42 manat bahadan ýerleşdiripdir (goşulan baha üçin salgydy hasaba almasyz). Spirt getirilende, «Akpar Holding» hususy kärhanasy 570 000 manat

pul möçberinde goşmaça töleg töläpdir (20 000 litr x 10 $ x 2,85 manat). Ýokarda getirilen maglumatlary 34-nji tablisada beýan etmeli.

*Goşmaça maglumatlar.* Hasap-faktura 2012-nji ýylyň 11-nji aprelinde, onuň belgisi 87, ýükläp ibermek hakyndaky ykrarhaty (nakladnoý) şol senede we 85 belgili sanda ýazylypdyr. «Akpar Holding» hususy kärhanasynyň şahsy salgyt belgisi: 101131003469, hasaplaşyk hasabynyň belgisi 23204934150600900011000 «Türkmenistan» Türkmenistanyň döwlet täjirçilik bankynda (Aşgabat ş.), BAD-niň belgisi 390101506. Harydyň ýüklenip iberilen senesi 2012-nji ýylyň 11-nji apreli. «Myrat – Bon» hojalyk jemgyýetiniň şahsy salgyt belgisi 101131001712. Satyn alyjynyň ynam bildiren tarapy Nurgeldi Abdyllaýew, edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy Seýitmyrat Ataýew, baş hasapçy Gülşirin Bäşimowa. Harytlaryň ýüklenip iberilmeli ýeri: Ahal welaýaty, Ak Bugdaý etraby, Änew şäherçesi, Baýram Han köçesi, 15-nji jaý.

*34-nji tablisa*

**Goşmaça töleg tölenýän harytlar boýunça salgyt hasap-fakturasy**

№ 87, 2012-nji ýylyň 11-nji apreli

**Diňe goşmaça töleg tölenýän harytlar soňra çig mal (material) görnüşinde goşmaça tölegiň pul möçberini hasaplaşyga almak maksady üçin berlende ýazylýar**

2012-nji ýylyň aprel aýynyň «11-i» № 87 hasap-fakturanyň, 2012-nji ýylyň aprel aýynyň «11-i» №85 ýüklemeklik (naklodnoý, ýerine ýetirilen işiň ykrarhaty we ş.m.) resminamalary esasynda resmileşdirildi.

2012-nji ýylyň aprel aýynyň 10-unda № 18 şertnama (kontrakt).

**Satyjy ýa-da yzyna gaýtarmak esasynda harydy berýän tarap:** «Akpar Holding» hususy kärhanasy

Satyjynyň şahsy salgyt belgisi 101131003469

Satyjynyň bankynyň ady: «Türkmenistan» TDTB

Hasap № 23204934150600900011000, şäherde (etrapda) Aşgabat ş., BAD: 390101506

Ýüklenen (göýberilen) senesi: 2012-nji ýylyň 11-nji apreli

**Satyn alyjy (ýa-da yzyna gaýtarmak esasynda harydy berýän tarap):** «Myrat – Bon» hojalyk jemgyýeti.

Satyn alyjynyň şahsy salgyt belgisi: 101131001712

Bellenilen ýer: Ahal welaýatynyň Ak Bugdaý etrabynyň Änew şäherçesiniň Baýram Han köçesi, 15-nji jaý.

| **T/b №** | **Goşamaça töleg tölenýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ady** | **Ölçeg birligi** | **Sany** | **Biriniň bahasy, manat** | **Goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan bahasy, manat** | **Goşmaça tölegiň möçberi (ýa-da kesgitlenilen ululykda)** | **Salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi, manat** | **Harytlar getirilende tölenen goşmaça tölegiň pul möçberi, manat** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **A** | **B** | **Ç** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| 1 | Spirt | litr | 20000 | 42 | 840000 | 40% | 336000 | 570000 |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Nyrh görkezijiler manatda görkezilýär

Seýitmyrat Ataýew

(edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysynyň F.A.A.A.) (goly)

Möhür ýeri

Gülşirin Bäşimowa

Baş hasapçynyň F.A.A.A.) (goly)

Haryt doly alyndy

Nurgeldi Abdyllaýew

(satyn alyjynyň ýa-da kärhananyň ynam bildiren tarapynyň F.A.A.A.) (goly)

Salgyt töleýji geçirilýän amallar boýunça her bir hasabat döwür üçin goşmaça tölegler boýunça beýannamany tabşyrýar. Geçen hasabat döwri üçin goşmaça töleg boýunça beýannama hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylýar. Salgyt salynýan amallar geçirilende, goşmaça töleg salgyt töleýji tarapyndan hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge

degişli harytlar boýunça tölenmeli goşmaça tölegler olar gümrük taýdan resmileşdirilen pursadynda ýa-da ondan öň tölenýär. Bilelikdäki işler (şereket) amala aşyrylanda, goşmaça tölegi hasaplamak, goşmaça töleg boýunça beýannamany tabşyrmak we goşmaça tölegi Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemek, goşulan baha üçin salgydyň tölenilişi ýaly amala aşyrylýar. Indi bolsa, goşmaça töleg boýunça beýannamanyň düzülişini mysal arkaly beýan edeliň.

**Mysal.** Aşgabadyň çakyr zawody 2012-nji ýylyň maý aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça şu aşakdaky salgyt salynýan amallary amala aşyrypdyr:

– düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 175 400 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir;
– düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 240 016 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir;
– düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 150 160 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir;
– harytlar (düzüminde 30 göterimden ýokary alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry) ogurlananda zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan 10470 manat pul möçberinde alnan serişdeler;
– 34908 manat pul möçberinde düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleri üçin ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegler tölenipdir;
– ylalaşyklaryň şertleriniň üýtgemegi sebäpli düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleri boýunça salgyt özeni 5 557 manat pul möçberinde köpeldilipdir;
– baglaşylan ylalaşyklar hakyky däl diýlip düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyr önümleri boýunça salgyt özeni 20 180 manat pul möçberinde azaldylypdyr.

Aşgabadyň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň maý aýynda hasaplaşmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberi şu aşakdaky sanlar bilen häsiýetlendirilýär:

– goşmaça töleg tölenýän harytlar çig mal (materiallar) görnüşinde ulanylanda, olar buýrujy tarapyndan gaýry goşmaça töleg

tölenmäge degişli harytlary öndürmek üçin berlende (gaýtaryp bermek şertleri esasynda) kabul edilýän goşmaça tölegiň 84 822 manat pul möçberi;

– hasaplaşmaça kabul edilýän goşmaça tölege girizilýän oňyn düzedişleri (şol sanda öňki hasabat döwürlerinde alnan harytlar boýunça hasaba alynmadyk goşmaça tölegler) 19 798 manat pul möçberinde;

– hasaplaşmaga kabul edilýän goşmaça tölege girizilýän oňaýsyz düzedişleriň (şol sanda öňki hasabat döwürlerinde satyn alnan harytlar boýunça hasaplaşylmaga has uly möçberde hasaba alnan goşmaça tölegler) 40 701 manat pul möçberi.

Hasabat döwründe (şol sanda şu hasabat döwri üçin öňki salgyt beýannamalary boýunça) hasaplanan goşmaça tölegiň pul möçberi 68 157 manat.

*35-nji tablisa*

**Aşgabadyň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşmaça tölegler boýunça beýannama**

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="5">Goşmaça tölegler boýunça beýannama<br>2012-nji ýylyň maý aýy üçin</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="5">Aşgabat şäheriniň Prezident S.A. Nyýazow etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="5">Salgyt töleýji-edara görnüşli tarapyň doly ady: Aşgabadyň çakyr zawody</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="5">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi 744008 Welaýat __________<br>Etrap __________ Şäher _Aşgabat__</td></tr>
<tr><td></td><td colspan="5">Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) __________<br>Etrapça __________ Şaýoly, köçe, geçelge: Magtymguly şaýoly<br>Jaý № 58 Korpus __________ Öý __________</td></tr>
<tr><td>5.</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi 744008 Welaýat __________<br>Etrap __________ Şäher _Aşgabat__<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ____________________<br>Etrapça __________ Şaýoly, köçe, geçelge: Magtymguly şaýoly<br>Jaý № 58 Korpus __________ Öý __________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTYDB kody: 26813608</td><td>7</td><td>ŞSB: 103161000777</td><td>8</td><td>Telefon: 34-05-60</td></tr>
</table>

<table>
<tr><td>9</td><td colspan="8">Beýannamany düzýän jogapkär tarapyň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady: Gurbanmyradowa Aýzada</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="8">Salgyt töleýji-şahsy tarapyň familiýasy _________ ady _________<br>atasynyň ady ____________________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="8">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi ________________ Welaýat _____________<br>Etrap ______________________ Şäher _______________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ____________________________________<br>Etrapça _________ Şaýoly, köçe, geçelge: _________________<br>Jaý _________ Korpus _________ Öý _________</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="3">ŞSB</td><td>13</td><td colspan="4">Telefon</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="3">Iberilen senesi 2012-nji ýylyň iýun aýynyň 18-i</td><td colspan="5">Alnan senesi 2012-nji ýylyň iýun aýynyň 18-i</td></tr>
<tr><td>16.</td><td colspan="8">I bap. Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan goşmaça tölegiň pul möçberi</td></tr>
<tr><td rowspan="2">17</td><td rowspan="2">Goşmaça töleg salynýan harytlaryň her bir görnüşiniň ady</td><td rowspan="2">Salgyt salynýan amallar geçirilen mahaly salgyt özeni, manat</td><td rowspan="2">Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alnan pul möçberler, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezi dolma pul möçberler, manat</td><td rowspan="2">Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberler</td><td rowspan="2">Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberler</td><td rowspan="2">Düzedişleriň möçberlerini nazara almak bilen salgyt özeni (süt 2+ süt 3+ süt 4+ süt 5), manat</td><td colspan="2">Goşmaça töleg</td></tr>
<tr><td>Goşmaça tölegiň möçberi, göterimde</td><td>Goşmaça tölegiň pul möçberi (süt 6 x süt 7), manat</td></tr>
<tr><td>18</td><td>1</td><td>2</td><td>3</td><td>4</td><td>5</td><td>6</td><td>7</td><td>8</td></tr>
<tr><td>18.1</td><td>düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry</td><td>175400</td><td>34908</td><td>5557</td><td>–</td><td>215865</td><td>15</td><td>32380</td></tr>
</table>

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 18.2 | düzüminde 20-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 240016 | – | – | 20180 | 260196 | 30 | 78059 |
| 18.3 | düzüminde 20 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry | 150160 | 10470 | – | – | 160630 | 40 | 64252 |
| 18.4 | | | | | | | | |
| 18.5 | | | | | | | | |
| 18.6 | | | | | | | | |
| 19 | Salgyt özeninden ugur alyp hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi | | | | | | | 174691 |
| 20 | **II bap. Hasaplaşylmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberini hasaplamak** | | | | | | | |
| 21 | Görkezijiler | | | | | | Goşmaça tölegiň pul möçberi, manat | |
| 22 | Hasaplaşylmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberi – jemi | | | | | | 84822 | |
| 23 | şol sanda, goşmaça töleg tölenýän harytlar çig mal (materiallar) görnüşinde peýdalanýan mahaly, olar buýrujy tarapyndan beýleki goşmaça töleg tölenýän harytlary öndürmek üçin berlende (yzyna gaýtarmak esasynda) kabul edilýän goşmaça tölegiň pul möçberi | | | | | | 84822 | |
| 24 | Hasaplaşylmaga kabul edilýän, şol sanda öňki hasabat döwründe goşmaça töleg hasaplaşylmaga alynmadyk harytlar boýunça goşmaça tölege girizilýän oňyn düzedişleriň pul möçberi | | | | | | 19798 | |
| 25 | Hasaplaşylmaga kabul edilýän, şol sanda öňki hasabat döwründe goşmaça töleg uly möçberde hasaplaşylmaga alnan harytlar boýunça goşmaça tölege girizilýän oňyn däl düzedişleriň pul möçberi | | | | | | 40701 | |

| | | |
|---|---|---|
| 26 | 25-nji setiri aýyrmak bilen hasaplaşylmaga kabul edilýän goşmaça tölegiň (22-nji we 24-nji setiri) jemi pul möçberi | 63919 |
| 27 | **III bap. Býujete tölenmäge degişli goşmaça tölegiň pul möçberini hasaplamak** | |
| 28 | Hasabat döwründe hasaplanan goşmaça tölegiň pul möçberi (şol sanda, şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.) | 68157 |
| 29 | Goşmaça hasaplanylmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberi (19-njy setirden aýyrmak 26-njy setir, aýyrmak 28-nji setir), oňaýsyz netije 30-njy setire girizilýär) | 42615 |
| 30 | Azaldylmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberi (29-njy setiriň oňaýsyz netijesi) | |
| 31 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrulygyny tassyklaýaryn<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy Baýramow Şyhguly __________ (goly)<br>Baş buhgalter Gurbanmyradowa Aýzada __________ (goly) | |
| 32 | Kameral barlagyň netijesinde ____________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi «27» iýun 2012 ý. | |
| 33 | Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy Gurbanow Nuraly __________ (goly)<br>Salgyt inspektory Nepesow Maksat __________ (goly) | |
| 34 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/ azaldyldy 42615 | |
| 35 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi «28» iýun 2012-nji ýyl<br>Hasap boýunça işgär Kowusowa Mahym __________ (goly) | |

**Goşmaça maglumatlar.** Aşgabadyň çakyr zawodynyň salgyt hasabyna alnan ýeri: Aşgabat şäheriniň Prezident S. A. Nyýazow etraby boýunça döwlet salgyt gullugy. Hukuk we hakyky ýerleşýän salgysy: Aşgabat ş., poçta indeksi: 744008, Magtymguly şaýoly, 58-nji jaý. EGTÝDB kody: 26813608. SSB: 103161000777, telefon

34-05-60. Beýannamany düzýän jogapkär tarapyň wezipesi we familiýasy: baş hasapçy Gurbanmyradowa Aýzada. Aşgabadyň çakyr zawodynyň ýolbaşçysy: Baýramow Şyhguly. Beýannamanyň iberilen senesi: 2012-nji ýylyň 18-nji iýuny, alnan senesi-şol sene. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi 2012-nji ýylyň 27-nji iýuny. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Gurbanow Nuraly, salgyt inspektory Nepesow Maksat, hasap boýunça işgär Kowusowa Mahym.

Mysalda getirilen maglumatlaryň esasynda Aşgabadyň çakyr zawody boýunça 2012-nji ýylyň maý aýy üçin goşmaça tölegler boýunça degişli hasaplamalary geçirmeli we alnan netijeleri 35-nji tablisada beýan etmeli.

## «Goşmaça töleg» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Halkara salgyt tejribesinde goşmaça töleg haýsy adalga bilen atlandyrylýar? Onuň ady nämäni aňladýar?
2. Gytaklaýyn salgytlaryň bir görnüşi hökmünde goşmaça töleg ilkinji gezek haýsy döwletiň çäginde ornaşdyryldy?
3. Ýygnamak usuly boýunça goşmaça tölegler haýsy görnüşlere bölünýärler?
4. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda goşmaça tölegleriň töleýjileri kim?
5. Goşmaça tölegi tölemekden kim boşadylýar?
6. Haýsy harytlar goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar diýlip ykrar edilýär?
7. Goşmaça töleg boýunça töleg salynýan binýat näme?
8. Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan amallar diýlip haýsy amallar ykrar edilýär?
9. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerleşdirilendigini kersgitlemek üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynyň düzgünleri ulanylýar?
10. Haýsy ýagdaýda amala aşyrylýan amallar goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat bolmaýar?

11. Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni näme?
12. Buýrujy tarapyndan berilýän çig maldan (materiallardan) öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
13. Goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar muzdsuz berlende, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
14. Geleşige gatnaşýan taraplar tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli çalşylýan harytlaryň bahasy kesgitlenilmedik ýagdaýynda, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
15. Çalşyk deň derejede bolmadyk ýagdaýynda çalşylýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde hasaplanylýar?
16. Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ulanylanda, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
17. Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi bolan ýagdaýynda, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
18. Ýeňillikli baha bellenen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
19. Alyjy tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň yzyna gaýtarylmaga degişli gaplaryň bahasy goşmaça töleg boýunça salgyt özenine goşulýarmy?
20. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlara kesgitlenilýän gümrük paçlary we ýygymlary goşmaça töleg boýunça salgyt özenine goşulýarmy?
21. Salgyt özenini artdyrýan salgyt salynýan amallaryň bahasy, pul serişdeleriniň möçberi, daşary ýurt pulundaky harytlaryň gümrük bahasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça haýsy ýagdaýlarda manatda hasaplanýar?

22. Salgyt salynýan amallar geçirilende we Türkmenistanyň çägine harytlar getirilende, salgyt özeni goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar üçin haryt görnüşinde kesgitlenip bilinýärmi?
23. Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni Türkmenistanyň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine azaldylýarmy?
24. Goşmaça töleg boýunça salgyt özenine haýsy ýagdaýlarda düzedişler girizilýär?
25. Türkmenistanyň çäginde öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegleriň möçberi näçe?
26. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegleriň möçberi näçe?
27. Salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça töleg boýunça salgyt we hasabat döwürleri haýsy döwre deň diýlip hasap edilýär?
28. Türkmenistanyň gümrük çäklerine harytlar geçirilende, haýsy gümrük düzgüninde goşmaça tölegler tölenýär?
29. Türkmenistanyň gümrük çäklerine harytlar getirilende, haýsy gümrük düzgüninde goşmaça tölegler tölenmeýär?
30. Gümrük düzgüni üýtgände, goşmaça töleg tölemek borjy haýsy düzgüne laýyklykda kesgitlenilýär?
31. Salgyt töleýji tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde saýlanyp alnan gümrük düzgüni berjaý edilmedik ýagdaýynda, goşmaça tölegler haýsy gümrük düzgünine laýyklykda tölenýär?
32. Goşmaça tölegiň pul möçberi kim tarapyndan hasaplanylýar?
33. Salgyt salynýan amallar geçirilende Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça tölegler haýsy tertipde hasaplanylýar?
34. Türkmenistanyň gümrük çäklerine harytlar getirilende, goşmaça tölegiň pul möçberi haýsy tertipde hasaplanýar?
35. Goşmaça töleg töleýjileriň haýsy möçberde goşmaça tölegi hasaplaşmaga hukuklary bar?
36. Çig mal (materiallar) görnüşinde satyn alynýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ulanylanda, şeýle-de şonuň

ýaly harytlary öndürmek üçin buýrujy tarapyndan (gaýtadan işlemäge bermek esasynda) berlen ýagdaýynda, salgyt töleýji çig mal (materiallar) görnüşinde goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar satyn alnanda ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilende tölän goşmaça tölegi hasaplaşmaga hukugy barmy?

37. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça üpjün edijilere tölenen goşmaça tölegi hasaplaşmak üçin haýsy resminamalar esas bolup bilýär?
38. Goşmaça töleg tölenmäge degişli Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlar gümrük taýdan resmileşdirilende, tölenýän goşmaça tölegi hasaplaşmak üçin haýsy resminamalar esas bolup bilýär?
39. Çig mal (materiallar) görnüşinde satyn alynýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek ýa-da başga maksatlar üçin ulanylanda, olar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi şonuň ýaly çig malyň (materiallaryň) bahasy bilen bilelikde haýsy salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýar ýa-da maliýeleşdirmegiň haýsy çeşmeleriniň hasabyna ýapylýar?
40. Haýsy ýagdaýlarda salgyt töleýji satyn alyja we çig maly (materiallary) beren hususyýetçä goşmaça tölegiň degişli pul möçberini tölemek talabyny bildirip bilýär? Goşmaça tölegiň pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilýärmi?
41. Ilata bölek satuw bahalary ýa-da nyrhlar boýunça goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende, satyjylar tarapyndan berilýän harytlaryň ýarlyklarynda we bahanamalarynda goşmaça tölegiň degişli pul möçberi görkezilýärmi?
42. Goşmaça töleg tölenende salgyt töleýji haryt alyjylara haýsy resminamany ýazyp berýär? Bu resminama näçe nusgalykda ýazylýar we näçe wagtyň dowamynda salgyt töleýji tarapyndan haryt alyja gowşurylýar?

43. Salgyt töleýji tarapyndan goşmaça töleg boýunça beýannama salgyt gullugyna haýsy möhlete çenli tabşyrylýar?
44. Salgyt töleýji tarapyndan beýannamada hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi haýsy möhlete çenli tölenýär?
45. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegler haýsy möhletde tölenýär?

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
5. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
6. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2000.
7. «Býujet ulgamy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 1996.
8. «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2006.
9. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2010.
10. Maliýe hasabyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça gollanma. Aşgabat, 2006.
11. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek boýunça gollanma. Aşgabat, 2006.
12. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy. Aşgabat, 2008.
13. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti. Okuw kitaby. Aşgabat, 2010.
14. M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew. Salgyt salnanda ulanylýan esasy düşünjeler we adalgalar. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý, № 8.

15. M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we olaryň ykdysady gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý, № 11.
16. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Türkmenistanda salgyt salmagyň usulyýet esaslary we ýörelgeleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý, № 9.
17. Ý. Çarygeldiýew, A. Mämikow. «Salgyt» we «salgyt salmak» ykdysady toparlarynyň nazaryýet esaslary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2006 ý, № 6.
18. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň amatly ugurlary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003 ý, № 7.
19. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003 ý, № 9.
20. Ý. Çarygeldiýew, H. Hajygurbanow. Salgyt salmak ulgamynyň we hakyky ykdysady binýadyň biri-biri bilen arabaglanyşygy we onuň ýörelgeleriniň amala aşyrylmagy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2010 ý, № 11.
21. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt salmagyň usulyýeti we onuň düzüm bölekleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2010 ý, № 12 we 2011 ý, № 1.
22. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasaty – ykdysady prosesleri kadalaşdyrýan guraldyr. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý, № 3 we № 4.
23. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň maksatlary we usullary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý, № 5, № 6 we № 7.
24. Ý. Çarygeldiýew. Türkmenistanda salgyt salmak ulgamynyň hukuk esaslary we onuň häsiýetnamasy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý, № 8.
25. Ý. Çarygeldiýew. Türkmenistanda amala aşyrylýan salgyt syýasatynyň hukuk çeşmeleri we onuň durmuş gönükdirmesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý, № 9.
26. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt salynýan binýatlary dolandyrmagyň usullarynyň saýlanyp-seçilmeginiň möhümligi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011ý, № 10 we № 11.

27. Ý. Çarygeldiýew, K. Hümmäýew. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň özeniniň kesgitlenilmegi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2012 ý, № 3.
28. H. Geldiýew. Aýry-aýry pudaklaryň maliýe ýagdaýynyň durnuklaşmagyna salgyt kanunçylygynyň täsiri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, № 2.
29. A. Hezretow. Türkmenistanyň salgytlar ulgamynyň deňeşdirme hukuk seljermesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2009 ý, № 8.
30. M. Mämmedow., Ý. Çarygeldiýew. Salgytlar hakyndaky teoriýanyň esaslary. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 1994.
31. A. Mämikow. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hususy telekeçileriň orny. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2004 ý, № 12.
32. A. Muhanow, A. Mämikow. Kameral barlaglary geçirmegiň usulyýet esaslary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2006ý, № 9.
33. Гуреев В. И. Российское налоговое право. М: «Экономика», 1997 г.
34. Пансков В. Г. Налоги и налоговая система Российской Федерации. – М: «Финансы и статистика», 2008 г.

# MAZMUNY

Sözbaşy ................................................................................................ 7

**I bölüm**
**Salgyt menejmenti we salgyt salmagyň usulyýet esaslary**

**I bap. Salgyt menejmenti we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasy başlangyçlary** ...................................... 11

1.1.1. Salgytlaryň dolandyrylyşy we salgyt menejmenti barada umumy düşünje ........................................................ 11
1.2.2. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy edaralarynyň dolandyrylyşynyň gurluşy .................................................. 19
1.3.3. Salgyt salynýan ulgamy dolandyrmagyň hukuk taýdan üpjün edilmegi .................................................................. 25
1.4.4. Salgyt salmak ulgamyny dolandyrýan salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar barada berilýän düşünjeleriň kesgitlemesi..................................................... 32

**II bap. Salgytlaryň dolandyrylyş prosesinde salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibi** ........................................................... 43

2.1.5. Salgyt töleýji – şahsy tarap we salgyt töleýji – edara görnüşli tarap .................................................................. 43
2.2.6. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar. Salgyt töleýjiniň hukuklary we borçlary ................................................................................ 50
2.3.7. Salgyt töleýjileri hasaba almagyň tertibi ............................. 55

**III bap. Salgyt salmak ulgamy dolandyrylanda salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi** ...................................... 64

3.1.8. Salgyt salmak maksady bilen hasap we hasabatlylyk........... 64
3.2.9. Salgydyň hasaplanylmagy we salgyt habarnamasynyň gowşurylmagy.................................................................... 67
3.3.10. Salgyt tölenende ýüze çykýan borçlar we olary ýerine ýetirmegiň tertibi ........................................................... 84

3.4.11. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň, hasapdan öçürmegiň möhletleriniň üýtgedilmegi ........ 111
3.5.12. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler ........ 117

**IV bap. Salgyt mehanizmi we döwlet salgyt menejmenti** ........ 152
4.1.13. Salgyt mehanizmi, onuň elementleriniň (düzüm bölekleriniň) arabaglanyşyklarynyň häsiýetnamasy ........ 152
4.2.14. Döwlet salgyt menejmentinde salgytlary meýilnamalaşdyrmak we çaklamak, olaryň usullary, maksatlary we işlenip düzülmegi ........ 160
4.3.15. Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan salgyt kadalaşdyrmasy ........ 169
4.4.16. Salgyt monitoringi döwlet salgyt menejmentiniň düzüm bölegidir ........ 178

**II bölüm**
**Türkmenistanda gytaklaýyn salgyt salmak ulgamy**

**V bap.** Goşulan baha üçin salgyt ........ 189
5.1.17. Goşulan baha üçin salgydyň ykdysady mazmuny, onuň ýüze çykmagynyň we hereket etmeginiň taryhy ........ 189
5.2.18. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda goşulan baha üçin salgydy töleýjileriň, salgyt salynýan we salgyt salynmaýan amallaryň kesgitlenilişi ........ 193
5.3.19. Salgyt salmak maksady bilen harytlaryň ýerleşdirilýän, işleriň we hyzmatlaryň amal edilýän ýeriniň kesgitlenilişi ........ 207
5.4.20. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni we aýry-aýry amallar üçin salgyt özenini kesgitlemegiň tertibi ........ 216
5.5.21. Goşulan baha üçin salgydyň möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri. Salgyt salynýan amallar boýunça berilýän ýeňillikler ........ 232
5.6.22. Satyn alyjylara (buýrujylara, sarp edijilere) tölemegi talap bildirilýän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi we onuň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberiniň hasaplanylyşynyň tertibi ........ 250

5.7.23. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallaryň geçirildi diýlip hasap edilýän döwri we hasaplaşylýan salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmagyň tertibi ........................................................ 255
5.8.24. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasynyň tabşyrylyşynyň we salgydyň tölenilişiniň tertibi........................................................... 272
5.9.25. Bilelikdäki işler amala aşyrylanda goşulan baha üçin salgydy hasaplaşmagyň we tölemegiň aýratynlyklary ....... 280

**VI bap. Goşmaça töleg**.................................................................... 290
6.1.26. Goşmaça tölegiň mazmuny, onuň töleýjileri we salgyt salynýan binýat ................................................................. 290
6.2.27. Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni................................. 294
6.3.28. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegleriň pul möçberleri. Goşmaça tölegler boýunça berilýän ýeňillikler................................. 302
6.4.29. Goşmaça tölegleri hasaplamagyň tertibi we goşmaça tölegi hasaplaşmak........................................................... 320
6.5.30. Satyjy tarapyndan alyja bildirilýän goşmaça tölegiň pul möçberi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we goşmaça tölegi tölemegiň tertibi........................................ 322

Peýdalanylan edebiýatlar ..................................................................... 336

*Ýagmyr Çarygeldiýew*

# SALGYT MENEJMENTI

I kitap

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Çüriýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 31.10.2012. Möçberi 60x90 $^1/_{16}$.
Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 21,5.
Şertli-reňkli ottiski 45,19. Hasap-neşir listi 19,65. Çap listi 21,5.
Sargyt № 2094. Sany 1 300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.